**K. Kaipowa, G. Ýazmedowa, O. Şallyýew**

# OBA HOJALYK ÖNÜMÇILIGINI MEÝILNAMALAŞDYRMAK, GURAMAK WE DOLANDYRMAK

Orta hünär okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi*
*tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2017

UOK 631.1 : 378
K 31

**Kaipowa K. we başg.**
K 31 **Oba hojalyk önümçiligini meýilnamalaşdyrmak, guramak we dolandyrmak.** Orta hünär okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017.

Okuw kitabynda bazar ykdysadyýetine geçmegiň hem-de dürli eýeçilikdäki hojalyklary ýöretmekde oba hojalyk önümçiligini meýilnamalaşdyrmagyň, guramagyň we dolandyrmagyň ähmiýeti barada gürrüň edilýär.

Bu okuw kitaby orta hünär okuw mekdeplerinde oba hojalygynyň ykdysadyýeti we oba hojalygynda buhgalter hasaby hünärleri boýunça bilim alýan talyplar üçin niýetlenýär.

TDKP №250, 2017 KBK 65.9 (2) 41 ýa 73

© K. Kaipowa we başg., 2017



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda milli ykdysadyýetimiziň köpugurly ösdürilmegi, onuň durnuklylygynyň üpjün edilmegi we halkara hyzmatdaşlygynyň giňeldilmegi döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlary hasaplanýar. Bazar ykdysadyýetine geçilmegi oba hojalyk senagat toplumynyň kärhanalaryndan ylmy-tehniki ilerlemäniň, hojalygy ýöretmegiň we önümçiligi guramagyň netijeli görnüşleriniň ornaşdyrylmagy esasynda önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmagy talap edýär. Häzirki döwrüň önümçiligini guramak pikirleriniň ösüşi, onuň esasy düşünjeleriniň, düzüminiň, önümçiligi guramak nazaryýetiniň täzeçe, bazar şertlerine kybapdaş ýokary hilli kabul edilýändikleri bilen häsiýetlendirilýär.

Oba hojalyk önümçiligini meýilnamalaşdyrmak, guramak we dolandyrmak boýunça bu kitabyň taýýarlanylmagy häzirki döwürde ýurdumyzda iri ykdysady toplumlaryň, fermer (daýhan) hojalyklarynyň döredilmegi, önümçilikde intensiw tehnologiýanyň ornaşdyrylmagy, bu ugurdan okuw-usuly kitaplarynyň we gollanmalarynyň ýetmezçilik edýänligi bilen düşündirilýär.

Kitabyň 1-nji bölüminde «Oba hojalyk önümçiligini meýilnamalaşdyrmagyň esaslary, ösüş ýollary, aýratynlyklary, nazaryýeti» barada giňişleýin düşünje berilýär.

2-nji bölümde «Oba hojalyk önümçiligini guramagyň esaslary» barada düşünje berilýär. Şeýle hem bazar gatnaşyklarynyň ösmegi netijesinde agrosenagat toplumynda işleriň guralyşy, maddy-tehniki zähmet serişdeleriniň ulanylyş derejeleri görkezilýär.

3-nji bölümde «Dolandyryşyň nazaryýet esaslary, ýörelgeleri we aýratynlyklary» barada gürrüň edilýär.

Okuw kitabyny taýýarlamakda Türkmenistanyň kanunlary, kadalary, statistiki maglumatlary, ylmy-barlag edaralarynyň we ýokary okuw mekdepleriniň ylmy işleriniň netijeleri we agrosenagat toplumynyň kärhanalarynyň maglumatlary ulanyldy. Okuw kitaby agrosenagat toplumyna degişli orta hünär okuw mekdepleriniň oba hojalygynyň ykdysadyýeti we oba hojalygynda buhgalter hasaby hünärleri boýunça bilim alýan talyplar üçin niýetlenendir. Şeýle-de, bu kitapdan hünärmenler, fermerler we telekeçiler peýdalanyp bilerler.

# I bölüm

# OBA HOJALYK ÖNÜMÇILIGINI MEÝILNAMALAŞDYRMAGYŇ ESASLARY

## § 1. TÜRKMENISTANYŇ OBA HOJALYK SYÝASATY WE MEÝILNAMALAR NAZARYÝETI

### 1.1. Meýilnamalaşdyrmagyň esaslary

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow ösüşiň ýokary belentliklerine galýan ýurdumyzyň oba hojalyk syýasatynyň maksadyny we ugurlaryny has aýdyňlaşdyrmak bilen: «Biziň oba hojalygyndaky syýasatymyzyň baş maksady, ilkinji nobatda, ýurdumyzda azyk bolçulygyny döretmekden, soňra bolsa oba hojalyk önümleri bilen bazarlarymyzy has doly üpjün etmekden hem-de dürli görnüşli we ýokary hilli azyk önümlerini daşary ýurtlara satmagy ýola goýmakdan ybaratdyr» diýip belleýär.

Ýurdumyzyň, şol sanda oba hojalygynyň ähli pudaklarynyň ygtybarly dolandyryş hadysasy has çylşyrymly bolup, ylmy nukdaýnazardan seredilende şeýle işleriň doly aýlawy aşakdaky yzygiderlilik hasap edilýär:

1. Dolandyryş hadysasynyň iň ilkinjisi, bu hadysa barada deslapky düşünje, ýagny onuň taryhy, häzirki wagty hem-de geljegi baradaky maglumatlar bolmaly. Oňa başgaça *dolandyryş hadysasyny çaklamak* diýlip düşünilýär.

2. Dolandyryş hadysasynyň ikinji tapgyry, dolandyryş hadysasynyň çaklamasy esasynda onuň ösüşiniň ugruny hil we mukdar taýdan öňde goýlan maksada laýyk kesgitlemekdir. Bu ýerde dolandyryşyň wagt birliginde ahyrky maksady, onuň üçin zerur bolan serişdeler hem-de ony ýerine ýetirmegiň ýollary görkezilen bolmaly.

3. Dolandyryş hadysasynyň üçünji tapgyry işi guramakdan, düzgünleşdirmekden hem-de işjeňleşdirmekden we höweslendirmekden ybaratdyr. Bu tapgyr esasan-da dolandyryş hadysasynda, işiň ýolbaş-

çysyna subýektiw (hususy) bagly bolup, ýurtdaky zähmeti düzgünleşdirýän kanunlara esaslanýandyr.

4. Islendik dolandyryş aýlawynyň dördünji tapgyry hasabatdan, gözegçilikden hem-de seljermeden ybaratdyr.

Bu tapgyrlaryň esaslary dolandyryşyň ugur görkezijisi, ýagny ugrukdyryjysy – ***meýilnamalaşdyrylyşdyr.*** Ol tutuşlygyna çaklama tapgyryna daýanyp, birnäçe görnüşde düzülip, hadysanyň gidişiniň anyk häzirki ýagdaýyna bagly bolup, dolandyryş hadysasyndaky geljekki ähtimal bolaýjak maddy-tehniki we zähmet baýlyklaryna esaslanýar.

Islendik ygtybarly dolandyrylyş üçin gerek bolan meýilnamalaşdyrmaklyk belli bir ylmy esasdaky usulyýetlere esaslanmalydyr. Meýilnamalaşdyrylyşyň usulyýetleri, munuň özi meýilnamalary işläp taýýarlamagyň we esaslandyrmagyň usullaryndan we her hili ugurlaryndan ybaratdyr. Ýurduň durmuş we ykdysady meýilnamalaşdyrylyşy bolsa bütinligine jemgyýetiň ýakyn we dowamly wagtda ösüşiniň ähtimallygy barada hökümet tarapyndan tassyklanan resminama bolmalydyr.

Türkmenistanda ykdysadyýetiň we durmuş ýagdaýynyň düýpli üýtgedilip, ýurduň ilatynyň bähbitlerine laýyklykda gurulmagynyň netijesinde, döwlet tarapyndan düzgünleşdirilýän bazar ulgamyny mundan beýläk-de ösdürmek meýilnamalaşdyrylýar.

Bu döwür bazar ykdysadyýetine geçiş döwri, Türkmenistan döwletiniň doly özbaşdaklygyny, raýatlarymyzyň bolelinligini berkarar etmek boýunça döwlet maksatnamalary hereket edýär. Türkmenistan bazar ykdysadyýeti ulgamyna geçmek arkaly dünýäniň ähli ýurtlarynyň bazary bilen özara bähbitli hyzmatdaşlyk edip başlady we mundan beýläk hem bu işi dowam etmek göz öňünde tutulýar. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň garamagynda ýurduň ýakyn geljegi üçin jemgyýetiň, ykdysadyýetiň we durmuş ösüşiniň meýilnamalaryny işläp taýýarlaýan Türkmenistanyň ykdysadyýet we ösüş ministrligi bar.

Ýerlerde, ýagny welaýatlarda, şäherlerde we etraplarda ykdysadyýet we maliýe boýunça degişli gulluklar döredilendir. Şol gulluklaryň esasy maksady we işi özlerine degişli dolandyryş ygtyýar-

lyklarynda meýilnamalaşdyryş işlerini amala aşyryp, olaryň ýerine ýetirilmegini guramaga hem-de gözegçilik etmäge gönükdirilendir.

Mundan başga-da, ýerine ýetiriş edaralarynda olaryň meýilnamasynyň ýerine ýetirilişine gündelik hasabaty we gözegçiligi ýurt derejesinde we ýerlerde Türkmenistanyň statistika baradaky döwlet komiteti alyp barýar.

Ýurduň ykdysady we durmuş ösüşiniň çaklama-meýilnamasynyň esaslary her ýylyň taslamasyna goşulýar we Türkmenistanyň Mejlisinde ara alnyp maslahatlaşylýar hem-de ol barada degişli kanunlar we kararlar kabul edilýär.

Türkmenistanyň welaýat we etrap häkimliklerinde ykdysady we maliýe ugurdan dolandyryş bölümleri bar. Olaryň esasy işleri ýerli ilatyň, ýagny etrabyň ykdysady ösüşini meýilnamalaşdyrmakdan we gözegçilik etmekden ybaratdyr.

Meýilnamalaşdyryş işi has çylşyrymlydyr hem-de özara baglanyşykly maglumatlary we hasaplary ýerine ýetirmekligi talap edýär. Şonuň üçin maglumatlary toplap, tertipläp, seljerip belli bir ýa-da birnäçe usulyýetler bilen almak zerurdyr. Onuň üçin Türkmenistanyň ykdysadyýet we ösüş ministrliginiň ykdysady ylmy instituty bolan Strategiki meýilnamalaşdyryş we ykdysady ösüş instituty döredildi. Bu ylmy institutyň esasy işi halk hojalygynyň ähli pudaklarynyň we ilatyň geljeginiň ösüşiniň çaklama-meýilnamalaryny köp görnüşler boýunça işläp taýýarlamakdan ybaratdyr. Şol görnüşlerden ilat üçin ygtybarly ähtimallygy uly bolan çaklama-meýilnamasynyň bir görnüşi boýunça dolandyryş üçin çözgüt Türkmenistanyň Hökümeti we Mejlisi tarapyndan kabul edilýär. Mundan başga-da, ýurduň ykdysady ösüşiniň has uzak möhlet üçin ylmy işleri bolsa Türkmenistanyň ylmy-edaralar ulgamynda ýerine ýetirilýär. Mysal üçin, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynda ykdysady meseleleriň çözgüdini ylmy nukdaýnazardan işläp taýýarlaýarlar.

Ykdysady ösüşi meýilnamalaşdyrmakda ýokarda agzalan guramalardan başga-da, her bir ministrlikde we döwlet edaralarynda şol ugur boýunça dolandyryş bölümleri bolýar. Kärhanalaryň ykdysady bölümleriniň işläp düzýän döwürleýin meýilnama-çaklamasy şol kärhanalaryň gülläp ösmegi we işleriniň ilerlemegi üçin esasdyr.

Oba hojalyk önümçiliginiň meýilnamalaşdyrylyşy balans, analitiki, kadalaşdyryjy, programmirlenen, ykdysady-matematiki modelirlemek we beýleki belli usullaryň kömegi bilen ýerine ýetirilýär.

Häzirki wagtda islendik meýilnamalaşdyrylyş haýsy döwür üçin hem bolsa has köp maglumatlary işlemek bilen ýokarda getirilen usullaryň biri ýa-da toplumy arkaly ýerine ýetirilýär.

Meýilnamalaşdyrylyş uly möçberli maglumatlary işläp taýýarlap hem-de köpsanly arabaglanyşygy göz öňünde tutup, ykdysady görkezijileri hasaplap bilýän häzirki döwrüň güýçli hasaplaýyş tehnikasy – ýagny hasaplaýyş maşynlary – kompýuterler bilen ýerine ýetirilýär. Türkmenistan döwletimiziň döwlet dolandyryş ulgamy tutuşlygyna kompýuterleşdirilip, döwlet dolandyrylyş edaralarynyň elektron ulgamynyň kompýuter torlarynyň esasynda döredilmegi göz öňünde tutulýar.

## 1.2. Meýilnamalaryň görnüşleri

Soňky wagtlarda biziň ýurdumyzda hem beýleki ýurtlardaky ýaly, meýilnamalaşdyryş meselelerine köp üns berilýär.

Tebigy hadysalaryň (howa, suw joşguny, dürli tebigy betbagtçylyklar) çaklamalar esasynda öňünden aýdylyşy ýaly, meýilnamalaşdyryşyň hem jemgyýetçilik we ykdysady meseleleriň çözüwinde öz mynasyp orny bardyr.

Şeýlelikde, häzirki döwürde meýilnamalaşdyryş usullary - syýasat, halkara gatnaşyklary, ykdysadyýet, oba hojalygyndaky ylmy-tehniki öňe gidişlik, demografik üýtgemeler, bilim we ş.m. ýerlerde giňden ulanylýar.

Meýilnamalaşdyrmak öňde goýlan uly maksatlary amaly taýdan ýerine ýetirmek, anyk çözgütleri taýýarlamak we kabul etmek, kärhananyň geljekde ösmegini hem-de netijeli işlemegini üpjün etmek bilen bir hatarda nämälimlikleri hem aradan aýyrmakdyr.

Adatça, meýilnamalaşdyrmak çözgütler ulgamyny emele getirýärler, bular bolsa biri-birine öz täsirini ýetirýärler. Şonuň üçin olaryň özara goşulyşyp işlemegini gazanmak gerek bolýar. Şeýle edilende iň amatly ahyrky önümleri almaga we kärhananyň mümkinçiliklerinden doly peýdalanmaga giň ýol açylýar.

***Şeýlelikde, meýilnama diýlip hojalygyň geljekdäki ösüş çaklamalary, ahyrky we aralyk maksat-meseleleri, serişdeleri we adatdan daşary ýagdaýlary öz içine alýan ýöriteleşdirilen resminama aýdylýar.***

Meýilnamalaşdyrmak zerur bolan birnäçe düzgünlere, ýagny ýörelgelere daýanýar. Şeýle hem meýilnamalardan «ýokardan goýberilenler» däl-de, eýsem adamlara düşnükli we ýakyn bolanlary tiz hem gowy ýerine ýetirilýär.




*1.1-nji çyzgy.* **Meýilnamalaryň möhletler boýunça bölünişi**

***Has anyk meýilnamalar düzülende ulanylýan ýörelgeler:***




*1.2-nji çyzgy.* **Meýilnamalaryň ýörelgeleri**

Şu ýörelgeler hemmetaraplaýyn ýörelgelerdir. Has anyk meýilnamalar düzülende olar giňden ulanylýar. Şeýle hem meýilnamalaşdyrmak telekeçilik tejribeliginiň wajyp bölegi bolup durýar. Meýilnamalaşdyrmak islendik gapyny açýan altyn açar ýa-da ägirt güýçli

gural bolup durmaýar. Emma muňa garamazdan, meýilnamalaşdyrmaga bolan çynlakaý çemeleşme hojalyklaryň netijeli we durnukly işlemekleri üçin oňat esaslary döredip biler.

Hojalygyň işjeňligini meýilnamalaşdyrmak düşünjesi iki manyny özünde jemleýär. **Birinjisi** – umumy ykdysady, ýagny hojalygyň tebigy, umumy nazary nukdaýnazardan, **ikinjisi** – anyk dolandyryşy meýilnamalaşdyrmakdyr. Bu ýerde meýilnamalaşdyrmak menejmentiň hojalygyň geljegini öňünden görmek ukybyndan peýdalanmak ýaly wezipeleriniň biridir.

Meýilnamalaşdyrmagyň şu iki tarapy bir-biri bilen özara baglanyşykdadyr. Meýilnamalaşdyrmak mümkinçiligi hojalygyň tebigatyndan anyk işjeňlik görnüşinde gelip çykýar.

Bazar gatnaşyklary döwründe oňa gatnaşyjylaryň hereketlerini esasy sazlaýjylar bolup, bahalar durýarlar we satyjylaryň hem-de alyjylaryň öndürýän we sarp edýän harytlarynyň amatly görnüşlerini kesgitleýärler.

Meýilnamalaşdyrmak menejmentiň tebigy bölegi bolup durýar. Ony hojalygyň maksady, ukyby ýaly öňünden kesgitlemek bolýar.




*1.3-nji çyzgy.* **Meýilnamalaşdyrmagyň jogap berýän soraglary**

Meýilnamalaşdyrmak diňe bir zerur hereketleri öňünden görjek bolmak ukyby däldir. Ol islendik garaşylmadyk ýagdaýlary öňünden görüp, olary düzetmäge hem doly kömek etmelidir. Hojalyk öz işjeňligindäki ähli töwekgelçilikleri ýok edip bilmese-de, netijeli öňünden görmegiň kömegi bilen olary dolandyrmaga ukyply bolmalydyr.

**Netijeli meýilnamalaşdyrmak ulanylanda aşakdaky artykmaçlyklary ýüze çykarýar:**

1. *Geljekde gowy şertleri ulanmaga taýýarlyk mümkinçilikleri-ni döredýär;*
2. *Emele geljek meseleleri aýdyňlaşdyrýar;*
3. *Ýolbaşçynyň geljekdäki işlerinde öz çözgütlerini amala aşyrmaga ýardam berýär;*
4. *Guramaçylykda hereket sazlaşyklaryny gowulandyrýar;*
5. *Hojalygyň zerur bolan maglumatlar bilen üpjünçilik mümkinçiliklerini ýokarlandyrýar;*
6. *Serişdeleri paýlamagyň has oňat ýollaryny üpjün edýär;*
7. *Guramaçylykda gözegçiligi gowulandyrýar.*

Meýilnamalaşdyrmagyň döwürleri

- Meýilnamalary düzmek döwri. Onuň netijeleri bolup meýilnamalaryň ulgamy durýar
- Meýilnama çözgütleriniň amala aşyrylyş işjeňligi. Onuň netijeleri bolup hojalygyň işjeňliginiň anyk görkezijileri durýar
- Netijelere gözegçilik. Bu döwürde meýilnamalaşdyrylan görkezijiler bilen anyk görkezijileri deňeşdirmek, olaryň netijesinde hojalygyň hereketini gerekli ugra gönükdirmek, sazlamak ýaly yzygiderlikler durýar

*1.4-nji çyzgy.* **Meýilnamalaşdyrmak bilen bagly bolan işleri esasy döwürlere bölmek**

Şeýlelikde, meýilnamalaşdyrmak döwri hojalygyň umumy işjeňliginiň ilkinji ädimi hasap edilýär.

## 1.3. Meýilnamalaşdyrmagyň usullary




*1.5-nji çyzgy.* **Meýilnamalaşdyrmagyň usullary**

Meýilnama düzülende şu usullaryň hemmesini hem ulanmak gerekdir, sebäbi her bir usulyň umumy meýilnama düzülende öz ulanylmaly ýeri bar. Mysal üçin, meýilnamasynyň maksada gönükdirilenligini kesgitlemek maksatnama – niýetlenen usul bilen işlenilip taýýarlansa, oba hojalygynyň pudaklaryndaky ösüşiň proporsionallygy bolsa balanslar usuly bilen kesgitlenilýär. Şu meýilnamalar işlenilip taýýarlanylanda oba hojalygynyň we ilatyň sarp edişinde, hyzmata degişli kadalaryň hem kada görkezijileriniň ulanylmagy hökmanydyr.

Islendik meýilnamalaşdyryş köp taraply bolmalydyr, sebäbi oba hojalygynda we durmuşda ýüze çykýan meseleler örän çylşyrymly, köp faktorly, ýüzlerçe ykdysady görkezijili bolup, olaryň arabaglanyşygy we özara täsiri göz öňünde tutulmalydyr. Munuň üçin bolsa ykdysadyýetiň we durmuşyň elementleriniň esasy häsiýetleriniň kanunalaýyklyklaryna hem-de şol elementleriň özara arabaglanyşygynyň derejesine we özara täsiriniň mehanizmine esaslanýan meýilnamalaşdyrylýan hadysanyň ykdysady-matematiki modeli bolmalydyr.

Hadysanyň ykdysady-matematiki modeliniň esasynda bolsa hadysanyň çaklama-meýilnamalarynyň hasaby häzirki zaman kompýuterlerinde ýerine ýetirilip bilner. Şeýle hem onuň bilen meýilnamalaşdyryşyň çözgüdini amatly edip bolýar. Şeýle hasaplar, islendik kysymly kompýuterde, häzirki wagtda bar bolan taýýar amaly ähmiýetli kompýuter programmalarynyň kömegi bilen sähelçe wagtda ýerine ýetirilip, çözgüdi kabul edýän dolandyryş edarasyna ýa-da ýolbaşça berlip bilner ýa-da onuň özi şol hasaplary özbaşdak, öz islegine görä, kompýuterde ýerine ýetirip bilýär.

Meýilnamalaşdyrmagyň ulgamyny seljerme usuly şol hadysa ýa--da beýleki usulyýetler üçin esas bolup durýar. Sebäbi, islendik dolandyryş hadysa ilki jikme-jik öwrenilmese, kanunalaýyklygy ýüze çykarylmasa, gerekli esasy ykdysady görkezijileriň toplumy anyklanylmasa meýilnamalaşdyrmagy işläp taýýarlamak barada gürrüň hem bolup bilmez.

Seljermede ykdysady we durmuş hadysalary bir bütewi ulgam hökmünde seredilýär. Ulgam bolmak üçin bolsa, islendik gurşawyň elementleriniň toplumy özara baglanyşykly bolup, bir gutarnykly bitewüligi emele getirmelidir hem-de başga toplumyň elementleri bilen gowşak baglanyşykda bolmalydyr.

Islendik ulgamy dolandyrylyş düzümi ýa-da ululygy boýunça kiçi ulgamlara bölüp bolýar, olara köplenç kiçi ulgamlar diýilýär. Mysal üçin, ýurdy dolandyryş, edara ediş, tabynlyk ulgamy Türkmenistanda *Prezident – welaýat häkimleri – etrap häkimleri – arçynlardan* ybaratdyr. Bu ýerde Prezident dolandyryş ulgamy dolandyryşyň welaýat, etrap häkimlerini öz içine alýar. Önümçiligi dolandyrmagyň ýörelgesi hem şeýledir: *Ministrlik – ýerli dolandyryş häkimiýeti – önümçilik – – topar.*




*1.6-njy çyzgy.* **Dolandyryş ulgamynyň seljerme döwürleri**

Ulgamy seljermegiň esasynda maksatnama-niýetlenilen meýilnamalaşdyrmagyň usuly durýar.

Dolandyryş hadysasy meýilnamalaşdyrylanda maksatnama – niýetlenen usulyýet bilen uzak möhletli meýilnamalaşdyryşlar işlenip taýýarlanylýar. Bu ýerde belli bir uzak möhletli döwürde ykdysadyýetiň we ilatyň durmuş derejesiniň bar bolan serişdelere baglylykda ýetmeli derejeleri görkezilýär. Uzak möhletli meýilnamalaşdyrylanda hem az aralyklar üçin hem-de uly maksatlary, kiçi maksatlary öz içine almagy göz öňünde tutulmalydyr.

**Maksatnama – niýetlenilen** usul häzirki zaman matematikasynyň Graflar nazaryýetiniň esaslaryny ulanýar. Graflar nazaryýetiniň esasynda meýilnamalaşdyrylanda *maksat agajy* hem *serişde agajy* diýen iki sany grafy gurmak göz öňünde tutulýar. Her bir gurlan grafy böleklere bölmek agaç şekilli bolup, onuň şahalary we şahalanyşy etmeli işleriň ugry hem-de maksady bolup hyzmat edýär. Bu ýerde kompýuterde hasaplamak esasynda, esasy güýji we serişdäni ugrukdyrmaly, wajyp ýerine ýetirmeli maksatnamalar ýüze çykarylýar. Ol maksatnamalaryň mümkin bolan ugurlarynda öňde goýlan ölçütler esasynda amatlylaşdyrma (iň pes çykdajy, iň ýokary girdeji we ş.m.) esasynda baha berilýär we meýilnamalaşdyrylyş üçin saýlanyp alynýar.

Döwlet üçin maksatnama-niýetlenen usuly boýunça birnäçe wajyp maksatnamalar düzülmegi mümkindir. Olar ylmy-tehniki maksatnama, önümçilik-ykdysady maksatnamalar, ýerli territoriýalar üçin maksatnamalar, ekologik maksatnamalar we ş.m.

Meýilnamalaşdyrylyşyň balans usuly (iňlisçe: *balance technique*) meýilnamany işläp taýýarlamagyň möhüm usuly bolup, onuň bilen halk hojalygynyň ösüşiniň çaltlygy we proporsiýasy kesgitlenýär. Balans usuly bilen önümçilik we önümçilik däl çygyrlaryň ylmy esaslandyrylan elementleriniň (maddy, zähmet, maliýe) gatnaşyklaryny üpjün edip bolýar.

Balans usulynyň esasynda geljege niýetlenen we gündelik meýilnama ýumuşlary esaslandyrylanda halk hojalygynyň her dürli önümiň görnüşlerine zerurlygy önümçiligiň we importyň mümkinçiligine baglylykda serişdeleriň (zähmet, maddy, maliýe) her hili görnüşleri bilen deňeşdirilýär.

Meýilnamalaşdyrylyşyň balans usulynyň esasy bolup degişli görkezmeler boýunça balanslaryň meýilnamalaryny işläp taýýarlamak hyzmat edýär.

Oba hojalyk önümçiligi meýilnamalaşdyrylanda ýörite balanslar ulgamy ulanylýar. Olaryň esasylary şulardyr:

– *Sintetiki balanslara* – jemgyýetçilik önümleriniň balansy, milli girdejiniň balansy, esasy gorlaryň (fondlaryň) balansy, jemlenilen maliýe-meýilnama balansy, maýa goýumlaryň balansy we ş.m. balanslar degişlidir.

– *Maddy balansyň* – iň bir möhüm bölegi sarp ediş predmetleriň balansydyr. Ol öz gezeginde senagat önümçilik balansyna hem-de oba hojalyk önümçilik balansyna bölünýär.

– Senagat önümçilik balansy degişlilikde matalar, aýakgaplar, mebeller we ş.m. senagat harytlarynyň balanslaryndan ybaratdyr. Oba hojalyk önümçiliginiň balansy bolsa, degişlilikde, süýdüň we süýt önümleriniň, etiň we et önümleriniň, ýumurtganyň, ýeralmanyň, gök önümiň we iýmişiň balanslaryndan durýar;

– *Zähmet balansyna* – işçi güýçleriniň, zähmet serişdeleriniň, hünärli işgärleriň balanslary degişlidir;

– *Halk hojalygynyň balansyna* – jemgyýetçilik önümleriň, milli girdejiniň balanslary, pudagara balans, jemleýji balans, zähmetiň jemleýji balansy, möhüm maddy balanslar degişlidirler.

Ýokarda getirilen balanslaryň sanawy ýurduň ykdysady we durmuş ösüşi üçin meýilnamalaşdyrma düzülmeli balanslardyr.

Maddy balanslar düzülende her hili önümleriň ölçeg birligi degişli ylalyşylan ýa-da kabul edilen fiziki birliklerde ulanylmalydyr. Mysal üçin, tonna, metr, kg we ş.m.

Meýilnamalaşdyrylyş döwrüniň soňundaky ätiýaçlar – ýük ugradyjylardaky we alyjylardaky ätiýaçlar. Meýilnamalaşdyrmagyň balans usuly has çylşyrymly we köp faktorly bolup, gol zähmeti bilen balans düzmek häzirki wagtda ýerine ýetirilýän däldir. Onuň üçin bolsa häzirki zaman hasaplaýyş tehnikasy bolan kompýuterler ulanylýar. Şu balanslary kompýuterde düzmek üçin taýýar programmalar bardyr.




*1.7-nji çyzgy.* **Maddy balansyň serişdeleri**




*1.8-nji çyzgy.* **Maddy balansyň çyzgysynyň bölüşdirilişiniň düzüm bölekleri**

Meýilnamalaşdyrylyşyň normatiw usulynda bolsa ýurduň durmuş we ykdysady ösüşiniň meýilnamasynyň görkezijileri kadalara we kada görkezijilere görä esaslandyrylýar. Sebäbi islendik durmuş, ykdysady we tehnologik hadysalar kadalaşdyrylyp, belli bir aşaky we ýokarky çäkleri görkezilmese, onda hiç hili meýilnamany hasap-hesip edip bolmaýar. Islendik iş ediljek bolsa şol döwür hem-de bar bolan ulanylýan tehnika görä, şeýle hem gerek bolan maddy we zähmet serişdeleri kadalaryna görä göz öňünde tutulmalydyr.

Meýilnama düzülende ulanylýan we esaslanylýan tehniki-ykdysady kadalar we kada görkezijiler ýurduň hökümeti ýa-da ministrlikleri tarapyndan makullanan bolmaly hem-de ol kadalar we kada görkezijiler aşakdaky ýaly toparlara bölünýär:

1. Önümçilik serişdeleri (gorlar, tygşytly ulanylyşyň kadasy, ýagny 1 manat gorlaryny, 1 manat çykdaja öndürilen önüm ýa-da milli girdeji).
2. Zähmet hakynyň we zähmetiň çykdajylarynyň kadasy we kada görkezijisi (bu ýerde bir önüm birligini öndürmek üçin gerek bolan zähmetiň çykdajysynyň kadasy, tölenmeli zähmet hakynyň kada görkezijisi we ş.m.).
3. Çig mallaryň, maddy gymmatlyklaryň, ýangyjyň we energiýanyň harjynyň we ätiýajynyň kadalary we kada görkezijileri (bu ýerde görkezijiler önümiň birligi üçin bolmaly, aýlanma gorlarynyň kada boýunça ätiýajy we ş.m.).
4. Önümçilik kuwwatynyň peýdalanylyşynyň hem-de taslama kuwwatynyň özleşdirilişiniň kadalary we kada görkezijileri (wagt birliginde önümçilik enjamlarynyň iş öndürijiligi, önümçilik kuwwatlarynyň peýdalanylyşynyň koeffisiýenti, taslama kuwwatlylygyny özleşdirmegiň dowamlylygy we ş.m.).
5. Maýa goýumlarynyň we düýpli gurluşygyň kadalary we kada görkezijileri (udel maýa goýumlarynyň kada görkezijisi, gurluşygyň dowamlylygynyň kadasy we ş.m.).
6. Desgalara zerurlygy we ätiýaçlygynyň hem-de onuň peýdalanyşynyň kadasy we kada görkezijileri (desgalaryň hatardan çykmasynyň kadasy, düýpli gurluşygyň obýektleriniň jemlenmeginiň kadasy we ş.m.).
7. Maliýe kadalary we kada görkezijileri (könelme derejesini hasaplamagyň kadasy, düşewüntliliginiň könelme derejesini hasaplamagyň kadasy we ş.m.).
8. Önümçilige, oňa hyzmata pul çykdajylarynyň kadalary.
9. Durmuş-ykdysady kadalar we kada görkezijileri (ýaşaýyş jaý kadasy, keselhanadaky syrkawlara ýerler, jan başyna peýdalanylýan azyk we azyk däl harytlaryň kadasy we ş.m.).
10. Daşky gurşawy goramagyň kadalary we kada görkezijileri (önüm birligine sarp edilýän suw, suwuň we howanyň arassaçylyk derejesi we ş.m.).




*1.9-njy çyzgy.* **Kadalaryň we kada görkezijileriň kadalaşdyrmagyň obýekti boýunça bölekleri**

*Işläp taýýarlamagyň usulyýetleri boýunça* kadalary we kada görkezijileri hasap-analitiki, tejribe, hasap-statistika ýaly görnüşlere bölüp bolýar.

*Peýdalanyş derejeleri boýunça* kadalary we kada görkezijileri pudagara, pudak we kärhana degişli görnüşlere bölüp bolýar.

Meýilnamalaşdyrylyşyň kada görkeziji usuly bilen ýurduň durmuş we ykdysady ösüşini meýilnamalaşdyrmak has çylşyrymlydyr. Onda ulanylýan görkezijiler şol hasap döwri üçin ylma esaslanyp, tejribede ulanylýan bolmaly. Sebäbi öňdebaryjy tehnologiýa we tehnika daýanmaýan kada we kada görkezijiler has uly çykdajylary göz öňünde tutýar.

Oba hojalygynyň we durmuş ugurlarynyň her bir ugry we hadysasy üçin kada görkezijileriň görkezijileri has uludyr (köpdür). Şonuň üçin hem ol ugurlara niýetlenilip maksatnamalar düzülende kompýuter tehnikasy ulanylsa hem-de *kada we kada görkeziji maglumatlar binýady* döredilse ýerlikli bolar.

Oba hojalygy meýilnamalaşdyrylanda ulanylýan görkezijileriň ulgamyny umumy görnüşde aňlatmak arkaly gymmatlyklary natural, otnositel we absolýut görnüşlere bölüp bolýar. Dolandyryş hadysasyndaky tutýan orny boýunça merkezleşdirilip tassyklanan hem-de hasap meýilnamalara, önümçiligiň derejesi boýunça halk hojalygy, pudak, kärhana ýaly görnüşlere, önümçilik hadysasyndaky orny boýunça mukdar we hil görkezijilere bölüp bolýar.

## § 2. BAZAR YKDYSADYÝETI ŞERTLERINDE MEÝILNAMALAŞDYRMAGYŇ ESASY USULLARY

### 2.1. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde meýilnamalaşdyrmagyň esasy usullary

Meýilnama düzmäge düýpli çemeleşilýär. Olaryň içinde iň amatlysy iterasiýa usulydyr. Bu usul bir görnüşden öňkä görä gowy çözgüde yzygiderli geçmek düzgünidir. Häzirki wagtda meýilnamalar düzülende usullaryň balans, kada görkeziji we matematiki hasap görnüşlerinden peýdalanylýar.

Balans usuly – maddy zat, gymmat we zähmet ýaly wagt içinde hasaplap, çaklap boljak ulgamlardan durýar.

Kada görkeziji usulynyň esasynda önüm birligine düşýän harajatlaryň kadasy (çig mal, materiallar, enjamlar, iş wagty, pul serişdeleri we ş.m.) girýär.

Matematiki hasap usulyndan peýdalanylanda, esasan, ähtimallyk nazaryýetine we çyzykly programmirlemäge degişli temalar giňden ulanylýar. Hojalygyň täze, gelejegi gowy we giň möçberli meselelerini çözmäge niýetlenen birnäçe meýilnamalary amala aşyrmak üçin ýörite toplumlaýyn (kompleksleýin) maksatnamalar düzülýär.

Olar merkezleşdirilen serişdeler bilen üpjün edilen jemgyýetçilik, tehniki, maliýe, guramaçylyk we beýleki çäreleriň özara baglanyşygynyň toplumyndan durýarlar.

Ýörite niýetlenen maksatnamalar esasy nyşan boýunça häsiýetlendirilýär. Ýagny, funksional ugry (ykdysady, tehniki, jemgyýetçilik we ş.m.) we amala aşyrylyş möhleti (orta möhleti 1-5 ýyla çenli; uzak möhleti 5 ýyldan ýokary).

Guramalaryň meýilnamalarynyň häzirki döwürde iň ýörgünlisi telekeçilik-meýilnamalarydyr. Bu meýilnama adatça gurama döredilende ýa-da onuň işinde düýpli özgertmeler ýüze çykanda düzülýär.

Telekeçilik-meýilnama esasan 5 ýyla çenli möhlete düzülýär we onuň ähtimal häsiýetleriniň bolanlygy üçin durmuşa geçirilişi hem gaty aýdyň däldir.

Telekeçilik-meýilnamalaryň maksady hojalygyň işini bazaryň toparlaryna görä dogry ýola goýup, serişdeler mümkinçilikleriniň görnüşlerini, göwrümini, maliýe ýagdaýyny we beýleki kynçylyklary kesgitlemekdir. Beýleki meýilnamalar bilen deňeşdireniňde telekeçilik meýilnama iň bolmanda özüne mahsus bolan iki sany aýratynlygy bilen tapawutlanýar.

Birinjiden, haýsydyr bir taslamanyň amatlydygyny subut etmek üçin ol özüne çekiji bolmalydyr. Gyzyklanýan adamlarda taslama amala aşyrylanda onuň artykmaçlyklaryny doly görkezmelidir.

Ikinjiden, telekeçilik meýilnama birnäçe görnüşlerde düzülýär. Esasy we doly görnüşdäkisi öz içinde ulanylýar. Onuň esasynda düzülenleri bolsa dürli görnüşli ulanyjylara berilýär. Sebäbi her kimiň gyzyklanýan ugry bar. Ýagny, banklar, ätiýaçlyk kompaniýalary, maýadarlar üçin maliýe durnuklylygy, özleşdirijiler üçin hili, täzelikleri, önümiň gymmaty, üpjün edijiler üçin sarp ediş göwrümi (çig maly, materiallary, hyzmatlary we ş.m.) gyzyklandyrýar. Şeýle hem meýilnamalary düzmekde delf usuly peýdalanylýar.




*2.1-nji çyzgy.* **Meýilnamalary düzmegiň delf usullary**

Düşewüntli oba hojalygy hyzmatlaryň gowy ösen bazaryny, ýagny maglumatlar boýunça, önümi gaýtadan işlemäge degişli öňdebaryjy usullar boýunça, material-tehniki serişdeleriň üpjünçiligi boýunça we ş.m. döretmek talap edilýär. Şu ýerde içki we halkara bazarlar bilen berk aragatnaşyklar we täze tehnologiýalary önümçilige ornaşdyrmagy gowy başarmak hem ullakan ähmiýete eýe bolup durýar.

Ýokary düşewüntliligi bolan oba hojalygy işjeň we çalt üýtgeýän tehnologik we bazar mümkinçiliklerine, döwre uýgunlaşyp we şoňa görä hereket etmelidir. Biziň ýurdumyzyň ýokary düşewüntli oba hojalygy üçin ýeterlik zähmet serişdeleri bardyr. Şeýle hem ýurdumyzyň önüm öndürjileriniň içki we halkara bazarlary bilen aragatnaşyklary ýola goýmak, oba ulag we aragatnaşyk toplumy üçin meýilnamalary düzmek bolar.

## 2.2. Meýilnamalaşdyrmagyň balans, kada we matematiki usullary

Belli bolşy ýaly, meýilnamalaşdyrmak ýa-da öňünden aýtmak esasan belli bolmadyk, geljekde bolup geçjek wakalaryň ýa-da hadysalaryň netijelerini kesgitleýär. Şeýle hem biziň esasy ugrumyz bir ýa- -da birnäçe ykdysady meseleler arkaly çäklenen wakalaryň hem-de hadysalaryň netijeleri bilen baglydyr. Köpçülikleýin ykdysady meýilnamalaşdyrmalar mahalynda bu meseleleriň bir ýa-da birnäçe sanlar bilen aňladylmagy mümkin.

Meýilnamalaşdyrmakda çaklamalaryň şertli we şertsiz görnüşleri ulanylýar. Çaklamalaryň şertli görnüşlerine esasy hadysa bagly bolan näbelli hadysa baradaky çaklama girýär. Meselem, eger çig malyň bahasy 15% ýokarlansa, onda satuw bahany indiki aýdan 10% ýokarlandyrsa bolar. Çaklamalaryň şertsiz görnüşinde ýokarky mysaldaky ýaly şertler goýulmaýar.

Şeýle hem meýilnamalaşdyrmakda çaklamalaryň nokatly we interwally görnüşleri ulanylýar.

Nokatly çaklamalar ýeke-täk wariantlary (netijeleri) berýärler. Interwally çaklamalar öz gezeginde ýeke-täk çaklamalary häsiýetlen-

dirmän, olary interwallar boýunça kesgitleýärler. Şu wagt bu interwala meýilnamany düzýän adamyň iň bolmanda bir çaklamasy düşmelidir.

Statistika boýunça berilýän maglumatlarda ulanylýan kiçi kwadratlaryň usulyny nokatly we interwal çaklamalaryň nusgawy mysaly hökmünde görkezmek bolýar.

Käbir meseleler çözülende tejribeleriň üsti bilen alnan formulalardan peýdalanmaly bolýar. Şeýle formulalaryň birine kiçi kwadratlaryň usuly diýilýär. Bu usula getirýän meselä seredeliň.

Goý, temperatura bilen suwuň bugarmagynyň arasyndaky funksional baglanyşygy tejribe arkaly gurmak gerek bolsun. Temperaturany *x* bilen, suwuň bugarmasyny *y* bilen belläliň we ölçemeleriň netijesini aşakdaky tablisa geçireliň.

*2.1-nji tablisa*

| | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| $X$ | $X_1$ | $X_2$ | … | $x_i$ | … | $x_n$ |
| $Y$ | $Y_1$ | $Y_2$ | … | $y_i$ | … | $y_n$ |

Bu baglanyşygy $y=f(x)$ görnüşde aňladalyň we tablisadaky nokatlary guralyň.




*2.2-nji çyzgy.* **Suwuň bugarmagynyň tempiratura görä ýokarlanyşy**

Çyzgydan görnüşi ýaly, bu baglanyşygy $y=ax+b$ funksiýa bilen çalşyrmak bolar. Bu wagtda goýberilýän ýalňyşlyk *a* we *b* koeffisiýentleriň takyklygyna baglydyr. Şu koeffisiýentler bolsa aşakdaky ulgamyň kömegi bilen tapylýar:

$$a\sum_{i=1}^{n} x_2 2+b\sum x_i=\sum_{i=1}^{n} x_i\, y_i\ ;$$

$$a\sum_{i=1}^{n} x_i + b\cdot n=\sum_{i=1}^{n} y_i,$$

bu ýerde $n$, $x_i$ we $y_i$ üýtgeýän ululyklaryň berlen bahalarynyň sanydyr. Mysal üçin, tejribäniň netijeleriniň 5 bahasy tablisada berlen. Bulardan peýdalanyp $x$ we $y$ baglanyşygynyň deňlemesini ýazmaly.

*2.2-nji tablisa*

| **x** | -2 | 0 | 1 | 2 | 4 |
|---|---|---|---|---|---|
| **y** | 1 | 1 | 1 | 2 | 3 |

Nokatly çaklamalar üçin Bernulliniň formulasyndan peýdalanylýar:

Ýagny $P_n(k) = n!((k!(n-k)! \cdot P^k q^{n-k}$ (1)

bu ýerde $P$ – çaklamanyň ýüze çykmak ähtimallygy, $n$ – synaglaryň sany, $k$ – synaglarda ýüze çykmagyň sany, $q$, $p$ – bir synagda ýüze çykmazlyk we çykmak ähtimallygy.

Eger-de çaklamalar interwala degişli bolsa, onda oňa degişli mysallar çözülende öňden belli bolan

$P(\alpha<x<\beta) = 0{,}5\{\phi\cdot(\beta\text{-}\alpha)(\delta\text{-}\phi(\alpha\text{-}\beta))\delta$ (2)

formuladan peýdalanylýar. Şeýle hem köp synaglar üçin

$P_n(k)=1(npq{*}\varphi(x);\ x=k\text{-}np\ (npq)$ (3)

we $P_n(k_1,k_2) = \phi(x^{11})\text{-}\phi(x^1);\ \ x^{11}\text{-}(k_2\text{-}np)\ (npq)$ (4)

$x^1 = (k^1\text{-}np)(npq)$

formuladan peýdalanylýar.

Baglanyşyklary aýdyňlaşdyrmak üçin korrelýasiýa koeffisiýentiniň hasaplanyş formulasy ulanylýar. Ýagny,

$$r = \sum_{i=1}^{n}(x_i\text{-}x)\cdot(y_i\text{-}y)(\sum_{i=1}^{n}\ \{(x_i\text{-}x)^2\}\cdot\{\sum_{i=1}^{n}(ýi\text{-}y)^2\ \} \qquad 5)$$

bu ýerde $x=\sum_{i=1}^{n} x_i(n;\ \ y = \sum_{i=1}^{n} y_i(n)$

## 2.3. Meýilnamalaşdyryş hadysasyny modelirlemekde ulanylýan nazaryýetler

Dolandyryş hadysasyny matematiki modelirlemekde, ýagny hadysanyň matematiki modeli gurlanda häzirki wagtda bar bolan birnäçe esasy nazaryýetler ulanylýar. Olardan düzediş nazaryýeti, köpçülige hyzmat etmek nazaryýeti we torlar nazaryýeti dolandyryşyň ykdysady ulgamynda has hem köpçülikleýin ulanylýar.

**Düzediş nazaryýeti** islendik awtomatlaşdyrylan ulgamlary barlamak we taslamak üçin esas bolup durýar. Onda islendik dinamiki ulgam differensial deňlemeleriň kömegi bilen aňladylýar. Ol deňlemeler bilen dolandyryşyň sebäp-netije görnüşini ýa-da dinamiki ulgamyň görnüşini gurup bolýar.

**Sebäp-netije** görnüşlerinde dolandyryş ulgamyny we ondaky bolup geçýän hadysalary oňa girýän we ondan çykýan üýtgemeleriň üsti bilen öwrenýärler.

**Dinamiki ulgam** görnüşleri bilen bolsa ulgamyň ýa-da hadysanyň üýtgeýän ýagdaýyny öwrenip bolýar.

Köplenç ykdysady obýektleriň we hadysalaryň matematiki modelleri **hemişelik parametrli çyzykly** modeller bilen aňladylýar. Şeýle çyzykly modeller bilen dolandyryşdaky özgertmeleri we dolandyryş hadysasynyň yza ýa-da öňe gitmegini hem öwrenip bolar.

Sebäp-netije modeliniň iň ýönekeý görnüşlerine **yza gaýtma** hem-de **wagtlaýyn hatarlar** görnüşi degişlidir.

**Yza gaýtma** modelleriniň kömegi bilen dinamiki ulgamlaryň ösüşiniň (wagta baglylygy trendi) öwrenilýär we ykdysady dolandyryş hadysalaryna wagt birliginde çaklama edip bolýar.

**Wagtlaýyn hatarlar** bilen bolsa dolandyrylýan ulgamyň ösüşiniň bahasyny ulgamdan çykýan maglumatlara baglylykda kesgitläp bolýar.

Dinamiki ulgamyň modelleri arkaly ulgamyň ösüşine çaklama etmek bilen bilelikde ol ulgamy dolandyrmaga we öwrenmäge gerek bolan şertleri hem kesgitläp bolýar. Bu modeller bilen, mysal üçin, kärhanada berlen önümçilik maksatnamasyny gysga wagt aralyklara (güne, hepdä, aýa we ş.m.) bölüşdirmek, ätiýaçlyklary saklamak hem-de uzak möhletli meýilnamalaşdyryş meselelerini çözmek işi ýerine ýetirilýär.

**Tötänleýin – markow hadysalar** nazaryýeti bilen dolandyryş ulgamlarynyň bir ýagdaýdan beýleki ýagdaýa tötänlikde geçmekleriniň kanunalaýyklyklary öwrenilýär. Bu nazaryýetiň kömegi arkaly gurlan modeller bilen ähtimal häsiýetleri ykdysady we durmuş hadysalar barlanyp hem-de öwrenilip, ol hadysalara uzak möhletli ähtimal ýagdaýynyň çaklamasyny berip bolýar. Ondan başga-da, gurlan modeller bilen ulgamyň stasionar däl ýagdaýdan stasionar ýagdaýa geçýän ortaça wagtyny hem-de ulgamyň durnukly ýagdaýa gaýdyp gelmesiniň garaşylýan wagtyny, ulgamyň belli ýagdaýda boljak ortaça wagtyny hem kesgitläp bolar.

**Köpçülige hyzmat etmek nazaryýeti** bilen tötänleýin häsiýetli hadysalary seljerip hem-de jemläp bolýar.

Ykdysadyýeti dolandyryşyň köp pudagy halkyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmaga gönükdirilendir. Şol pudaklaryň işleri şu nazaryýetiň esasyndaky modellere baglylykdaky çözgüdiň netijesinde guralsa has ýerlikli bolar. Mysal üçin, ilata durmuş hyzmatyny edýän kärhanalarda, ulagda, söwdada uly nobatlaryň has az ýa-da düýbünden bolmazlygy mümkindir.

**Torlar nazaryýeti** bilen arabaglanyşyk torlaryndaky determinirlenen akymlary seljerip hem jemläp bolýar.

Torlar nazaryýetine esaslanan kärhanalary, guramalary we olary dolandyrýan ulgamlary berlen ýerde ýerleşdiriş we dolandyryş meseleleri hem çözülip bilner.

## 2.4. Ykdysady dolandyryşda çaklamanyň we meýilnamalaşdyryşyň orny

Halk hojalygynyň islendik pudagynda dolandyryş hadysasy şu elementleriň yzygiderli tapgyryndan ybaratdyr: çaklama, meýilnamalaşdyrma, işi gurama, koordinirleme we düzleme, işjeňleşdirme we höweslendirme, hasabat, gözegçilik we seljerme.

Dolandyryş hadysasynda esasy elementler bolup çaklama we meýilnamalaşdyryş durýar, sebäbi ähli beýleki elementler şu elementleriň ilkinji kabul edilen görnüşine bagly bolup durýar.

**Meýilnamalaşdyryş** bolsa şol kesgitlenen çaklamanyň esasynda dolandyrylýan obýektiň ösüşiniň maksadyny, serişdesini we ony ýerine ýetirmegiň ýollaryny kesgitlemekdir.

Meýilnamalaşdyryş çaklamanyň esasynda birnäçe ugurly hem bolup bilýär.

Häzirki wagtda çaklama *formalaşdyrma derejesine* görä, formalizirlenen, ewristik we toplumlaýyn usully arkaly ýerine ýetirilýär.

Çaklamagyň formalaşdyrylan usuly bilen gerek bolan ykdysady we durmuş görkezijileriniň mukdaryny kesgitläp bolýar. Bu usul bilen çaklama işlenip düzülende dolandyrylýan obýektiň we hadysanyň özüni alyp barşynyň inersion ulgamyna baglylygyna esaslanýar. Inersion ulgamyň ösüş hadysasy ewolýusion tapgyra bagly bolup, ulgamda rewolýusion ösüşi göz öňünde tutup bilmeýär.

Eger dolandyryş ulgamynda dolandyrylýan obýektiň ösüşiniň we üýtgeýşiniň kanunlary esasynda ol hadysanyň matematiki modelleri düzülen bolsa, onda çaklama şol obýektde matematiki modelleri, matematiki apparat bilen çözmek arkaly ýerine ýetirilip bilner. Çaklama matematiki modeliň esasynda ýerine ýetirilse hem formalaşdyrylan usula degişli bolýar. Çaklama matematiki modellerde ýerine ýetirilse, onda şol obýektde bolup geçjek rewolýusion özgerişleri kesgitläp bolýar.

Şeýlelikde, çaklamagyň formalaşdyrylan usuly esasan-da hadysanyň we obýektiň özüni alyp barşynyň matematiki modeline bagly bolýar. Bu ýerde matematiki model hökmünde inersion ulgamda korrelýasion faktor seljermäniň esasynda bir ýa-da birnäçe üýtgeýän ululykly deňlemeler, imitasion modeller degişlidir, dinamiki ulgamda bolsa şol ulgamyň içki mehanizmlerine baglylykda düzülen modeller degişlidir.

Çaklamagyň ewristik usuly hünärmenleriň we işgärleriň intellektini peýdalanmaga esaslanýar. Dolandyryşda ewristik usul bilen çaklama ýörite döredilen bilermenler toparynyň ýa-da çaklanýan ugurdan uly amaly tejribesi bolan hünärmenleriň bilermen bahalaryna esaslanyp ýerine ýetirilýär. Bu usul bilen hadysanyň ösüşiniň hiliniň üýtgeýşini çaklamak has ýerliklidir. Hususan-da, çaklamagyň ewristik usuly arkaly hadysanyň akymyny matematiki usul bilen gerekli takyklykda ýazyp ýa-da aňladyp bolmaýan ýagdaýda ýerine ýetirilýär.

Çaklama formalaşdyrma we ewristik usullaryň birleşen ýeke--täk ulgamy görnüşinde ýerine ýetirilse, onda ol toplumlaýyn çaklama usulydyr.




*2.3-nji çyzgy.* **Çaklamalaryň bölünişi**

Deslapky çaklama birnäçe sekuntdan bir ýyla golaý döwri öz içine alýar. Orta döwre niýetlenen çaklama bir ýyldan bäş ýyla çenli bolýar. Geljege niýetlenen çaklama döwri bäş ýyldan uly bolmalydyr.

Biziň ýurdumyzda ykdysadyýeti düýpli üýtgedip gurmagyň netijesinde bazar gatnaşyklary çalt depginler bilen ösýär. Bazar ykdysady gatnaşyklarynda ösen dünýä ýurtlarynyň ykdysadyýeti bilen hyzmatdaşlyk amala aşyrylýar. Islendik harytlary öndürmek, hojalygy ýöretmegiň bazar usulynda harytlara bildiriljek islegi öňünden çaklamak has wajyp meseledir. Şonuň üçin hem biziň ýurdumyzda çaklamagyň ýokarda getirilen usullary has ösýär, esasan hem matematika esaslanýan çaklama kompýuterleri ulanmaga gönükdirilen geljegi uly bolan ugurlaryň biri bolup durýar. Çaklamanyň netijesinde halk hojalygynyň ylmy taýdan esaslandyrylan ykdysady we durmuş osüşiniň meýilnamasy düzülýär.

Ykdysadyýeti dolandyrmagy kompýuterleşdirmek – munuň özi ylmy-tehniki ösüşiň öňdebaryjy usullaryny hem-de häzirki zaman maglumat ulgamlaryny önümçilikde we dolandyryşda netijeli peýdalanmakdyr.

Islendik ylmy pudagyň ösüşini, şol sanda dolandyryş ylmynyň ösüşini hem birnäçe döwre bölüp bolar. Ylmyň ösüşiniň *birinji döwründe* ol ylmyň barlaýan ýa-da gyzyklanýan obýekti we hadysasy barada maglumatlary toplaýar. Ol maglumatlar obýektiň we hadysanyň mazmunyny hem-de olaryň elementleriniň özara arabaglanyşygyny kesgitlemek we düşünmek maksady bilen öwrenilýär we toplanýar. Ylmyň ösüşiniň *ikinji döwri* birinji döwür bilen bilelikde diýen ýaly ýerine ýetirilýär. Bu döwürde şol ylymda toplanýan maglumatlary ylmy taýdan toparlara bölmek amala aşyrylýar, ýagny maglumatlar tertipleşdirilýär. Toplanan maglumatlar tertipleşdirilse hem-de toparlara bölünse, onda ylmy taýdan belli bir kanunalaýyklygy görüp bolýar.

Halk hojalygynda ykdysady maglumatlar dolandyryşyň guraly bolup hyzmat edýärler. Ykdysady maglumatlary maddy-önümçilik sferasyna we önümçilik däl sfera degişli edip toparlara bölüp bolýar. Dolandyryşyň tapgyryna hem-de ýerine ýetirýän dolandyryş wezipesine baglylykda ykdysady maglumatlary çaklama, meýilnama we hasabat maglumatlaryna bölüp bolýar.




*2.4-nji çyzgy.* **Ylmyň ösüşiniň döwürleriniň umumy shemasy**

Ylmyň *üçünji ösüş döwri* – ol toplanan we toparlara bölünen ylmy maglumatlaryň öz aralaryndaky arabaglanyşyklary we gatnaşyklary anyklamakdyr. Bu arabaglanyşyklar we gatnaşyklar hil we mukdar taýdan ylmy seljerme etmek arkaly anyklanýar. Eger maglumatlaryň öz aralaryndaky arabaglanyşyk hiç hili subutsyz anyklansa, onda ol empiriki arabaglanyşykdyr.

Islendik ylmyň ösüşiniň bu üç döwri birnäçe müňýyllyk döwri, ýagny toplanan maglumatlar *«mukdardan hile geçýänçä»* dowam edýär. Toplanan ylmy maglumatlar «mukdardan hile geçip» ugranda *dördünji döwür* başlanýar. Bu döwürde şu ylymdaky kesgitleýji ululyklar anyklanýar. Bu ululyklara ykdysadyýetde *ykdysady görkezijiler* diýilýär.

Ykdysady görkezijiler biziň jemgyýetimiziň ýagdaýyny, durmuş-ykdysady önümçiligiň möhüm häsiýetlerini aňlatmalydyr. Mysal üçin, hojalyk hasaplaşygynda önümçilikde ykdysady görkezijiler bolup, özüne düşýän gymmat, nyrh, girdeji diýen ýaly ykdysady düşünjeler hyzmat edýär. Olaryň arasyndaky arabaglanyşygy formula görnüşinde şeýle aňladyp bolýar.

**Ö. Ö. D. G = Mh+Zh**
**Ö. D. G = N = Mh+Zh+P,**

Bu ýerde **Ö. Ö. D. G** – önümiň özüne düşýän gymmaty, *man.*
**Ö. D. G** – önümiň düşýän gymmaty, *man.*
**N** – nyrh
**Zh** – bir öndürilen önüm üçin sarp edilen zähmet harajatlar, *man.*
**Mh** – bir öndürilen önüm üçin sarp edilen maddy harajatlar, *man.*
**P** – sarp edilen bir manada düşýän peýdanyň ululygy, *manat.*

Görnüşi ýaly, her bir ykdysady görkeziji ykdysadyýetde bolup geçýän hadysalardaky maglumatlar bilen kesgitlenýär. Öz gezeginde ol maglumatlaryň mukdarynyň ululygy hem beýleki maglumatlara bagly bolup durýar. Ol baglanyşyklar ýokarky görkezilen ýörite

formulalaryň ýa-da matematiki deňlemeleriň kömegi bilen aňladylsa, onda ol hadysa ilkinji matematiki modelirleme usulynda ýerine ýetirilýär.

Köp ululyklar üçin bolup geçýän hadysany aňladýan formulalary ýa-da aňlatmalary kesgitlemek has kyndyr. Onuň üçin şol ylymdaky hadysanyň kanunalaýyklygyna baglylykda toplanan maglumatlara görä, bu hadysanyň matematiki modelini (şekilini) gurmak zerurdyr.

Ylymda bu ösüş tapgyryna matematiki modelirleme tapgyry diýilýär. Ykdysadyýet ylmyndaky ykdysady görkezijileriň özara arabaglanyşygynyň matematikanyň dilinde ýazylmasy şol hadysanyň matematiki modelidir ýa-da öwrenilýän hadysalaryň matematiki beýanydyr. Matematiki modeller ýörite matematiki belgileriň kömegi bilen ýazylan tebigy-hojalyk hadysalarynyň matematiki ekwiwalentleridir.

Şeýlelikde, islendik ylym öz ösüşinde bäş sany tapgyry geçmelidir.

Bu tapgyrlar özara berk baglanyşykly üznüksiz ösüşde bolýar. Sebäbi täze maglumatlaryň toplanmagy belli bir derejede şol hadysanyň matematiki modeliniň üýtgemegine getirýär. Islendik hadysanyň matematiki modeli şol hadysany belli bir takyklykda aňladýar. Kähalatlarda hadysanyň matematiki modeli hem öz gezeginde täze, öň anyklanmadyk we kesgitlemegi talap etmegi mümkindir.

Häzirki wagtda ykdysadyýeti dolandyrmak hadysasynda ýüzlerçe ykdysady-matematiki modeller bar we köp ulanylýar.

Eger-de matematiki model hakyky hadysany berlen takyklyk bilen aňladyp bilýän bolsa, onda ol hakyky hadysanyň matematiki modeliniň parametrlerini üýtgedip, goýlan meseläniň dürli amatly çözgüdini kesgitläp bolýar.

Ýöne, häzirki döwürde ykdysadyýeti dolandyrmakda ulanylýan ykdysady-matematiki modeller has çylşyrymlydyr. Şonuň üçin hem şol modeller boýunça hasap işleri el bilen ýerine ýetirmek örän kyndyr ýa-da mümkin däldir.

Matematiki modeller arkaly geçirmeli hasaplar häzirki wagtda diňe kompýuterler bilen ýerine ýetirilýär. Kompýuterde ykdysady-matematiki model bilen islendik bolup biläýjek ykdysady ha-

dysanyň çözgüdi birnäçe görnüşde ýerine ýetirilip bilner. Kompýuterde matematiki modeller bilen geçirilýän hasaplamalara hasaplaýyş barlagy diýilýär. Häzirki wagtda kompýuterde geçirilýän hasaplaýyş barlaglary ylmyň özbaşdak pudagyna öwrüldi.

## § 3. BAZAR YKDYSADYÝETI ŞERTLERINDE OBA HOJALYK ÖNÜMÇILIGINI MEÝILNAMALAŞDYRMAGYŇ WE ÇAKLAMAGYŇ AÝRATYNLYKLARY

### 3.1. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde oba hojalyk önümçiligini meýilnamalaşdyrmagyň we çaklamagyň aýratynlyklary

Bazar ykdysadyýeti gatnaşyklaryna geçilmegi bilen Türkmenistanyň tutuş halk hojalygynyň, şol sanda agrosenagat toplumynyň pudaklarynyň meýilnamalaşdyrylyşy kämilleşdirilýär.

Döwlet meýilnamalaşdyrylyşy täze sypata eýe bolýar, bazaryň düzüm bölegine öwrülýär we onuň wezipesi ykdysady ösüşiň makro gyradeňligini hem-de durnuklylygyny üpjün etmekden ybaratdyr.

Häzirki meýilnamalaşdyrylyşyň ozalky meýilnamalaşdyrmakdan düýpli tapawudy köpsanly görkezmeleriň, her bir pudagyň, kärhananyň işini döwrebap ugrukdyrmagyň ýoklugydyr.

Diňe önümleriň berilmegine we hyzmatlaryň ýerine ýetirilmegine döwlet (sargydy), durmuş maksatnamalary ýerine ýetirmek üçin merkezleşdirilen maýa goýumyň we döwlet sargydyny ýerine ýetirmek üçin çäkler bellenendir. Galan görkezijiler: ekinleriň hasyllylygy, mallaryň önümliligi, önümçiligi, girdejiniň möçberi, zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmagyň depginleri we beýlekiler kärhananyň özi tarapyndan kesgitlenýär.

Meýilnamalaşdyrmak diňe aşaky bölümlerden başlanýar. Ýerli dolandyryş organlary – welaýatlar, etraplar, oba hojalyk kärhanalary öz mümkinçiliklerini we talaplaryny berenlerinden soň agrosenagat önümçiliginiň çygrynda önümçilik maksatnamalaryny telekeçilik we durmuş-ykdysady ösüş çaklamalaryny işläp taýýarlaýarlar.

Döwlet sargydynyň möçberi agrosenagat toplumynyň soňky üç ýyldaky haryt önüminiň umumy möçberinde her ýerli guramalarynyň haryt önüminiň möçberiniň tutýan orny boýunça bellenýär. Döwlet sargydy boýunça tabşyrylýan oba hojalyk önümlerine döwlet tarapyndan düzgünleşdirilýän nyrhlar bellenýär. Önümiň beýleki görnüşleriniň bazar talaplaryna (islege we teklibe) görä, bazar şertlerine laýyklykda erkin nyrhy bolar.

Döwlet sargydy boýunça tabşyrylmaly önümiň möçberiniň welaýatlar, etraplar, oba hojalyk kärhanalary üçin hem ýerine ýetirilmegi hökmanydyr.

Özbaşdak meýilnamalaşdyrmaga geçilmeli telekeçiligiň ösdürilmegi, daýhanlaryň, kärendeçileriň hojalyk we telekeçilik hasaplaşygyny giňden peýdalanmagy agrotelekeçilik üçin hakyky mümkinçilikleri açýar. Önümçiligi meýilnamalaşdyrmakda we guramakda hem-de söwda işinde zähmet köpçülikleriniň hukugynyň giňeldilmegi netijesinde agrosenagat önümçiliginiň balanslaşmagy we proporsionallygy, önümiň hili ýokarlanýar.

## 3.2. Içki hojalygy meýilnamalaşdyrmagyň wezipeleri

Kärhananyň we onuň bölümleriniň ykdysady hem durmuş ösüşindäki sazlaşygynyň bellenmegine içki hojalyk meýilnamalaşdyrylyşy diýlip düşünilýär. Önümiň tabşyrylmagyna döwlet sargydy, beýleki sarp edijiler bilen şertnamalar, işleriň hem-de hyzmatlaryň ýerine ýetirilmegi, şeýle hem içki hojalyk mätäçlikleri üçin önümleriň möçberi içki hojalyk meýilnamalaşdyryşyň esasydyr.

Oba hojalyk kärhanalarynda önümçiligiň ösdürilmegi döwletiň bähbitlerinden ugur alnyp amala aşyrylýar. Sebäbi her bir kärhananyň meýilnamasy Türkmenistany ösdürmegiň bir bitewi meýilnamasynyň bölegidir.

Häzirki şertlerde içki hojalyk meýilnamalaşdyryşyň wezipeleri hem özgerýär, olardan iň esasylary:

– öňde goýlan önümçilik wezipelerini çözmek üçin hojalygyň önümçilik mümkinçilikleriniň doly peýdalanylmagy;

– gowy içki hojalyk ýöriteleşmegi üçin aýry-aýry pudaklary ösdürmekde dogry proporsiýalaryň üpjün edilmegi;

– azyk önümleriniň öndürilişiniň artdyrylmagy, çig-mal serişdeleriniň çuň gaýtadan işlenilmegi;

– daşary ýurt inwestisiýalarynyň, innowasion tehnologiýalaryň we häzirki zaman enjamlarynyň çekilmegi esasynda hil taýdan täze tehniki derejede kuwwatlyklaryň we önümçilikleriň döredilmegi;

– telekeçiligi, eýeçiligiň dürli görnüşlerini ösdürmek üçin şertleriň döredilmegi;

– daşary ykdysady gatnaşyklar üçin şertleriň döredilmegi;

– oba zähmetkeşlerini durmuş babatda goramak boýunça çäreleriň işlenip taýýarlanylmagy, olaryň ýaşaýyş jaýlary, durmuş-medeni edaralar bilen üpjün edilmegi.

Bazar gatnaşygy şertlerinde şertnamalaýyn borçnamalaryň ýerine ýetirilmezligi önümleri sarp edijiler üçin hem, önüm berijiler üçin hem uly ykdysady ýitgä getirip bilýär. Şuňa görä-de, önümçilik meýilnamasy düzülenden we şertnamalar baglaşylandan soň şertnamalaýyn borçnamalaryň ýerine ýetirilmegi üpjün edilmelidir. Ykdysady jogapkärçilik häzir meýilnamaly wezipeleriň aşakdan ýokara çenli ýerine ýetirilmeginiň hökmanylygyny aňladýar, ýagny oba hojalyk kärhanalarynyň işgärleri, ýokarda durýan guramalaryň işgärleri döwlet sargydy we beýleki şertnamalar baglaşylanda öz üstlerine alan borçnamalary üçin, meýilnamalaryň hili üçin ykdysady jogapkärçiligi çekmäge borçludyrlar.

Meýilnamanyň ýerine ýetirilişiniň alnyp barlyşyna gözegçilik düzgüni meýilnama düzülenden soň, onuň ýerine ýetirilişiniň barşyna gözegçilik etmek boýunça guramaçylyk işiniň geçirilmelidigini aňladýar. Munuň özi kärhananyň ýolbaşçylarynyň we hünärmenleriniň jogapkärçiligini ýokarlandyrýar, ýerine ýetirijileriň döredijilik işjeňligini artdyrýar. Gözegçilik işinde ýüze çykarylan kemçilikler düzedilýär, kärhananyň içki mümkinçilikleri has doly peýdalanylýar.

## 3.3. Içki hojalygy meýilnamalaşdyryş ulgamy we onuň mazmuny

Içki hojalyk meýilnamasynda ylmy-önümçilik maslahatlar, kadalar we kada görkezijiler, hojalygy ösdürmekde gazanylan derejäniň esasy görkezijileri giňden peýdalanylýar. Daýhan birleşiginde meýilnamalaşdyryş ulgamy geljekki ýyllyk we dessin meýilnama-çaklamalaryň işlenilip taýýarlanmagyny öz içine alýar.

Bazar önümçilik gatnaşyklaryna geçilýän şertlerde önümçiligi ösdürmegiň çaklamalaryna barha köp üns berler. Bazar şertlerinde önümçiligiň ykdysady netijeleri köp derejede bazar şertleri bilen kesgitlener. Öndürilen önüme islegiň we teklibiň geljekki üýtgemegi nazara alynmadyk bolsa, ozal kabul edilen meýilnamalar hakyky bolman biler.

Türkmenistanyň 2030-njy ýyla çenli durmuş-ykdysady ösüşiniň Milli maksatnamasyna laýyklykda oba hojalyk kärhanalarynyň her biri öz meýilnamalaryny düzýärler.

2010-2030-njy ýyllar üçin meýilnamada we çaklamada oba hojalyk kärhanalary tarapyndan tebigy-ykdysady mümkinçilikleriniň rejeli peýdalanylmagy, azyk önümleriniň we oba hojalyk çig malynyň öndürilişiniň artdyrylmagy, şeýle hem obanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň gyşarnyksyz gowulandyrylmagy göz önünde tutulýar.

Durmuş-ykdysady taýdan ösüş bölüminde ilatyň umumy sany, jemgyýetçilik önümçiliginde işlän işgärleriň sany, ilatyň pul girdejileriniň we çykdajylarynyň balansy çaklanylýar. Şu görkezijiler esasynda ilatyň iş bilen üpjünçiligini gowulandyrmak, oba ilatyny maddy üpjünçilik çygryna çekmek we olaryň durmuş taýdan goraglylygyny üpjün etmek üçin goşmaça pudaklary we hyzmaty ösdürmek baradaky çäreleri göz önünde tutmak bolar.

Oba hojalyk önümçiligi esasan üç görkeziji boýunça meýilnamalaşdyrylýar: 1) oba hojalyk önümçiliginiň jemi önümi, 2) oba hojalyk önümçiliginiň esasy önümleriniň ösdürilmegi we 3) satyn alynmaly oba hojalyk önüminiň möçberi.

Hojalygyň pudaklaryny ösdürmek meýilnamalaşdyrylanda oba hojalyk pudaklaryny ösdürmek bilen birlikde çig mal baýlyklaryny

senagat taýdan gaýtadan işlemek, täze kuwwatlyklary we önümçilikleri döretmek hem meýilnamalaşdyrylmalydyr.

*2030-njy ýyla çenli ýyllar boýunça meýilnamanyň işlenip taýýarlanylmagy, meýilnamalaşdyrmagyň we çaklamanyň görkezijileri aşakdaky çyzgyda görkezilýär.*




*3.1-nji çyzgy.* **Meýilnamany taýýarlamagyň görkezijileri**

Ykdysadyýet baradaky düşünje iki bölümi öz içine alýar. Olar esasan ykdysady görkezijiler we önüm öndürmäge zähmetiň sarp edilişidir. Birinji bölümde oba hojalyk önümçiliginiň netijeliligini häsiýetlendirýän görkezijiler hasaplanýar we öňki ýylyň ýyllyk hasabatynyň maglumatlary bilen deňeşdirilýär. Ikinji bölümde önümleriň aýry-aýry görnüşleri öndürilende zähmet öndürijiligini häsiýetlendirmek üçin görkezijiler göz öňünde tutulandyr.

Ýerden peýdalanyş üç bölümi öz içine alýar. Olar: meýilnamalaşdyrylan ýylyň 1-nji noýabrynda kärende hem-de kooperatiw bölümlere berlen ekin meýdanlarynyň hem görkezilmegi bilen peýdalanylýan ýerleriň möçberi, ýerleriň peýdalanylyşyny gowulandyrmak baradaky çäreler we tokaýdan peýdalanmak. Ýerleri gowulandyrmak baradaky çäreler meýilnamalaşdyrylanda ot-iým meýdanlarynyň düýpli, ýüzleý gowulandyrylmagynyň möçberi, suwarylýan, bede ýatyrylýan hem-

-de öri meýdanlarynyň döredilmegi, ozal suwlulandyrylan öri meýdanlaryndaky suw hojalyk desgalarynyň abatlaşdyrylmagy esaslandyrylmalydyr.

Kärhanalarda we daýhan birleşiklerinde meýilnamalary işläp taýýarlamagyň ýörite düzgünleriniň, usullarynyň jemleýjisi meýilnamalaşdyrylmagyň usuly bolup durýar.

Balans hasaplaşyk – konstruktiw usul kadanyň we çaklamanyň esasy usullarydyr.

Tejribede balans usuly has giňden peýdalanylýar. Onuň kömegi bilen önüme bolan talap, onuň öndürilmegi we peýdalanylmagy serişdelere bolan talap hem-de ony kanagatlandyrýan çeşmeleriň balansy baglanyşdyrylýar.

Hasaplaşyk-konstruktiw usul ol ýa-da beýleki meýilnamaly wezipeleriň çözülmeginiň dürli usullaryny göz önünde tutýar. Olardan kärhananyň anyk şertleri üçin iň gowy hasaplamany saýlap alýar.

Häzirki wagtda kadalaşdyrylan usul has giňden peýdalanylýar. Bu usul ýa-da tehniki-ykdysady hasaplamalar usuly kadalaryň we kabul edilen ölçegleriň (tohum, ýangyç, iýmlik harajatlaryň kadalary, tehnikany peýdalanmak kadalary) ylmy taýdan esaslandyrylmak ulgamynyň ulanylmagy bilen meýilnamada görkezijileriň işlenip taýýarlanylmagyna esaslanýar.

# § 4. FERMERÇILIGI MEÝILNAMALAŞDYRMAGYŇ AÝRATYNLYKLARY

## 4.1. Fermer hojalygynyň ösmegi bilen bagly çaklamalar we meýilnamalar

Fermer hojalyklary ykdysadyýetiň düzüminde öz mynasyp ornuny eýelemek bilen bir hatarda onuň aýrylmaz bir bölegi bolup durýar. Türkmenistanda fermer hojalyklary ýönekeý bolmadyk kynçylyklara garamazdan, yzygiderli ösýär we tejribe toplaýar.

Fermer hojalygy barada anyk kesgitlemeler ýok. Adatça ony hojalykdaky adamlaryň sany we ýerine ýetirýän işleriniň göwrümleri bilen baglanyşdyrýarlar. Şonuň esasynda hem olary kiçi, orta we uly fermer hojalyklary ýaly düşünjeler bilen aýratynlaşdyrýarlar. Fermer hojalyklarynyň tutýan orny barha gyşarnyksyz ösýär.




*4.1-nji çyzgy.* **Fermer hojalyklarynyň ösmegini üpjün etmek**

Täze iş ýerleriniň döredilmegi fermer hojalyklary üçin wajyp faktoryň biri bolup durýar. Bu faktor diňe bir ilatyň agramly bölegini ýaşaýyş serişdeleri bilen üpjün etmän, eýsem jemgyýetiň ykdysady ýagdaýlarynyň hem kadaly bolmagyna getirýär. Fermer hojalyklary iş ýerlerini döretmek bilen bir hatarda uly kärhanalary belli bir derejede çig mal bilen hem üpjün edýärler. Köpdürli we köptaraplaýyn mümkinçilikleriň bar bolan pudaklarynda fermer hojalyklary üçin giňelmek we ösmek şertleri ýokary bolup durýar.

Fermer hojalyklary bäsleşikli şertlerde işlemek üçin aşakdakylara üns bermelidir:

a) bahalaryň üýtgemegi;

b) hil üýtgemeleri;

c) guramaçylyk we ýöriteleşdiriş ugurlarynyň üýtgemeleri.

***Fermer hojalyklarynyň ösmegine belli bir derejede täsir edýän faktorlar:***




*4.2-nji çyzgy.* **Fermer hojalyklarynyň ösüşine täsir edýän faktorlar**

Fermer hojalygyny alyp barmakda ýolbaşçynyň şahsyýetine edilýän talaplaryň we aýratynlyklaryň bardygyny belläliň. Aýratynlyklar fermer hojalyklarynda häkimligiň formal däl görnüşde ýerine ýetirilýänligidir. Ýolbaşçy hünärmen kiçi telekeçilikden baş çykarýan bolmalydyr.

## 4.2. Fermer hojalyklaryny alyp barmak wezipelerinde meýilnamalaşdyrmagyň orny

Dolandyryşyň görnüşleri ýolbaşçynyň öz funksiýalaryny nähili ýerine ýetirýänliginden ybaratdyr.

*Adatça dolandyryşyň üç sany görnüşi öňe sürülýär:* ***awtoritar, demokratik, liberal.***

Awtoritar görnüş ýolbaşçylygyň merkezleşdirilmegi bilen häsiýetlendirilýär.

Demokratik görnüşde ýolbaşçylyk etmegiň käbir böleginiň topar bilen ýolbaşçylygyň arasynda kesgitli paýlanmagy arkaly häsiýetlendirilýär. Demokratik ýolbaşçy çözgütleriň maslahatlaşyp ýerine ýetirilmegine we golastyndaky adamlaryň özbaşdak işlemeklerine ymtylýar.

Liberal görnüş ýolbaşçynyň topary dolandyrmak üçin işeňňir gatnaşmaýandygy bilen häsiýetlendirilýär.

Ýöne iş ýüzünde her bir ýolbaşçynyň dolandyryşynda ýokardaky üç görnüşde aýdylanlar hem utgaşdyrylyp ulanylýar.

Fermer hojalyklaryny dolandyrmakda abraýyň hem aýratyn orny bardyr. Ýolbaşçy bu ýerde öz abraýyny biperwaý bahalaryň üsti bilen däl-de, hususy hünärmen we şahsy häsiýetleriniň üsti bilen gazanýar.

Fermer hojalyklary alnyp barlanda kösenmezlik üçin birnäçe ätiýaçlyk mümkinçilikleri bolmalydyr. Bu ätiýaç zatlaryň dogry möç-

***Üpjün edijileri saýlap almak üçin aşakdaky ýaly birnäçe yzygiderli ädimleri geçmek maksadalaýyk hasaplanylýar:***




*4.3-nji çzygy.* **Şertnamany üpjün edijileriň saýlanyp alnyşy**

berlerini kesgitlemek üçin harytlary satyn almagyň düzgünleri gelip çykýar. Bu hem dolandyryşyň bir görnüşi bolup, meýilnamalar esasynda amala aşyrylýar.

Üpjün edijiler bilen gatnaşyklar şertnamalar esasynda amala aşyrylýar. Ol bir tarapyň önümleri üpjün etmek şertlerini göz öňünde tutup, teklip etmegi, beýleki tarapyň bolsa munuň bilen razylaşan ýagdaýynda emele gelýär. Şertnama baglaşylandan soň üpjün ediji haryda bolan eýeçiligini ýitirýär. Şertnamada üpjün ediş möhletine hem aýratyn üns berilýär. Haryt alyjy şol möhletiň bozulan ýagdaýynda şerte görä, öz ýitgilerini yzyna gaýtaryp alyp bilýär.

Önüm öndürmekligiň meýilnamasy islegler köplüginiň üýtgemegini hasaba alyp, önümçilik ulgamyny nähili ulanmalydygyny göz öňünde tutýar. *Islegler köplügi* diýlip aýyň dowamynda hojalyk tarapyndan öndürilen ähli harytlaryň köplügine düşünilýär. Şeýle hem anyk döwürler üçin önüm goýbermekligiň agregirlenen meýilnamalary işlenip düzülýär.

*Adatça önümçiligi meýilnamalaşdyrmagyň üç strategiýasy öňe sürülýär:*

1. Işçi güýjüniň san taýdan durnukly döwründe önümçiligiň hemişelik göwrüminiň strategiýasy. Bu strategiýa isleg üýtgemelerine bagly bolmazdan, önümiň goýberiliş göwrüminiň hemişeligini göz öňünde tutýar;

2. Işçi güýjüniň san taýdan durnukly döwründe önüm goýbermegiň üýtgeýän döwrüniň strategiýasy. Bu döwürde isleglere baglylykda goýberilýän önümiň göwrümi üýtgeýär, ýöne işçi güýji hemişeligine galýar;

3. Işçi güýjüniň san taýdan üýtgeýän döwründe önümi goýbermegiň üýtgeýän döwrüniň strategiýasy. Şu döwürde işe almak we işgärleri işden boşatmak önümçiligiň göwrüminiň üýtgemegi bilen baglylykda geçirilýär.

## 4.3. Fermer hojalygyna täzelikleri girizmek

Fermer hojalyklaryny alyp barmak işlerini kämilleşdirmek üçin olaryň düzümine täze tehnologiýalary, önümleriň we hyzmatlaryň

görnüşlerini, tehniki-guramaçylyk we durmuş-ykdysady çözüwleriň önümçilik, maliýe-adminstratiw häsiýetleri girizilmelidir. Şu ýerde bir zady belläliň, ýagny, fermer hojalyklarynda hem täzelik giriziji dolandyryşyň elementleri ulanylsa gowy bolýar. Oňa mysal edip, haryt öndürmekdäki, hyzmat etmekdäki işgärleriň işini ýeňilleşdirmekdäki we ş.m. täzelikleri görkezmek bolar. Ýöne täzelikleri girizmegiň ugry elmydama bazara, sarp edijilere gönükdirilen bolmalydyr. Onuň islegi bolup sarp edijilerden getirilýän peýda hyzmat edýär.

Fermer hojalygynda täzelikleri girizmegiň orny uludyr. Sebäbi täzelikleri girizmek mümkinçilikleri bäsleşikler şertlerinde aýak üstünde durmagyň we telekeçilikde üstünlikler gazanmagyň açarydyr. Sonuň üçin täzelikleri gözlemek kiçi telekeçilikde hemişelik zerurlyk bolup durýar.

Fermer hojalygyna täzelikleri girizmek bar bolan zatlaryň we tehnologiýalaryň könelip gidip oturanlygy bilen baglydyr. Hojalygyň işjeňligini barlap görmek öz öndürýän önümleriniň könelişýändigini bäsdeşlerinden öň anyklamak üçin ýerine ýetirilýär. Bu bolsa hojalyklara täzelikleri girizmekligi çaltlaşdyrýar. Bu täzelikler nireden emele gelip bilýärler diýen soraga seredeliň.

*1.Garaşylmadyk wakalar.*

Garaşylmadyk üstünlik. Ilki bilen ony bilmek zerurdyr.

Adatça ýolbaşçylaryň ünsi diňe çözülmeleri zerur bolan meselelere we kynçylyklara gönükdirilýär. Şonuň üçin hem onuň üstünligi duşundan geçirmegi mümkin.

*2.Gabat gelmezlik.*

Iş ýüzünde näme bar we onuň nähili bolmalydygyny bu bölümde görmek bolýar. Bu aýratynlyklary sanalyň:

– Pudagyň ykdysady hakykatlarynyň arasyndaky gabat gelmezlikleri;

– Pudakdaky orny we ol baradaky öňünden göz öňünde tutmalaryň gabat gelmezlikleri;

– Pudagyň ugry bilen sarp edijileriň isleglериniň gabat gelmezlikleri we ş.m.

*3. Önüm öndürilýän döwürdäki talaplar.*

Beýleki çeşmelerden aýratynlykda ol ýerine ýetirilmegi zerur bolan işler bilen bilelikde ýüze çykýar. Ol köneden gelýän ýa-da häzirki döwürde işleriň ýerine ýetirilişini kämilleşdirmek bilen bagly bolup durýar.

*4.Bazaryň ýa-da pudagyň düzümindäki üýtgeşikler.*

Bu üýtgemeler her hojalygyň ýolbaşçysyndan innowasion telekeçilik häsiýetlerini talap edýär. Olar:

1. Pudagyň çalt depgin bilen ösmegi şolaryň iň bellisi we ynamlysydyr;
2. Ösýän pudak göwrümini artdyrdygyça onuň bazara hyzmat etmek derejesi peselmelidir.

*5. Ilat sanynyň üýtgemegi.*

Munuň özi ilat sanynyň üýtgemegi bilen birlikde onuň ýaş taýdan üýtgeýänligidir. San taýdan üýtgemeklik islege uly täsir edýär, ýagny näme, näçe we kim tarapyndan alnypdyr? Biziň häzirki döwrümizde san taýdan üýtgemegiň durnuksyz bolmagyny hojalygyň ýolbaşçysy dogry göz öňünde tutmalydyr.

*6. Dürli sebäplere görä üýtgemeler.*

Sarp edijileriň aňlaryndaky üýtgemeler hem täzelikleri girizmek üçin ýardam beriji mümkinçilikleri döredýär. Mysal üçin, amerikaly raýatlaryň öz saglyklaryna ýokarlandyrylan üns bermekleri sagdyn iýmitleriň dükanlarynyň açylmagyna getirdi. Ýöne şu ýerde aň üýtgemeleriniň käbiriniň çalt geçýändigini hem ýatladalyň.

*7. Ylym-bilim.*

Täze bilimlere esaslanan täzelikleri girizmegiň aýratynlyklary olary geçirmekde anyk talaplary kesgitleýär. Şeýlelikde, täze bilime esaslanan täzelikleriň esasynda, ylmyň we tehnikanyň gazananlaryny ulanmak esasynda girizilýän täzelikler täzeçe telekeçilik dolandyryşy talap edýär.

# § 5. ÝURDUŇ AGROSENAGAT TOPLUMYNYŇ ÖSÜŞINI WE OBA HOJALYK ÖNÜMÇILIGINI MEÝILNAMALAŞDYRMAK

## 5.1. Ýurduň agrosenagat toplumynyň ösüşini we oba hojalyk önümçiligini meýilnamalaşdyrmak

Türkmenistan döwletiniň halk hojalygynyň iň esasy ugurlarynyň toparyna agrosenagat toplumlaryna girýän oba hojalyk senagat kärhanalary, oba hojalyk çig malyny gaýtadan işläp taýýarlaýan kärhanalar hem-de oba gurluşygy degişlidir.

Türkmenistanyň oba hojalyk kärhanalaryna döwletdäki daýhan birleşikleri hem-de hususy kärhanalar, fermerler (ýekebara hojalyklar) degişli. Olar esasan, döwlet üçin walýuta getirýän pagta süýümini, ýüňi, dänäni we maldarçylyk önümlerini öndürmek bilen meşgullanýarlar.

*5.1-nji tablisa*

***Türkmenistanyň agrosenagat toplumynyň 2021-2030-njy ýyllarda durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy görkezijileri***

| **Görkezijiler** | **Ölçeg birligi** | **2020 ý.** | **2021-- 2025 ý. (ortaça ýyllyk)** | **2025 ý.** | **2026-- 2030 ý. (ortaça ýyllyk)** | **2030 ý.** | **2025ý. 2020 ý. görä (%)** | **2030 ý. 2025 ý. görä (%)** |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 |
| Oba hojalyk önümçiligi üçin berlen suwarymly ýerleriň meýdany | müň ga | 2 000 | 2 000 | 2 000 | 2 000 | 2 000 | 100,0 | 100,0 |
| Oba hojalyk önümçiliginiň möçberi | % | 111,6 | 108,3 | 109,5 | 106,5 | 107,6 | 149,0 | 137,0 |
| Ekerançylyk önümleriniň öndürilişi (ähli eýeçilikdäki hojalyklar boýunça) | | | | | | | | |

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Bugdaý | müň tonna | 1 810,2 | 1829,6 | 1849,0 | 1872,6 | 1896,2 | 102,1 | 102,6 |
| Şaly | müň tonna | 83,0 | 84,8 | 86,5 | 89,8 | 93,0 | 104,2 | 107,5 |
| Pagta | müň tonna | 1 185,0 | 1200,4 | 1215,8 | 1231,7 | 1247,6 | 102,6 | 102,6 |
| Ýeralma | müň tonna | 334,0 | 344,6 | 355,1 | 370,7 | 386,2 | 106,3 | 108,8 |
| Gök önümler | müň tonna | 881,3 | 897,1 | 912,9 | 933,3 | 953,6 | 103,6 | 104,5 |
| Bakja önümleri | müň tonna | 430,8 | 443,4 | 455,9 | 472,3 | 488,7 | 105,8 | 107,2 |
| Miweler we ir-iýmişler | müň tonna | 282,0 | 292,5 | 303,0 | 319,6 | 336,3 | 107,4 | 111,0 |
| Üzüm | müň tonna | 325,6 | 330,6 | 335,6 | 343,0 | 350,3 | 103,1 | 104,4 |
| Gant şugundyry | müň tonna | 200 | 232 | 263 | 319 | 375 | 131,5 | 142,6 |
| Mallaryň we guşlaryň baş sany (hojalyklaryň ähli görnüşlerinde) | | | | | | | | |
| Gara mallar | müň sany | 2 654,1 | 2691,1 | 2 728,1 | 2781,3 | 2 834,6 | 102,8 | 103,9 |
| Dowarlar | müň sany | 22 199,7 | 22527,9 | 22 856,1 | 23230,6 | 23 605,1 | 103,0 | 103,3 |
| Guşlar | müň sany | 19 790,6 | 20301,2 | 20 811,7 | 21412,3 | 22 012,8 | 105,2 | 105,8 |
| Düýeler | müň sany | 167,0 | 171,6 | 176,3 | 181,3 | 186,4 | 105,5 | 105,8 |
| Gylýallar | müň sany | 29,4 | 29,8 | 30,2 | 30,7 | 31,2 | 102,8 | 103,5 |
| Maldarçylyk önümleriniň önümçiligi (hojalyklaryň ähli görnüşlerinde) | | | | | | | | |
| Et önümleri (diri agramda) | müň tonna | 708,4 | 733,8 | 759,2 | 787,5 | 815,7 | 107,2 | 107,4 |
| Süýt | müň tonna | 2 662,7 | 2747,8 | 2832,9 | 2944,8 | 3056,7 | 106,4 | 107,9 |
| Ýumurtga | mln. sany | 1 253,5 | 1266,6 | 1279,6 | 1296,6 | 1313,5 | 102,1 | 102,6 |
| Ýüň (fiziki agramda) | müň tonna | 56,5 | 59,6 | 62,7 | 65,8 | 68,9 | 111,0 | 109,8 |
| Ary baly | tonna | 1 008,0 | 1019,3 | 1030,6 | 1044,0 | 1057,3 | 102,2 | 102,6 |
| Pile | tonna | 4 000 | 4007 | 4014 | 4019 | 4024 | 100,4 | 100,2 |

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Azyk önümçiligi | | | | | | | | |
| Et | müň tonna | 44,9 | 45,7 | 46,5 | 47,4 | 48,3 | 103,6 | 103,9 |
| Süýt önümleri | müň tonna | 191,4 | 197,1 | 202,8 | 209,2 | 215,6 | 106,0 | 106,3 |
| Et kon-serwleri | müň ş. b. | 162,5 | 181,5 | 200,6 | 230,6 | 260,6 | 123,4 | 129,9 |
| Gök we ir-iýmiş konserwleri | mln. ş. b. | 380,7 | 388,2 | 395,7 | 402,2 | 408,6 | 103,9 | 103,3 |

*5.2-nji tablisa*

## *Türkmenistanyň agrosenagat toplumynyň pudaklarynyň 2021-2030-njy ýyllarda ösüşiniň esasy görkezijileri*

| **Görkezijiler** | **Ölçeg birligi** | **2020 ý.** | **2021--2025 ý. (ortaça yyllyk)** | **2025 ý.** | **2026-- 2030 ý. (ortaça yyllyk)** | **2030 ý.** | **2025 ý. 2020 ý. görä (%)** | **2030 ý. 2025 ý. görä (%)** |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 |
| Agrosenagat toplumynyň ministrlikleri we dolandyryş edaralary | | | | | | | | |
| Toplum boýunça önümiň umumy möçberi | mln.man. | 5081,7 | 6091,6 | 7101,6 | 9225,5 | 11349,3 | 139,7 | 159,8 |
| Senagat haryt önümi-niň umumy möçberi | mln. man. | 3642,2 | 4585,8 | 5529,3 | 7570,4 | 9611,5 | 151,8 | 173,8 |
| Önümleriň esasy görnüşleriniň öndürilişi: | | | | | | | | |
| Et (diri agramda) | müň tonna | 42,9 | 46,1 | 49,3 | 53,0 | 56,7 | 114,9 | 115,0 |
| Süýt | müň tonna | 49,9 | 53,9 | 57,9 | 62,5 | 67,1 | 116,0 | 115,9 |
| Ýüň (fiziki agramda) | müň tonna | 6,7 | 7,0 | 7,3 | 7,7 | 8,1 | 109,0 | 111,0 |
| Aş önümleri | müň tonna | 15,2 | 17,1 | 19 | 22 | 25 | 125,0 | 131,6 |
| Balyk we beýleki balykçylyk önümleri | tonna | 3840 | 8865 | 13890 | 26865 | 39840 | 3,2e | 2,9e |

*5.2-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Et | müň tonna | 16,3 | 17,0 | 17,6 | 18,3 | 19,0 | 108,0 | 108,0 |
| Et kon-serwleri | müň ş.b. | 160 | 180 | 200 | 230 | 260 | 125,0 | 130,0 |
| Gaýtadan işlenen we konserwir-lenen balyk we balyk önümleri | tonna. | 3747 | 8386 | 13025 | 29013 | 45000 | 3,5e | 3,5e |
| Gök önüm konserwleri | müň ş.b. | 43550 | 46508 | 49465 | 51443 | 53400 | 113,6 | 108,0 |
| Alkogolly içgiler | müň dal | 5015 | 5130 | 5245 | 5478 | 5710 | 104,6 | 108,9 |
| Mineral suwlar we alkogolsyz içgiler | müň dal | 14710 | 17470 | 20230 | 21165 | 22100 | 137,5 | 109,2 |
| Ösümlik ýagy | müň tonna | 102,9 | 104,4 | 105,9 | 107,5 | 109,0 | 102,9 | 102,9 |
| Şeker | müň tonna | 25 | 30 | 35 | 43 | 50 | 140,0 | 142,9 |
| Süýji-köke önümleri | müň tonna | 20,7 | 21,4 | 22,0 | 22,5 | 23,0 | 106,3 | 104,5 |
| Süýt önümleri | müň tonna | 128,7 | 130,7 | 132,6 | 134,4 | 136,1 | 103,0 | 102,6 |
| Un | müň tonna | 600 | 607,5 | 615 | 623,5 | 632 | 102,5 | 102,8 |
| Ýarma | müň tonna | 6,62 | 6,71 | 6,8 | 6,9 | 7 | 102,7 | 102,9 |
| Pagta süýümi | müň tonna | 379,2 | 384,2 | 389,1 | 394,2 | 399,2 | 102,6 | 102,6 |
| Gara mallar | müň baş | 67,4 | 71,5 | 75,5 | 80,0 | 84,5 | 112,0 | 111,9 |
| Gylýallar | müň baş | 1,832 | 1,967 | 2,102 | 2,237 | 2,372 | 114,7 | 112,8 |
| Guşlar | müň baş | 1440 | 1455 | 1470 | 1485 | 1500 | 102,1 | 102,0 |
| Düýeler | müň baş | 19,6 | 20,6 | 21,6 | 22,7 | 23,8 | 110,0 | 110,2 |
| Dowarlar | müň baş | 3029,6 | 3181,0 | 3332,4 | 3499,1 | 3665,8 | 110,0 | 110,0 |

*5.2-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Gurluşyklar üçin ýygnalan beton gurnamalaryň elementleri | müň kub metr | 22,6 | 23,1 | 23,6 | 24,25 | 24,9 | 104,4 | 105,5 |
| Diwar materiallary | mln. sany şertli kerpiç | 8,6 | 8,85 | 9,1 | 9,35 | 9,6 | 105,8 | 105,5 |
| Magdan däl materiallar | müň kub metr | 780 | 800 | 820 | 840,8 | 861,6 | 105,1 | 105,1 |
| Polietilen turba | müň p metr | 200 | 200 | 200 | 200 | 200 | 100 | 100 |
| Nahallar | mln. sany | 6,5 | 6,5 | 6,5 | 6,5 | 6,5 | 100 | 100 |
| Şitiller | mln. sany | 12,0 | 12,0 | 12,0 | 12,0 | 12,0 | 100 | 100 |
| Agaç odunlar | müň kub. metr | 2,30 | 2,40 | 2,49 | 2,84 | 3,18 | 108,3 | 127,7 |
| Örülen gamyşlar | müň kub metr | 5,50 | 6,08 | 6,65 | 7,57 | 8,48 | 102,9 | 127,7 |
| Işleriň esasy görnüşleri boýunça: | | | | | | | | |
| Traktor hereketlendirijisini bejermek | sany | 1554 | 1566 | 1577 | 1588 | 1599 | 101,5 | 101,4 |
| Ýag sorujylaryny abatlamak | sany | 1575 | 1588 | 1600 | 1614 | 1627 | 101,6 | 101,7 |
| Gidronasoslary bejermek | sany | 1556 | 1266 | 1276 | 1287 | 1298 | 101,6 | 101,7 |
| Kebşirleýji elektrodlary öndürmek | tonna | 30 | 30 | 31 | 31 | 32 | 102,2 | 103,3 |
| Guýma çoýnuň öndürilişi | tonna | 153 | 154 | 155 | 156 | 157 | 101,2 | 101,4 |
| Esasy serişdeler | mln. man. | 4670,8 | 4564,7 | 4458,5 | 4734,7 | 5010,9 | 95,5 | 112,4 |
| Düýpli maýa goýumlaryň umumy möçberi | mln. man. | 2693,1 | 2739,4 | 2785,7 | 2754,3 | 2722,7 | 103,4 | 97,7 |

*5.2-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Şol sanda: | | | | | | | | |
| Hususy serişdeleriň hasabyna | « - » | 146,8 | 128,4 | 109,9 | 116,9 | 124,0 | 74,9 | 112,8 |
| Çekilen serişdeleriň hasabyna | mln. man. | 2546,3 | 2585,7 | 2625,0 | 2582,8 | 2540,6 | 103,1 | 96,8 |
| Bank karz-lary | « - » | 0,0 | 59,9 | 50,8 | 54,5 | 58,2 | * | 112,8 |
| Işleýänleriň sany | Adam | 90038 | 91177 | 92315 | 93820 | 95325 | 102,5 | 103,3 |
| Daşary söwda do-lanyşygy | ABŞ-nyň mln. dollary | 495,8 | 390,1 | 284,4 | 308,4 | 332,4 | 57,4 | 116,9 |
| Eksport – jemi | ABŞ-nyň mln. dollary | 255,2 | 180,5 | 105,8 | 115,7 | 125,6 | 41,5 | 118,7 |
| Import-jemi | ABŞ-nyň mln. dollary | 240,6 | 209,6 | 178,6 | 192,7 | 206,7 | 74,2 | 115,7 |
| saldo | ABŞ-nyň mln. dollary | 14,6 | -29,1 | -72,8 | -76,9 | -81,1 | * | * |

*5.3-nji tablisa*

## *Ahal welaýatynyň agrosenagat toplumynyň 2021-2030-njy ýyllar üçin durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy görkezijileri*

| Görkezijiler | Ölçeg birligi | 2020 ý. | 2021--2025 ý. (ortaça ýyllyk) | 2025 ý. | 2026--2030 ý. (ortaça ýyllyk) | 2030 ý. | 2025 ý. 2020 ý. görä (%) | 2030 ý. 2025 ý. görä (%) |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 |
| Oba hojalyk önümçiligi üçin berlen ýerleriň meýdany | müň ga | 540,7 | 540,7 | 540,7 | 540,7 | 540,7 | 100,0 | 100,0 |

*5.3-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Ekerançylyk önümleriniň öndürilişi | | | | | | | | |
| Bugdaý | müň tonna | 578 | 584 | 589 | 599 | 609 | 101,9 | 103,4 |
| Pagta | müň tonna | 225 | 228 | 230 | 233 | 235 | 102,2 | 102,2 |
| Ýeralma | müň tonna | 70 | 72 | 73 | 75 | 76 | 104,3 | 104,1 |
| Gök önümler | müň tonna | 317 | 320 | 322 | 325 | 328 | 101,6 | 101,9 |
| Bakja önümleri | müň tonna | 151 | 153 | 155 | 157 | 159 | 102,6 | 102,6 |
| Miweler we ir-iýmişler | müň tonna | 42 | 43 | 44 | 45 | 46 | 104,8 | 104,5 |
| Üzüm | müň tonna | 268 | 270 | 271 | 273 | 274 | 101,1 | 101,1 |
| Maldarçylyk önümleriniň öndürilişi | | | | | | | | |
| Et (diri agramda) | müň tonna | 174,2 | 175,6 | 177,0 | 178,8 | 180,0 | 101,6 | 101,7 |
| Süýt | müň t | 342,7 | 343,4 | 344,0 | 345,0 | 346,0 | 100,4 | 100,6 |
| Ýumurtga | mln. sany | 361,8 | 362,9 | 364,0 | 365,3 | 366,5 | 100,6 | 100,7 |
| Ýüň (fiziki agramda) | müň sany | 11 | 12 | 12 | 13 | 13 | 109,1 | 108,3 |
| Bal | tonna | 230 | 232 | 233 | 235 | 236 | 101,3 | 101,3 |
| Pile | tonna | 210 | 211 | 212 | 213 | 214 | 101,0 | 100,9 |
| Mallaryň we guşlaryň baş sany | | | | | | | | |
| Gara mallar | müň sany | 346,9 | 347,4 | 347,9 | 348,5 | 349,0 | 100,3 | 100,3 |
| Dowarlar | müň sany | 5695,7 | 5700,8 | 5706,0 | 5707,5 | 5708,9 | 100,2 | 100,1 |
| Guşlar | müň sany | 5289,6 | 5291,1 | 5292,6 | 5293,7 | 5294,8 | 100,1 | 100,0 |
| Düýeler | müň sany | 60 | 61 | 61 | 62 | 62 | 101,5 | 101,6 |
| Gylýallar | müň sany | 6,8 | 6,9 | 6,9 | 7,0 | 7,1 | 101,0 | 102,9 |

*5.4-nji tablisa*

## *Mary welaýatynyň agrosenagat toplumynyň 2021-2030-njy ýyllar üçin durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy görkezijileri*

| **Görkezi-jiler** | **Ölçeg birligi** | **2020 ý.** | **2021-2025 ý.ý. (ortaça ýyllyk)** | **2025ý.** | **2026--2030 ý.ý. (ortaça yyllyk)** | **2030ý.** | **2025 ý. 2020 ý. görä (%)** | **2030 ý. 2025 ý. görä (%)** |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 |
| Oba hojalyk önümçiligi üçin berlen ýerleriň meýdany | müň ga | 475 | 475 | 475 | 475 | 475 | 100 | 100 |
| Ekerançylyk önümleriniň öndürilişi | | | | | | | | |
| Bugdaý | müň tonna | 397,2 | 399,6 | 402,0 | 404,6 | 407,2 | 101,2 | 101,3 |
| Pagta | müň tonna | 360 | 365 | 371 | 377 | 383 | 103,3 | 103,2 |
| Ýeralma | müň tonna | 65 | 66 | 68 | 69 | 70 | 103,8 | 103,7 |
| Bakja önümleri | müň tonna | 68 | 73 | 78 | 84 | 90 | 114,7 | 115,0 |
| Miweler we ir-iýmişler | müň tonna | 50 | 51 | 52 | 54 | 55 | 104,5 | 104,9 |
| Üzüm | müň tonna | 17,2 | 17,4 | 17,5 | 17,8 | 18,0 | 102,0 | 102,5 |
| Gant şugun-dyry | müň tonna | 200 | 232 | 263 | 319 | 375 | 131,5 | 142,6 |
| Mallaryň we guşlaryň baş sany | | | | | | | | |
| Gara mallar | müň sany | 524,4 | 538,3 | 552,2 | 567,4 | 582,6 | 105,3 | 105,5 |
| Dowarlar | müň sany | 6880 | 6942 | 7004 | 7074 | 7144 | 101,8 | 102,0 |
| Guşlar | müň sany | 5907 | 6202 | 6498 | 6829 | 7160 | 110,0 | 110,2 |
| Düýeler | müň sany | 28,4 | 30,3 | 32,1 | 34,2 | 36,3 | 113,0 | 113,1 |
| Gylýallar | müň sany | 5,2 | 5,2 | 5,3 | 5,3 | 5,3 | 100,8 | 101,0 |

*5.4-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Maldarçylyk önümleriniň öndürilişi | | | | | | | | |
| Et (diri agramda) | müň tonna | 201,3 | 217,4 | 233,5 | 252,8 | 272,0 | 116,0 | 116,5 |
| Süýt | müň t | 717,8 | 771,6 | 825,5 | 889,0 | 952,5 | 115,0 | 115,4 |
| Ýumurtga | mln sany | 350,0 | 351,8 | 353,5 | 356,2 | 358,8 | 101,0 | 101,5 |
| Ýüň (fiziki agramda) | müň tonna | 17,9 | 18,9 | 19,8 | 20,9 | 22,0 | 110,7 | 110,9 |
| Bal | tonna | 387 | 392 | 398 | 404 | 410 | 102,8 | 103,0 |
| Gök önümler | müň tonna | 205 | 210 | 215 | 221 | 226 | 105,0 | 105,2 |
| Pile | tonna | 1040 | 1040 | 1040 | 1040 | 1040 | 100,0 | 100,0 |

*5.5-nji tablisa*

### *Balkan welaýatynyň agrosenagat toplumynyň 2021-2030-njy ýyllar üçin durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy görkezijileri*

| **Görkezi-jiler** | **Ölçeg bir-ligi** | **2020 ý.** | **2021--2025 ý. (ortaça yyllyk)** | **2025ý.** | **2026--2030 ý. (ortaça yyllyk)** | **2030 ý.** | **2025 ý. 2020 ý. görä (%)** | **2030 ý. 2025 ý. görä (%)** |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 |
| Oba hojalyk önümçiligi üçin berlen ýerleriň meýdany | müň ga | 133,6 | 133,6 | 133,6 | 133,6 | 133,6 | 100,0 | 100,0 |
| Ekerançylyk önümleriniň öndürilişi | | | | | | | | |
| Bugdaý | müň tonna | 120 | 120 | 120 | 120 | 120 | 100,0 | 100,0 |
| Pagta | müň tonna | 5 | 5 | 5 | 5 | 5 | 100,0 | 100,0 |
| Ýeralma | müň tonna | 19,0 | 19,3 | 19,6 | 19,9 | 20,2 | 103,2 | 103,1 |
| Gök önümler | müň tonna | 42,3 | 44,0 | 45,7 | 47,5 | 49,3 | 108,0 | 107,9 |
| Bakja önümleri | müň tonna | 16 | 17 | 18 | 19 | 20 | 111,9 | 111,7 |
| Miweler we ir-iýmişler | müň tonna | 24 | 25 | 26 | 27 | 29 | 109,2 | 108,8 |

*5.5-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Üzüm | müň tonna | 11 | 12 | 12 | 13 | 13 | 110,0 | 109,9 |
| Maldarçylyk önümleriniň öndürilişi | | | | | | | | |
| Et (diri agramda) | müň tonna | 54,9 | 56,6 | 58,2 | 60,0 | 61,7 | 106,0 | 106,0 |
| Süýt | müň | 52,2 | 54,8 | 57,4 | 60,3 | 63,2 | 110,0 | 110,1 |
| Ýumurtga | mln sany | 65 | 66 | 67 | 67 | 68 | 102,5 | 102,4 |
| Ýüň (fiziki agramda) | müň tonna | 8,6 | 9,2 | 9,8 | 10,5 | 11,2 | 114,0 | 114,3 |
| Bal | tonna | 31,0 | 31,2 | 31,3 | 31,5 | 31,6 | 101,0 | 101,0 |
| Pile | tonna | 40 | 40 | 40 | 40 | 40 | 100,0 | 100,0 |
| Mallaryň we guşlaryň baş sany | | | | | | | | |
| Gara mallar | müň sany | 106,8 | 106,9 | 107,0 | 108,5 | 110,0 | 100,2 | 102,8 |
| Dowarlar | müň sany | 3214,0 | 3268,7 | 3323,3 | 3379,8 | 3436,3 | 103,4 | 103,4 |
| Guşlar | müň sany | 1264,0 | 1330,7 | 1396,4 | 1469,0 | 1541,6 | 110,4 | 110,4 |
| Düýeler | müň sany | 53,6 | 55,6 | 57,5 | 59,6 | 61,6 | 107,3 | 107,1 |
| Gylýallar | müň sany | 4,5 | 4,5 | 4,5 | 4,5 | 4,5 | 100,0 | 100,0 |

*5.6-njy tablisa*

## *Lebap welaýatynyň agrosenagat toplumynyň 2021-2030-njy ýyllar üçin durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy görkezijileri*

| **Görkezijiler** | **Ölçeg birligi** | **2020 ý.** | **2021--2025ý. (ortaça ýyllyk)** | **2025 ý.** | **2026--2030ý. (ortaça ýyllyk)** | **2030 ý.** | **2025 ý. 2020 ý. görä (%)** | **2030 ý. 2025 ý. görä (%)** |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 |
| Oba hojalyk önümçiligi üçin berlen ýerleriň meýdany | müň ga | 368,6 | 368,6 | 368,6 | 368,6 | 368,6 | 100 | 100 |

*5.6-njy tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 9 | 10 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Ekerançylyk önümleriniň öndürilişi | | | | | | | | |
| Bugdaý | müň tonna | 375 | 382 | 388 | 394 | 400 | 103,5 | 103,1 |
| Şaly | müň tonna | 48 | 49 | 51 | 53 | 55 | 105,2 | 108,9 |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 |
| Pagta | müň tonna | 350 | 353 | 355 | 358 | 360 | 101,4 | 101,4 |
| Ýeralma | müň tonna | 75 | 78 | 80 | 83 | 85 | 106,7 | 106,3 |
| Gök önümler | müň tonna | 160 | 163 | 165 | 168 | 170 | 103,1 | 103,0 |
| Bakja önümleri | müň tonna | 74 | 77 | 79 | 82 | 85 | 106,8 | 107,6 |
| Miweler we ir-iýmişler | müň tonna | 46 | 48 | 51 | 54 | 57 | 109,8 | 112,9 |
| Üzüm | müň tonna | 7,4 | 8,7 | 10,0 | 12,5 | 15,0 | 135,1 | 150,0 |
| Maldarçylyk önümleriniň öndürilişi | | | | | | | | |
| Et (diri agramda) | müň tonna | 140 | 144 | 148 | 150 | 152 | 105,4 | 103,1 |
| Süýt | müň t | 552 | 560 | 568 | 587 | 605 | 102,9 | 106,5 |
| Ýumurtga | mln sany | 180,7 | 182,1 | 183,5 | 184,8 | 186,0 | 101,5 | 101,4 |
| Ýüň (fiziki agramda) | müň tonna | 11,0 | 11,9 | 12,8 | 13,4 | 14,0 | 116,4 | 109,4 |
| Bal | tonna | 330,0 | 333,3 | 336,5 | 340,8 | 345,0 | 102,0 | 102,5 |
| Pile | tonna | 1670 | 1675 | 1680 | 1683 | 1685 | 100,6 | 100,3 |
| Mallaryň we guşlaryň baş sany | | | | | | | | |
| Gara mallar | müň sany | 476 | 479 | 481 | 485 | 488 | 101,1 | 101,5 |
| Dowarlar | müň sany | 2580 | 2706 | 2832 | 2951 | 3070 | 109,8 | 108,4 |
| Guşlar | müň sany | 2913 | 2918 | 2922 | 2927 | 2932 | 100,3 | 100,3 |
| Düýeler | müň sany | 8,4 | 8,6 | 8,8 | 8,9 | 9,0 | 104,2 | 102,9 |
| Gylýallar | müň sany | 4,0 | 4,3 | 4,5 | 4,8 | 5,0 | 112,5 | 111,1 |

*5.7-nji tablisa*

## *Daşoguz welaýatynyň agrosenagat toplumynyň 2021-2030-njy ýyllar üçin durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy görkezijileri*

| Görkezijiler | Ölçeg birligi | 2020 ý. | 2021-2025 ý. (ortaça ýyllyk) | 2025 ý. | 2026-2030 ý. (ortaça ýyllyk) | 2030 ý. | 2025 ý. 2020 ý. görä (%) | 2030 ý. 2025 ý. görä (%) |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 |
| Ýerleriň meýdany | müň ga | 482,1 | 482,1 | 482,1 | 482,1 | 482,1 | 100,0 | 100,0 |
| Ekerançylyk önümleriniň öndürilişi | müň t | 340 | 345 | 350 | 355 | 360 | 102,9 | 102,9 |
| Şaly | müň t | 35 | 36 | 36 | 37 | 38 | 102,9 | 105,6 |
| Pagta | müň t | 245 | 250 | 255 | 260 | 265 | 104,1 | 103,9 |
| Ýeralma | müň t | 105 | 110 | 115 | 125 | 135 | 109,5 | 117,4 |
| Gök önümler | müň t | 157 | 161 | 165 | 173 | 180 | 105,1 | 109,1 |
| Bakja önümleri | müň t | 121,8 | 123,9 | 126,0 | 130,5 | 135 | 103,4 | 107,1 |
| Miweler we ir-iýmişler | müň t | 120 | 125 | 130 | 140 | 150 | 108,3 | 115,4 |
| Üzüm | müň t | 22 | 24 | 25 | 28 | 30 | 113,6 | 120,0 |
| Maldarçylyk önümleriniň öndürilişi | | | | | | | | |
| Et (diri agramda) | müň t | 138 | 141 | 143 | 147 | 150 | 103,6 | 104,9 |
| Süýt | müň t | 998 | 1 018 | 1 038 | 1 064 | 1 090 | 104,0 | 105,0 |
| Ýumurtga | mln sany | 296 | 304 | 312 | 323 | 334 | 105,4 | 107,1 |
| Ýüň (fiziki agramda) | müň t | 8 | 8 | 8 | 9 | 9 | 103,8 | 104,8 |
| Bal | tonna | 30 | 31 | 32 | 34 | 35 | 106,7 | 109,4 |
| Pile | tonna | 1 040 | 1 041 | 1 042 | 1 044 | 1 045 | 100,2 | 100,3 |
| Mallaryň we guşlaryň baş sany | | | | | | | | |
| Gara mallar | müň sany | 1 200 | 1 220 | 1 240 | 1 273 | 1 305 | 103,3 | 105,2 |

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Dowarlar | müň sany | 3 830 | 3 911 | 3 991 | 4 119 | 4 246 | 104,2 | 106,4 |
| Guşlar | müň sany | 4416 | 4 560 | 4 703 | 4 894 | 5 084 | 106,5 | 108,1 |
| Düýeler | müň sany | 16,5 | 16,7 | 16,9 | 17,2 | 17,5 | 102,4 | 103,6 |
| Gylýallar | müň sany | 8,8 | 8,9 | 9 | 9,2 | 9,3 | 102,3 | 103,3 |

**Oba hojalygynyň fiziki möçberiniň üýtgeýşi (indeksi)** – geçen ýylda we hasabat ýylynda öndürilen esasy önümleriň her biri bir bahada bahalandyrylýar, hemme önümleriň bahasy jemlenýär we hasabat ýylynyň jemlenip alnan bahasy geçen ýyldaky meňzeş görkezijä bölünýär.

Türkmenistanda agrosenagat toplumynyň işini dolandyrýan we utgaşdyrýan ýörite Ministrler Kabinetin Başlygynyň Orunbasary bar. Onuň esasy wezipesi AST-niň ähli pudaklaryny meýilnamalaşdyrmak, maliýeleşdirmek hem-de serişdeler bilen üpjün etmek meseleleridir. Agrosenagat toplumlaýyn berlen görkezmä görä pudagara balanslary düzýär.

Agrosenagat ugrunyň Türkmenistanda birnäçe ministrlikleri we edaralary bardyr. Ýerlerde bolsa häkimleriň dolandyryş diwanynda häkimiň oba hojalyk boýunça jogapkär orunbasary bolup, ol oba hojalygyň ýerlerdäki ösüşine we meýilnamalaşdyrylyşyna jogapkärdir.

Türkmenistanyň özbaşdak döwlet bolmagy gök we bakja önümleriniň gaýtadan işläp taýýarlanmagyna uly ýol açyp, bu senagat toplumynyň ösmegine getirdi. Ýakyn geljekde oba hojalygynyň ösüş depginini ýokary galdyrmagyň döwlet meýilnama-çaklamasynda aşakdaky ýaly bölümler bolmalydyr:

I. Meýilnamalaşdyrylyşyň umumy bölüminde ýurt, welaýat we etrap boýunça oba hojalyk önümlerini öndürmegiň ýyllar boýunça möçberi, depgini hem-de oba hojalygynda iş öndürijiligi ýaly görkezijiler getirilmelidir.

II. Meýilnamalaşdyrylyşyň ikinji bölüminde welaýat we etrap hem-de bütin ýurt boýunça oba hojalyk önümleriniň her biriniň natu-

ral görnüşi boýunça döwletiň satyn alyş meýilnamasy getirilmelidir. Ol her ýyllyk hem-de meýilnamalaşdyryş döwür üçin jemlenen bolmalydyr.

III. Meýilnamalaşdyrylyşyň indiki üçünji bölümi AST-niň maddy-tehniki üpjünçiliginiň meýilnamasy bolmalydyr. Öňki jebis meýilnamalaşdyryş dolandyryş ulgamynyň dargamagy bilen meýilnamalaşdyryşyň bu bölüminiň meýilnamasynyň hasaby has çylşyrymlydyr. Bu ýerde bazar nyrhyndan satyn alynmaly tehnikanyň, oba hojalyk maşynlarynyň we ulaglaryň sanawy hem-de mineral dökünleriň, ösümlikleri goramagyň himiki serişdeleriniň we iýmit goşundylarynyň möçberi meýilnamalaşdyrylmalydyr. Şu görkezijiler etrap, welaýat we bütin ýurt üçin ýylma-ýyl we bütin döwür üçin hasaplanylmalydyr.

IV. Meýilnamalaşdyrylyşyň ot-iým önümçiliginiň meýilnamasynyň ýumuşlary ýurtdaky bar bolan öndürilýän ot-iýmleri göz öňüne tutup kesgitlenýär. Bu ýerde mallar üçin öri meýdanlaryny suwlulandyrmak we gowulandyrmak meýilnamasy hem-de utgaşdyrylan ot-iým taýýarlaýan senagat üçin maşynlary we desgalary üpjün etmegiň meýilnamasy hem düzülmelidir.

V. Meýilnamalaşdyrylyşyň indiki bäşinji bölümi AST-de düýpli gurluşygyň meýilnamasydyr, ol önümçilik kuwwatlylygy we önümçilik däl obýektleriň işe girizilişini hem-de maýa goýumlaryň çäklerini kesgitlemelidir.

VI. Meýilnamalaşdyrylyşyň ylmyň we tehnikanyň gazananlaryny oba hojalygyna ornaşdyrmak boýunça bölüminde ekinleriň täze sortlaryny we mallaryň täze tohumlaryny, täze tehnologiýany önümçilige ornaşdyrmak boýunça işler hem-de ol işleri ýerine ýetirmek üçin maddy serişdeleriň möçberi getirilmelidir.

VII. AST-niň meýilnamalaşdyryşynyň durmuş ösüşi bölüminde şu görkezijiler bolmalydyr:

Ýokarda sanalan bölümlerden başga-da, meýilnamada maliýe bölümi bolmalydyr. Onda girdejileriň görkezijileri, döwlet býujetine tölegleri hem-de döwlet býujetinden goýberilýän pullar görkezilmelidir.




*5.1-nji çyzgy.* **AST-niň meýilnamalaşdyrylyşynyň durmuş ösüşiniň görkezijileri**

Halk hojalygynyň meýilnamasynda hasaplanýan görkezijiler üç bölege bölünýär:




*5.2-nji çyzgy.* **Halk hojalygynyň meýilnamasyny düzüji görkezijiler**

AST-ni meýilnamalaşdyrmagyň şu ýokarda getirilen bölümleriniň hasaby ýörite balanslary düzmek arkaly ýerine ýetirilýär.

AST-niň meýilnamalaşdyrylyşynda her ýylky dänäniň döwlet serişdeleriniň balansy we onuň bölünmesi aşakdaky görkezijilerden ybaratdyr:




*5.3-nji çyzgy.* **AST-de dänäniň döwlet serişdeleriniň balansy we onuň bölünmesi**

***Galla balansynyň serişdeleriniň bölünişiginiň esasy görkezijileri şu aşakdaky ululyklardyr:***




*5.4-nji çyzgy.* **Galla balansynyň serişdeleriniň bölünişi**

Galla serişdeleri bilen, onuň bölünişiginiň balansy bolmalydyr.

AST meýilnamalaşdyrylanda düzülýän balansyň ýene bir görnüşi bolsa her ýylda ulanylýan ýerleriň balansydyr.

AST meýilnamalaşdyrylanda ulaglaryň we traktorlaryň balansy hem düzülýär. Ol balans iki bölümden, ýagny işler üçin gerek bolan görkezijilerden hem-de serişdelerden ybaratdyr. Bu görkezijiler müň at güýjünde berilmelidir.

Ýerine ýetirmeli işler üçin gerek bolan görkezijiler şulardan ybaratdyr:

– meýdan oba hojalyk işleriniň möçberi, *müň at güýjünde*;

– ulag işleriniň möçberi, *müň at güýjünde*;

– ot-iýmtaýýarlamagyň möçberi, *müň at güýjünde*;

– dökünleri äkitmegiň möçberi, *müň at güýjünde*.

Oba hojalygyndaky bu balansyň beýleki serişdeler bölüminiň görkezijileri (müň at güýjünde) şulardyr:

**– Meýilnamalaşdyrylýan döwrüň başynda oba hojalyk maşynlaryň we traktorlaryň kuwwatynyň möçberi, şol sanda:**

**Sürüm traktorlary** ⟷ **Bejeriş traktorlary**

↓

**Özi ýöreýän maşynlar**

AST meýilnamalaşdyrylanda iri şahly mallaryň sürüsiniň aýlanyşygy, ýagny her ýylky balansy hasaplanmalydyr. Iri şahly mallaryň görnüşleriniň her biri üçin onuň meýilnama döwrüniň başyndaky sany, köpelişi, azalyşy, döwrüň ahyryndaky sany hasaplanylmalydyr.

AST-niň meýilnamasy düzülende hasaplanýan balansyň ýene biri hem ot-iým balansydyr. Ol balansyň esasy görkezijileriniň toparlary sarp edilişe we serişdelere bölünýär. Her bir görkeziji şertli iýmit birliklerinde hem-de göteriminde aňladylmalydyr.

AST-niň meýilnamasyndaky balanslaryň ýene biri hem azyk we ýeňil senagatyň oba hojalyk çig mallary bilen üpjünçiliginiň hem-de olardaky kärhanalaryň önümçilik kuwwatynyň peýdalanylyşydyr. Bu ýerde her bir kärhana hem-de olaryň ählisi üçin şu aşakdaky

görkezijiler ýyl boýy, bir günde hem-de iň köp möçberde meýilnamalaşdyrylmalydyr:

– meýilnamalaşdyrylýan döwrüň başyndaky kuwwatyň möçberi;

– kuwwatyň hatardan çykmagynyň möçberi;

– täze kuwwatyň işe girizilmegi;

– meýilnamalaşdyrylýan döwrüň ahyryndaky kuwwatyň möçberi;

– oba hojalyk çig mallarynyň möçberini işläp taýýarlamagyň kärhanalardaky kuwwatynyň üpjünçiliginiň derejesi.

Görnüşi ýaly, oba hojalyk önümçiliginde önüm öndürmegi artdyrmak bilen birlikde, oba hojalygyndaky önümi, çig maly işläp taýýarlamak üçin işläp taýýarlaýjy senagatyň kuwwatyny artdyrmak göz öňüne tutulmalydyr.

AST meýilnamalaşdyrylanda oba hojalyk önümlerini öndürmek bilen birlikde, olary belli bir wagta çenli saklamak hem zerurdyr. Onuň üçin bolsa döwlet derejesinde oba hojalyk önümleri saklanýan jaý bilen üpjünçiliginiň balansy düzülmelidir. Şu balansyň esasy görkezijileriniň her biri önümiň (däne, gök önüm, bakja we ş.m.) görnüşine görä aýratynlykda getirilmelidir.

Görkezijileriň sanawy şulardyr:

– önüm saklanjak ýerde saklanjak önümiň möçberi (önümiň görnüşleri boýunça);

– önüm saklanýan ýer bilen üpjünçilik derejesi (önümiň görnüşleri boýunça).

Ýokarda getirilen balanslar ulgamy boýunça hasap işleri geçirilende her bir görkezijiniň ähtimal bahalary getirilmelidir. Sebäbi, bazar ykdysadyýetine geçiş döwründe oba hojalyk önümçiliginiň belli bir bölegi täze emele gelýän bazar infradüzüminde öndürilmegi mümkindir (mysal üçin, kiçi kärhanalar, fermerler). Bazar infradüzüminde önüm öndürmek marketing barlaglaryň esasyna daýanmalydyr. Ol bolsa oba hojalyk önümleriniň bazardaky nyrhyna gönüden-göni baglydyr. Bu ýerde bazar nyrhy has ýokary bolan ýagdaýda döwlet tarapyndan düzgünleşdirme hem-de dotasiýa bermek syýasaty ulanylmalydyr.

## 5.2. Oba hojalygyny ösdürmegiň baş ýörelgesi

Oba hojalygynyň merkezi ulgam hökmünde orny we pudak hökmünde möçberi kesgitlenilýär. Onuň mümkinçiligi tutuşlygyna alnanda agrosenagat önümçiliginiň ösüşiniň derejesini, gurluşyny hem-de depginini emele getirmelidir.

Täze müňýyllykda oba hojalygynyň ösüş depgini oba hojalyk ekinleriniň hasyllylygyny we mallaryň önümliligini düýpli ýokarlandyrmak bilen bagly bolar.

*Oba hojalyk ekinleriniň hasylyny ýokarlandyrmak şulara esaslanýar:*

1. Seleksion işi tohumçylygy ösdürmäge, önümçiligiň biologik faktorlaryny, ozaly bilen gurakçylyga durnukly, çalt ýetişýän, ýokary hasylly, kesellere durnukly hem-de beýleki ençeme oňyn häsiýetleri bolan dürli möhletlerde ekilýän we çalt ýetişýän täze sortlary döretmek esasynda gurnamak. Pudaklaýyn döwlet birleşikleriniň öňünde ýurdumyzyň seleksiýa we tohumçylyk gulluklary bilen özara gatnaşyklarynyň sazlaşykly ulgamyny üpjün etmek wezipesi durýar.

2. Mineral we organiki dökünleriň hem-de ösümlikleri goramagyň himiki serişdeleriniň ýol berilýän ölçeglerde ulanylmagy.

3. Ýerleriň melioratiw ýagdaýyny gowulandyrmak. Şu maksatlar üçin suwarylýan meýdanlaryň kollektor-drenaž ulgamynyň udel uzynlygyny, suwaryş kanallaryny we hojalygara kollektorlaryny gurmagy meýilnamalaşdyrmak göz öňünde tutulýar.

***Mallaryň önümliligini ýokarlandyrmagyň esasy ugurlary şular bolup durýar:***

1. Önümçiligi artdyrmak, ot-iýmleriň önümliligini ýokarlandyrmak, olaryň ýitgisini kemeltmek.

2. Kesellere durnukly we ýurdumyzyň howa şertlerine uýgunlaşan mallaryň ýokary önümli tohumlaryny ösdürip ýetişdirmekligi ýola goýmak.

3. Weterinariýa gulluklarynyň maddy-tehniki üpjünçiliginiň binýadyny pugtalandyrmak we mallaryň kesellemegini azaltmak.

4. Maldarçylygyň ot-iým önümçiliginiň tehniki taýdan enjamlaşdyrylyşynyň derejesini ýokarlandyrmak.

5. Sargyt № 2800

Däneçilik we pagtaçylyk geljekde hem oba hojalygynyň strategik taýdan möhüm pudagy bolmagynda galar. Däneçilikde dänelik mekgejöweni, şalyny we arpany öndürmek çaltlandyrylyp ösdüriler, ýagny bu pudak diňe azyklyk babatda däl-de, ot-iým ugrunda hem ösüşe eýe bolar.

*5.3-nji tablisa*

### *Sebitler boýunça käbir oba hojalyk ekinleriniň meýdany we ýygnalan hasyly*

| Sebitler | Ekin meýdany, müň ga | | | | | | | Jemi ýygnalan hasyl, müň tonna | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | 2007 | 2008 | 2009 | 2010 | 2011 | 2012 | 2013 | 2007 | 2008 | 2009 | 2010 | 2011 | 2012 | 2013 |
| **Däneli we däneli-kösükli ekinler (fiziki agramda)** | | | | | | | | | | | | | | |
| ***Türkmenistan*** | 865.7 | 941.6 | 908.2 | 906.2 | 885.2 | 903.1 | 911.4 | 1085.9 | 1000.1 | 1411.1 | 1577.0 | 1310.7 | 1348.1 | 1814.8 |
| ***Ahal*** | 247.3 | 255.7 | 255.3 | 240.7 | 229.5 | 235.6 | 234.7 | 297.1 | 221.6 | 396.4 | 392.7 | 335.9 | 379.7 | 502.0 |
| ***Balkan*** | 59.2 | 82.5 | 80.9 | 82.4 | 79.1 | 81.0 | 82.6 | 67.6 | 60.0 | 91.7 | 95.5 | 83.3 | 63.8 | 95.8 |
| ***Daşoguz*** | 154.1 | 186.2 | 164.1 | 187.9 | 186.0 | 189.0 | 201.2 | 199.2 | 207.3 | 169.9 | 298.5 | 252.2 | 176.5 | 337.2 |
| ***Lebap*** | 190.9 | 201.6 | 189.7 | 190.1 | 188.5 | 192.1 | 189.3 | 289.1 | 289.3 | 438.1 | 410.1 | 353.0 | 416.3 | 443.3 |
| ***Mary*** | 214.2 | 215.6 | 218.2 | 205.1 | 202.1 | 205.4 | 203.6 | 232.9 | 221.9 | 315.0 | 380.2 | 286.3 | 311.8 | 436.5 |
| ***Gowaça*** | | | | | | | | | | | | | | |
| ***Türkmenistan*** | 642.7 | 570.4 | 548.2 | 550.2 | 556.4 | 550.8 | 550.6 | 949.8 | 1001.8 | 966.2 | 1286.3 | 1096.5 | 1234.9 | 1194.0 |
| ***Ahal*** | 120.0 | 110.9 | 120.0 | 120.0 | 124.9 | 120.0 | 120.0 | 146.0 | 192.7 | 220.7 | 281.4 | 226.2 | 251.9 | 251.6 |
| ***Balkan*** | 25.0 | 15.0 | 5.0 | 5.0 | 5.5 | 5.0 | 5.0 | 11.4 | 7.8 | 5.2 | 7.9 | 7.0 | 8.9 | 8.5 |
| ***Daşoguz*** | 180.0 | 164.8 | 143.2 | 140.2 | 141.0 | 140.8 | 140.6 | 241.2 | 205.7 | 138.0 | 243.8 | 200.6 | 272.6 | 265.4 |
| ***Lebap*** | 136.9 | 117.2 | 115.0 | 120.0 | 120.0 | 120.0 | 120.0 | 281.1 | 279.7 | 269.0 | 324.5 | 280.8 | 307.4 | 301.6 |
| ***Mary*** | 180.8 | 162.5 | 165.0 | 165.0 | 165.0 | 165.0 | 165.0 | 270.1 | 315.9 | 333.3 | 428.7 | 381.9 | 394.1 | 366.9 |
| ***Gök ekin*** | | | | | | | | | | | | | | |
| ***Türkmenistan*** | 21.8 | 22.3 | 27.1 | 26.5 | 29.3 | 31.2 | 32.1 | 634.5 | 620.2 | 653.4 | 674.5 | 690.0 | 709.4 | 724.9 |
| ***Ahal*** | 6.4 | 6.1 | 6.5 | 6.0 | 7.8 | 8.5 | 8.8 | 237.4 | 219.9 | 235.6 | 243.1 | 247.1 | 256.1 | 262.2 |
| ***Balkan*** | 1.0 | 1.0 | 1.7 | 1.1 | 1.1 | 1.0 | 1.1 | 22.9 | 23.0 | 23.7 | 24.6 | 25.1 | 25.3 | 25.5 |
| ***Daşoguz*** | 4.0 | 3.2 | 4.7 | 5.1 | 5.6 | 6.3 | 6.2 | 118.1 | 118.5 | 123.1 | 128.3 | 132.6 | 134.8 | 138.9 |
| ***Lebap*** | 6.3 | 7.5 | 9.6 | 9.7 | 10.2 | 10.4 | 10.5 | 122.4 | 124.2 | 133.4 | 138.2 | 142.1 | 145.8 | 148.0 |
| ***Mary*** | 4.1 | 4.5 | 4.6 | 4.6 | 4.6 | 5.0 | 5.5 | 133.7 | 134.6 | 137.6 | 140.3 | 143.1 | 147.4 | 150.3 |

Pagtaçylykda dünýä bazarynyň ýagdaýyny öwrenmegiň esasynda orta süýümli sortlaryň bahasyndan ençeme esse ýokary bahaly pagtanyň inçe süýümli sortunyň meýdanlarynyň paýyny artdyrmak göz öňünde tutulýar.

***Türkmenistanyň 2016-2020-nji ýyllarda durmuş-ykdysady ösüşiniň sepgitleri***

2020-nji ýyllarda Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň düzümini dünýäniň ykdysady taýdan ösen döwletleriniň ykdysadyýetiniň düzümine laýyk getirmek boýunça ugurlar ileri tutulyp ösdüriler. Şunda, ýurduň ykdysadyýetinde hyzmat ediş pudaklarynyň, senagatyň IV we V tehnologik derejeli pudaklarynyň ýokary depginlerde ösdürilmegi göz öňünde tutulýar.




*5.1-nji çyzgy.* **Türkmenistanyň 2020-nji ýylda JIÖ-niň garaşylýan pudaklaýyn düzümi, %**

Pudaklaýyn üýtgeşmeler bilen bir wagtda oba hojalyk ekinlerini ösdürip ýertişdirmekde ýerli (territorial) ilerlemeler bolup geçýär. Ahal, Lebap we Daşoguz welaýatlarynda bugdaý, gowaça, üzüm we beýleki oba hojalyk ekinlerini ösdürip ýetişdirýän iri zolaklar döredilýär. Balkan welaýatynda subtropik ekinlerden zeýtuny, nary, injiri we beýlekileri giň möçberlerde ösdürip ýetişdirmegiň esaslary goýulýar.

Ekerançylykda we maldarçylykda kärende gatnaşyklarynyň kämilleşdirilmeginiň, gaýtadan işleýän kärhanalar bilen kärendeçileriň

arasynda şertnamalaryň baglaşylmagynyň, önüm öndürijileriň öz wagtynda karzlaşdyrylmagynyň, mineral dökünler we iýmler bilen üpjün edilmeginiň, mehanizmleşdirilen işler boýunça hyzmatlaryň gowulandyrylmagynyň, oba hojalyk önümini öndürijileriň döwlet tarapyndan goldanylmagynyň we ýeňillikler berilmeginiň, saklanylmagynyň netijesinde 2016-2020-nji ýyllarda oba hojalyk önümçiligi ortaça 12,3% ýokarlanar.



*5.1-nji surat.*

**Ekologiýa taýdan arassa we gaýtadan işlenilen oba hojalyk önümleri**

Oba hojalygynyň ösüşinde, hususan-da, azyk önümleriniň öndürilişinde hususy daýhan (fermer) hojalyklarynyň mümkinçilikleri hem doly ulanylar. Munuň üçin, welaýatlarda daýhan hojalyklaryny döretmek we olaryň öndüren önümlerini eksport etmek babatynda degişli işler ýola goýlar. Uzak möhletleýin çäre hökmünde ýurdumyzda üzümçiligi we miweçiligi ösdürmäge uly üns berler. Bu ugurda ýöriteleşdirilen hojalyklaryň döredilmegi täze iş orunlarynyň döredilmegine getirer. Hereket edýän daýhan hojalyklarynyň maddy-tehniki binýadyny berkitmek, olary döwlet tarapyndan goldamak boýunça işler welaýat häkimlikleri tarapyndan giň gerimler bilen alnyp barylmalydyr. Munuň üçin, daýhan hojalyklaryny ösdürmeklige zerur serişdeler gönükdiriler. Welaýatlarda daýhan hojalyklaryny döretmek we olaryň öndüren önümlerini eksport etmek babatynda degişli işler ýola goýlar.

## 5.3. Oba hojalyk önümçiliginiň pudaklarynyň ykdysadyyeti

Türkmenistan üçin ykdysadyýetiň oba hojalyk pudagy möhüm ähmiýete eýedir.

***Oba hojalyk önümçiliginiň şu aýratynlyklaryny tapawutlandyrýarlar:***




*5.5-nji çyzgy.* **Oba hojalyk önümçiliginiň aýratynlyklary**

***Oba hojalyk önümçiliginiň ykdysady görkezijileriniň şu aýratynlyklaryny tapawutlandyrýarlar:***




*5.6-njy çyzgy.* **Oba hojalyk önümçiliginiň ykdysady görkezijileri**

Oba hojalygynyň jemi önümi – ekerançylyk we maldarçylyk önümleriniň jemi gymmaty bolup, oba hojalyk önümçiliginiň möçberiniň jemleýji görkezijisidir.

Aşakdaky görkezijiler hojalyklardan alnan maglumatlar esasynda hasaplanylýar:

– oba hojalyk kärhanalary – muňa daýhan birleşikleri, ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, kärhanalaryň we guramalaryň kömekçi hojalyklary degişlidir;

– ilatyň hojalyklary (ilatyň öz hojalyklary we ýaýla ýerleri);

– daýhan hojalyklary – geňeşlikde we edara döwlet tarapyndan, hasaba alyş gullugy tarapyndan bellige alnan, öz hususy eýeçiligin-

de ýeri, maly we beýleki emlägi bolan hem-de önümçilik, gaýtadan işlemek hem-de ýerlemek bilen meşgullanýan raýatlaryň özbaşdak hojalyklarydyr.

Oba hojalyk önümleriniň jemi öndürilişi – oba hojalygynyň jemi önüminiň we pudaga hyzmat edýän kärhanalar tarapyndan edilen oba hojalyk hyzmatlarynyň gymmatlarynyň jemidir.

Ekerançylyk önümleriniň gymmaty – hasabat ýylynyň hasylyndan alnan önümiň gymmatydyr, ýaş köp ýyllyk agaç nahallaryny hasyl berýän ýaşyna çenli ösdürip ýetişdirmegiň gymmatydyr we ekerançylykda ýylyň başyndan bäri tamamlanmadyk önümçiligiň (güýzlük ekinleri ekmäge, ýer sürmäge we geljek ýylyň hasyly üçin hasabat ýylynda geçirilen beýleki işlere harajatlaryň) gymmatynyň üýtgemegidir.

Ekin meýdany – sürülýän ýerlerde oba hojalyk ekinleriniň tutýan meýdany. Hasabatda ekin meýdanlarynyň möçberi oba hojalyk ekinleriniň görnüşleri boýunça, şeýle hem ekin meýdanlarynda birmeňzeş ekinleriň toparlary boýunça hasaba alynýar.

***Oba hojalyk ekinleri aşakdaky ýaly toparlara bölünýär:***




*5.7-nji çyzgy.* **Oba hojalyk ekinleriniň toparlary**

Oba hojalyk ekinleriniň jemi önümi − oba hojalyk ekinleriniň ähli meýdanlaryndan, miweli we üzüm agaçlardan alnan önümleriň möçberi.

Hasabat tejribesinde oba hojalyk ekinleriniň köpüsiniň hasyly ilkibaşda kabul edilen agramda hasaba alynýar. Galla ekinleriniň, günebakar çigidinin jemi hasyly kabul edilen hem-de arassalanan agramda görkezilýär.

Oba hojalyk ekinleriniň hasyllylygy – ekin meýdanlarynyň her gektaryndan ortaça ýygnalan oba hojalyk ekinleriniň hasylyny häsiýetlendirýän görkezijidir.

Maldarçylyk önümleriniň gymmaty – onuň pudaklarynda öndürilen önümleriň gymmaty bilen, hasabat döwründe mallary we guşlary ösdürip ýetişdirmegiň (önen mallaryň agramy we agramynyň artmagy), süýdüň, ýumurtganyň, ýüňüň, ary balynyň, piläniň we beýleki öndürilen önümleriň gymmaty bilen kesgitlenilýär.

Mallaryň we guşlaryň sany – oba hojalyk mallarynyň sany belli bir senede (aýyň, çärýegiň, ýylyň başyna) hasaba alynýar. Belli bir döwür içinde mallaryň ortaça sany (aýlyk, çärýeklik, ýyllyk) mallaryň saklanan günleriniň umumy sanyny şol döwrüň günleriniň sanyna bölmek arkaly hasaplanylýar (mallaryň saklanan güni – bir gije-gündiziň dowamynda bir malyň hojalykda saklanylmagy) ýa-da her döwrüň başyna bar bolan mallar baradaky maglumatlar boýunça alynýar. Oba hojalyk mallarynyň ähli toparlary we görnüşleri boýunça sanynyň umumy görkezijisini kesgitlemek üçin mallaryň aýratyn toparlary we görnüşleri şertli sana geçirilýär.

Mallaryň ähli görnüşleriniň sany şu aşakdaky umumy koeffisiýentler bilen şertli sana geçirilýär: sygyrlar we höwür öküzler – 1,0; ýaş gara mallar – 0,6; doňuzlar – 0,3; dowarlar – 0,1; atlar we düýeler – 1,0; guşlar – 0,02.

Maldarçylyk önümleri – mallary, guşlary we beýleki oba hojalyk mallaryny ösdürip ýetişdirmegiň we et öndürmegiň (diri agramda), jemi alnan süýdüň, ýüňüň (gyrkylandaky ýa-da arassa süýüme – ýuwlan ýüňe geçirilen agramda), ýumurtganyň, ary balynyň öndürilişiniň, piläniň we beýleki önümleriň alynmagynyň netijeleridir.

Etiň (diri agramda) öndürilişi – hojalykda soýlan ýa-da döwlet kärhanalaryna we gaýry hojalyklara soýmak üçin berlen mallaryň we guşlaryň diri agramy bilen kesgitlenilýär.

Etiň (soýlan agramda) öndürilişi – mallaryň we guşlaryň diri agramy boýunça şol görnüşlerinden etiň, ýagyň we goşmaça alnan

önümleriň çykymy barada koeffisiýentlerini peýdalanmak arkaly hasaplanylýar.

Süýdüň öndürilişi – hakyky alnan ähli süýdüň mukdary onuň satylýandygyna ýa-da hojalykda göleleri we köşekleri idetmek üçin ulanylýandygyna garamazdan hasaplanylýar.

Ýumurtganyň öndürilişi – guşlaryň ähli görnüşlerinden alnan ýumurtga, şol sanda jüýje ýetişdirmek üçin ulanylýan ýumurtga hem goşulyp görkezilýär.

Ýüňüň öndürilişi hasaplanylanda dowarlardan we düýelerden alnan hakyky ýüňüň ählisi görkezilýär.

Ary balynyň öndürilişi – alnan ary balynyň we gyş, ýaz aýlarynda arylary iýmitlendirmek üçin galdyrylan balyň mukdary bilen kesgitlenilýär.

Bir sygyrdan ýyllyk ortaça alnan süýt – ähli sagylýan sygyrlaryň ortaça ýyllyk sanyna paýlamak arkaly hasaplanylýar. Hojalykda bar bolan sagylýan sygyrlardan alynýan süýt kesgitlenilende baka goýlan, et üçin saklanylýan sygyrlar we göleleriň emýän süýdi hasaba alynmaýar.

Towuklaryň ýyllyk ortaça ýumurtga berijiligi – alnan ýumurtgalaryň sanyny towuklaryň ýyllyk ortaça sanyna paýlamak arkaly kesgitlenilýär.

Bir goýundan ýyllyk ortaça alnan ýüň – alnan ýüňüň mukdaryny ýylyň başyna bar bolan goýunlaryň sanyna bölmek arkaly kesgitlenilýär.

Oba hojalyk önümleriniň ýerleşdirilişi – haryt öndürijileriň (oba hojalyk kärhanalary, daýhan hojalyklary, ilat hojalyklary) gönüden-göni döwletiň satyn alyş tertibinde taýýarlaýyş edaralaryna, bazarlarynyň hem-de hususy söwda ulgamynyň we iýmitleri taýýarlaýan kärhanalaryň üsti bilen we biržalarda satmagy, alyş-çalyş etmegi we beýlekiler.

Kärhanalaryň we guramalaryň oba hojalygyna edýän hyzmatlary – ýerleri gowulandyrmak, topragy himiýalaşdyrmak we beýleki agrotehniki işler boýunça, ösümlikleri kesellerden we zyýan beriji mör-möjeklerden goramak boýunça hyzmatlaryň gymmatyny; oba hojalygyna zootehniýa we weterinariýa hyzmatlaryň gymmatyny; suwaryş ulgamlaryny ulanmak boýunça suw hojalyk kärhanalarynyň

(guramalarynyň) hyzmatlarynyň gymmatyny; ýük daşamak we esasy serişdeleri düýpli abatlaşdyrmak boýunça hyzmatlaryň gymmatyny öz içine alýar.

## 5.4. Agrar gatnaşyklary we ýer renta nazaryýeti

Agrar gatnaşyklary jemgyýetçilik önümçilik gatnaşyklarynyň bütewi bir bölegi bolup, ol oba hojalygyň iň esasy önümçilik serişdesi – ýere bolan eýeçiligiň we ony ulanmagyň häsiýeti bilen kesgitlenilýär. Agrar gatnaşyklaryň özeni bolan ýeriň beýleki önümçilik serişdelerinden tapawutlanýan şu aýratynlyklaryny bellemek zerur:

Ýer zähmetiň netijesinde dörän önüm bolman, tebigatyň önümidir. Ol zähmetden öň döräpdir: ýer territorial çäkli; beýleki önümçilik serişdeleri ýaly ýeri başga önümçilik serişdeleri bilen çalşyryp bolmaýar; ýeriň hemişelik bir ýerde ýerleşmek häsiýeti bar; ýer bölekleri hilleri boýunça biri-birinden tapawutlanýarlar; ähli önümçilik serişdeleri ulanylmagyň netijesinde könelýän we önümçilikden aýrylýan bolsa, ýer, tersine, hemişelik önümçilik serişdesidir. Ol agrotehnikanyň talaplaryna laýyklykda ulanylanda, könelmän, tersine, öz hasyllylygyny artdyrýar.

Öndüriji güýçleriň ösmegi hökmany ýagdaýda jemgyýetçilik önümçilik gatnaşyklarynyň, şol sanda agrar gatnaşyklarynyň üýtgemegine getirýär. Şonuň üçin hem her bir jemgyýetçilik önümçilik usulynyň özüne mahsus bolan agrar gatnaşyklary bardyr.

Agrar gatnaşyklaryň ýöriteleşen aýratynlyklaryna seretmezden, olaryň esasy manysy ýer eýesiniň öz eýeçiligi üçin ýeri ulanýan adamdan öndürilen goşmaça önümiň bir bölegini kärende tölegi hökmünde özüne almagydyr. Meselem, kapitalizm şertlerinde kärendeçi ýerden alnan goşmaça gymmatyň orta peýda deň bolan bölegini özüne alýar, ondan artygyny renta hökmünde ýer eýesine berýär. Ýeri ulanandygy üçin kärendeçi ýer eýesine kärende tölegini tölemäge borçly. Eger kärende berlen ýerde hiç hili gurluşyk geçirilmedik bolsa, onda kärende töleginiň ululygy rentanyň ululygy bilen deň bolmagy mümkin. Eger-de kärende bilen ýer böleginde hojalyk gurluşygy, ýagny suwaryş ulgamy, önüm saklanýan ammarlar we ş.m. geçirilen bolsa, onda kärende tölegi:

a) ýer rentasyny;

b) esasy kapitalyň amortizasiýasyny;

ç) ýere goýlan kapital üçin göterimi öz içine alýar.

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň ösüşiniň häzirki tapgyrynda onuň umumy ykdysadyýetinde bolşy ýaly, oba hojalygynda hem düýpli durmuş-ykdysady özgerişler bolup geçýär. Ýaňy-ýakyna çenli ýeriň ýeke-täk eýesi döwlet, ýeri hemişelik, möhletsiz ulanýan kärendeçi hökmünde hem kolhoz we sowhozlar çykyş edýän bolsalar, häzir bazar ykdysadyýetine geçmekligi tizleşdirýän we onuň talaplaryna laýyk gelýän täze agrar gatnaşyklary döretmäge tarap gönükdirilen uly işler alnyp barylýar.

Netijede, agrar gatnaşyklary ulgamynda hem bazar ykdysadyýetiniň esasy bolan köp eýeçilige ýol açylýar, jemgyýetçilik ýeke-täk eýeçiligi bozulýar. Indi jemgyýetçilik eýeçiligine esaslanýan iri önümçilik görnüşli kolhoz-sowhozlar bilen bir hatarda, hususy we beýleki kärhanalaryň hereket etmekleri üçin hem zerur şertler döredilýär. Eýeçilikleriň her haýsyna mahsus bolan artykmaçlyklar we ýetmezçilikler bar.

Her bir hojalygyň, goý, ol iri ýa-da ownuk bolsun, jemgyýetçilik ýa-da hususy eýeçilige esaslanan bolsun, her haýsynyň özüne laýyk, artykmaçlyklary hem-de kemçilikleri bardyr. Her haýsy öz ukybyny bäsdeşligiň üsti bilen subut etmeli. Ýöne bir zady bellemek zerur, oba hojalyk kärhanalarynyň haýsy görnüşi hem bolsa, ol döwletiň goldawy bolmasa, ähli meseläni özi çözüp bilmeýär. Germaniýanyň, Polşanyň tejribesiniň görkezişi ýaly, aýratyn hem ownuk hususy eýeçilige esaslanýan hojalyklar döwletiň goldawyna köp mätäçlik çekýärler. Olara karz (kredit) önümlerini ýygnamak we ýerleşdirmek, öndürilen önümleri daşamak kömekleri bolmasa, iri hojalyklara seredende, çalt tozýarlar. Şonuň üçin hem döwlet, bir tarapdan, ownuk hususy hojalyklaryň döremegine kanuny taýdan ýol açan bolsa, ikinji tarapdan, olary aýaga galdyrmagyň, durmuşa ukyply etmegiň ykdysady şertlerini işläp düzmelidir.

Differensial rentanyň döremeginiň sebäbi hojalygyň obýekti hökmünde ýere bolan ýeke-täk eýeçilikdir (monopoliýadyr.) Ol ýeriň

çäkliliginden we onuň aýry-aýry hojalyklar tarapyndan eýelenendiginden gelip çykýar. Haýsy ýurdy alsaň hem öndüriji güýçleriň şu günki ýeten derejesinde oba hojalyk dolanyşygyna goşar ýaly ýerleriň, aýratyn hem oňat we orta hilli ýerleriň mukdary çäklidir (ýeriň hili onuň hasyllylygy we ýerleşen ýeri bilen kesgitlenýär). Iýmit önümlerine bolan jemgyýetçilik isleglerini kanagatlandyrmak üçin ýeke bir oňat we orta hilli ýerleri ulanmak ýeterlik bolmaýar. Şonuň üçin erbet ýerleri hem ulanmaly bolýar. Erbet ýerleri oba hojalyk dolanyşygyna goşmak üçin ýer eýesine şondan orta peýda alar ýaly şert döredilmelidir. Eger şeýle mümkinçilik bolmasa kärendeçi erbet ýeri dolanyşyga girizmeýär. Şeýle şertiň bolmagy üçin şol ýerlerden alnan önümleriň ýerleşdirilýän bahasy kärendeçiniň diňe önümçilik harajatlarynyň öwezini doldurman, orta peýda alar ýaly hem bolmalydyr. Şonuň üçin hem oba hojalyk önümleriniň öndürilişiniň jemgyýetçilik bahasy önümçiligiň erbet hilli ýerlerdäki şertleri bilen kesgitlenýär. Netijede, birmeňzeş harajat bilen deň bolan ekin meýdanyndan oňat we orta hilli ýerlerde hojalyk alyp barýan kärendeçiler pes hilli ýerdäkilere seredeniňde, goşmaça önüm alýarlar. Alnan önüm bolsa, öndürişiň jemgyýetçilik bahasy bilen, ýagny erbet ýerleriň önümleriniň bahalary bilen satylýar. Şeýlelikde, orta we oňat ýerlerde hojalyk alyp barýan adamlar oňat şertlerde ýa-da ýagdaýda bolýarlar. Olar goşmaça peýda alýarlar. Ýere bolan monopoliýanyň mazmunyny şeýle mysal bilen düşündireliň.

Türkmenistanda köp hojalyklar gowaça meýdanlaryny suw çykaryjy desgalaryň kömegi bilen suwarýarlar, käbir hojalyklar bolsa, gowaçalaryny suw çykaryjysyz, suwlaryň öz akymy bilen suwarýarlar.

Eger-de tebigatda ähli gowaça ekilýän ýerleri suwuň öz akymy boýunça ýaplaryň kömegi bilen suwaryp bolýan bolsa, onda suw çykaryjysy (nasos) bilen suw çykarýan hojalyklar öz ýerlerini taşlap, ýaplaryň kömegi bilen suwarylýan ýerlere geçerdiler. Ýöne bu mümkin däl. Sebäbi tebigatda suwuň öz akymy boýunça ýaplaryň kömegi bilen suwarylýan ýerler çäkli. Kim şol ýerlerde hojalyk işlerini alyp barýan bolsa, ýer şonuň garamagynda bolýar. Bu bolsa kapitalyň ýokary netijeli goýulmagynyň ýer bilen bagly bolan şertidir.




*5.8-nji çyzgy.* **Goýulan kapitalyň ýer bilen baglylygy**

Şu şertleriň biri bolmadyk ýagdaýynda, goşmaça peýda renta öwrülmeýär ýa-da düýbünden emele gelmeýär.

Differensial rentanyň çeşmesi oňat we orta ýerlerde işleýän oba hojalyk zähmetkeşleriniň has öndürijilikli zähmetleridir.

*Differensial rentanyň iki görnüşi bar:* I we II differensial renta. Öz gezeginde differensial renta hasyllylyk boýunça alynýan renta we ýerleriň ýerleşişi boýunça alynýan rentalara bölünýär.

Ýeriň hasyllylygy boýunça alynýan I differensial renta seredeliň. Mysal üçin, üç sany meýdany deň ýer bar. Olara harç edilen kapital hem deň. Ýöne topragyň hasyllylygy boýunça *A* – ýer iň oňat ýer, *B* – ýer orta, *Ç* – ýer bolsa, otnositel erbet ýer. Ýerleriň dürlüligine görä, olardan öndürilýän önümler deň däl.

Ýeriň hasyllylygy barada gürrüň edilende, tebigy we emeli hasyllylygy saýgarmak zerur. Tebigy hasyllylyk tebigat tarapyndan berlen hasyllylykdyr. Emeli hasyllylyk adamlaryň zähmeti netijesinde döredilýän hasyllylykdyr. Tebigy we emeli hasyllylyk bilelikde ykdysady hasyllylygy emele getirýär. Öndüriji güýçleriň ösmegi bilen ykdysady hasyllylyk hem köpelýär. Onuň köpelmegi emeli hasyllylygyň köpelmeginiň hasabyna gazanylýar.

Ykdysady hasyllylygyň köpelmegi ekstensiw ekerançylygyň deregine intensiw ekerançylygyň gelýändigini aňladýar. Ýagny şol bir ýere goşmaça zähmet we serişde goýulýar. Bu täze tehnikanyň önümçilige ornaşdyrylmagyny, ekerançylygyň täze ulgamynyň girizilmegini, ekinleriň ýokary hasylly täze sortlarynyň döredilmegini, mineral dökünleriň giňden ulanylmagyny we ş.m. aňladýar.

Şol bir ýer bölegine edilen goşmaça goýum ilkibaşdaky edilen goýum bilen deňeşdireniňde netijeli bolýar. Aýdalyň, ulanylýan iki

hilli ýer bar: pes we oňat hilli. Öndürişiň jemgyýetçilik bahasy pes hilli ýerleriň şerti bilen kesgitlenýär. Oňat ýerde ekerançylygyň intensiw usuly ulanylýar we ol pes hilli ýer bilen deňeşdirilende has netijelidir.

Ikinji ýere edilen goşmaça goýum birinji ýere şonuň ýaly çykarylan harajat bilen deňeşdireniňde, has netijeli we goşmaça peýda getirýär. Bu peýdany kärendäniň möhleti gutarýança kärende şertnamasyna laýyklykda kärendeçi alýar. Ýeri täze möhlete kärendä berende, ýeriň eýesi kärendeçiniň alýan goşmaça peýdasyny kärende tölegine goşýar. Indi ol goşmaça peýda ýeriň eýesine geçip, II differensial rentany emele getirýär.

Ýeriň eýesi bilen kärendeçiniň arasynda kärendäniň möhleti barada elmydama göreş gidýär. Kärendeçi ýeri uzak möhletleýin kärendesine almak üçin höwesli. Sebäbi goşmaça goýumyň hasabyna alynýan goşmaça peýdany kärende möhleti gutarýança onuň özi alýar. Ýer eýesi, onuň tersine, ýeri gysga möhletleýin kärendesine berip, goşmaça peýdany özi almaga höwesli bolýar.

## § 6. TELEKEÇILIGI MEÝILNAMALAŞDYRMAGYŇ ÄHMIÝETI WE MAZMUNY

### 6.1. Telekeçiligi meýilnamalaşdyrmagyň işewürlik gurşawdaky ähmiýeti. Strategik işlerde telekeçiligi meýilnamalaşdyrmagyň orny

Häzirki zaman ykdysady ýagdaý bazar gatnaşyklaryna geçiş bilen baglanyşyklydyr. Onuň üçin kärhanalar öz işlerini meýilnamalaşdyrmakda täzeçe çemeleşmelidirler. Bu günki gün kärhananyň «Senagat maliýe meýilnamasyny» ýa-da tehniki-ykdysady esaslandyrmasyny taýýarlamak ýeterlik däldir. Meýilnamalaşdyrmagyň bu görnüşi kärhananyň öňünde durýan hakyky işewürlik bahalara jogap berip bilmez. Bazar ykdysady şertlerine geçiş döwründe meýilnamalaşdyrmagyň şeýle görnüşine telekeçiligi meýilnamalaşdyrmak jogap berip biler.

Islendik işewürligiň ýerine ýetmesiniň çözgüdi öňde goýlan maksada ýetmek bilen baglanyşyklydyr. Işewürligiň maksady, işewürligiň özi ýaly köpgörnüşlidür. Ol içki we daşky täsirlere (faktorlara) bölünýär.

Daşky täsirler daşky gurşawyň täsiri astynda emele gelýär, mysal üçin, ýurduň ykdysady ýagdaýy, döwletiň ykdysady syýasaty, salgyt düzgünleri, bazarlaryň düzümi we ş.m.

Içki täsirler işewürligiň (kärhananyň, kompaniýanyň) öz işi bilen kesgitlenilýär. Oňa menejmentiň hili, işgärleriň hünär derejesi we mümkinçilikleri, marketingiň derejesi degişlidir.

Işewürligiň maksatlary dogry kesgitlenilende işewürlik işiniň netijesiniň derejesi kesgitlenilýär.

Işewürlik meýilnamasy işewürlik meselelerini çözmäge mümkinçilik berýär. Ol kärhanada geljekde çözüljek meseleleri we maksatlary işläp taýýarlamagy öz içine alýar. Onda pudakda häzirki ýagdaýa we ösüşiniň ugruna hem-de işewürligiň güýçli we gowşak taraplaryna baha berilýär. Şol bir wagtda bazara derňew we müşderiler barada maglumat berilýär. Onda bäsdeşlik şertlerinde öňde goýlan maksada ýetmek üçin gerek bolan serişdelere hem baha berilýär.

Kiçi ýa-da iri firmalaryň işiniň netijeli alnyp barylmagynda telekeçiligi meýilnamalaşdyrmak aşakdaky meseleleri çözmäge ýardam berýär:

***Kiçi ýa-da iri firmalaryň işiniň netijeli alnyp barylmagynda telekeçiligi meýilnamalaşdyryş***




*6.1-nji çyzgy.* **Firmalaryň işiniň netijeli alnyp barlyşynyň meseleleri**

## 6.2. Telekeçiligi meýilnamalaşdyrmagyň esasy wezipeleri

Islendik işewürlik meýilnamalaşdyrmasy kesgitli maksatlar üçin işlenilip taýýarlanylýar. Maksatlara baglylykda işewürlik meýilnamasynyň häsiýetlerini kesgitleýän dürli sebäpleri görkezmek bolýar. Olary çözmek üçin işewürlik meýilnamalary işlenip taýýarlanylýar.

Işewürlik meýilnamalary

- Bank karzlaryny almak üçin
- Içki maksatlar üçin
- Maýadarlaryň serişdelerini çekmek üçin
- Bilelildäki kärhana döretmek üçin
- Uly möçberli şertnama baglaşmak üçin
- Başga kompaniýa bilen birikmek üçin ýa-da işiňi satmak üçin

*6.2-nji çyzgy.* **Işewürlik meýilnamalary**

*6.1-nji tablisa*

***Işewürlik meýilnamalaşdyrylyşynyň aýratynlyklary***

| Meýilnama kim üçin taýýarlanylýar? | Nämä üns bermeli? | Meýilnamanyň göwrümi |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| Bank işgärlerine | Maliýe akymlar, aktiwler, durnukly ösüş | 10-20 sah. |
| Maýadarlara | Ugrukdurylan ösüş, uly bazar, dolandyryryş komanda üçin | 20-40 sah. |
| Strategik hyzmatdaşa | Bilelikdäki potensial, bilelikdäki harytlar we hyzmatlar | 20-40 sah. |
| Has uly müşderä | Durnuklylyk, hyzmatlar | 20-40 sah. |
| Täze işgärlere | Durnuklylyk, hünärmenlik öşüşde uly mümkinçilikler | 20-40 sah. |

*6.1-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| Kompaniýanyň birleşmegi boýunça hünärmenlere | Kärhananyň ýekelikde ýetip bilmejek maksatlaryna ýetmekligi | 20-40 sah. |

Işewürlik meýilnamalaşdyrmasy – bu resminamalaryň toplumy, ol girdeji getirýän işewürlik pikiri hakyky işi alyp barmak üçin ygtybarly serişdeleri goýmak we onuň netijeliligine baha bermek üçin niýetlenilendir. Işlenilip taýýarlanylan işewürlik meýilnamalaşdyrmasy aşakdaky niýetler üçin ulanylyp bilner:

– işewürlik pikiri gyzyklanýan adamlara ýetirmek üçin;
– taslama üçin pul we beýleki serişdeleri maýa goýum görnüşinde çekmek üçin;
– öz goýumlaryňyzyň ygtybarlylygyna we özüne çekijiligine inwestorlaryň baha bermegi üçin;
– durmuşa geçirýän taslamaňy ygtybarly dolandyrmak üçin.

Işewürlik meýilnamalaşdyrmasynyň taýýarlanylyşy kompaniýanyň işiniň çygryna (sferasyna) we aýratynlygyna garamazdan, birnäçe standart tapgyrlara bölünýär. Ol işlenilip taýýarlanylanda şeýle yzygiderlilikde ýerine ýetirmek zerurdyr:

– işewürlik meýilnamany düzmegiň maksadyny kesgitlemek;
– düzgün boýunça işewürlik meýilnamanyň maksady çözülmeli meseleleriň sanawyny kesgitlemekden başlanyp, ol meseleleri çözmek üçin işlenilip taýýarlanylýar;
– işewürlik meýilnamanyň kimlere berilmelidigini anyk sanawyny kesgitlemek;
– işewürlik meýilnamanyň kärhananyň içki menejerlerine peýdalanmak üçin ýa-da maýadarlar, täjirçilik banklary, lizing berijiler, wençur fondlar we ş.m. üçin taýýarlanýandygyny kesgitlemek;
– işewürlik meýilnamany düzmek üçin gerekli maglumatlary ýygnamak.

Bu tapgyrda işewürlik meýilnamasyny düzmek üçin maglumatlaryň çeşmelerini ýüze çykarmaly.

Işewürlik meýilnamasynyň düzümini saýlamaly we ony işläp taýýarlamaly.

Işewürlik meýilnamasyny möçberi boýunça üç topara bölmek bolar: gysga, doly we operasion.

Gysga işewürlik meýilnama möçberi boýunça 10 sahypa golaý bolup, ol az maglumatlary we gysgaça barlaglary talap edýär.

**Gysga işewürlik meýilnamasyny** düzmek kompaniýa ýaşrak bolanda hem-de harytlaryň birnäçe görnüşiniň öndürilişini meýilnamalaşdyrmaýan ýagdaýynda ýerliklidir. Adatça banklardan karz aljak bolsa berilmeli beýleki resminamalar bilen birlikde, gysga işewürlik meýilnamasyny hem talap edip bilerler. Ondan başga-da, gysga işewürlik meýilnama siziň taslamaňyz bilen gyzyklanýan maýadarlary hem gyzyklandyryp biler we soňy bilen doly düzülen meýilnama üçin peýdaly bolup biler. Bazar ykdysadyýetli döwletlerde maliýeleşdirmäge talap berlende gysga işewürlik meýilnamasyny düzmegi hem talap edýärler.

**Doly işewürlik meýilnamasynyň** möçberi 10 sahypadan 40 sahypa çenli bolup biler. Şeýle meýilnamalaşdyryş adatydyr. Onda kompaniýanyň işiniň ähli taraplary görkezilmelidir. Uly kompaniýalar üçin işewürlik meýilnamasyny düzmek has kynrak hem bolmagy mümkindir. Doly işewürlik meýilnamasy uly möçberlerde maliýeleşdirmeleri çekmek üçin niýetlenilendir, onda maýadarlaryň islendik soraglaryna jogap bolmalydyr. Doly işewürlik meýilnamasy strategik hyzmatdaş gözlenilende hem zerurdyr.

**Operasion işewürlik meýilnamasynyň** möçberi 40 sahypadan köp bolmaly, ony köp halatlarda ýazmaklyk maslahat berilmeýär. Kähalatlarda jikme-jik meýilnama düzmeklik kompaniýadan talap edilip bilner. Mysal üçin, Coca-cola we Pizza-Hut kompaniýalarynyň operasion işewürlik meýilnamasy 100 sahypadan geçýär. Seýle işewürlik meýilnamada kompaniýanyň söwdasynyň, marketinginiň, önümçilik we barlag syýasatynyň ähli taraplarynyň we jikme-jikliginiň strategiýasy we guralyşy adatdan daşary jikme-jiklikde görkezilmeli hem-de jikme-jik maliýe çaklamasy görkezilmeli.

## 6.3. Işewürlik meýilnamalaşdyrylyşynyň esasy bölümleriniň mazmuny

Işewürlik meýilnama içki peýdalanylyşa niýetlenilen bolsa, ol sadalaşdyrylyp bilner.

***Umumy görnüşde anyk taslama üçin işewürlik meýilnamasynyň esasy bölümleri şulardan ybaratdyr:***




*6.3-nji çyzgy.* **Işewürlik meýilnamasynyň esasy bölümleri**

1.1. Kompaniýanyň umumy beýany we onuň täjirçilik işi.

Kompaniýanyň haçan döredilendigi, onuň hukuk görnüşi; öndürýän önümi ýa-da edýän hyzmaty; kärhananyň taryhy; eýesi we paýdarlary, eýeçiligiň paýlaşdyrylyşy, işleýänleriň sany; geçen ýyldaky önümiň ýerleşdirilişi we düşewündi görkezilmeli.

1.2. Dolandyryş diwany we adamlar: menejerlere häsiýetnamalar, olaryň bilimi, kompaniýada işleýän döwri; kärhananyň dolandyrylyşynyň stili, möhüm menejerler barada aýratyn ýazmaly.

1.3. Çykarýan önümleriniň we hyzmatlarynyň esasy toparlary.

Bu ýerde kompaniýanyň önümleriniň ýa-da hyzmatlaryň esasy toparlaryny beýan etmeli. Bazardaky ýerini görkezmeli.

1.4. Marketing we harytlary ýerlemek.

Harytlaryň ýerleşdirilişiniň çyzgysy, nyrhlaryň emele gelşi, mahabatlandyrma işleri, kompaniýanyň serwis hyzmatlary, satylyşyň höweslendirilişi beýan edilmeli.

1.5. Infradüzüm we kompaniýanyň önümçiligi.

Kompaniýanyň içki düzümini ýerler (territoriýalar) boýunça beýan etmeli, ýerlerini, desgalaryny, enjamlaryny, olaryň balans bahalaryny hem-de bazar nyrhlaryny görkezmeli.

1.6. Kärhananyň maliýe ýagdaýy.
2. Kompaniýanyň bazarynyň beýany:
2.1. Bazaryň bütin segmentini we sygymyny kesgitlemek.
2.2. Bazaryň gurşawy we ösüşi (tendensiýasy).
2.3. Bäsdeşlere derňew.
2.4. Bazaryň mümkinçilikleri we howplar.
3. Taslamanyň beýany.
3.1. Taslamanyň niýetlenilişi, maksady we logiki esaslandyrmasy.
3.2. Serişdeleriň niýetlenilişi we taslamany maliýeleşdirmegiň çeşmeleri.
3.3. Maliýeleşdirmegiň şertleri we öwezine goýmak.
3.4. Önümçilik hadysasynyň düzüminiň beýany.
3.5. Taslamanyň ykdysady netijeliliginiň çaklamasy:
– önümleri ýerlemekligiň möçberiniň çaklamasy.
– kärhananyň düşewüntliligi barada hasabat.
– pul serişdeleriniň hereketi barada hasabat.
– esasy maliýe koeffisiýentleriň dinamikasynyň üýtgeýşi.
– taslamanyň ýitgisizliginiň hasap nokady.
3.6. Töwekgelçiligiň bahalary.
4. Taslamanyň ornaşdyrylyşynyň meýilnamasy.
5. Goşundylar.

## 6.4. Kärhananyň telekeçilik meýilnamalaşdyrmasynda maksatlaryň, öndürilýän önümleriň we edilýän hyzmatlaryň kesgitlenilişi

Işewürlik meýilnamanyň taslamasynyň gysgaça beýany – oňa rezýume diýlip, ol iş iň soňundan işlenilip taýýarlanylýar hem-de resminamanyň başynda ýerleşdirilýär. Onda kärhananyň esasy maksatlary, düzümi, maliýe sarp edilişi we taslamanyň artykmaç taraplary görkezilýär. Ol potensial hyzmatdaşlary gyzyklandyrmak üçin zerurdyr hem-de onda teswirlenýän işewürligiň gowy boljakdygy subut edilýär. Bu bölümde aşakdaky maglumatlar berilýär:

1. Kärhananyň doly atlandyrylyşy, salgysy, eýeçiligiň görnüşleri, döredijiler (eýeleri);
2. Teklip edilýän işewürligiň düýp manysynyň beýany, mysal üçin, hili üpjün etmek, nyrh we ş.m. boýunça öňdebaryjy bolmak.
3. Mümkinçilikleriň we strategiýalaryň beýany, onda nähili mümkinçiligiňiziň bardygyna syn bermeli, onuň siziň işewürligiňize täsiri netijesinde gowy ýagdaýlardan peýdalanmak üçin strategiýany oýlap tapmaly.
4. Bazaryň gysgaça beýany, onda bazaryň mümkinçilikleri beýan edilmeli, bar bolan harytlarda we hyzmatlarda hem işewürligiň gowy boljagyny görkezmeli;
5. Bazaryň maksadyny, satuwyň möçberini, mümkin bolsa pulda we mukdarda kesgitlemeli;
6. Işewürlik üçin menejerler komandasynyň bilimini, tejribesini, başarnygyny ýazmaly;
7. Çaklanylýan maliýe netijeleri, ýagny işewürligiň umumy bahasy, garaşylýan netijeleri, karzlary yzyna bermegiň möhleti beýan edilmeli.

Işewürlik meýilnamasynda kärhananyň maksatlarynyň baş ugurlaryny kesgitlemek üçin aşakdaky soraglara doly jogap bermeli we onuň umumy möçberi 5 sahypadan ýokary geçmeli däldir:

1. Kärhananyň işewürliginiň we onuň umumy strategiýasynyň ýazmaça beýany üçin barlag soraglarynyň sanawyny düzmeli.
2. Işewürligi guramagyň ýazmaça beýany, onda müdirler (direktorlar) geňeşiniň gatnaşyşynyň görnüşi, dolandyryş çyzgysy we ýokary hünärli işgärler görkezilmeli;
3. Işewürligiň maksatlarynyň teswiri: ykdysady artykmaçlygy siz nähili göz öňüne getirýärsiňiz; önüm öndürmeklige ýa-da hyzmatlara goşmaça gymmat bolarmy, işläp taýýarlamak we marketing prosesleriniň häsiýetnamalary nähili?
4. Işewürligiň strategiýasynyň ýazmaça beýany: häzirki wagtda işewürlik nähili? Geljek 3-5 ýylda nähiliräk ösüşüň boljagynyň çaklamasy;
5. Önümleriň we hyzmatlaryň esasy häsiýetnamalarynyň ýazmaça

beýany: baha we hil; bäsdeşler bilen deňeşdirilende nyrh; işewürligiň islendik ýaramaz taraplaryna häsiýetnamalar, olary aradan aýyrmagyň ýa-da düzetmegiň ugurlary; düzgünler we ýagdaýlar, olar nähili we nädip ýerine ýetirilmeli?

6. Ýerine ýetirilmeli dolandyryşyň strategiýasynyň we marketingiň strategiýasynyň ýazmaça beýany, mysal üçin, çykdajylary azaltmak, has ýokary nyrha goşulanlary almak, önümiň hili boýunça liderlik ýagdaýy edinmek;
7. Bazaryň umumy ýazmaça beýany: haýsy bazara ymtylmaly? Etmeli işewürligimiz täze islegi döredýärmi ýa-da bar islegi kanagatlandyrýarmy? Bazaryň potensial ösüşi nähili? Satyn alyjy üçin önüm nämä derkar? Kim satyn alyjylar, mysal üçin, lomaý satyn alyjylar, eksportýorlar? Işewürlige kimler bäsdeş hem-de olaryň bazarda eýeleýän orny nähili, olaryň gowşak we güýçli taraplary nähili?

Pudak, kärhana derejesinde öndürilýän önümleri we edilýän hyzmatlary görkezmek üçin aşakdaky soraglara doly jogap bermeli:

1. Berlen pudak, kärhana boýunça satuwyň umumy möçberi nähili?
2. Işewürlik maksatnamada göz öňünde tutulan önümleriň satuwynyň umumy möçberi nähili?
3. Önümleriň haýsy bölegini sebitde, milli we halkara bazarda satmaklyk zerur?
4. Içerki we daşarky bazarlarda önümleriň satylyşynyň meýilleri (çaklamalary) nähili?
5. Jemi girdejiniň adaty ululygy nähili?
6. Taslanylýan işewürligiň senagat ugurly bazarlarynyň bölekleri (geografik, senagat, lomaý söwdagärler we ş.m.) nähili?
7. Bazaryň ähli degişli böleklerini (segmentlerini) we olaryň ösüşiniň meýlini ýazmaly;
8. Degişli önümüň ortaça girdejisi nähili?
9. Seredilýän işewürligiň önümleriniň satylyşy boýunça çäklendirmeler nähili, olardan nädip geçip bolar?
10. Seredilýän işewürlige meňzeş işewürlikleriň ýerleşýän ýerlerini we möçberlerini ýazmaly.

### Sarp edijileriň zerurlyklaryna baha berlişi:

### Araçy:

1. Önümleriň daşyny gaplamaklyga zerurlyk nähili?
2. Önümleri saklamak möhleti nähili?
3. Önümleri ibermek işiniň ýygylygy nähili?
4. Önümlere tölegiň (karzlaşdyrmagyň) şertleri nähili?
5. Talap edilýän kepillikler nähili?

### Önümi iň soňky ulanyjy:

1. Soňky ulanyjylar kimler?
2. Olar nirede ýerleşýärler?
3. Önümiň satyn alnyşynyň ýygylygy nähili?
4. Önümiň nyrhyna nähili garaýarlar?
5. Önümiň hili nähili kesgitlenilýär?

### Senenama meýilnamasynyň düzümi we düzülişi

Işewürlik meýilnamasynda senenama (kalendar) meýilnamasyna köplenç iş tertibi hem diýilýär, ol işewürligiň möhüm bölegidir. Onda taslamany ornaşdyrýan we onuň maksatlaryny durmuşa geçirýän esasy işleriň özara baglanyşyklary we wagtlary görkezilýär. Seýle hem onda meýilnamanyň maksatlary we taslama durmuşa geçirilende gorkuly pursatlar görkezilýär. Talabalaýyk düzülen senenama meýilnamasy boýunça maýadarlardan goşmaça serişdeleri alyp bolar. Senenama meýilnamasynyň bölegi hökmünde aýlyk ýerine ýetirilmeli işleriň tertibi olara jogapkär işgärleri görkezmek bilen düzülýär.

Senenama meýilnamasynda taslamanyň üstünlikli ýerine ýetirilmegi üçin möhüm ýa-da howply işler aýratyn görkezilmeli, olar aşakdakylar bolmagy mümkindir:

Iş tertibi (raspisaniýe) dolandyryjy, öňümçilik we hyzmat ediji işgärleriň sany, stanoklaryň we enjamlaryň barlygy baradaky görkezijileriň dinamikasyny görkezmelidir.

Senenama meýilnamasynda bolup biläýjek nätakyklyklar gerek maddy we pul serişdeleriniň möçberini düzetmäge getirip biler.

Işewürlik meýilnamasy durmuşa geçirilende wagt maliýe talaplardan-da uly zerurlyk bolup biler. Senenama meýilnamasy mümkin boldugyça hakykata ýakyn bolmalydyr.




*6.4-nji çyzgy.* **Senenama meýilnamasynda işleriň aýratyn görkezilişi**

## Töwekgelçiligiň döreýiş nokatlary we çylşyrymly ýagdaýlar

Işiň gidişinde hökmany ýagdaýda kynçylyklar ýüze çykyp biler hem-de şeýle halatlarda töwekgelçilik etmeli bolýar. Işewürlik meýilnamasynda olar barada hökman maglumatlar bolmaly. Ýaramaz ýagdaýlar açykdan-açyk ýüze çykanda taslama bolaýjak maýadarlarda bolan ynamyň peselmegine getirip biler, şeýle ýagdaýda taslamanyň maliýeleşdirilmeginiň kesilmegi mümkindir. Şol bir wagtda taslamada bolup biläýjek töwekgelçiligiň kesgitlenilmegi we onuň ara alnyp maslahatlaşylmagy maýadarlarda taslamany işläp taýýarlanlaryň hünärmenlik derejesiniň ýokarydygyny görkezýär.

Töwekgelçiligi kesgitlemek we ony maslahatlaşmak bilen firma maýadarlara olar barada alada edýändigini görkezýär hem-de olary aradan aýyrmak barada ýollaryň gözlenilýändigine ynam döredýär. Şonuň üçin hem töwekgelçilikli pursatlara degişli esasy müşgillikleri (meseleleri) kesgitlemek we ara alyp maslahatlaşmak taslamanyň ösdürilmegine getirip biler. Oňa pudakda, ýerleşdiriş bazarynda kyn-

çylykly ýagdaýlar hem-de taslamanyň başlangyç tapgyrlarynda maliýeleşdirmegiň möhletleri girizilýär.

***Ara alnyp maslahatlaşylmaly töwekgelçilikli pursatlar***




*6.5-nji çyzgy.* **Ara alnyp maslahatlaşylmaly töwekgelçilikli pursatlar**

Bu ýerde taslama üçin haýsylarynyň bolaýjak müşgillerdigini kesgitlemeli hem-de taslamanyň her bir töwekgelçilikli böleginiň ýakymsyz täsirini peseltmek barada firmanyň tekliplerini beýan etmeli.

Işewürlik meýilnamasynda töwekgelçilige we müşgilliklere aşakdaky taraplaryň bähbiteriniň gabat gelmezligini hem degişli edip bolar:

1. Kärhana bilen döwletiň bähbidiniň gabat gelmezligi, ýagny salgyt meýilnamasynyň bolmazlygy;
2. Hususy kapitalyň düşewüntliligi bilen maliýe bazarlarynyň düşewüntliliginiň gabat gelmezligi, ol maliýeleşdirmegiň strategiýasynyň bolmazlygyndan ýa-da ýalňyşlygyndan gelip çykyp biler;
3. Kompaniýanyň çäklerinde aýratyn ýerine ýetiriş gulluklarynyň bähbitleriniň gabat gelmezligi, ol kärhananyň işini duruzmaga getirip biler;
4. Käbir bilermenleriň pikirine görä, kynçylyklaryň çeşmeleri şularda bolmagy mümkin: maksatlaryň kesgitsizligi; dolandyryşyň pes netjeliligi; işewürligi meýilnamalaşdyrmaga çemeleşmede geleňsizlik; maliýe dolanyşygynda we öňümçiligiň çykdajylaryn-da netijesizlik; esaslandyrylmadyk çözgütleri kabul etmek.

## 6.5. Kompýuterde telekeçiligi meýilnamalaşdyrmagyň düzülişi we mahabatlandyrylyşy

Häzirki zaman personal kompýuterleriň programma üpjünçiliginde telekeçilik meýilnamalaryny düzmek we mahabatlandyrmak işi standartlaşdyrylan-ülňüleşdirilen iş hasap edilýär. Personal kompýuterlerdäki *MS Office programmasy* toplumyndaky *MS PowerPoint*-programmasynda telekeçiligi meýilnamalaşdyrma ýerine ýetirilip bilner. Ol programma bilen telekeçiligi meýilnamalaşdyrmak işi standart soraglara jogap ýazmakdan ybaratdyr. Ol jogaplar doly ýazylanda telekeçilik meýilnamanyň teksti hem-de ol tekste degişli telekeçilik meýilnamalaşdyryşyň mahabatlandyrmasy birbada alynýar. PowerPoint-däki telekeçiligi meýilnamalaşdyrmak programmasynda oňa degişli birgiden dinamiki hatardan durýan görkezijileri hasaplamaly bolýar. Ol ýerdäki hasaplamalar taslamanyň telekeçiligi meýilnamalaşdyrmasynyň maliýe we önümçilik-ykdysady hadysalarynyň geljegine bilermenleriň bahalaryny getirmek arkaly çaklamanyň elementlerini hasaba almak bilen alnyp barylýar.

Telekeçiligi meýilnamalaşdymak hadysasynda ýeterlik derejede ykdysady-matematiki usullar giňden peýdalanylýar. Taslama durmuşa geçirilende, onuň daşky gurşawyň üýtgemeleriniň täsirine

derňew hem-de hümmetsizlenmegi hasaba almak we dürli döwürler üçin çykdajylary getirmek aýratyn zerurlykdyr.

Telekeçilik meýilnamasyny düzmek üçin saýlanyp alnan kompýuter programmasy önümlerini peýdalanmak, onuň düzülişiniň we esaslandyrylmagynyň hilini ýokarlandyryp biler. Häzirki wagtda telekeçiligi meýilnamalaşdyrmak işi üçin ýöriteleşdirilen kompýuter programmasy önümleriniň arasynda aşakdaky ýaly has köp ulanylýanlary bardyr:

1. COMFAR *(Computer model for feasibility analysis and repoting)* we PROPSPIN *(Project profile screening and preappraisal informasion system)* kompýuter programmalary, olar Birleşen Milletler Guramasynyň senagat ösüşi boýunça komiteti – UNIDO tarapyndan döredilendir;
2. «Альт-Инвест» kompýuter programmasy, ol Russiýa Federasiýasynyň  Sankt-Peterburg şäherindäki «Альт» firmasy tarapyndan teklip edilen;
3. «Project expert» kompýuter programmasy, ol «Pro-Inwest Konsalting» firmasy tarapyndan teklip edildi;
4. Microsoft project, Time line we Primavera kompýuter programmasy taslamasynyň tor *grafigini* we işleriň senenama meýilnamasyny işläp taýýarlamak üçin niýetlenilendir.

COMFAR kompýuter programmasynyň her dürli görnüşleri bar, ol anyk ýurtlaryň ykdysadyýetine uýgunlaşdyrylandyr hem-de olaryň diline, şol sanda rus diline hem terjime edilendir. Bu kompýuter programmasy BMG-niň UNIDO wekilçiligi tarapyndan resmi ýagdaýda ýaýradylýar.

«Альт-Инвест» kompýuter programmasysynda hasaplamalar elektron tablisada durmuşa geçirilen, ol ýönekeýräkdir.

«Project expert» kompýuter programmasy ýokarkylardan ulgamlaýyn çemeleşmek bilen tapawutlanýar, milli aýratynlyklary göz öňünde tutýar. Bu kompýuter programmasy bilen telekeçilik meýilnamasyny halkara nusgada taýýarlap bolýanlygyny ony düzüjiler mahabatlandyrýar.

Ýokarda getirilen kompýuter programmalarynyň önümleri taslamanyň maliýe ýagdaýyna ýeterlik derejede jikme-jik derňew berýär.

COMFAR we «Альт-Инвест» bukjalarynyň esasynda BMG--däki UNIDO-nyň tehniki-ykdysady barlaglary taýýarlamak boýunça usuly durýar.




*6.6-njy çyzgy.* **COMFAR bukjasyndaky maglumatlaryň esasy düzümi**




*6.7-nji çyzgy.* **COMFAR bukjasynyň programmalary we goşmaça bloklar**

***PROPSPIN bukjasy aşakdaky işlere niýetlenilen:***




*6.8-nji çyzgy.* **PROPSPIN bukjasynyň niýetlenen wezipeleri**

PROPSPIN programmasynda işleri ýerine ýetirmek integrirlenendir, ulanyjy birbada ekranda girizilen maglumatlary we onuň maliýe netijelerini görüp bilýär. PROPSPIN maglumatlary girizmek we hasabatlary toplaýjy bloklardan durýar. Girizmekde başlangyç maýa goýumlar, deslapky materiallar barada maglumatlar, işçi güýçleriň gymmaty, düzüjileriň gymmatlylygy we beýlekiler girýär. Hasabatlary, toplaýjy tablisalary döredýär.

«Project expert» kompýuter programmasy pul akymlarynyň imitasion modeliniň esasynda maýa goýum taslamalary awtomatik meýilnamalaşdyrmaga we ygtybarlylygyna derňew ulgamy bolup durýar. «Project expert» kompýuter programmasy telekeçiligi meýilnamalaşdyrmak üçin iň oňat programma hasaplanylýar. Ondaky hasaplamalar UNIDO usulyýetiniň talabyna doly laýyk gelýär. Ol iki görnüşdedir:

1) Project expert for Windows 4.1 (Business plan quide)-inwest. meýil we ygtyb.

2) Project expert for Windows (Biz planner 4.2) – kiçi we orta telekeçilik üçin ýörite programma.

# § 7. YKDYSADY ÖZGERTMELERIŇ SOŇRAKY ÖSÜŞLERINIŇ MEÝILNAMALARY

## 7.1. Türkmenistanyň 2030-njy ýyla çenli durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy görkezijileri boýunça öňde goýlan wezipeler

Döwletde maliýe ulgamynyň dürli ugurlarynda geçirilýän özgertmeler geçiş döwründe iň wajyp meseleleriň biri bolup durýar.

Häzirki döwürde maliýe edaralarynyň bazar ykdysadyýetine gabat gelýän ulgamy döredilýär.

Islendik döwletiň esasy sütüni bolup onuň syýasy düzümine bagly bolmadyk döwlet býujeti durýar. Türkmenistanyň döwlet býujeti ýerli we merkezleşdirilen býujetlerden ybaratdyr. Türkmenistanyň şertlerinde döwlet býujetiniň düzülmegi we oňa gözegçilik edilmegi Türkmenistanyň ykdysadyýet we maliýe ministrliginiň üstüne ýüklenendir. Şeýle hem, Türkmenistanda Baş döwlet salgyt gullugy hereket edýär. Bu gulluk döwlet möçberinde salgytlaryň dürli görnüşleriniň talabalaýyk ýygnalmagyny amala aşyrýar.

### Döwletiň maliýe ulgamynyň dürli ugurlary

Türkmenistanda bir we iki derejeli bank ulgamlary hereket edýär. Olar Merkezi bank we döwlet täjirçilik, paýdarlar-täjirçilik banklary, daşary ýurt banklarynyň şahamçalary we maliýe institutlarydyr.

Döwlet-täjirçilik banklaryna «Daşary ykdysady iş», «Türkmenbaşy», «Türkmenistan», «Daýhanbank», «Halk bank», «Prezident bank» ýaly banklar girýär.

Paýdarlar-täjirçilik banklaryna bolsa «Senagat», «Garagum», «Türkmen-türk», «Rysgal» banklary girýärler.

Daşary ýurt banklarynyň şahamçalaryna «Päkistan Milli bankynyň» Aşgabat şahamçasy, EYR-nyň «Saderat» bankynyň şahamçasy degişli.

Maliýe institutlaryna Döwlet ösüş bankyny degişli etmek bolýar.

## Ykdysady özgertmeleriň ugry

Ykdysady özgertmeleri ösdürmek gurluş taýdan özgertmeleriň barşyny janlandyrmaga, bazar gatnaşyklaryny mundan beýläk-de ornaşdyrmaga, hojalygy ýöretmegiň ykdysady usulyny kämilleşdirmäge, eýeçiligiň öňdebaryjy görnüşlerini hem-de dolandyryş usullaryny ösdürmäge gönükdirilendir.

***Býujet syýasaty.*** Ykdysadyýeti üstünlikli dolandyrmagyň täsirli guraly hökmünde Döwlet býujetiniň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin şular göz öňünde tutulýar:

1. Býujet ulgamynyň kadalaşdyryjy-hukuk binýadyny kämilleşdirmek;

2. Pudaklaýyn maksatnamalary ykdysady taýdan seljermegiň we ykdysadyýeti sazlaşykly ösdürmegiň esasynda ýerine ýetirilmegi hökmany bolan anyk býujeti düzmek.

***Salgyt ulgamy.*** Býujetiň girdejileri baradaky syýasat bir tarapdan, kärhanalara salgyt salmagy artdyrmaga ýol bermezlik, maýa goýum işini janlandyrmak we telekeçiligiň kiçi hem-de orta görnüşlerini ösdürmek üçin höweslendirmeleri döretmek ugrunda, beýleki tarapdan bolsa salgytlaryň ýygnalyşyna maliýe tarapdan gözegçilik etmegi güýçlendirmegiň usullaryny kämilleşdirmek ugrunda geçirilýär.

Býujetiň salgyt binýadyny artdyrmak, eýeçiligiň dürli görnüşlerindäki kärhanalara deň şertleri döretmek üçin salgyt baradaky kanunlary hem-de salgyt tölegleriini ýygnamagyň ulgamyny kämilleşdirmäge gönükdirilen özgertmeler dowam etdiriler.

Ähmiýeti boýunça maliýe gurallarynyň möhümleriniň biri-de – – ätiýaçlandyrmakdyr. Onuň ösüşi öňümizdäki ýyllarda ätiýaçlandyryş ulgamynyň hyzmatlarynyň görnüşleriniň we ätiýaçlandyryjylaryň toparynyň giňelmeginiň hasabyna amala aşyrylar.

Ätiýaçlandyrma bazarynyň emele gelmegi we onuň dünýäniň ätiýaçlandyrma pudagyna goşulmagy dowam eder.

Umuman aýdylanda, maksatnamada göz öňünde tutulan çäreleriň durmuşa geçirilmegi bar bolan önümçilik mümkinçiliklerini has netijeli peýdalanmaga, bäsleşige ukyply önümleriň öndürilişini artdyrmaga, goşmaça iş orunlaryny döretmäge ýardam eder.

*7.1-nji tablisa*

***Türkmenistanyň 2021-2030-njy ýyllarda durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy görkezijileri***

**I. Esasy makroykdysady görkezijiler.** Jemi içerki önüm (JIÖ)

| Görkezijiler | Ölçeg birligi | 2020ý. | 2021--2025 ý. (ortaça ýyllyk) | 2025ý. | 2026-2030ý. (ortaça ýyllyk) | 2030ý. | 2025ý. 2020ý. görä, (%) | 2030ý. 2025ý. görä, (%) |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 |
| (deňeşdirme nyrhlarda) | % | 108,0 | 106,0 | 105,3 | 104,9 | 104,5 | 134,6 | 127,1 |
| Adam başyna düşýän jemi içerki önümiň möçberi (manadyň satyn alyjylyk ukybynyň ABŞ-nyň dollaryna bolan gatnaşygy, deňeşdirme nyrhlarda) | ABŞ-nyň | 32 000 | 36 800 | 40 000 | 44 8000 | 48 000 | 125.0 | 120.0 |
| JlÖ-niň pudaklaýyn düzümi | % | 100 | X | 100 | X | 100 | X | X |
| şol sanda: senagat | % | 40 | X | 42 | X | 45 | X | X |
| oba hojalygy | % | 11 | X | 10 | X | 9 | X | X |
| gurluşyk | % | 7 | X | 8 | X | 9 | X | X |
| hyzmatlar | % | 42 | X | 40 | X | 37 | X | X |
| JlÖ-de sarp edilmeginiň jemi | % | 60 | X | 60 | X | 60 | X | X |
| JlÖ-de toplanmagynyň jemi | % | 25 | X | 25 | X | 25 | X | X |
| JlÖ-de döwlete degişli däl eýeçiligiň paýy | % | 70 | X | 70 | X | 70 | X | X |

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Döwlete degişli däl eýeçilikdäki kärhanalaryň sany | müň birlik | 33 | 36 | 39 | 40 | 40 | 118,2 | 102,6 |
| Zähmet serişde-leri-jemi | müň adam | 3 885,8 | 3918,7 | 3965,5 | 4066,5 | 4129,0 | 102,1 | 104,1 |
| Maýa goýumlaryň möçberi | mln. manat | 48689 | 60666 | 72642 | 67414 | 62185 | 149,2 | 85,6 |

## 7.2. Ösüş, önümçilik we deslapky meýilnamalar

***Kärhananyň (firmanyň) ösüşiniň esasy bölümleri we görkezijileri aşakdakylardan ybaratdyr:***

1. **Onümleri öndürmegiň meýilnamasy.** Onda önümleriň aýratyn görnüşleriniň önümçiligi natural ýagdaýda we nyrhlarda aňladylýar hem-de önümleriň hilini mundan beýläk hem gowulandyrmak göz öňünde tutulýar. Önümleriň möçberiniň nyrhlarda aňladylyşynyň möçberini kesgitlemek üçin ýerleşdirilýän haryt we jemi önüm görkezijileri peýdalanylýar.
2. **Ylmyň we tehnikanyň ösüşiniň meýilnamasy.** Onda ylmy-barlag işler, önümiň täze görnüşleriniň önümçiligini guramak, täze tehnologiýalary ornaşdyrmak boýunça çäreler bolmaly. Ylmyň we tehnikanyň ösüşiniň meýilnamasynyň görkezijileri şulardyr: ýurtda ilkinji öndürilýän önümler; zähmetiň mehanizasiýalaşdyrylyş we awtomatlaşdyrylyş derejesi; işgärleriň sanyny azaltmak; zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak; önümiň hiliniň görkezijileri.
3. **Önümçiligiň tygşytlylygyny ýokarlandyrmagyň meýilnamasy.** Onda önümçiligiň ykdysady tygşytlylygyny ýokarlandyrmagyň umumylaşdyrylan görkezijileri berilýär, şeýle hem janly zähmeti, esasy gaznalary, maýa goýumlary, maddy serişdeleri we ş.m. peýdalanmagyň tygşytlylygyny ýokarlandyrmagyň görkezijileri girýär. Görkezijiler: arassa we haryt önümleriniň önümçiliginiň ösüş depgini; umumy düşewüntlilik we ş.m.

4. **Düýpli gurluşyk meýilnamasy.** Onda täze gurluşyklar, kärhanada hereket edýänleriň düýpli täzelenmegi we giňeldilmegi, könelişen enjamlary täzeleri bilen çalyşmak we ş.m. göz öňünde tutulýar. Esasy görkezijileri: esasy gaznalaryň we önümçilik kuwwatlyklarynyň işe girizilmegi we ş.m.
5. **Maddy-tehniki üpjünçiligiň meýilnamasy.** Onda möhüm önümleriň görnüşleriniň önümçiligi we sarp edilişini görkezýän maddy zatlaryň hasabat ulgamy, olary durmuşa geçirmegiň meýilnamalary getirilmeli. Önümçilikde sarp ediljek maddy serişdeler, olary sarp etmegiň tehniki esaslanmalaryny göz öňünde tutmaly.
6. **Zähmet we işgärler boýunça meýilnama.** Ol işlenilip taýýarlanylanda esasy mesele gündelik zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak bolmaly.
7. **Önümi öndürmäge we ýerleşdirmäge çykýan çykdajylar boýunça meýilnama.** Bu bölümiň baş maksady önümçiligiň tygşytlylygyny ýokarlandyrmak, maddy, zähmet we maliýe serişdelerini rejeli peýdalanmak we ş.m. bolmaly. Çykdajylarda ylmyň we tehnikanyň gazananlary önümi öndürmekde ulanmagyň meýilnamasyna esaslanmaly.
8. **Maliýe meýilnamasy.** Onda esasy maliýe görkezijiler kesgitlenilýär: öz aýlanma serişdeleriniň sarp edilişiniň hasaby, olaryň aýlanyşygyny tizlendirmek boýunça işler we ş.m. Maliýe meýilnamasynyň esasy bölegi karz meýilnamasy bolup durýar.
9. **Kärhananyň işgärleriniň durmuş ösüşiniň meýilnamasy.** Onda durmuş meseleleriniň, zähmet, dynç alyş we ýaşaýyş şertleriniň gowulandyrylyşy baradaky çäreleriň çözülişi görkezilýär.
10. **Tebigaty goramak we tebigy serişdeleri rejeli peýdalanmak boýunça çäreleriň meýilnamasy.** Onda suw serişdelerini goramak we rejeli peýdalanmak, howa basseýnini goramak, ýer hem-de mineral serişdeleri goramak we rejeli peýdalanmak barada çäreler getirilmeli.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde kärhananyň we firmanyň işiniň netijeliligi onuň ýakyn we uzak geljekde öz ösüşini öňünden görüp bilmegi, ýagny çaklamagy bolup durýar.

Önümçiligiň ösüşindäki kesgitsizlikler we töwekgelçilikler hem hasaba alynmalydyr. Önümçilikdäki töwekgelçilikleri derňemegiň

7. Sargyt № 2800

iki usuly bardyr: hil derňewi; mukdar baha berlişi. Hil derňewi iň ýönekeý usuldyr, onuň netijesi gyzyklanýan taraplary kanagatlandyrmaýar. Köplenç çalt (ekspres) derňew geçirilýär, ol töwekgelçilige mukdar baha bermäge ilkinji ädimdir.

***Derňewiň algoritmi aşakdaky ýalydyr:***




*7.1- nji çyzgy.* **Derňewiň algoritmi**

Mukdar baha bermekde has çylşyrymly barlaglar we hasaplamalar geçirilýär. Ilkinji ädimde töwekgelçilige hil derňew berilýär. Derňew bermegiň has köp ulanylýan usullary:

- **duýuşlarynyň derňewi,** onda taslamadaky sebäpler (faktorlar) üçin töwekgelçiligiň yzygiderli üýtgemegi bilen baglylykda esasy ölçütleriň (kriteriýalaryň) üýtgeýşiniň derňewi beýan edilýär;
- **yzygiderlilik derňewi,** onda barlanylýan töwekgelçilikde taslamadaky üýtgeýänleri ugurdaş üýtgeýşinde esasy ölçütleriň (kriteriýalaryň) netijeliliginiň üýtgeýşi derňelýär. Adatça esasy, amatly we pessimist yzygiderlilik düzülýär. Her bir yzygiderlilikde hadysalaryň bolaýjak ähtimallygy görkezilýär.

▪ **Imitasion modelirleme,** onda ähtimallygy göz öňünde tutmak bilen berlen çäklerde parametrleriň üýtgeýşiniň mümkin bolan ähli utgaşmalary hasaplanylýar. Onuň üçin köplenç ykdysady-matematiki usuly ulanylýar, mysal üçin, Monte-Karlo usuly.

Önümçiligiň ösüşiniň meýilnamasynda onuň ýerleşen geografik ýeri, onuň esasy ulag ýollaryna we uly ilatly ýerlere ýakynlygy hem göz öňünde tutulmaly. Seýle hem önümçiligiň daş-töwereginiň gurşawy meýilnamada hasaba alynmaly.

## 7. 3. Ylmyň we tehnikanyň ösüşini meýilnamalaşdyrmak

Ýurduň durmuş-ykdysady ösüşiniň meýilnamasynyň esasy bölümi ylmyň we tehnikanyň ösüşiniň meýilnamasydyr.

Hökümet tarapyndan ýurtda ylmy-barlag we taslama-konstruktorçylyk işleri ýerine ýetirmek ylmy-tehniki maksatnamalary işläp taýýarlamaga, täze ýokary tehnologiki önümçilik maşynlary we enjamlary öndürmäge hem-de täze önümleri we materiallary öndürmegi guramaga we önümçiligi, zähmeti guramagyň öňdebaryjy usullaryny hem-de görnüşlerini guramagy özleşdirmegi ýola goýmaga ýardam etmelidir.

Hökümet tarapyndan ýurtda ylmy-tehniki öňe gidişligi dolandyrýan ýörite ministrlikler bar. Olar Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş hem-de Türkmenistanyň Maliýe ministrlikleridir. Ondan aşaky tabynlykda ylmy-tehniki öňe gidişlikleri dolandyrýan ýörite edaralar beýleki ministrliklerde we hökümet edaralarynda bolmaly. Ylmyň uly pudaklarynyň her biriniň ösmegini utgaşdyrýan edara hökmünde Türkmenistanda Ylymlar akademiýasy täzeden döredildi. Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň iş meýilnamalary Türkmenistanyň ilatynyň we önümçiliginiň ösmegi üçin dünýädäki öňdebaryjy häzirki zaman tehnologiýalary durmuşa ornaşdyrmaga gönükdirilendir.

Häzirki wagtda dünýäniň ösen ýurtlarynda halk hojalygyny kompýuterleşdirmek toplumlaýyn awtomatlaşdyrmaga, täze materiallary, tehnologiýalary döretmäge we biotehnologiýa daýanýar. Türkmenistan özbaşdak döwlet hökmünde şu aşakdaky sanawlara üns bermeli hem-de meýilnamalaşdyrylanda göz öňünde tutmaly.

*Ýurtda ylmyň we tehnikanyň ösüşiniň meýilnamalaşdyrylyşy şu aşakdaky bölümlerden ybaratdyr:*

– senagat önümleriniň täze görnüşleriniň öndürilmegini özleşdirmek. Ýurtdaky öndürilýän senagat önümleri belli bir döwre çenli özüniň wajyplygyny saklaýar, soňra täzelenmese, öndüriljek önümi bazarda satyp bolmaýar. Ortaça islendik senagat önüminiň görnüşi häzirki wagtda 3 ýyldan 5 ýyla çenli bazarda islege eýe bolýar;

– önümçilik hadysasy mehanizmleşdirmek we awtomatlaşdyrmak, täze tehnologiýany ornaşdyrmak. Bu bölümde zähmet öndürijiligini birnäçe ýa-da onlarça esse ýokary galdyrýan önümçiligiň awtomatlaşdyrylan ulgamyny, robotlaşdyrylan toplumyny, täze tehnologiýany ornaşdyrmagyň mümkin bolan meýilnamasy düzülmelidir;

– ýurduň intellektuallarynyň döreden önümleriniň ygtyýarnamalaryny daşary ýurtda satmak hem-de ýurdumyzda bolmadyk ygtyýarnamalary daşary ýurtdan satyn almagyň meýilnamasy;

– standartlaşdyrmagy meýilnamalaşdyryş ýurduň önümçiliginiň ösüş derejesine baglylykda döwletdäki öndürilýän önümler we hadysalar, edilýän hyzmatlar belli bir standarta getirilmelidir. Ýurtda kabul edilen şeýle standart önümleri halkara standartlaryna ýakynlaşdyrylmalydyr;

– zähmeti ylmy esasda guramagy ornaşdyrmak;

– önümçiligiň tehniki derejesiniň esasy görkezijilerini we möhüm önümleriň görnüşlerini öndürmegi meýilnamalaşdyrmak;

– ylmy-tehniki çäreleri geçirmekden gazanylýan ykdysady tygşytlylygy meýilnamalaşdyrmak;

– ylmy-barlag işleri maliýeleşdirmek;

– ylmy we ylmy-tehniki işgärleri aspiranturada hem-de doktoranturada taýýarlamak;

– ylmy-tehniki maksatnamalar;

– möhüm ylmy-tehniki meseleleriň çözgüdiniň maksatnamasy;

– pudaklaýyn ylmy-barlag we tejribe-konstruktorçylyk edaralarynyň (pudaga degişli meseleler boýunça) meýilnamasy;

– tebigy we jemgyýetçilik ylmy barlaglarynyň (binýatlaýyn ylymlaryň) meýilnamasy;

– ylmy-tehniki meseleleriň çözgüdiniň koordinasion meýilnamasy;

– kompýuter tehnikalaryny ornaşdyrmagyň meýilnamalaşdyrylyşy.

Görnüşi ýaly, ylmy-tehniki öňe gidişligiň ösüşini meýilnamalaşdyrmak köptaraplaýyndyr hem-de döwletiň ösüşiniň esasy bolup durýar.

***Ýurtda ylmyň ösüşini, esasan, dört ugra bölüp bolar:***

1. Zähmet serişdelerini kämilleşdirmek, bu iň esasysydyr;
2. Zähmetiň predmetleriniň täze görnüşlerini döretmek. Mysal üçin, täze polimer we kompozision materiallary döretmek. Şulara aýnadan edilýän aýna süýümi, täze polimerler, demirden edilýän materiallara seredeniňde 5-10 esse berk kompozision materiallar degişlidir;
3. Önümçiligiň tehnologiýasyny hil taýdan üýtgetmek; adam zähmetini az sarp edýän tehnologiýany guramak; galyndysyz tehnologik hadysalary ulanmak; energiýanyň gaýtadan dikeldilýän çeşmelerini (gün, ýel, suw we ş.m.) ulanmak;
4. Önümçiligi we zähmeti guramagy kämilleşdirmek.

Kärhana ýa-da firma derejesinde tehniki öňe gidişligiň ugurlaryny meýilnamalaşdyrmak kärhananyň tehniki-senagat-maliýe meýilnamasynyň bölümi görnüşinde alnyp barylýar. Bu bölüm *«önümçiligiň tehniki ösüşi we guralyşy»* ady bilen şu işleri ýerine ýetirmegi göz öňünde tutýar:

– täze we ýokary hilli önümleriň görnüşlerini döretmek we öndürmegi özleşdirmek;

– önümçilikde öňdebaryjy tehnologiýany, mehanizasiýany we awtomatlaşdyrylyşyny ornaşdyrmak;

– önümçiligiň dolandyrylyşyny, meýilnamalaşdyrylyşyny guramagy kämilleşdirmek;

– zähmeti ylmy esasda guramagy ornaşdyrmak;

– esasy gaznalaryň düýpli bejeriş we döwrebaplaşdyryş çäreleri;

– materiallary, ýangyçlary, energiýany tygşytlamak boýunça çäreler;

– önümçiligiň we öndürilýän önümiň tehniki-ykdysady derejesiniň esasy görkezijileri;

– ylmy-barlag we tejribe-konstruktorçylyk işleri;

– ornaşdyrylan çäreleriň tehniki-ykdysady netijeleri.

Kärhanada ylmyň we tehnikanyň ösüşiniň amaly hasaplary köplenç aşakdaky formulalar bilen ýerine ýetirilýär.

Öňde goýlan maksada görä, belli bir döwür üçin gerek enjamyň mukdary şeýle kesgitlenilýär:

$$P_1 = \frac{P_b \cdot 10^3}{P_{ob} \cdot T \cdot K_z \cdot G_{ig}}, \qquad (1)$$

bu ýerde $P_b$ – «B» önümi öndürmegiň meýilnamasy, göz öňünde tutulan döwürde, müň sany;

$P_{ob}$ - goýulmaly enjamyň iş öndürijiligi, sagatda;

$T$ - iş çalşygynyň dowamlylygy, sagat;

$K_z$ - enjamyň işleýiş koeffisiýenti;

$G_{ig}$ -hasaplaýyş döwründäki iş günleriniň sany.

Ylmy-tehniki öňe gidişligiň esasy görkezijilerini öňde goýlan maksada görä toparlara bölüp bolýar:

Aňladyşyň görnüşi boýunça olar gymmatlyk, natural, otnositel we absolýut görkezijilere bölünýärler. Ylmy-tehniki öňe gidişligiň aspektiniň häsiýetlendirilişi boýunça tehniki öňe gidişligiň we durmuş görkezijilerine bölüp bolar. Dolandyryş öňe gidişligindäki orny boýunça merkezleşdirip tassyklanan hem-de hasaplanýan görkezijilere bölünýär;

Önümçilik dolandyryş derejesi boýunça tutuş halk hojalygyndaky, pudakdaky, kärhanadaky ylmy-tehniki öňe gidişligiň görkezijilerine bölünýär.

Döwletde we halk hojalygynda ylmy-tehniki öňe gidişligi maliýeleşdirmek we höweslendirmek biziň ýurdumyzda köplenç döwlet býujetiniň hem-de ýöriteleşdirilen gaznalaryň hasabyna alnyp barylýar. Mundan başga-da, kärhanalarda we firmalarda ylmy-tehniki öňe gidişlige, ýagny önümçiligiň giňeldilmegine goýberilen gorlar salgyt tölemekden boşadylmaga degişlidir.

Döwletde ylmy-tehniki öňe gidişligiň meýilnamasyny işläp taýýarlamak birnäçe döwürlere bölünýär.

Ilkinji döwürde ylmy-tehniki, durmuş we demografik çaklamalar işlenip taýýarlanylýar.

Ondan soňraky döwürde ylmy-tehniki öňe gidişligiň toplumlaýyn maksatnamalary mälim edilýär we onuň geljekki niýetlenilen döwür üçin durmuş-ykdysady täsiri kesgitlenilýär. Ilkinji döwürden

soň, onuň netijesinde möhüm ylmy-tehniki maksatnamalar işlenip taýýarlanylýar we olaryň sanawy mälim edilýär.

Möhüm ylmy-tehniki maksatnamalaryň esasynda dördünji döwür – her bir pudakda ylmy-tehniki maksatnamalary işläp taýýarlamakdyr.

Şu ýokardaky döwürlerdäki ylmy-tehniki öňe gidişlige degişli maksatnamalar döwlet üçin düzülen halk hojalyk meýilnamasynyň, pudagyň we kärhananyň meýilnamasynyň esasy bolmalydyr.

Bazar ykdysadyýetine we gatnaşyklaryna geçilmegi bilen hususy kärhanalaryň döremegi şu meýilnamany inkär edip bilmeýär. Sebäbi döwlet bu kärhanalarda döwlet tabşyryklaryny (ýumuşlaryny) bäsdeşlik esasynda ýerleşdirip biler, şonda ol hususy kärahanalar üçin meýilnamadyr.

Kärhanada we pudakda belli bir döwürde geçirilen ylmy-tehniki çärelerde ykdysady netijeliligiň meýilnamalaşydyrylyşy köplenç onda täze tehnikany ornaşdyrmakda kesgitlenen ykdysady netijeliligiň görkezijileri bolup hyzmat edýär. Kesgitlenen ykdysady netijeliligiň görkezijileri birnäçe görnüşlere bölünýär.

Jemleýji görkezijiler: şeýle görkezijilere halk hojalygynda täze tehnikany peýdalanmakdan alnan ýyllyk ykdysady netije şu formula bilen kesgitlenýär:

$$E_r = (dp_1 - dp_2) \cdot P_2, \qquad (2)$$

bu ýerde $dp_1$ we $dp_2$ – önümiň (işiň ) birliginde öňki we täze tehnika boýunça çykan çykdajylar; $P_2$ – täze tehnika bilen öndürilen önümiň natural birliklerdäki ýyllyk möçberi.

Şu görkezijileriň toparyna täze tehnikany peýdalanyp öndürilen önümlerden alnan girdejiniň artmagy (özüne düşýän gymmatyň peselmegi) şeýle kesgitlenýär:

$$\Delta G_t = [(B_t - GM_t) - (B_1 - GM_1)] \cdot A_t, \qquad (3)$$

bu ýerde $\Delta G_t$ - görkezilen t - ýylda ýyllyk girdejiniň artmagynyň meýilnamalaşdyrylyşy (man); $B_t$ we $GM_1$ - satuw baha (salgytsyz) we meýilnamalaşdyryş döwürde (t) täze önümiň özüne düşýän gymmaty,

man.; $B_1$ we $GM_1$ - öňki döwürde, ýagny täze tehnikasyz wagtdaky önümiň satuw bahasy; $A_t$ – (t) döwürde täze öndürilmeli, meýilnamalaşdyrylan önümiň möçberi. Bazar gatnaşyklaryna geçilmegi bilen şu ýokarky formulanyň her bir agzasyna inflýasiýa koeffisiýentini girizmeklik zerurdyr.

Şu görkezijileriň iň esasylarynyň biri hem täze tehnikany öndürmekden we peýdalanmakdan alnan hojalyk hasaplaşygynyň netijeliligidir. Ol görkeziji şu formula bilen kesgitlenýär:

$$E_k^t = \sum \triangle G_t - E_n \cdot \sum \triangle K_t, \qquad (4)$$

bu ýerde $\Delta K_t$ - täze tehnikany döretmek we peýdalanmak boýunça goýberilýän maýa goýumlaryň (çykarylýan çykdajylaryň) jemi;

$E_n$- täze tehnikanyň kada boýunça netijelilik koeffisiýenti, ol köplenç 0,15-e deňdir.

Täze tehnikany ornaşdyrmagyň ykdysady netijeliliginiň görkezijileriniň ikinji toparyna önümçilik boýunça toparlary girýär.

Bu topara önüm öndürilişiniň hiliniň gowulandyrylyşy, önümiň hiliniň dünýä standartyna ýakynlaşyşy görkezilýär we meýilnamalaşdyrylýar.

Täze tehnikany ornaşdyrmak bilen ykdysady netijeliliginiň görkezijileriniň üçünji toparyna zähmet boýunça hasaplarynyň ululyklary girýär.

Zähmet boýunça görkezijilere täze tehnikany ornaşdyrmak bilen gazanylan netijeler girýär, ýagny gol zähmeti bilen işlenýän işleri mehanizmler bilen çalyşmak, köne mehanizmleri täzeleri ýa-da awtomatlaşdyrylan liniýalar bilen çalyşmak muňa gös-göni degişlidir. Häzirki wagtda dünýäniň ösen tehnologiýasyny täze guruljak we döwrebaplaşdyryljak kärhanalarymyzda ornaşdyrylmagy meýilnamalaşdyrsak, onda zähmet öndürijiligini birnäçe ýa-da onlarça esse ýokary göterip bolar. Häzirki biziň ykdysady ösüşi başdan geçirýän halk hojalygymyzda zähmet öndürijiligini birnäçe göterim ýokary galdyrmak bilen halk hojalygyny galkyndyryp, dünýäde mynasyp orny eýeläris.

Umuman, täze tehnikany önümçilge ornaşdyrmak bilen zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyny şu formula arkaly kesgitläp bolar:

$$B_t = \left[ \frac{B_1}{S_1 - \sum \triangle S_t} : \frac{B_1}{S^1} - 1 \right] \cdot 100, \qquad (5)$$

bu ýerde $B_t – t$ -ýylda (meýilnamalaşdyrylýan ýylda) zähmet öndürijiliginiň täze tehnika baglylykdaky ýokarlanyşy, göterim hasabynda; $B_1$ we $S_1$ - degişlilikde şol tehnika ornaşdyrylmazdan öňki ýyldaky haryt görnüşindäki önümiň möçberi (manat hasabynda) we önümçilikde işleýänleriň sany (adam hasabynda); $\sum \Delta S_1$ - önümçilikdäki işleýänleriň sanynyň täze tehnika ornaşdyrylandan soň azalmasynyň sany (adam hasabynda).

Hususan-da, $\Delta S_t$ – şu formula boýunça hasaplanýar.

$$\triangle S_t = \frac{(T_1 - T_2) \cdot A_t}{T_f}, \qquad (6)$$

bu ýerde $T_1$ we $T_2$ – natural ýa-da gymmatlylygy aňladylan önüm birligine täze tehnika ornaşdyrylandan öň we soň zähmet çykdajylary, $T_f$ bir işçiniň wagty (günlerde); $A_t$ – natural birliklerde ($t$-meýilnamalaşdyrylýan ýylda) täze tehnikanyň öndürilişi.

Täze tehnikany ornaşdyrmakda ykdysady netijeliligiň zähmet görkezijileriniň iň soňkusy bolsa zähmet hakynyň otnositel tygşytlanan gorudyr. Ol meýilnamalaşdyrylan täze öndürilen önümiň möçberini ($N$) täze tehnika ornaşdyrylmazdan öňki ($P_1$) we ornaşdyrylandan soňky ($P_2$) önümiň birligine zähmet haklarynyň çykdajylarynyň tapawudyna köpeltmek arkaly kesgitlenýär:

$$E_p = N \cdot (P_1 - P_2). \qquad (7)$$

Täze tehnikany ornaşdyrmagyň ykdysady netijeliliginiň görkezijileriniň soňkusyna maddy çykdajylaryň tygşytlylygy girýär. Ol önüm öndürilende material talap edijiligini azaltmakdan gazanylan tygşytlylyk şu formula bilen kesgitlenýär:

$$E_м = M_o \cdot J_b - M_1, \qquad (8)$$

bu ýerde $M_o$ – deňeşdirilýän ýylda, maddy çykdajylaryň (tutuş önümiň) möçberiniň jemi (müň manat);

$M_1$ – ýöne meýilnamalaşdyrylýan ýylda material çykdajylaryň (tutuş önümiň) möçberiniň jemi (müň manat);
$J_b$ – deňeşdirilýän ýyla seredilende meýilnamalaşdyrylýan ýyldaky tutuş önümiň möçberiniň ösüşiniň indeksi.

## 7.4. Jemgyýetçilik önümi meýilnamalaşdyrmak

Jemgyýetçilik önümçiligi – munuň özi önümçiligiň maddy çygry (sferasy) bolup, oňa maddy önümi döredýän senagat, oba hojalyk we gurluşyk pudaklary degişlidirler. Şonuň bilen birlikde *öndürilen önüm* sarp edilýän ýere eltilip gowşurylan bolsa, oňa *doly öndürilen önüm* diýilýär. Sonuň üçin maddy önümçiligiň çygryna beýleki hyzmat ediji pudaklar hem goşulmalydyr. Mysal üçin, hyzmat ediji pudaklara ulag we aragatnaşyk, maddy-tehniki üpjünçilik, taýýarlaýjy guramalar, jemgyýetçilik iýmiti, söwda we ş.m. pudaklary degişli edip bolýar. Bu pudaksyz ýokarky üç sany önümçiligiň esasy maddy çygryň pudaklarynyň işi asla mümkin däldir.

Jemgyýetçilik önümçiligi aşakdaky binýat düşünjeler bilen hem berk baglanyşyklydyr.

**Jemi içerki önüm (JIÖ)** – önümçiligiň gidişinde ykdysady pudaklar boýunça jemi goşulan gymmaty jemlemek arkaly alynýar. Jemi içerki önüm bazar nyrhlary boýunça hasaplanylýar, ýagny ol önümler sap salgytlary we importy öz içine alýar. «Sap» adalga salgytlaryň degişli subsidiýalar goşulmazdan görkezilendigini aňladýar. JIÖ-niň önümçiligi we peýdalanylyşy agdyklyk edýän döwürde, häzirki bazar nyrhlarynda kesgitlenilýär, oňa önümiň önümçiligi we peýdalanylyşy girýär.

Ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda girdejileriň öndürilişiniň we emele gelşiniň düzümine salgytlaryň möçberiniň we subsidiýalaryň täsirini aradan aýyrmak üçin pudaklaryň görkezijileri kesgitlenen esasy nyrhlarda görkezilýär. Esasy nyrh – bu önüm öndürijiniň bir öndürilen haryt ýa-da hyzmat üçin alýan nyrhydyr, oňa önüme we import üçin salynýan dürli salgytlar goşulmaýar, ýöne önüme we importa subsidiýalar hasaba alynýar.

Ilatyň jan başyna düşýän JIÖ ýurduň JIÖ-siniň ýurduň ilatynyň umumy sanyna bolan gatnaşygyny görkezýär. Ilatyň jan başyna

düşýän JIÖ-ni häzirki bazar nyrhlarynda manatda ýa-da resmi hümmeti boýunça ABŞ-nyň dollarynda hasaplap bolýar.

**Jemgyýetçilik önümi** – munuň özi maddy gurşawda kesgitli döwürde öndürilen maddy hyzmatlaryň toplumydyr. Ol iki bölümden: önümçilik serişdelerinden we sarp ediş predmetlerinden ybaratdyr. Jemgyýetçilik önüminiň önümçilikdäki düzümini gymmaty boýunça şeýle bolüp bolar:

– önümçilikdäki maddy çykdajylar. Ýagny önüme geçirilen gymmatlyk;

– täze döredilen gymmatlyk (oňa milli girdeji hem diýilýär). Jemgyýetçilik önümini öndürmek üçin önümçilikdäki maddy çykdajylaryň sarp edilen zähmet predmetleri we zähmet serişdeleriniň köpelmegi degişlidirler.




*7.2-nji çyzgy.* **Önüm öndürmek üçin sarp edilen zähmet predmetleri**

Zähmet serişdeleriniň köpelmegi olaryň amortizasiýasy arkaly aňladylyp bilner. Täze döredilen gymmatlylyk ýa-da milli girdeji zerur önümden we goşmaça önümden ybaratdyr.

Zerur önüm – munuň özi zähmet üçin tölenen tölegleriň görnüşleri hem-de zähmet hakydyr.

Goşmaça önüme alnan girdeji we goşmaça gymmat döredileni üçin tölenilýän salgytdyr. (Onuň ululygy birnäçe göterimden onlarça göterime barabar bolup biler).

Jemgyýetçilik önümiň gymmatlylygynyň gutarnykly düzümi esasan-da üç gaznadan durýandyr:

– öwezini doldurma gaznasy: oňa zähmet predmetleriniň çykdajylary (çig mal): esasy materiallar, goşmaça materiallar, ýangyç, energiýa degişlidirler;

– sarp ediş gaznasy: oňa şahsy sarp ediliş, ýagny harytlary satyn almak, çykdajylar hem-de jemgyýetçilik sarp ediliş, ýagny hyzmatlara tölegler girýärler;

– ýygnama (toplama) gaznasy: muňa esasy gaznalar, ýagny maýa goýumlar hem-de maddy aýlanma serişdeler we ätiýaçlyklar degişlidir.

***Jemgyýetçilik önüminiň hakyky maddy düzümi iki bölümden durýar*:**




*7.3-nji çyzgy.* **Jemgyýetçilik önüminiň maddy düzümi**

Önümçlik serişdeleri zähmet serişdelerinden we zähmet predmetlerinden ybarat. Bu ýerde zähmet serişdeleri zähmet gurallaryndan hem jaýlardan we desgalardan (binalardan) durýar. Zähmet predmetlerine çig mallar, materiallar, ýangyç, energiýa, tohum we iým degişlidir.

Şu düzümiň ikinji bölümine, ýagny sarp ediş predmetlerine esasan-da üç görnüşli önümleri degişli edip bolar:




*7.4-nji çyzgy.* **Sarp ediş predmetleriniň görnüşleri**

Jemgyýetçilik önüminiň ýokarda getirilen düzümlerini öwrenmek – munuň özi halk hojalygynda meýilnamalaşdyrylyşyň deslapky döwrüdir.

Jemgyýetçilik önüminiň durmuş düzümi bolsa döwletdäki bar bolan eýeçilige baglydyr. Bazar ykdysadyýeti gatnaşyklaryna geçiş döwründe, ýagny häzirki wagtda Türkmenistanda döwlet sektory, daýhan birleşikleri sektory, hususy sektor hem-de ilatyň hojalyklarynyň hususy sektory bolup, olarda ähli önümler öndürilýär. Türkmenistanda önüm öndürmekligi häzirki wagtda döwlet sektory bilen bilelikide hususy sektorlar hem ýerine ýetirýär. Bazar gatnaşyklaryna geçiş döwrüniň tamamlanmagy bilen Türkmenistanda hususy we eýeçiligiň beýleki sektorlary önüm öndürmekde esasy orny eýelemelidir.

Jemgyýetçilik önüminiň pudagara düzümi senagatdan, oba hojalygyndan, ulag we aragatnaşykdan, gurluşykdan, söwda, taýýarlaýyş, maddy (maddy-tehniki) üpjünçilikden we ş.m. ybaratdyr.

Türkmenistanda jemgyýetçilik önüminiň ýerli (territorial) düzümi welaýatlara (Ahal, Balkan, Lebap, Mary, Daşoguz, paýtagt Aşgabat) we olar hem öz gezeginde etraplara bölünýär.




*7.5-nji çyzgy.* **Birinji tertipli sebäpler**

Meýilnamalaşdyrylanda Türkmenistanyň ýerleriniň giňligi hem-de ilatly ýerleriň ýaýraňlygy, welaýatlaryň bir-birinden daşlykda, olardaky etraplaryň oazislerde, ýagny esasan-da suwarymly ýerlerde ýerleşmegi göz öňünde tutulmaly. Jemgyýetçilik önümiň möçberiniň we tehnikanyň ösüşine birnäçe sebäpler (faktorlar) täsir edýär. Meýilnamalaşdyrylanda şulary göz öňünde tutmaklyk derwaýysdyr: Birinji tertipli sebäplere aşakdakylar degişlidir:

Şu birinji tertipli sebäpler hem öz gezeginde 2-nji tertipli sebäplere bölünýärler we olara baglydyr.

Maddy önümçilikde işleýänleriň sany ilatyň ösüşine, ilatyň jyns düzüminiň dinamikasyna, iş bilen üpjünçiligi boýunça zähmet serişdeleriniň bölünişigine, önümçilik çygyrlarynyň arasynda işgärleriniň bölünişine, jemgyýetçilik önümçiliginde zähmet serişdeleriniň bölünişigine, önümçilik çygyrlarynyň arasynda işgärleriniň bölünişine, jemgyýetçilik önümçilige zähmet serişdeleriniň çekilişiniň ätiýaçlyklaryna baglydyr.

Maddy önümçilikde işgärleriň (işleýänleriň) zähmet öndürijiligi bolsa şu aşakdaky sebäplere baglydyr:




*7.6-njy çyzgy.* **Maddy önümçilikde işgärleriň zähmet öndürijilikleriniň sebäpleri**

***Esasy önümçilik gaznalarynyň möçberi 2-nji tertipli şu sebäpler bilen kesgitlenilmelidir:***




*7.7-nji çyzgy.* **Esasy önümçilik gaznalarynyň ikinji tertipli sebäpleri**

***Esasy gaznalaryň peýdalanylyşynyň netijeliligi hem ikinji tertipli şu sebäplere baglydyr:***




*7.8-nji çyzgy.* **Esasy gaznalaryň peýdalanylyşynyň netijeliligi**

Ýokardaky getirilen 1-nji tertipli sebäpleriň 1-njisi we 3-njisi ekstensiw sebäplerdir, 2-njisi we 4-njisi bolsa intensiw sebäplerdir. Ekstensiw sebäp bolanda ol döwürleýin ýüze çykýan we ýerine ýetirilýän ýumuşlar ýa-da hyzmatlardyr. Intensiw ýumuşlar we hyzmatlar bolsa mydama önüm öndürmek üçin ýerine ýetirilmeli sebäplerdir. Jemgyýetçilik önüminiň, tehnikanyň ösüşiniň meýilnamalaşdyrylyşy has çylşyrymlydyr.

Jemgyýetçilik önümçiliginiň ösüşiniň umumylaşdyryjy häsiýetnamalaryny ösüşiniň depginleriniň ortaça bahasy, şol depginleriň ortaça geometrik bahasy hökmünde şu formula bilen kesgitläp bolýar:

$$I_{\varphi} = \sqrt[n]{I_1 \cdot I_2 \cdots I_n} \tag{9}$$

ýa-da

$$I_{\varphi} = \sqrt{Q_n / Q_b}, \tag{10}$$

bu ýerde $I_{\varphi}$ – ösüşiň depgininiň bir ýyldaky orta bahasy, koeffisiýent görnüşinde;

– $I_1, I_2, \ldots, I_n$ – her ýylky ösüşiň depgini, koeffisiýent görnüşinde;

– $Q_n, Q_b$ – meýilnamalaşdyrylan we esasy ýyllarda öndürilen önümiň mukdary;

– $n$ – ýylyň mukdary, önümiň depgini koeffisiýent görnüşinde kesgitlenýär we göterimde aňladylýar.

Jemgyýetçilik önüminiň depgininiň ösüşi we onuň meýilnamalaşdyrylan döwründäki möçberi şu formulalar bilen kesgitlenýär:

$$I_{on} = I_{nt} \cdot I_{rp}; \tag{11}$$

$$Q_n = Q_b \cdot I_{on}, \tag{12}$$

bu ýerde $I_{o.n}$ – jemgyýetçilik önümiň ösüşiniň koeffisiýenti (indeksi);

– $I_{n.t}$ – jemgyýetçilik zähmetiň öndürijiliginiň ösüşiniň koeffisiýenti (indeksi);

– $I_{r.p}$ – önümçilik çygrynda, meýilnamalaşdyrylýan ýylda işleýänleriň sanynyň ösüşiniň koeffisiýenti (indeksi);

– $Q_b, Q_n$ – esas we meýilnamalaşdyrylan ýyllardaky jemgyýetçilik önümiň möçberi.

Ýokarky getirilen formulalar boýunça hasaplar jemgyýetçilik önümiň material talap edijiligi üýtgemeýän ýagdaýynda dogrudyr. Eger material talap edijilik üýtgese, onda formulalary şeýle ýazyp bolar:

$$M_{zn} = M_{zb} \cdot I_{nm} \cdot I_{rp} \cdot I_{m.z}, \qquad (13)$$

$$D_{ng} = Q_n\text{-}M_{zn}, \qquad (14)$$

$$I_{gn} = D_{np} : D_{nb}. \qquad (15)$$

Formulalardaky harplaryň manysy öňki formulalardaky ýalydyr:

– $M_{z.b}$, $M_{z.n}$ – jemgyýetçilik önümi öndürmegiň möçberine çykan maddy çykdajylaryň esas we meýilnamalaşdyrylan döwürlerindäki ululygy;

– $I_{m.z}$ – maddy çykdajylaryň üýtgeýşiniň koeffisiýenti (indeksi);

– $D_{n.b.}$, $D_{n.p.}$ – esas we meýilnamalaşdyrylýan döwürlerde milli girdejileriň möçberi;

– $I_{g.n}$ – milli girdejileriň ösüşiniň koeffisiýenti (indeksi).

Jemgyýetçilik önüminiň we milli girdejiniň depgininiň hem-de möçberiniň ösüşini makrohasaplamalarda hasaplamak üçin şu formulany peýdalanyp bolýar:

$$V = F^{\alpha} \cdot \alpha^{1-a}, \qquad (16)$$

bu ýerde $V$ – milli girdejiniň ösüş depgini; $F$ – önümçilik gaznalarynyň ösüş depgini; $\alpha$ - işçi güýçleriniň ösüş depgini.

## 7.5. Senagat önümçiligini meýilnamalaşdyrmak

Senagat – munuň özi ýurduň halk hojalygynyň esasy pudagy bolup, ol önümçilik serişdelerini, çig malyň köp bölegini, materiallary, halkyň sarp edýän predmetlerini öndürýär hem-de döwletde ykdysadyýetiň ösüşini kesgitleýär.

Senagat önümçiliginiň möçberi tutuşlygyna, şonuň ýaly-da, aýratyn pudaklar boýunça eýeçiligiň görnüşine garamazdan, hukuk taraplaryň we olaryň aýratynlaşdyrylan bölümçeleriniň hem-de hukuk tarapy döretmezden, telekeçilik işini amala aşyrýan fiziki taraplaryň öndüren senagat önümleriniň, senagat häsiýetli işleriň, hyzmatlaryň

möçberleri baradaky maglumatlaryň jemi boýunça kesgitlenilýär. Senagat kärhanasynyň önüminiň möçberi zawod usuly boýunça zawodyň içerki dolanyşygynyň gymmatyny, goşulan baha üçin salgydy we aksizleri goşmazdan kesgitlenilýär. Senagat önümleriniň umumy möçberi ýaşyryn we resmi bolmadyk ykdysady işler hasaba alnyp kesgitlenilýär.

Zawodyň içerki dolanyşygy kärhananyň öndüren taýýar we ýarym taýýar önümleriniň öz senagat-önümçilik zerurlyklary üçin ulanýan böleginiň gymmaty (şu kärhananyň esasy gaznasynyň (serişdesiniň) düzümine girýän önümlerden başga) hasap edilýär.

Senagat önümleriniň natural görnüşinde öndürilişi, düzgün bolşy ýaly, jemi çykarylyşy boýunça, ýagny kärhananyň öz senagat-önümçilik zerurlyklaryna sarp edilen, şeýle hem sargytçynyň beren çig malyndan öndürilen önümler goşulyp kesgitlenilýär.

Berlen çig mal – bu baglaşylan şertnama laýyklykda, önüm öndürmek üçin sargytçynyň başga bir kärhana senagat taýdan gaýtadan işlemäge beren çig malydyr.

Senagat önümleriniň öndürilişi boýunça jemlenen maglumatlara hojalyk subýektleriniň ähli görnüşleri tarapyndan öndürilen önümler goşulýar.

Senagat önümçiliginiň fiziki möçberiniň indeksi – deňeşdirilýän döwürlerde senagat önüminiň möçberiniň üýtgemegini häsiýetlendirýän görkezijidir. Öndürilen önümler geçen ýylyň ortaça ýyllyk nyrhlaryndaky möçberi baradaky maglumatlaryň esasynda hasaplanylýar.

Senagat önümleriniň öndürijileriniň nyrhlarynyň indeksi kärhana tarapyndan öndürilen senagat önümleriniň nyrhlarynyň (goşulan baha üçin salgydy we aksizleri goşmazdan) dinamikasyny görkezýär. Nyrhlarynyň üýtgemegine gözegçilik binýatlaýyn kärhanalaryň seçimleýin ulgamy boýunça geçirilýär. Nyrhlar harytlaryň kesgitlenen sanawy boýunça bellige alynýar. Sanawa esasy hil görkezijileri, ulanýan çig maly we önümçiligiň tehnologiýa işi boýunça golaý gelýän, has wekilli önümler goşulýar. Nyrhlaryň indekslerini ykdysady işiň görnüşleri boýunça jemlemek üçin işiň görnüşleriniň tutýan paýlarynyň binýady hökmünde geçen ýylyň senagat önümleriniň gymmaty baradaky maglumatlar ulanylýar.

Türkmenistan özbaşdak döwlet bolmak bilen, çig mal öndürmekden çig mallary işläp taýýarlaýan hem-de halkyň sarp edýän harytlaryny we önümlerini öndürýän ýurda öwrüldi. Şol bir wagtda senagatyň önümçilik serişdelerini öndürmäge az üns berlip, olary çig malyň hasabyna ösen tehnologiýaly ýurtlardan satyn almak meýilnamalaşdyryldy.

Türkmenistanda bazar ykdysadyýetine geçiş döwründe meýilnamalaşdyrylýan senagat düzümine daýanyp, ýurtda bar bolan çig maly gaýtadan işlemegi guramaga aýratyn üns berildi.

Täzeden meýilnamalaşdyryljak we dörediljek senagat pudaklary Türkmenistandaky çig malyň ösüşine we öndürilişine belli bir dereje-de bagly bolup durýar. Senagat önümçiliginiň meýilnamasynda senagatyň ähli pudaklarynda düýpli gurluşyk üçin gerek bolan maşynlar we mehanizmler, gurluşyk materiallary, ulag üçin ýangyç materiallary göz öňünde tutulandyr. Sebäbi düýpli gurluşygyň we döwrebaplaşdyrmagyň meýilnamasy meýilnamalaşdyrylýan önümçiligiň kuwwatyny kesgitleýär.

Senagatyň ösüşiniň meýilnamalaşdyrylyşy bölek satuw haryt dolanyşygynyň meýilnamasyny kegitläp biler ýa-da tersine, söwdada bolan isleg önümiň öndürilmegine getirer. Diýmek, senagat önümçiliginiň meýilnamasy halk hojalygynyň meýilnamasynyň beýleki bölümleri bilen köp arabaglanyşyklydyr hem-de döwletiň ykdysady we durmuş meýilnama çaklamasynda özara ylalaşdyrylan we balansirlenen bolmalydyr.

Senagatyň ösüşiniň meýilnamasy köptaraplaýyn, toplumlaýyn işlenip taýýarlanylmalydyr. Senagatyň ösüşiniň meýilnamasynyň esasy bolup önümçilik maksatnamasy durmalydyr. Önümçilik maksatnamasyndaky wezipeler möçberi, nomenklaturasy, assortimenti we hili boýunça görkezilmelidir.

Ýurduň ykdysadyýetiniň we durmuş taýdan ösüşiniň işlenip taýýarlanylan önümçilik maksatnamasynda öndürilmeli önümiň möçberiniň görkezijisi natural sanlarda, hili öndürilen önümiň gymmatynda (pulda) aňladylýar. Önümçilik maksatnamasynda senagat önümçiliginiň jemlenmesi (ýerleşişiniň gürlügi), ýöriteleşdirilişi, bileleşigi (kooperirlenişi) hem-de utgaşmasy (kombinirlenişi), mundan başga-da, senagat işiniň tehniki-ykdysady maglumatlary getirilmelidir.

Döwletiň ykdysady we durmuş taýdan ösüşiniň meýilnama-çaklamasyndaky önümçilik boýunça wezipelerde senagat önüminiň iň bir möhümleri natural aňlatmalarda görkezilýär.

Şeýle iň bir möhüm senagat önümleri ýurtda ilatyň we halk hojalygynyň esasy ugurlaryny we esasy proporsiýalaryny kesgitleýär. Olara şular degişlidir:

– halkyň durmuş derejesini kesgitleýän, halkyň sarp edýän iň wajyp harytlarynyň görnüşleri;

– ylmy-tehniki ösüşi tizleşdirýän hem-de jemgyýetçilik zähmetiniň tygşytlylygyny üpjün edýän önümleri öndürmek we peýdalanmak;

– halk hojalyk ähmiýeti bolan önümleriň täze görnüşleri;

– eksport edilýän önümleriň esasy görnüşleri;

– ýurda ýörite gerek önümler.

Bazar ykdysadyýetine geçiş döwründe ýokarky senagat önümleriniň sanawynyň çaklama-meýilnamasy ýörite döwlet buýurmasy görnüşinde täze ýüze çykýan hususy kärhanalarda hem ýerleşdirilip bilner. Senagat önümleri we önümçiligi meýilnamalaşdyrylanda olar natural aňlatmalarda we gymmatlylykda aňladylmalydyr. Bazar ykdysadyýetine geçiş döwründe senagat önümleriniň meýilnamalaşdyryş - çaklamalary natural görnüşde ýerine ýetirilse ýa-da hasaplanylsa ýerlikli bolar. Sebäbi önümler gymmatlylyk görnüşinde meýilnamalaşdyrylsa, onda nyrhlaryň aýlyk, ýyllyk hümmetsizlenmesi göz öňüne tutulmalydyr. Şeýlelikde, senagat önümini öndürmegiň we ýerleşdirmegiň meýilnamasy gymmatlylykda (pulda) aňladylsa, ony düzmegi we pudaklara bölüşdirmegi ýeňilleşdirýär.

Gymmatlylykda aňladylýan görkezijiler şu böleklere bölünýär:

– senagat önümçiliginiň depginini, proporsiýasyny we düzümini häsiýetlendirýän görkezijiler (deňeşdirilen bahalarda haryt önümi);

– şertnamalardaky we buýurmalardaky meýilnama wezipeleriniň ýerine ýetirilişine baha bermek üçin peýdalanylýan görkezijiler (ýerleşdirilen önümiň möçberi);

– dürli ykdysady görkezijiler boýunça meýilnama wezipelerini esaslandyrmak we bellemek üçin görkezijiler.

Senagat önümleri meýilnamalaşdyrylanda kärhanalar, birleşmeler, konsernler we ministrlikler üçin aşakdaky görkezijiler uly ähmiýete eýedir.

I. Haryt önümi – munuň özi öndürijiden başga ýerde ýerleşdirmek üçin niýetlenen taýýar öndürilen zatlaryň, şaýlaryň, olaryň bölekleriniň gymmatydyr.

Haryt önümi boýunça wezipeler ministrlik, önümçilik birleşikleri, konsernleri we kärhanalar üçin tassyklanylmalydyr. Olaryň üsti bilen hususy we aksioner kärhanalara ýumuşlar döwlet buýurmalary we geleşikleri görnüşinde ýerleşdirilmelidir.

II. Jemleýji önüm – kesgitli döwürde ähli kärhanada, ministrlikde senagat önümçiliginiň tutuş öndürilen önümleriniň möçberiniň gymmatydyr. Jemleýji önüm pudaklar we kärhanalar üçin deňeşdirilen nyrhlarda meýilnamalaşdyrylýar.

III. Ýerleşdirilýän önüm – munuň özi meýilnamalaşdyrylan döwürde goýberilmäge we degişlilikde tölenilmäge niýetlenip öndürilen önümleriň gymmatlylygydyr. Ýerleşdirilýän önümiň möçberini öndürilen haryt önümleriniň we meýilnamalaşdyrylýan döwrüň başynda we ahyrynda ýerleşdirilmeginiň üýtgemegi esasynda kesgitlenilýär.

IV. Kada laýyk (normatiw) sap önüm – bu bazar ykdysadyýetine geçiş döwründe döwlet tarapyndan sazlanylan lomaý kesilýän bahalaryň tassyklanmagy. Kada laýyk sap önüm şu formula bilen kesgitlenilýär:

$$NSÖ = Z_{np} + Z_{np} \cdot K_z + P_n \,, \qquad (17)$$

bu ýerde $Z_{np}$- öndürilen önümiň meýilnama kalkulýasiýasyna girýän önümçilikdäki işçileriň zähmet haky;

– $K_z$ – zähmet haky boýunça dolandyryjy we hyzmat ediji işgärleriň senagat önümçiligindäki işgäre bolan gatnaşygyny häsiýetlendirýän koeffisiýent (üstüne goýlan çykdajy);

– $P_n$ – önümçiligiň kadaly düşewüntliligine laýyklykdaky girdeji.

Senagat önümçiligi meýilnamalaşdyrylanda ýurduň senagat önümlerine bolan islegi kesgitlenilmelidir. Ol önümler ýurt üçin wajyp önümler bolmalydyr. Wajyp önümleriň görnüşleriniň möçberini kesgitlemek üçin senagatda önümçilik maksatnamalaryny işläp taýýarlamak zerurdyr.

Meýilnama düzülende önümçilik we önümçilik däl ugurlarda, eksportda ilat üçin, ýagny bazar gorunda (fondunda), ätiýaçlary we

ätiýaçlaryň  üstüni ýetirmekde gerek bolan senagat önümleri göz öňünde tutulmalydyr. Önümçilikde ilki bilen önümçilik serişdeleriniň sarp edilişini kesgitlemelidir. Olardan zähmet gurallarynyň sarp edilişi gurulýan hem modernizirlenilýän obýektleriň taslama-smeta resminamalary esasynda kesgitlenilmelidir. Şu ýerde kärhanalardaky möwriti geçip, könelen gurallaryň çalyşylmagy hem bolmalydyr.

Ulaldylan kadalar we kada görkezijiler esasynda meýilnamada zähmet predmetleriniň sarp edilişi görkezilmelidir. Mysal üçin, ol ýa--da beýleki önüm birligine gerek bolan çig mallar, materiallar, ýangyç, elektrik energiýasy kada boýunça kesgitlenip, şol önümiň möçberine köpeltmek arkaly meýilnamada onuň ululygy hasaplanylmalydyr.

Meýilnamada halkyň sarp edýän harytlarynyň senagatda öndürilişiniň möçberi görkezilmelidir. Ol ýurduň ykdysadyýetiniň dünýä ykdysadyýeti bilen derejesini, ilatyň sarp edýän harytlara bolan islegini, hökümetiň ýerli senagata berýän serenjamyny we beýleki hukuklary göz öňünde tutmalydyr.

Mysal üçin, halkyň sarp edýän harytlarynyň köpüsi ýurtda öndürilmezligi hem mümkindir (awtomobil, sowadyjy gurallar we ş.m.).

Ýokardaky getirilen her bir senagat önüminiň möçberi kesgitlenende oňa gerek serişdeler hem kesgitlenmelidir. Ol serişdeler esasanam maddy balanslar görnüşinde natural hem gymmatlylykda aňladylýar.

Şonuň bilen her bir serişde boýunça degişli döwür üçin çäkler (limitler) kesgitlenilýär. Önüm öndürmegiň görnüşleriniň balansirlenilişi ähli pudaklar boýunça *pudagara balansyň* kömegi bilen kesgitlenilýär. Ol aýry-aýry maddy balanslaryň jemidir. Pudagara balans *natural aňlatmada* düzülen iki tablisanyň birinde her bir aýratyn önüm üçin önümçilikdäki harajatlaryň jikme-jik düzümleri häsiýetlendirilýär. Beýleki tablisada bolsa halk hojalygynda önümleriň bölüniş düzümi häsiýetlendirilýär. Pudagara balansyň birinji bölümi, önüm serişdeleriniň döremeginiň çeşmesini görkezýär hem-de şu formula bilen ýazylýar:

$$R_i = Q_i + S_i, \qquad i = 1,2,...., n, \tag{18}$$

bu ýerde $R_i$ – $i$ – görnüşli önümiň serişdesi;

– $Q_i$ – $i$ –görnüşli başga önümleriň serişdesi;

– $S_i$ – $i$ – görnüşli öndürilen önüm.

Pudagara balansyň ikinji bölümi şeýle ýazylýar:

$$\sum_{j=1}^{n} Q_{ij} + G_i = R_i, \qquad i=1,2,.... , \tag{19}$$

bu ýerde $Q_{tj}$ – $j$ – görnüşli önümi öndürmek üçin i-görnüşli önümiň peýdalanylyşy;

– $G_i$ – i görnüşli önümiň ahyrky sarp edilişi.

Pudagara balansyň tablisasyndaky üçünji bölüm taýýarlaýan bölümleri bölüşdirmek, ýagny esasy we aýlanma gaznalaryň üstüni ýetirmäge, önümçilik däl maksatlar, eksport we ş.m. üçin hyzmat edýär.

Ýokarky getirilen pudagara balansyň natural aňlatmalary, pudaklardaky (gymmatlykdaky) pudagara balanslary şeýle ýazylýar:

$$x_i = \sum_{i=1}^{n} a_j x_j = y_i, \qquad i=1,2,....,m, \tag{20}$$

bu ýerde $x_i$ – i-görnüşli öndürmeli önümleriň umumy möçberi; $a_{ij}$- i-pudakda bir birlikde önüm öndürmäge çykarylan $x_i$ – harajadyň kadasy; $x_j$ – j-pudagyň önüm öndürilişiniň möçberi; $y_i$ – i-görnüşli önümiň önümçilik däl gurşawda sarp edilişiniň mukdary.

Pudagara balans, köplenç häzirki zaman kompýuterlerinde düzülýär.

Senagat önümçiligi meýilnamalaşdyrylanda ol önümçiligiň kuwwaty, işçi güýji, çig mal, materiallar, ýangyç we energiýa bilen esaslandyrylyp, şolar arkaly balansirlenmelidir.

Önümçilikde, ýagny kärhanada önümçilik kuwwaty sehleriň, agregatlaryň we uçastoklaryň kuwwatlary boýunça şu formula bilen kesgitlenýär:

$$W = K \cdot N \cdot T, \tag{21}$$

bu ýerde $K$ – kärhanyň balansynda bolan sehiň (bölümiň) birjynsly desgasynyň mukdary, $N$ – desganyň wagt birligindäki (sagat, smena, gije-gündiz) iş öndürijiliginiň kadasy, $T$ – desganyň bir ýylda (sagat, smena, gije-gündiz mukdarynda) işleýän wagty.

Önümçilik kuwwaty kesgitlenende kärhanadaky desgalaryň hatardan çykmagy, olaryň täze ýokary öndürijilikli önümçilik desgalary bilen çalşylmagy göz öňüne tutulmalydyr.

Islendik senagat önüminiň meýilnamasynda maddy we çig mal serişdeleri, ýangyç hem energiýa bilen üpjün edilişiniň hasaby bolmalydyr. Hasabyň esasy bolup, sarp edilýän materiallaryň önüme göni hasaby girýär hem-de şu formula bilen kesgitlenilýär:

$$P_s = N \cdot P, \qquad (22)$$

bu ýerde $P_s$ – meýilnamalaşdyrylan öndürilmeli önümiň möçberi üçin zerur mukdardaky çig mallar we materiallar; $N$ – önümiň bir birligine sarp edilýän çig mallaryň, materiallaryň kadasy; $P$ – öndürilmeli önümiň meýilnamasynyň möçberi.

Önümiň bir birligine sarp edilýän çig mallaryň, materiallaryň kadasy meýilnama düzülýän döwürdäki wagtda ýurtdaky öňdebaryjy iş öndürijiligi we ylmyň gazananlaryny göz öňünde tutup, esaslandyrylan bolmalydyr hem-de tygşytlylygy üpjün etmelidir. Senagat önümçiliginiň meýilnamasynda zähmet serişdeleri bilen üpjünçiliginiň hasaby bolmalydyr, ol önümçiligiň ösüşiniň depginine, täze tehnikanyň ornaşdyrylyşyna hem-de kärhanada zähmet öndürijiligine esaslanmalydyr. Bu ýerde her ýylda gerek bolan kwalifisirlenen zähmet serişdeleriniň taýýarlanyşyny hem kesgitlemelidir.

*7.2-nji tablisa*

***Türkmenistanyň ýeňil senagaty toplumynyň pudaklarynyň 2021-2030-njy ýyllarda ösüşiniň esasy görkezijileri***

| **Görkezijiler** | **Ölçeg birligi** | **2020ý.** | **2021-2025ý. (ortaça ýyllyk)** | **2025ý.** | **2026-2030ý. (ortaça ýyllyk)** | **2030ý.** | **2025ý. 2020ý. görä, (%)** | **2030ý. 2025ý. görä, (%)** |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 |
| **Ýeňil senagat pudagynyň ministrlikleri we dolandyryş edaralary** | | | | | | | | |
| **Toplum boýunça önümiň umumy möçberi** | | | | | | | | |
| (ýerine ýetirilýän işler, hyzmatlar) Önümleriniň esasy görnüşleriniň öndürilişi | mln. manat | 1681,4 | 1835,7 | 1 931,0 | 2 106,4 | 2 224,4 | 114,8 | 115,2 |

*7.2-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Nah ýüplük | müň tonna | 193,2 | 209,4 | 219,1 | 235,5 | 247,1 | 113,4 | 112,8 |
| Nah matalar | mln. $m^2$ | 319,5 | 334,8 | 337 | 349 | 377 | 105,5 | 111,9 |
| Dokalan matalar | müň tonna | 11,8 | 12,3 | 12,3 | 12,3 | 12,3 | 104,2 | 100,0 |
| Örülen we tikin önümleri | mln. manat | 408,6 | 433,8 | 451,1 | 481,4 | 503,6 | 110,4 | 111,6 |
| Halylar we haly önümleri | müň $m^2$ | 426,5 | 427,6 | 428,6 | 429,8 | 431,0 | 100,5 | 100,6 |
| şol sanda: elde dokalanlary | müň $m^2$ | 26,5 | 27,6 | 28,6 | 29,8 | 31,0 | 107,9 | 108,4 |
| Jorap önümleri | müň jübüt | 1 305 | 1 335 | 1 355 | 1 385 | 1 405 | 103,8 | 103,7 |
| Aýakgap | müň jübüt | 410 | 412 | 420 | 422 | 430 | 102,4 | 102,4 |
| Gön | müň $dm^2$ | 18500 | 18650 | 19 250 | 19 400 | 20 000 | 104,1 | 103,9 |
| Çig ýüpek | tonna | 225 | 227 | 235 | 237 | 245 | 104,4 | 104,3 |
| Ýüpek matalar | müň $m^2$ | 1400 | 1400 | 1400 | 1400 | 1400 | 100,0 | 100,0 |
| Pamyk | tonna | 11725 | 12025 | 12225 | 12545 | 12825 | 104,3 | 104,9 |
| şol sanda lukmançylyk pamygy | tonna | 4 200 | 4 200 | 4 200 | 4 200 | 4 200 | 100,0 | 100,0 |
| Esasy seriş-deler | mln. manat | 2434,4 | 2582,5 | 2611,8 | 2 636,9 | 2 624,4 | 107,3 | 100,5 |
| Düýpli maýa goýumlaryň umumy möçberi | 66 | 69,4 | 87,2 | 123,0 | 186,3 | 134,0 | 177,2 | 108,9 |
| şol sanda: hususy serişde-leriň hasabyna | 66 | 7,4 | 11,3 | 16,0 | 24,2 | 17,4 | 2,2 e. | 108,8 |

## 7.6. Durmuş goraglylygyny we girdejileri çaklamak

Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministirligi ýurtda durmuş-ykdysady syýasaty durmuşa geçiriji esasy edaradyr. Ol döwletiň durmuş-ykdysady çaklamalaryny, meýilnamalaryny we maksatnama-

laryny işläp taýýarlamagy we ýerine ýetirmegi guraýar. Türkmenistanda çaklama işlerini guramagyň tertibi we alnyp barlyşy Strategik meýilnamalaşdyryş we ösüş instituty tarapyndan amal edilýär.

Çaklamalar möhleti boýunça gysga möhletli, orta möhletli we uzak möhletli görnüşlere bölünýär.

**Gysga möhletli** geljek üçin her ýyl durmuş-ykdysady ösüşiň çaklamasy işlenip taýýarlanylýar. Bu çaklamany Türkmenistanyň Hökümeti özüniň geljek ýyl üçin işläp taýýarlan Döwlet býujetiniň taslamasy bilen bilelikde Mejlise tabşyrýar. Ol çaklama üçin esas bolup, ýurduň çaklama edilýän ýyldan öňki üç çärýekde gazanan durmuş-ykdysady netijeleri hyzmat edýär. Ol çaklama her ýarym ýylda we üç çärýek geçenden soň düzedişler girizilip bilner. Durmuş-ykdysady ösüşiň **orta möhletli** geljek üçin işläp taýýarlaýan çaklamasy üç ýyldan bäş ýyla çenli döwri öz içine alýar hem-de oňa her ýyl düzedişler girizilýär.

Uzak möhletli geljek üçin durmuş-ykdysady ösüşiň çaklamasy 5 ýyldan 10 ýyla çenli döwri öz içine alýar. Ol ýurduň Hökümetiniň ýörite karary bilen işlenip taýýarlanylýar we her 5 ýyldan täzeden seredilýär.

Durmuş ösüşiniň möhüm umumylaşdyryjy görkezijisi bolup, ilatyň girdejileri çykyş edýär. Onuň derejesi milli girdejiniň ululygyna hem-de şol girdejiniň zerur we goşmaça önümlere bölünendäki proporsiýalaryna baglydyr. Ýurtda önümçilik bolmadyk edaralary we guramalary saklamak hem-de ilatyň şahsy sarp edişini kanagatlandyrmak üçin peýdalanylýan **Sarp ediliş gaznasy** emele getirilýär. Ýurtdaky sarp ediliş gaznasy ähli zerur önümiň hemmesini we goşmaça önümiň bölegini özünde jemleýär.

***Ilatyň dürli görnüşli girdejileri aşakdaky toparlara birleşdirilýär:***




*7.9-njy çyzgy.* **Girdejileriň görnüşleri**

– pul girdejileri – ol pul görnüşinde alynýar;

– natural girdejiler – olara köpçülikleýin hojalyklardan we daýhanyň, ýaşaýjynyň şahsy melleginden alnan önümler degişli;

– gytaklaýyn girdejiler – ilata önümçiligi bolmadyk edaralardan (bilim, saglygy goraýyş we ş.m.) mugt berilýän hyzmatlar.

Ilatyň girdejilerini nominal we real görnüşlere bolüp bolar. Ilatyň **nominal girdejilerini** pul, natural we gytaklaýyn girdejileriň jemi hökmünde kesgitläp bolar. Onuň derejesi salgyt salnyşyna we nyrhlaryň üýtgemegine bagly däldir. Nominal girdejileriň esasy bölegi pul girdejileridir.




*7.10-njy çyzgy.* **Pul girdejileriniň esasy görnüşleri**

Garaşsyzlyk ýyllaryndan bazar gatnaşyklaryna ýuwaş-ýuwaşdan geçilmäge başlanmagy ilatyň girdejilerinde hem uly üýtgeşmeleriň bolmagyna getirdi. Ilatyň girdejileriniň esasy bölegi bolan zähmet hakynyň tölenilişi eýeçiligiň görnüşlerine görä, bir-birinden ep-esli tapawutlanýar.

Türkmenistanda ilatyň real girdejileri, onuň nominal girdejileri bilen tölenmeli salgytlaryň we beýleki tölegleriň jeminiň tapawudy hökmünde kesgitlenýär.

***Olary aşakdaky esasy sebäpler emele getirýärler:***




*7.11-nji çyzgy.* **Real we nominal girdejiler bilen tölenmeli salgytlaryň görnüşleri**

Ilatyň real girdejileriniň dinamikasyna ilatyň durmuş derejesini kesgitleýän ähli durmuş-ykdysady sebäpler täsir edýär. Ýurtdaky ilatyň real girdejileriniň möçberi önümçiligiň ösüşine, jemi içerki önümiň we milli girdejiniň artmagyna bagly bolup durýar.

## 7.7. Ilatyň real girdejilerini çaklamak

Real girdejileriň çaklamalarynyň hasaby ilatyň pul girdejileriniň we çykdajylarynyň balansyna esaslanýar. Balansyň bir tarapynda ilatyň pul görnüşinde alýan girdejileri, beýleki tarapynda bolsa şol girdejileriň sarp edilişi görkezilmelidir.

Ilatyň pul girdejileriniň we çykdajylarynyň balansy bütin ýurt, welaýatlar we ilatyň durmuş topary boýunça işlenip taýýarlanylýar. Onda pul girdejileriniň emele gelşiniň çeşmeleri we möçberi, şeýle hem ilatyň pul serişdeleriniň çykdajylarynyň hem-de süýşürintgileriniň düzümi we möçberi doly häsiýetlendirilmelidir.

Balansyň maglumatlary ilatyň satyn alyp bilijilik gaznalaryny hasaplamak, bölek satuw haryt dolanyşygynyň möçberini esaslandyrmak we pul serişdeleriniň dolanyşygyny düzgünleşdirmek üçin hem peýdalanylýar.

Durmuş toparlarynyň balanslarynyň girdejiler böleginde ilatyň bir toparyndan başga toparyna satylan harytlardan we edilen hyzmat-

lardan girdejiler, balansyň çykdajy böleginde bolsa, tersine, ol harytlar we hyzmatlar üçin tölegiň çykdajylary görkezilýär. Onuň shemasy şu aşakdaky tablisada görkezilendir.

*7.3-nji tablisa*

| **Girdejiler** | **Çykdajylar we süýşürintgiler** |
|---|---|
| 1 | 2 |
| 1. Zähmet haky.<br>2. Eýeçilik, telekeçilik işlerinden gelýän girdejiler.<br>3. Oba hojalyk önümlerini satmakdan gelýän girdejiler.<br>4. Durmuş tölegleri, pensiýa, kömekler, talyp haklary.<br>5. Beýleki girdejiler. | 1. Harytlary satyn almak.<br>Şol sanda:<br>döwlet söwdasyndan<br>döwletiňki bolmadyk söwda<br>alyjylar kooperasiýasy.<br>2. Hyzmatlara we başga çykdajylara töleg.<br>3. Hökmany tölegler we wznoslar.<br>4. Goýumlarda we gymmatly kagyzlarda toplanan süýşürintgi.<br>5. Walýuta satyn almak. |
| Ähli pul girdejileri.<br>Girdejilerden çykdajynyň köplügi | Ähli pul çykdajylary.<br>Çykdajylaryň girdejiden köplügi |
| **BALANS** | **BALANS** |

Bazar ykdysadyýetinde maddy nygmatlaryň, harytlaryň we hyzmatlaryň paýlanyş mehanizmi sarp edijiniň diňe tölege ukyplylygyny göz öňünde tutýar, onuň mümkinçiligini, aýratynlygyny hasaba almaýar. Şeýle bolansoň girdejileriň paýlanyşynda döwletiň aralaşmasy zerur bolup durýar. Sebäbi ilatyň agramly böleginiň garyplykdan, işsizlikden, hümmetsizlenmeden durmuş goragyny üpjün etmek gerekdir.

## Ilatyň iş bilen üpjünçiligini çaklamak

Zähmet serişdeleri, önümçilik serişdeleriniň esasy görnüşidir. Onuň has köp möçberde ulanylmagy ykdysadyýetiň islendik pudagynyň hojalyk işleriniň netijeliligini kesgitlemegiň ölçegidir.

Iş bilen üpjünçiligiň häsiýeti, derejesi gün-günden ilatyň maddy ýagdaýyna täsir edýär, onuň girdejileriniň möçberini görkezýär. Işleýän işiňi ýitirmek, islendik adam üçin durmuşyň hili we derejesi boýunça aşaky durmuş topara geçmekligi aňladýar. Zähmet bazaryn-

da işgärlere talap bolmazlyk bütin jemgyýetde agyr ýagdaýlaryň döremegine getirip biler. Dünýäniň dürli ýurtlarynda geçirilen statistiki barlaglara görä, iş bilen üpjünçiligiň kemelmegi, ýagny işsizligiň 1% artmagy ýurtda özüni-özi öldürýänleriň sanynyň 5%-e, talaňçylygyň we zorlugyň 4,5%-e çenli artmagyna we ş.m. getirip bilýär. Şeýlelikde, ilatyň iş bilen üpjünçiligi – ýurduň durmuş ýagdaýynyň möhüm bir indikatory bolup biler.

**Iş bilen üpjünçiligi çaklamagyň maksady** – ýurduň ähli welaýatlaryndaky we etraplaryndaky zähmet potensialyny rejeli peýdalanmakdyr hem-de ilaty iş bilen has köp üpjün etmekdir. Ýurt boýunça iş ýerlerini döretmek, işliligi esaslandyrmak, iş bilen üpjünçiligiň amatly derejesine ýetmek döwletiň ilatyň iş bilen üpjünçiliginiň çaklamalaryny düzmek boýunça işleriniň mazmunyny kesgitleýär. Çaklamalar işlenilip taýýarlanylanda işgärleriň doly we doly däl iş bilen üpjünçiligini tapawutlandyrmalydyr. Sebäbi islendik bazar ykdysadyýetli ýurtda zähmet çekmek, onuň raýatlarynyň öz erkine we islegine bagly bolup durýar. Doly däl işlilik kähalatlarda ýurduň ykdysadyýetindäki çökgünlik ýagdaýynda hem köpelmegi mümkin. Ýurduň ilatynyň käbir bölegi, mysal üçin, pensionerler, çagaly aýallar, talyplar we ş.m. doly däl işli bolup bilerler. Şonuň üçin hem çaklamalar işlenilip taýýarlanylanda, iş bilen doly däl üpjünçilige oňyn däl ýagdaý diýip bolmaýar.

Çaklamalar işlenilip taýýarlanylanda ýa-da seljerilýän döwründe iş bilen üpjünçiligiň durnukly we durnukly bolmadyk görnüşiniň bolmagy göz öňünde tutulmalydyr. Çaklaýyşda ilatyň iş bilen üpjünçiligini hemişelik, wagtlaýyn hem-de möwsümleýin ýüze çykarmak zerurdyr. Sebäbi olaryň zähmetiniň netijeliligi pesdir, girdejileriniň möçberi ýokarydyr. Ýöne oba we suw hojalygy, olaryň önümlerini gaýtadan işlemek möwsümleýin işlilik bilen bagly.

Predmet nyşan boýunça ýa-da iş bilen üpjünçiligiň obýektiniň häsiýeti boýunça işlilik çäkleýin, pudaklaýyn, durmuşy, professional, ýaşyna görä bölünip biler. Iş bilen üpjünçiligiň şu görnüşlerini ýüze çykarmak we çaklamak ykdysady hem-de durmuş taýdan uly ähmiýete eýedir. Ýurduň çäginiň ykdysady mümkinçiliginiň ösüşiniň döwletde meýilnamalaşdyrylyşyna görä, ilatyň iş bilen üpjünçiliginiň dereje-

sine gös-göni täsir edip, zähmet serişdeleriniň ýetmeýän we agdyklyk edýän çäklerine getirip biler. Ýurtda şeýle tapawutlylygyň göz-görtele ýüze çykmagy çäklere gatnaşyklaryň ýitileşmegine, durmuş-ykdysady ösüşiň deňräk bolmazlygyna getirip bilýär.

Ilatyň iş bilen üpjünçiliginiň çaklamalaryny işläp taýýarlamak köp tapgyrly hadysadyr. Onuň her bir tapgyrynda anyk meseleler çözülýär. Çaklamalary işläp taýýarlamagyň birinji tapgyry – seljerme, analitik tapgyr bolup durýar. Bu tapgyrda ilatyň iş bilen üpjünçiligi ähli ugurlar boýunça seljerilýär:

- derejesi, dinamikasynyň häsiýeti, düzümi, tapawutlanyşy we ş.m.;
- esasy meýiller, ýüze çykmasy, ösüşi, olaryň gowşamagy we ş.m.

Türkmenistanda ilatyň iş bilen üpjünçiliginiň ähli ugurlarynda uly üýtgeşmeler bolup geçdi we ilaty işe ýerleşdirmek wezipesi her bir administratiw birlikde döwlet derejesinde zähmet biržalary tarapyndan amala aşyrylýar. Olaryň işi häkimlikleriň degişli edaralary bilen utgaşdyrylyp alnyp barylýar. Zähmet biržalarynyň esasy wezipesi işsizleri we boş iş ýerlerini hasaba alyp, işsizleri şol ýerlere ýerleşdirmäge ugrukdyrmakdyr.

Çaklaýşyň ikinji tapgyry – hasaplamak bolup durýar. Bu tapgyrda iş bilen üpjünçiligiň derejesi, dinamikasy, strukturasy we ş.m. kesgitlenilýär. Çaklama işlenilip taýýarlanylanda täsir ediş ugry boýunça iki topar sebäpler hasaba alynýar. Birinji topara iş bilen üpjünçiligiň möçberini kesgitleýän sebäpler girýär. Ikinji topara – zähmet serişdelerine bolan islegiň düzümini kesgitleýän sebäpler girýär.

Iş bilen üpjünçiligiň derejesi bu ýerde zähmet serişdelerine islegiň we teklibiň gatnaşygynyň netijesi görnüşinde emele gelýär.

Zähmet serişdelerine islegiň ululygyna zähmetiň tehniki üpjünçilik derejesi täsir edýär. Iş ýerlerindäki tehniki üpjünçilik derejäniň artmagy hem-de kämilleşmegi, zähmet öndürjiliginiň ýokarlanmagyna we ösmegine getirip, işçi güýje bolan isleg kemelmelidir.

Zähmet serişdelerine teklibiň möçberi, düzümi degişli okuw mekdeplerini tamamlaýan hünärmenleriň möçberine we düzümine baglydyr. Zähmet serişdeleriniň sanyny düzgünleşdirmek işini, olary taýýarlaýan okuw mekdeplerine kabul edilýänleriň sany bilen amala

aşyryp bolýar. Işçi güýçlerine teklibiň möçberine zähmete hak tölenişiniň derejesi hem güýçli täsir edip biler.

Käbir sebäpleriň täsiriniň derejesini kesgitlemek üçin göni hasap usuly ulanylyp bilner. Işlilige bir topar sebäpleriň täsirini kesgitlemek üçin ykdysady-matematiki usuly peýdalanyp, häzirki zaman kompýuterleri ulanmak bilen modelleri gurup bolar. Bu modellerde, çaklanýan döwürde sebäpleriň *«özüni alyp barşy»* hasaba alynýar we alnan netijeleriň esasynda sebäpleriň *«özüni alyp barşynyň»* mümkin bolan dinamikasyny görkezýän iş bilen üpjünçiligiň çaklamasynyň görnüşleriniň mukdary işlenip taýýarlanylýar.

Çaklamanyň jemleýji tapgyrynda we mümkin bolaýjak döwlet düzgünleşdiriş çärelerine esaslanýan çaklamanyň görnüşlerini esaslandyrmak amala aşyrylýar. Bulara aşakdakylaryň degişli bolmagy mümkindir:

- hojalyk subyektleriniň telekeçilik girdejilerine salgydyň möçberiniň peseldilmegi (artdyrylmagy).
- import we eksport önümlere gümrük pajynyň möçberiniň üýtgemegi;
- nyrhyň emele geliş düzgüniniň üýtgemegi;
- hojalyk subýektlerine bankyň berýän karz serişdelerine gönükdirilen göterim derejeleriniň üýtgemegi we ş.m.

Ýokardakylardan başga-da, täze iş ýerlerini döretmek üçin döwlet serişdeleriniň bölünip berilmegi, kärhanalara, pudaklara öz işlerini işjeňleşdirmek üçin döwlet kömeginiň dürli görnüşleri, olaryň hojalyk işleriniň önümini köpeltmek, şeýlelikde, ahyrky netijede ol ýerlerde işgärleriň sanyny artdyrmak hem degişlidir.

Çaklamalary işläp taýýarlamagyň tilsimaty balans usulyny peýdalanmagy göz öňünde tutýar. Türkmenistanda häkimlikleriň degişli edaralary zähmet biržalary bilen bilelikde özlerine degişli çäklerde zähmet serişdeleriniň we iş ýerleriniň jemleýji balansyny işläp taýýarlaýar. Olarda bazar şertlerinde şeýle balansy düzmegiň usuly işçi güýçlerine islegi we teklibi göz öňünde tutup ýerine ýetirilýär. Çäkler boýunça düzülen zähmet balanslaryny jemlemek bilen Türkmenistan boýunça zähmet balansyny Strategik meýilnamalaşdyryş we ösüş instituty işläp taýýarlaýar we Hökümetiň, Mejlisiň garamagyna berýär.

# II bölüm

# OBA HOJALYK ÖNÜMÇILIGINI GURAMAGYŇ ESASLARY

## § 1. OBA HOJALYK ÖNÜMÇILIGINI GURAMAGYŇ MAZMUNY, USULLARY WE AGROSENAGAT TOPLUMYNYŇ ULGAMYNDAKY TUTÝAN ORNY

### 1.1. Oba hojalyk önümçiligini guramagyň mazmuny we usullary

Oba hojalyk kärhanalarynda önümçiligiň netijeliligi, olaryň azyk harytlaryny döretmäge we bazary üpjün etmäge goşandy köp derejede önümçiligiň guralyşy bilen kesgitlenilýär. «Guramak» diýen sözüň ýa-da düşünjäniň özi «organon» diýen grek sözünden ýa-da «organum» diýen latyn sözünden gelip çykýar hem-de adamyň işi netijesinde bir maksady gazanmagyň serişdesini, usulyny we usulyýetini aňladýar.

Oba hojalyk önümçiligini guramagyň hem oba hojalyk kärhanalarynyň görnüşlerine laýyklykda tapawudy we birnäçe aýratynlyklary bardyr. Mysal üçin, oba hojalyk kärhanalarynda eýeçiligiň görnüşine laýyklykda zähmete hak tölemek, hojalygyň girdejilerini peýdalanmak we paýlamak meseleleri. Zähmetiň we dynç alşyň düzgüni hem-de beýleki meseleler dürli-dürli düzülýär.

Oba hojalygynyň ähli meselelerini dogry çözmek üçin, bir tarapdan, jemgyýetde ulanylýan jemgyýetçilik-ykdysady kanunlary, beýleki tarapdan, tutuş öňdebaryjy tehnikany we tehnologiýany bilmek zerur. Şeýle ýagdaýda biologiýa, tehnika, agronomçylyk we zootehnika ylymlarynyň gazananlary hem-de kanunalaýyklyklary peýdalanylýar. Oba hojalygyndaky görkezilen aýratynlyklar önümçilikde ulanylýan tehniki serişdeleri, önümçiligiň tehnologiýasyny we işleriň guralyşyny beýleki pudaklardan düýpgöter tapawutlandyrýar.

9. Sargyt № 2800

Aýry-aýry kärhanalar halk hojalygynyň ähli pudaklarynda bolşy ýaly, jemgyýetçilik önümçiliginiň ilkinji guramaçylyk görnüşidir.

Şolarda gös-göni önümçilik işi yzygiderliligini amala aşyrýar, ýagny janly zähmetiň zähmet predmetleri we gurallary bilen birleşmegi bolup geçýär.

***Oba hojalygyny guramagyň ylmy we usuly esaslary***

Oba hojalyk önümçiligini guramagyň ylmy esaslary

⇓

| | |
|---|---|
| Ykdysady nazaryýetli oba hojalyk ykdysadyýetiniň nazary we usuly esaslary | Takyk ylymlar (dolandyryş we meýilnamalaşdyryş) we beýlekiler |
| Tehniki, tehnologik ylymlar | Önümçiligi guramak hakyndaky ylym |
| Oba hojalyk önümçiligini guramagyň nazaryýeti | Önümçiligi guramak hakyndaky ylmyň sungaty we tejribesi (menejmentiň sungaty) |

⇓

Oba hojalygyny guramagyň usulyýet esaslary

*1.1-nji çyzgy.* **Oba hojalygyny guramagyň esaslary**

| Öndüriji güýçler | | |
|---|---|---|
| Önümçilik serişdeleri | | Isçi güýji |
| Zähmetiň predmeti | Zähmet serişdeleri | |

⇅

| Önümçilik gatnaşyklary |
|---|
| Önümçilik iş yzygiderliliginde adamlaryň arasyndaky gatnaşyk, maddy pul serişdelerini paýlamakdaky we ulanmakdaky gatnaşyk |

*1.2-nji çyzgy.* **Jemgyýetçilik önümçiliginiň görnüşleri**

Türkmenistanda kabul edilen kanunlar agrar ugurda eýeçiligiň dürli görnüşleriniň ösmegine hukuk-ykdysady esaslanma döretdi.

Oba hojalyk kärhanalarynda önümçiligiň guralmagy ykdysady ylym hökmünde materialistik dialektika usulyndan peýdalanýar. Oba

hojalyk önümçiliginiň guralyşy ylmy barlaglaryň birnäçe usullaryny öwrenýär. Olardan esasy ulanylýan usullar aşakdakylardan ybaratdyr.

*1.1-nji tablisa*

***Oba hojalyk önümçiligini guramakda ulanylýan ylmy usullar***

| Usullar | Ulanylýan çäkleri | Maksady | Usulyň elementleri |
|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| Monografiki | Iş hadysalarynda birmeňzeş bolup geçýän hadysalary çuňňur öwrenmek | Öňdebaryjy tejribäni öwrenmek we bolup geçýän üýtgemeleri ýüze çykarmak | Çözgütleri dogry goýmak, ykdysady derňewiň geçiriljek hojalygyny saýlamak. Hakyky maglumatlary ýygnamak, doly barlaglary geçirmek, önümçiligi guramagyň usullaryny we iş yzygiderliligini öwrenmek. Ylmy taýdan baýlaşdyrmak. Öňdebaryjy tejribäni hojalyklara hödürlemek üçin tertipnama taýýarlamak |
| Ykdysady statistika | Birnäçe hojalyklaryň maglumatlary esasynda önümçiligiň şertlerini we olaryň netijeli täsirini derňemek | Önümçilige ornaşdyrmak üçin teklipleri işläp taýýarlamak | Maksat goýmak, seljermek üçin hojalyk saýlamak, ähli önümçilige gözegçilik etmek. Alnan maglumatlary toplamak esasynda seljermek, statistikanyň dürli usullaryny ulanmak arkaly görkezijileriň arabaglanyşygyny ýüze çykarmak |
| Ylmy synag geçirmek üçin tejribe | Önümçiligi guramakda dürli usullary ulanmak arkaly geçirilýän ylmy synaga ykdysady baha bermek we hojalygyň ahyrky netijesine täsirini öwrenmek | Ylmy barlag işiniň hil taýdan ýokary derejesini gazanmak | Goýlan maksady kesgitlemek usulyny işläp taýýarlamak, önümçilikde ylmy synag işini goýmak. Alnan maglumatlary seljermek. Alnan netijäniň takyklygyny kesgitlemek. Gazanylan netijäni teklip hökmünde önümçilige hödürlemek |

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| Konstruktiw hasaplaýyş | Önümçiligiň ähli ulgamynyň guramaçylygyny ösdürmek üçin geljekki meýilnamany işläp düzmek | Maksada ýetmek üçin has netijeli çözgüdi saýlap almak | Maksadyny we meselesini kesgitlemek. Önümçiligiň ýagdaýyna görä, ykdysady guramaçylyga seljermäni geçirmek. Goýlan şerte görä, taslama hasaplamalaryny geçirmek |
| Matematiki modelirlemek | Önümçiligi giňeltmekde, belli bir işi ýerine ýetirmekde ykdysady guramaçylyk, tehniki-tehnologik çözgütleriň ýokary derejesini saýlap almak | Kärhanada bar bolan mümkinçiliklerden peýdalanmaga oňaýly çözgütleri ulanmak, geljekki ugurlary saýlap almak, ýokary netije gazanmak üçin netijeli hereket etmek | Maksat goýmak. Görkezijileri kesgitlemek, maksada laýyk şert döretmek. Kadaly maglumatlary ýygnamak we beýleki maglumatlary toplamak. Ykdysady – matematiki meseläni çözmek. Maglumatlaryň takyklygyny we gazanylan netijäni kanagatlandyrmak. Oňaýly çözgüdi önümçilige hödürlemek |

## 1.2. Agrosenagat toplumy ulgamynda oba hojalyk önümçiliginiň orny

Türkmenistanyň Ýaşulularynyň ikinji Maslahatynda kabul edilen Türkmenistanyň 2030-njy ýyla çenli durmuş-ykdysady ösüşiniň milli Maksatnamasy agrosenagat toplumynyň oba hojalyk bölüminde, bazar gatnasyklarynyň ösüşini çaltlandyrmakda giň mümkinçilikleri açýar. Ýurdumyzyň oba hojalygynda bazar gatnaşyklaryny ösdürmek we çuňlaşdyrmak maksady bilen geçirilýän yzygiderli çärelere dünýä tejribesiniň nusgasynda meňzeş zat ýokdur. Döwletiň güýçli goldawy: halkymyza suw, ýer, tebigy gaz, elektrik energiýasy ýaly mugt serişdeler we kärende eýeçiliginde işleýänlere tohum, mineral önümlerini, tehniki we ulag hyzmatlary üçin kesgitlenen ýeňillikli karz pullary bermek, esasan-da oba hojalyk ekinlerini – bugdaýy, gowaçany we gant şugunduryny ösdürmek üçin karzyna pul bermegiň ýörite

ugurlarynyň döredilmegi muňa aýdyň mysal bolup bilýär. Şonuň ýaly--da, önümçilik harajatlaryna edilýän ýeňillikler oba hojalygynyň bazar ykdysadyýetine tapgyrma-tapgyr we hiç hili bökdençsiz geçmegine mümkinçilik döredýär.

Ýurdumyzda ýer, suw we beýleki tebigy baýlyklar häzirki zaman tehnologiýalaryna esaslanyp, intensiw usullar bilen rejeli ulanylanda oba hojalygynyň mümkinçilikleriniň iňňän giňdigini indi bilmeýän ýokdur.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň taýsyz tagallasy bilen oba hojalygyny bazar ykdysadyýetine geçirmegiň ygtybarly ýollaryny, ozaly bilen bazar infrastrukturasynyň ýollaryny, onuň döredilmegini, bazar gatnaşygynyň kem-kemden kemala gelmelidigini aýdyň kesgitledi. Bu syýasat Türkmeniň täze taryhyna «Bazar ykdysadyýetine geçişiň türkmen modeli» diýip girdi.

Ýöriteleşdirilen pudaklaryň we önümçilikleriň döredilmegi pudagara aragatnaşyklaryň güýçlenmegine, önümçiligiň dürli görnüşlerini guramaklygyň kämilleşdirilmegine alyp barýar. Bu bolsa agrosenagat toplumyny aýratyn önümçilik düzümine bölmek üçin maddy esas döredýär.

Ýurdumyzda halk hojalygynyň ösmegi we önümçiligiň pudagara aragatnaşygy esasynda oba hojalyk önümlerini, azyk önümlerini, ýeňil senagatyň önümlerini öndürmäge, daşamaga, gaýtadan işlemäge we ýerleşdirmäge ýardam edýän hyzmat kärhanalaryna, pudaklaryň jemine agrosenagat pudaklary diýilýär. Olar bilelikde agrosenagat toplumynyň aşakdaky gatlaklaryny tutýar:

I - esasy serişdeleri öndürýän pudaklar, oba hojalygyny senagatda öndürilýän önümçilik serişdeleri bilen üpjün etmek;

II - oba hojalyk önümçiligi we pudaklary, soňky önümleri öndürmäge ýöriteleşen: azyk önümlerini, önümçilikde ulanylýan azyk däl önümlerini, çig mal mätäçliklerini üpjün edýän gatlak;

III - oba hojalygyna hyzmat etmäge ýöriteleşdirilen pudaklar: önümleri gaýtadan işleýän, taýýar önümleri saklaýan we ýerleşdirýän, taýýar önümleri daşaýan, agrohimiýa we weterinariýa hyzmatlaryny amala aşyrýan, suw hojalyk ulgamlaryny ulanmakda esasy işleri amala aşyrýan pudaklar. Olar öz gezeginde agrosenagat toplumynyň infrastrukturasyny düzýärler.

***Agrosenagat toplumynyň düzümine özara baglanyşykly pudaklaryň esasan dört topary girýär:***




*1.1-nji çyzgy.* **AST-niň düzümine girýän pudaklar**

**I topar.** Oba hojalygy (ekerançylyk we maldarçylyk) pudaklary, tokaý hojalygy.

**II topar.** Oba hojalyk önümlerini taýýarlaýan, gaýtadan işleýän, taýýar oba hojalyk önümlerini (uny-ýarmany, miwe-gök önümleriniň konserwlerini, süýt, et, gant önümlerini we gaýtadan işleýän senagatyň beýleki önümlerini) satýan pudaklar.

**III topar.** Oba hojalygyny we gaýtadan işleýän senagat üçin önümçilik serişdelerini (traktor, oba hojalyk maşynlaryny, gurluşyk maşynlaryny, mineral dökünleri döküji we awuly serişdeleri öndüriji, mikrobiologiýa önümlerini) öndürýän pudaklar.

**IV topar.** Önümçilik-tehniki hyzmaty (maddy-tehniki üpjünçiligi, meliorasiýa we suw hojalygy, agrohimiýa hyzmaty, ulag, gurluşyk hyzmaty) amala aşyrýan pudaklar.

Agrosenagat toplumynyň kärhanalarynyň esasy maksady önümçiligiň ýokary netijelerini gazanmak. Şu maksada laýyklykda aşakdaky aýratynlyklar göz öňünde tutulýar:

– aýdyňlyk – önümçiligi dolandyrmakdaky we guramakdaky çözgütleriň netijesinde goýlan maksada ýetmek üçin soňky netijäni kesgitlemek;

– eýeçelik – önümçilikde ýagdaýlaryň (şertleriň) üýtgemegi esasynda goýlan maksada düzedişler girizmek;

– dartgynlylyk – goýlan maksada ýetmek üçin kärhanada bar bolan işçi güýjüni gönükdirmek, esasan-da iş yzygiderliliginiň dartgynly döwürlerinde;

– aralyk netijäni bahalandyrmak – ykdysady gözegçilik, maksada ýetmek üçin çalt depginde ulgamlary bahalandyrmak.

***Önümçiligiň iş yzygiderliligini guramakda çaklanylýar:***

**Önümçiligiň iş yzgiderliligini guramak**

- Maksadyny we meselesini kesgitlemek
- Öňde goýlan maksada ýetmek üçin işçi köpçüligini düzmek
- Zähmeti jemlemek we bölünişigiň görnüşlerini saýlamak
- Işçi güýjüni önümçilik serişdeleri bilen üpjün etmek
- Önüm öndürmekde dürli tehnologiýalary işläp düzmek
- Zähmetiň usullaryny esaslandyrmak
- Işgärleri maddy taýdan höweslendirmek üçin netijeli ulgamy saýlamak
- Öňde goýlan wezipäni ýerine ýetirmek üçin şertnama esasynda gözegçilik ulgamyny döretmek

*1.2-nji çyzgy.* **Önümçiligiň iş yzygiderliligini guramak**

Agrar sektorynyň önüminiň we oba hojalyk çig malyndan taýýarlanan senagat harytlarynyň hasabyna azyk önümleriniň takmynan 95%-i alynýar, haryt dolanyşygynyň 70%-den köprägi düzülýär.

Türkmenistanyň halk hojalygynyň ähli pudaklarynda öndürilýän önümiň umumy möçberinden jemi önümiň 45%-den gowragy agrosenagat toplumynyň pudaklarynda öndürilýär. Agrosenagat pudaklarynyň ähli önümçilik serişdeleriniň 80%-den gowragy oba hojalygyna degişlidir. Türkmenistanyň oba hojalygynda agrosenagat toplumynyň zähmet serişdeleriniň 95%-i işleýär.

## 1.3. Oba hojalygynda kooperatiw hojalygyň täze görnüşleri

Kooperasiýa hakyndaky kanun esasynda obada oba hojalyk önümlerini öndürmek we gaýtadan işlemek, gurluşyk harytlary bilen üpjün etmek we satmak, hyzmat ediş kooperatiwlerini döretmek üçin giň mümkinçilikler emele geldi. Kooperatiwiň serişdesi we emlägi agrosenagat birleşiginiň kooperatiwe geçiren serişdesiniň kooperatiwe gatnaşyjy hojalyklarynyň hojalygy ýöretmekden alnan peýdasynyň, karz puluň we başga çeşmeleriň hasabyna döreýär.

Daýhan birleşiklerinden, kooperatiwlerden başga-da, ýekebara daýhan hojalyklarynda, mülkdarlarda önümçiligi giň gerimli alyp barmak bolar. Ýekebara daýhan hojalygynda ýerli şertlere görä, ýer beriji haýsy önüm öndürmelidigini girizip ýa-da girizmän biler. Iki ýagdaýda hem önüm öndürmegiň tehnologiýasy we başga önümçilik şertler ýokarda berlen buýruk boýunça kesgitlenilmeýär.

Ýekebara daýhan hojalygyndan ýeriň kärende tölegi alynmaýar-da, girdeji salgydy salynýar. Daýhan hojalygynda öndürilen önümiň hemmesi daýhana degişli. Şahsy hojalyklar – öndürilen önümiň esasynda ilatyň şahsy girdejilerini köpeltmäge, azyk önümleriniň üpjünçiligini ýokarlandyrmaga ýardam edýär.

Ylmy tehniki ösüşiň netijesinde, oba hojalygynda bazar gatnaşyklarynyň ýüze çykmagynyň, hojalygara gatnaşyklaryň çuňlaşmagynyň esasynda maddy-tehniki we pul serişdeleriniň bir ýere jemlenip, önümçiligi arkalaşyp alyp barmagyň ähmiýetini artdyrdy.

Hojalykda kooperasiýanyň görnüşleri iki, ýagny keseligine we dikligine kooperasiýa ugurlary boýunça alnyp barylýar.

**Keseligine kooperasiýa** – bu oba hojalyk kärhanalarynyň özlerinde bar bolan serişdeleri netijeli peýdalanmak üçin oba hojalygynyň belli bir pudaklarynda önümleri öndürmäge ýöriteleşdirmekde hyzmatdaşlyk etmelidir.

**Dikligine kooperasiýa** – oba hojalyk, senagat kärhanalarynyň satuwa çykarmaga taýýar önümi öndürmek maksady bilen hyzmatdaşlyk etmegidir.

Hojalykda kärhananyň keseligine görnüşi şu aşakdaky üç ugur boýunça alnyp barylýar.

| | | |
|---|---|---|
| Hojalygara gurluşyk guramasy | Oba hojalyk önümlerini öndürmek boýunça hojalygara kärhanasy (mal semrediş, iým, tohum öndürýän we başgalar); | Oba hojalyk kärhanalarynda tehniki önümçilik hyzmatlaryny edýän hojalygara kärhanasy |

*1.3-nji çyzgy.* **Hojalykda kärhananyň keseligine görnüşi**

## § 2. IÇKI HOJALYGY MEÝILNAMALAŞDYRMAGY GURAMAK

### 2.1. Içki hojalygyň meýilnamalaşdyrylyşyny guramagyň mazmuny we wezipeleri

Kärhananyň we onuň bölümleriniň durmuş-ykdysady ösüşindäki sazlaşygynyň gazanylmagyna içki hojalyk meýilnamalaşdyrylyşyny guramak diýlip düşünilýär. Önümi tabşyrmagyna döwlet sargydy, beýleki sarp edijiler bilen şertnamalar, işleriň hem-de hyzmatlaryň ýerine ýetirilmegi, şeýle hem içki hojalyk mätäçlikleri üçin önümleriň möçberi içki hojalyk meýilnamalaşdyrylyşyň esasydyr.

Oba hojalyk kärhanalarynda önümçiligiň ösdürilmegi döwletiň bähbitlerinden ugur alnyp amala aşyrylýar. Sebäbi her bir kärhananyň meýilnamasy Türkmenistany ösdürmegiň bir bütewi meýilnamasynyň bölegidir.

Häzirki şertlerde içki hojalygy meýilnamalaşdyrmagy guramagyň wezipeleri hem özgerýär, olardan iň esasylary:

– öňde goýlan önümçilik wezipelerini çözmek üçin hojalygyň önümçilik mümkinçilikleriniň doly peýdalanylmagy;

– içki hojalygyň gowy ýöriteleşmegi üçin aýry-aýry pudaklary ösdürmekde dogry proporsiýalaryň üpjün edilmegi;

– azyk önümleriniň öndürilişiniň artdyrylmagy, çig mal serişdeleriniň çuň gaýtadan işlenilmegi;

– daşary ýurt inwestisiýalarynyň, öňdebaryjy tehnologiýalarynyň we häzirki zaman enjamlarynyň çekilmegi esasynda hil taýdan täze tehniki derejede kuwwatlyklaryň we önümçilikleriň döredilmegi;

– telekeçiligi, eýeçiligiň dürli görnüşlerini ösdürmek üçin şertleriň döredilmegi;

– daşary ykdysady gatnaşyklar üçin şertleriň döredilmegi;

– oba zähmetkeşleriniň durmuş şertlerini gowulandyrmak boýunça çäreleriň işlenilip taýýarlanmagy, olar ýaşaýyş jaýlary, durmuş-medeni edaralar bilen üpjün edilmelidir.

Bazar gatnaşyklary şertlerinde şertnama borçnamalaryň ýerine ýetirilmezligi önümleri sarp edijiler üçin hem, önüm berijiler üçin hem uly ykdysady ýitgä getirip biler. Şoňa görä-de, önümçilik meýilnamasy düzülenden we şertnamalar baglaşylandan soň şertnama borçnamalaryň ýerine ýetirilmegi üpjün edilmelidir. Ykdysady jogapkärçilige häzir meýilnamaly wezipeleriň aşakdan ýokara çenli ýerine ýetirilmeginiň hökmanylygyny aňladýar, ýagny oba hojalyk kärhanalarynyň işgärleri, ýokarda durýan guramalaryň işgärleri döwlet sargydy we beýleki şertnamalar baglaşylanda öz üstlerine alan borçnamalary, meýilnamalaryň hili üçin ykdysady jogapkärçilige çekmäge borçludyrlar.

Meýilnamanyň ýerine ýetirilişiniň alnyp barlyşyna gözegçilik ýörelgesi meýilnama düzülenden soň onuň ýerine ýetirilişiniň barşyna gözegçilik boýunça guramaçylyk işiniň geçirilmelidigini aňladýar. Munuň özi kärhananyň ýolbaşçylarynyň we hünärmenleriniň jo-

gapkärçiligini ýokarlandyrýar, ýerine ýetirijileriň döredijilik işjeňligini artdyrýar. Gözegçilik netijesinde ýüze çykarylan kemçilikler düzedilýär, kärhananyň içki mümkinçilikleri has doly peýdalanylýar.

## 2.2. Içki hojalykda ulag serişdeleriniň işini guramak

Ulag serişdeleri oba hojalyk önümçiliginiň tehnologik iş yzygiderligini üpjün edýän ulgamyň aýrylmaz bölegidir. Şonuň üçin ulag serişdeleriniň önümçilige täsiri diňe ýük daşamakda çykdajylaryň ösmegi bilen çäklenmeýär. Ol ep-esli derejede hasylyň ýitmezliginiň möçberine, ýerleşdirilýän önümiň hiline, oba hojalyk maşynlaryny ulanmagyň netijeliligine, oba hojalyk işlerini ýerine ýetirmegiň kämilleşdirilmegine täsir edýär.

Agrosenagat toplumynyň emele gelmegi obýektiw şertlerde bolup geçýär. Soňky 20-25 ýylda oba hojalygynyň maddy-tehniki gory ep-esli pugtalandyryldy, onuň maşynlary, enjamlary, dökünleri, awuly himikatlary öndürýän pudaklary ep-esli ösdürildi. Içki önümçilik infrastrukturasy: ýerleriň meliorasiýasy, maşynlaryň hem-de enjamlaryň bejergisi, tehniki hyzmat ösdürildi. Daýhan birleşiklerine dürli-dürli harytlaryň gös-göni eltilmegi, enjamlary gurmak we gurnamak ep-esli merkezleşdirildi. Agrosenagat toplumynyň pudaklarynyň ulag serişdeleriniň hyzmatyny kämilleşdirmek, ýükleri öz wagtynda daşamak, agrosenagat toplumynyň sazlaşykly ösdürilmegi ähli pudaklarda ahyrky ýokarky netijeleri gazanmak üçin amatly şertleri döredýärler. Mysal üçin, iri doňuzdarçylyk toplumlarynda her günde birnäçe wagon kombinirlenen ot-iýmler eltilýär. Iri şahly mallaryň bakylýan toplumyna tomus wagty onlarça we ýüzlerçe tonna ot-iýmler eltilýär. Diýmek, şol ot-iýmleriň öz wagtynda eltilmezliginiň mallaryň ösüşine, netijede bolsa et öndürmegiň möçberlerine we onuň düşewüntliligine ýaramaz täsir etjekdigi tebigydyr.

Ulag serişdeleriniň orny täze öňdebaryjy tehnologik hadysalary we ýokary öndürijilikli toplumlaýyn mehanizasiýalaşdyryş serişdelerini ornaşdyrmak bilen baglanyşykly has-da ýokarlanýar. Sebäbi onda tehnologik we ulag serişdeleriniň işiniň özara baglylygy şertlendirilende we bolan wagtynda önümçilik hadysalaryniň ýerine ýe-

tirilmeginiň hökmany şerti ýüze çykýar. Mysal üçin, ulag serişdeleriniň işini netijeli utgaşdyrmak hemişe hasyl ýygnamagy guramagyň möhüm şerti bolýar. Emma önümçilige täze galla orýan we pagta ýygýan maşynlary ornaşdyrmak ulag serişdelerine bolan goşmaça talaby döretdi, ýygym we ulag serişdelerini ulanmagyň has netijeli usuly bolan toparlaýyn ulanmak usulyny ulanmagyň möhümligi ýüze çykdy. Hasyly daşamakda ulag serişdelerini toparlaýyn ulanmak, onuň öndürijiligini ortaça 20-25% ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär. Ulag  serişdeleri hadysasynyň häsiýetli aýratynlygy ýükleri we adamlary daşamakdan alynýan peýdaly netijäniň ulanylýan ulag serişdeleriniň görnüşleri bilen aýrylmaz bagly bolmagydyr. Her bir oba hojalyk kärhanasynda ulag serişdelerini mümkingadar doly ulanmagy göz öňünde tutmak peýdalydyr. Galyberse-de, ulag serişdeleriniň dürli-dürli görnüşleri, kada bolşy ýaly, bir-biriniň üstüni ýetirýärler, munuň özi bolsa olary netijeli işletmegi üpjün edýär.

Oba hojalygynda ulag serişdeleriniň esasy görnüşleri awtomobiller we traktorlardyr. Oba hojalyk kärhanalarynyň awtomobil serişdeleri dürli-dürli oba hojalyk we senagat ýüklerini gapsyz daşamak üçin niýetlenen ýük awtomobillerini we olara degişli tirkeg düzümini öz içine alýar. Awtomobil ulagy has netijeli ulagdyr. Onuň ýokary derejede öwrümliligi bar. Bu bolsa ýükleri eltmeli ýerlerine az harajatlar bilen eltmäge mümkinçilk berýär.

Oba hojalygynda dürli-dürli ýükleriň 250-den gowrak görnüşleri daşalýar. Olar özleriniň fiziki-mehaniki häsiýetleri, möçberleri, ýüklenişiniň we düşürilişiniň usullary boýunça tapawutlanýarlar. Ýükler özleriniň aşakdaky alamatlary boýunça klaslara bölünýärler:

1. Ähli ýükler ulag serişdeleriniň ýük göterijiligini peýdalanmagyň koeffisiýentine baglylykda bäş klasa bölünýärler, şoňa baglylykda bolsa ýük daşamagyň bahalary guralýar:

– birinji klasa daşalanda ulag serişdeleriniň ýük göterijiligi doly ulanylýan ýükler degişlidir (ýük göterijiliginiň peýdaly koeffisiýenti bire deňdir);

– ikinji klasa ýük göterijiliginiň peýdaly koeffisiýentini 0,99-dan 0,71-e çenli üpjün edýän ýükler degişlidir;

– üçünji klasa ýük göterijiliginiň peýdaly koeffisiýenti 0,7-den

0,51-e çenli peýdalanmagy üpjün edýän ýükler degişlidir;

– dördünji klasa ýük göterijiliginiň peýdaly koeffisiýenti 0,5-den 0,41-e çenli üpjün edýän ýükler degişlidir;

– bäşinji klasa ýük göterijiliginiň peýdaly koeffisiýentini 0,4-den pes üpjün edýän ýükler degişlidir.

2. Ýükleri ýüklemegiň-düşürmegiň we daşamagyň usuly. Ýükler ornaşdyrylýan, gapgarylýan, çeküwsiz we suwuk bolup bilerler. Şuňa baglylykda ýörite awtomobillere, samoswallara (özi agdarýan), awtosisternlere bolan isleg kesgitlenýär.

3. Ýükleri daşamagyň gyssaglylygy. Ýükleri daşamagyň möhletlerini we ulagy peýdalanmagyň möwsümliligini gysgaltmak meýilnamalaşdyrylanda tiz zaýalanýan ýükleri (gök önümler, süýt, ir-iýmişler we beýl.) we ýylyň dowamynda daşap boljak ýükleri (mineral we organiki dökünleri, gurluşyk materiallary we başg.) göz öňünde tutmak gerekdir.

4. Köpçülikleýin daşalýan ýükler. Köpçülikleýin daşalýan ýükleri orta we uly ýük göterijilikli ulag serişdeleri bilen köp möçberde daşamak üçin gerekli şertleri döretmelidir. Ownuk möçberlerde daşalýan ýükler üçin (ätiýaçlyk şaýlar, dermanlar, senagat we azyk önümleri we beýl.) az tonnaly awtomobiller ulanylýar.

5. Ýükler fiziki we mehaniki häsiýetleri boýunça gaty, suwuk (ýarym suwuk) we gaz halyndaky görnüşlere bölünýär. Oba hojalyk önümleriniň köpüsi gaty halyndaky ýüklere degişlidir.

6. Ýüklenende, düşürilende we daşalanda howplulygy boýunça ýükler az howplulara we howplulara bölünýär. Mysal üçin, howply ýükler, bular benzin, kerosin, hek, kislota, gazlar we ş.m. Oba hojalyk ýüklerini daşamak esasan iki topara bölünýär: içerki hojalyk we içerki hojalykdan daşary daşalýan ýükler. Içerki hojalyk ýük daşamalary öz nobatynda, meýdanlardan daşalýan (hasyly meýdandan daşamak) we ilatly ýerleriň çäginde (hojalygyň ilatly ýeriniň içinde, mal fermalarynda) daşalýan ýüklere bölünýär. Hojalykdan daşary ýük daşamalar döwlet kabul ediş, gaýtadan işleýän ýerlere oba hojalyk kärhanalaryndan ekerançylyk we maldarçylyk öňümlerini, hojalyga tohumlary, mineral dökünleri, ýangyç-çalgy materiallary we beýlekileri daşamagy öz içine alýar.

## 2.3. Hojalykda içki hojalyk hasaplaşygyny we kärende gatnaşygyny guramak

Önümçilik şertinde hojalykda bir bölüm hemişe başga bir bölüm bilen özara gatnaşykda bolýar, wezipe gullugyny ýerine ýetirýän adminstrasiýa gullugy gözegçilikde durýar. Şeýlelikde, her bir daýhan birleşikde içki hojalyk ykdysady mehanizmi döredilýär.

Içki hojalyk hasaplaşygyny meýilnamalaşdyrmagy guramak esasy usullaryň biri bolup, ol bölümlerde önümçiligi alyp barmaga kömek edýär.

Içki hojalyk hasaplaşygyny girizmegiň maksady bölümlerde önümçilik mümkinçiliklerini ulanmagy gowulandyrmak, önümçiligi ýokarlandyrmak we olaryň hilini gowulandyrmak. Hojalyk hasaplaşygynda işleýän kärende köpçüligi öz-özüni dolandyrmagyň esasynda şeýle meseleleri çözýär: işgärleriniň düzümini doldurmak, önümçilik wezipesini işläp düzmek, zähmeti we önümçiligi guramak.

Içki hojalyk hasaplaşygynda işleýän bölümleri häsiýetlendirýän alamatlar:

a) Bölümlerde hemişelik ýeri, mallaryň görnüşlerini we toparyny, önümçilik serişdelerini, işçi güýjüni berkitmek;

b) Önümçilikde önümleri öndürmek (işleri ýerine ýetirmek) üçin ýyllyk, çärýeklik, aýlar boýunça meýilnamalaryň bolmagy, harajatlaryň çägi;

ç) Bölümleriň arasyndaky arabaglanyşyk, höweslendirmek esasynda we hojalyk görkezijileriniň jogapkärçilik ulgamy;

d) Işleri kärende esasynda guramak;

e) Önüm öndürmek we harajatlar barada yzygider hasabat ýöretmek, kadalaşdyryjy hasap ulgamyny girizmek we harajatlara gözegçilik etmek.

Häzirki zaman jemgyýetinde önümçiligi ösdürmek üçin maddy-tehniki, zähmet we maliýe serişdelerini doly we dogry peýdalanmak zerurlygy ýüze çykýar. Onuň ygtybarly çesmesi bolan içki hojalyk hasaplaşygynyň düzgüni aşakdaky bölümlerden ybarat:




*2.1-nji çyzgy.* **Önümçiligi dogry peýdalanmak**

## I. Maksady we düzgünleri

Içki hojalyk hasaplaşygynyň maksady bellenen mukdarda az harajat bilen ýokary hilli önüm öndürmek. Onuň düzgünleri doly hojalyk hasaplaşygyndaky ýaly.

## II. Bölümleriň, önümçilik birlikleriniň düzümi

Hususyýetçilik şertinde içki hojalyk bölüm – özbaşdak bölünen önümçilik hojalyk-tehnologiki birlik bolup, önüm öndürmäge, hyzmat etmäge, işi ýerine ýetirmäge niýetlenen mydamalyk işçi güýçli, ýerli, suwly, serişdeli önümçilik birligidir. Ol hasaplaşyk, meýilnamalaşdyryş, jogap beriji, jerime töleýji, gyzyklandyryş, barlaýyş, tygşytlaýjy obýektdir.

Aýratyn hem hususyýetçilik şertinde hojalyk hasaplaşyk bölümlerine girýänler aşakdakylardyr:

– fermalar;
– sehler;
– zwenolar;
– brigadalar;
– önümçilik birligi;
– bölümler;

– awtogaraž;
– münülýän mallar;
– iş mallary;
– jemagat hojalygynyň gurluşyk brigadalary;
– senetkärçilik;
– awçylyk;
– kömekçi önümçilik;
– bejergi ussahanasy;
– ulag, suw hojalygy;
– energetika obýektleri.

Hususyýetçilik ýagdaýynda bölümleriň, önümçilik birlikleriniň özara gatnaşygy birek-birege peýdaly, maddy höweslendirme esasynda, jogapkärçilik esasynda guralýar.

Bölümler, birlikler gowy hilli önüm öndürmekde, ony daşamakda, zaýasyz saklamakda, öz wagtynda bellenen sortlar boýunça öndürmekde, bellenen hil talabyny üpjün etmekde, bellenen şertleri, hyzmatlary, işleri ýerine ýetirmekde bir-biriniň öňünde jogap berýärler.

Iş beriji, buýrujy öz gezeginde bölümleriň, önümçilik birliginiň öňünde maddy-tehniki, çig mal serişdeleri, işçi güýjüni, serişde bilen üpjünçiligini, maddy höweslendirmegi, aýlyk hakyny tölemegi öz üstüne alýar.

**Bölümleriň önümçilik birliginiň funksiýasy**

– şertnama baglaşýar;
– ýyllyk hasaplaýyş işini işläp düzýär;
– welaýata degişli kada esasynda işgäre mal berkitmek, hyzmat etmek, işi ýerine ýetirmek kadasyny işläp düzýär;
– işgärleriň tehnologik, ýerine ýetirijilik tertip-düzgüni esasynda borçlaryny kesgitleýär;
– gerek bolsa işiň tehnologiýasyna, zähmeti guramagyň dürli görnüşlerine düzediş girizýär;
– önümçilikde hasap ýöredýär, barlag geçirýär;
– tygşytlylygy üpjün edýär;
– önümçiligi kämilleşdirýär.

Netijeli hojalyk hasaplaşygy işgärleriň soňky gazanjak netijesine täsir edýär. Şonuň üçin bölümleriň işine baha berlende baha beriji

görkezijiler takyklanýar. Şonda umumylaşdyrylan bir görkeziji bilen baha bermelimi ýa-da işgärleriň işiniň hemme tarapyny häsiýetlendirýän birnäçe görkezijini ulanmalymy? – diýen sowal ýüze çykýar.

Haçan-da bir umumylaşdyrylan görkeziji bilen baha berilse iş ýeňilleşýär, birnäçe kemçilikleriň düzelmegine getirýär. Şonda: birinjiden, bölümlerde ähli çykdajylary takyk hasaba almak zerur, ikinjiden, baýragyň çäklendirilen möçberi umumylaşdyrýan görkeziji bolup çykyş edýär, göni çykdajynyň tygşytlylygy üçin berilýän baýragyň ähmiýeti güýçlenýär.

**Iň esasy we soňky netije** – munda diňe bir gowy netije üçin baýrak berilmän, eýsem erbet netije üçin jerime tölemeli, ol hem esasy zatdyr.

***Bölümleriň işine baha berlende aşaky görkezijiler ulanylýar***




*2.2-nji şekil.* **Bölümleriň işine baha berlişi**

Hasaba alnan önüm – bu umumy önümiň pul görnüşindäki gymmaty. Şondan aýrylýar:

– artykmaç harç edilen serişde;

– tygşytlanan serişde.

Şondan soňky galan bölegi – hasaba alnan önüm hasap edilýär.

Umumy girdeji – bu umumy önümden maddy çykdajynyň aýrylmagydyr:

$$U_g = U_ö - M_ç,$$

bu ýerde:

$U_g$ – umumy girdeji, manatda;

$U_ö$ – umumy önüm, manatda;

$M_ç$ - maddy çykdajy.

10. Sargyt № 2800

**Hasaplanan arassa girdeji** – Umumy girdejiden ($U_g$) maddy çykdajy ($M_ç$) aýrylan dagalan bölegidir = arassa girdeji ($G_a$): $G_a=U_g-M_r$. Içki hojalyk hasaplaşygynda ýeke-täk meýilnama bahany kesgitlemek. Içki hojalyk «hasapçasyny» (sennik) düzmek üç sany işi takyk ýerine ýetirmekden ybarat:

– haryt-maddy gymmatyny takyklamaklyk;
– hyzmaty takyklamaklyk;
– işi takyklamaklyk.

**Ýeke-täk meýilnama baha** – köplenç harydyň nyrh sanawy (preýskurant) bahasynyň üstüne aşakdaky çykdajylar goşulýar:

– satyn almakdan çykdajy;
– harydy getirmek üçin çykdajy;
– hojalykda öndürmek üçin çykdajy;
– saklamak üçin çykdajy;
– düşürmek we ýüklemek üçin çykdajy.

Bu bahanyň zerurlygy içki hojalyk hasaplaşygynda işleýän bölümler üçin çykdajynyň çägini (limitini) kesgitlemäge gerek.

Ýeke-täk meýilnama bahasyny kesgitlemek üçin her aýyň galyndysyny almaly, ol hem 2-3 ýyllyk bolmaly. Azyndan 3 ýyllyk, aýlyk maglumaty goşup, ony aýlaryň sanyna paýlamaly. Şonda maddy gymmatyň ortaça bahasy tapylýar.

Hojalygyň şu ýylky özünde öndürilen harytlarynyň bahasy edilip şol önümiň meýilnamalaşdyrylan gymmaty alynýar, ýerine ýetirilen hyzmaty bolsa, şol işiň harç edilen *1tonna/km*-niň, *1kW/sagadyň* özüne düşýän gymmaty alynýar. Şonuň üçin bu baha her ýyl üýtgeýär.

Ähli harytlaryň, hyzmatlaryň bir depdere ýygnalan meýilnama bahasy ähli önümçilik birleşmelere, bölümlere, ykdysatçylara, ammarlaryň müdirlerine berilýär.

*Hojalykda öndürilen ot-iýmleriň ýeke-täk alýan-hasap bahasy.* Görnüşiň çykdajysynda ot-iýmiň tutýan orny uly, ýylyň dowamynda özünde öndürilen ot-iým hem ulanylýar. Şonuň üçin ot-iýmiň her görnüşi boýunça bu baha kesgitlenýär.

*2.1-nji tablisa*

***Nägilelikler we tassyklamalar***

| Nägileligiň mazmuny | Tassyklaýan resminama | Jogapkärçiligiň göwrümi we görnüşi |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| Sürümiň çuňlugy ýüzleý | Pagtaçylyk çuňlugy – 23 sm bolmalysy – 28 sm | Çekilen zyýany töletmeli |
| Tohumyň kondision görkezijisi pes | TDS-iň talabyna gabat gelmeýär | Tohumy gaýtarmaly, laýyk gelýän tohumy ekmeli |
| Defoliasiýa | Pagtanyň ýapragy düşmeýär, tehnologiýa bozlan | Çykdajyny töletmeli |
| Berilýän bede hümmetsiz | Gara maldarçylyk III-klasdan bolmalysy I-klas | Jerime töletmeli |
| Iýmitiň düzüminde belok ýetmeýär | Organoleptiki baha bermegiň netijesi | Jerime töletmeli |
| Süýt azalýar | Iýmitiň düzüminde gök ot ýetenok | Berk käýinç berip, ýagdaýy düzetmeli |

## § 3. DAÝHAN HOJALYKLARYNDA AÝLYK HAKLARYNY GURAMAK

### 3.1. Türkmenistanyň daýhan birleşikleri we olary dolandyrmagy guramak

Türkmenistanyň daýhan birleşikleri hakyndaky kanunda daýhan birleşigine şeýle kesgitleme berilýär: daýhan birleşigi – oba hojalyk önümçiligini guramak üçin döredilýän we gatyşyk eýeçilige esaslanýan edara görnüşli tarapdyr.

### *Daýhan birleşiginiň wezipeleri*

Daýhan birleşiginiň esasy wezipeleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:

– oba hojalyk önümlerini öndürmek, gaýtadan işlemek we ýerlemek;

– öz emläginiň we ygtyýarlyklarynyň çäklerinde oba hojalyk önümçiligini netijeli guramak;

– oba hojalyk önümleriniň esasy görnüşleri boýunça şertnamalaýyn borçnamalary ýerine ýetirmek;

– özüne berkidilen ýerleri we beýleki tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmak esasynda giňeldilen üznüksiz önümçiligi alyp barmak;

– öz önümçilik we maddy-tehniki binýadyny ösdürmek hem-de pugtalandyrmak, oba hojalyk önümçiligine ylmy-tehniki ilerlemäniň, öňdebaryjy tejribäniň gazananlaryny we täze tehnologiýalary ornaşdyrmak, oba hojalyk çig malyny gaýtadan işlemek boýunça işe girizilen desgalary netijeli peýdalanmak hem-de onuň esasynda taýýar önümleri öndürmek;

– oba hojalygynda önümçilik we zähmet bileleşmesini, oba hojalyk senagat goşulyşmasyny ösdürmäge ýardam edýän guramaçylyk-ykdysady çäreleri durmuşa geçirmek;

– obada ýerli çig maly we önümçiligiň galyndylaryny gaýtadan işleýän kärhanalaryň, sehleriň ulgamyny ösdürmek, ýyladyşhanalary we oba ilatyna hyzmat etmek boýunça beýleki birleşmeleri gurmak arkaly täze iş orunlaryny döretmek;

– oba ilatynyň zähmet we durmuş şertlerini gowulandyrmak.

### *Daýhan birleşigindäki işiň ykdysady esasy*

1. Daýhan birleşiginiň işiniň ykdysady esasy şu aşakdakylardan ybaratdyr:

– döwlet tarapyndan peýdalanmaga berilýän ýer, esasy gaznalar we beýleki emläkler;

– pul serişdeleri we beýleki maliýe aktiwleri;

– hojalyk işiniň netijesinde öndürilen önümler;

– alnan girdejiler;

– kanunda gadagan edilmedik esaslarda edinilen beýleki maddy gymmatlyklar;

2. Döwlet tarapyndan daýhan birleşigine berlen ýer, esasy gaznalar we beýleki emläk degişlilikde peýdalanmak we hojalygy ýöretmek hukugynda oňa degişlidir hem-de olar bölünmäge degişli däldir.

3. Daýhan birleşiginiň öz serişdeleriniň hasabyna edinen maddy gymmatlyklary, alan girdejileri, şeýle hem birleşigiň ygtyýarynda galýan önüm onuň eýeçiligine degişlidir.

### *Daýhan birleşigindäki işiň maliýe esasy we karz gatnaşyklary*

1. Daýhan birleşiginiň maliýe serişdeleri kärendeçileriň we beýleki önüm öndürijileriň hem-de ýerden peýdalanyjylaryň girdejilerinden Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenýän möçberlerde geçirimleriň, şeýle hem öz işiniň ähli görnüşlerinden, karzlaryndan, ssudalaryndan we Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik beýleki gelip gowuşýan ähli girdejileriň hasabyna döredilýär.

2. Daýhan birleşigi özüne degişli maliýe serişdelerini özbaşdak peýdalanýar we hasaplaşyklar boýunça borçnamalaryň öz wagtynda ýerine ýetirilmegini üpjün edýär.

3. Daýhan birleşigi giňeldilen üznüksiz önümçiligi maliýe taýdan üpjün etmäge niýetläp, öz girdejileriniň hasabyna ýörite maksatly önümçiligi ösdüriş, durmuşy ösüş we ätiýaçlyk gaznalaryny döretmäge haklydyr.

4. Salgytlary, şeýle hem beýleki hökmany tölegleri tölemek Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.

5. Daýhan birleşigi özüniň durmuşy ösüş, ätiýaçlyk gaznalaryndan Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kesgitlän tertibinde geňeşligiň çägindäki obalarda durmuş-jemagat maksatly desgalaryň gurluşygyny we abatlanylmagyny maliýeleşdirmäge niýetlenen serişdeleri degişli Geňeşiň hasabyna bölüp berip biler.

### *Daýhan birleşiginiň hojalyk işini guramak*

1. Daýhan birleşigi öz işiniň ugruny özbaşdak saýlaýar we ony öz ösüşiniň geljegini hasaba almak bilen esasy oba hojalyk önümini öndürmek we satyn almak üçin şertnamalaýyn borçanamalara laýyklykda meýilleşdirýär.

2. Degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary şertnamalaýyn borçnamalary ýerine ýetirmek üçin daýhan birleşikleriniň tehniki hyzmatlar, dökünler, suw serişdeleri, beýleki zerur serişdeler bilen bellenilen tertipde tölegli esasda üpjün edilmegini guraýarlar.

3. Daýhan birleşigini suw, tohum, dökün, himikatlar, ýerleri işläp beşermek we hasyly ýygnamak işlerini tehnika bilen üpjün etmekde hyzmat edýän guramalar şertnamalaýyn borçnamalaryň öz wagtynda we doly möçberde ýerine ýetirilmedik halatynda, şonuň ýaly-da, daýhan birleşikleri hem hyzmat edýän guramalaryň işine bökdençlik döreden halatynda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde jogapkärçilik çekýärler.

4. Daýhan birleşigi ýeri, maly we beýleki serişdeleri birleşigiň agzalaryna Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan şertlerde we tertipde kärendesine bermäge haklydyr.

5. Daýhan birleşiginiň şahsy we edara görnüşli taraplar bilen hojalyk-önümçilik gatnaşyklary şertnamalaýyn esasda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde amala aşyrylýar.

6. Daýhan birleşiginiň batyp galmagy diýlip ykrar edilmeginiň ýa-da yglan edilmeginiň esaslary «Batyp galmak hakynda» Türkmenistanyň kanuny tarapyndan kesgitlenilýär.

7. Daýhan birleşikleri umumy maksatlara ýetmek üçin öz islegleri boýunça beýleki kärhanalaryň işine paýly esasda gatnaşyp bilerler, şunda daýhan birleşikleri edara görnüşli tarapyň hukuklaryny we borçlaryny saklaýarlar.

### *Daýhan birleşigini dolandyrmagyň esaslary*

1. Daýhan birleşigi Türkmenistanyň daýhan birleşikleri hakyndaky kanunyna, beýleki kanunçylyk namalaryna we daýhan birleşiginiň Tertipnamasyna laýyklykda dolandyrylýar.

2. Daýhan birleşigini dolandyryjylar şu aşakdakylardyr:

– daýhan birleşiginiň agzalarynyň umumy ýygnagy;

– daýhan birleşiginiň Topary;

– daýhan birleşiginiň başlygy;

3. Daýhan birleşigini dolandyryjylaryň hukuklary we borçlary Türkmenistanyň daýhan birleşikleri hakyndaky kanuny, beýleki

kanunçylyk namalary we daýhan birleşiginiň Tertipnamasy bilen kesgitlenilýär.

4. Oba hojalyk önümçiliginiň görnüşleri we ugurlary boýunça ýöriteleşdirilen daýhan birleşiklerini dolandyrmak we olaryň hojalyk işini guramak Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanan düzgünlere laýyklykda amala aşyrylýar.

***Daýhan birleşiginde zähmeti guramak***

1. Daýhan birleşigi zähmeti we önümçiligi guramagyň görnüşlerini özbaşdak belleýär.

2. Daýhan birleşigini dolandyryjylar bilen onuň agzalarynyň zähmet gatnaşyklary Türkmenistanyň zähmet hakyndaky kanunçylygy bilen düzgünleşdirilýär.

3. Daýhan birleşigi öz agzalarynyň zähmetine hak tölemegiň görnüşlerini we tertibini olar bilen baglaşylan zähmet şertnamalaryna laýyklykda kesgitleýär.

## 3.2. Zähmete hak tölemegiň esasy ugurlary (prinsipleri), tarif ulgamy we onuň elementleri

Bazar ykdysady gatnaşyklaryna geçilmegi bilen agrosenagat toplumynda oba hojalyk işgärleriniň maddy taýdan höweslendirilmeginiň ähmiýeti artýar. Aýratyn-da, hojalyklaryň doly hojalyk hasabyna geçmekligi muňa esas bolup durýar. Oba hojalygynda işgärleri maddy taýdan höweslendirmek şu aşakdaky ugurlara görä guralýar:

– sarp edilen zähmete we onuň hiline göra hak tölemek ýörelgesi zähmetiň dowamlylygyny, depginini we çylşyrymlylygyny nazara alyp, zähmete hak tölemegi guramagy aňladýar;

– zähmet hakynyň we öndürijiligiň dogry ösmek ýörelgesi zähmet öndürijiliginiň zähmet hakyna görä ösüşiň bolmalydygyny aňladýar;

– zähmete hak tölemegiň möçberi her bir işgäriň, işgärler köpçüliginiň, kärhananyň işleýşine bagly bolmagy maddy taýdan höweslendirmek ýörelgesi bolup durýar.

– zähmete hak tölemekde özbaşdaklyk ýörelgesi Türkmenistan-

da kärhanalar hakyndaky kanuna laýyklykda kärhanalarda hak tölemegiň görnüşlerini, ulgamlaryny we möçberini, şeýle hem işgärleriň girdejileriniň beýleki görnüşlerini özbaşdak belleýänliginden ybaratdyr.

Zähmete hak tölemegi guramagyň elemenlerini kämilleşdirmek maddy taýdan höweslendirmegiň netijeliligini ýokarlandyrmagyň girewi bolup durýar. Maddy taýdan höweslendirmegi we zähmete hak tölemegi dogry guramak üçin zähmetiň mukdar ölçegini bilmeli.




*3.1-nji çyzgy.* **Zähmete hak tölemegi guramak**

Zähmetiň kadasy – bu islendik toparlardaky işçilere dogry hak tölemegi guramagyň esasydyr hem ýekelikdäki we köpçülikleýin zähmetiň netijeliliginiň ölçegidir. Zähmeti kadalaşdyrmagyň ähmiýeti zähmete köpçülikleýin hak tölemegiň görnüşleriniň girizilmegi bilen has-da artýar. Tarif ulgamynyň höweslendiriji häsiýeti tarif zähmet hakynyň ýa-da bellenilen aýlyk hakynyň ýerine ýetirilen işe, zähmet gatnaşygyna gönüden-göni bagly bolup durýanlygydyr. Şeýle baglanyşyk bolsa zähmete hak tölemegiň dürli-dürli görnüşleri we zähmet haklary arkaly gazanylýar. Tarif ulgamy – esasy zähmet hakynyň onuň hiline görä mukdaryny kesgitlemäge mümkinçilik berýän usullaryň we görkezijileriň jemidir. Ol üç elementden: tarif ulgamyndan (torundan), tarif hakyndan we işleri tarifikasiýalaşdyryş sprawoçniginden ybarat. Tarif goýumy - bu işçileriň hünär derejesi bilen zähmet hakynyň arasyndaky baglanyşygy häsiýetlendirýän tarif razrýadlarynyň we tarif koeffisiýentleriniň şkalasydyr. I razrýadyň koeffisiýenti I-e deň we ol iň pes hünärlilik talap edýän işleriň toparyna degişli. II razrýadyň we ondan ýokary razrýadyň koeffi-

siýentleri, şol razrýadlara degişli işleriň zähmet hakynyň I razrýada görä näçe esse köplügini görkezýär. Oba hojalygynda 3 sany alty razrýadly tor ulanylýar: 1) traktorçy-maşinistlere hak tölemek üçin, 2) maldarçylykda we el güýji bilen ýerine ýetirilýän işlere hak tölemek üçin, 3) bejergi-gurluşykda we oba hojalygynda hyzmat edýän pudaklarda hak tölemek üçin. Tarif ulgamynyň görkezijileri (VI razrýad bilen I razrýadyň koeffisiýentleriniň tapawudy) traktorçy-maşinistlere önüm üçin 0,94-e (1,94-1,00), awans bermek üçin bolsa 0,69-a deň (1,69-1,00). Tarif goýumy – bu işgäre wagt birligine (sagat, iş güni ýa-da smenasy, aý) tölenýän zähmet hakynyň kadasy. Sagatlaýyn tarif stawkasy gurluşykda, bejeriş ussahanalarynda işleýänlere we oba hojalyk işgärlerine hak tölenende ulanylýar.

## 3.3. Zähmete hak tölemegiň görnüşleri we ulgamlary

Oba hojalyk kärhanalarynda zähmet haky iki bölekden: esasy we goşmaça bölekden ybarat. Zähmet harajatlaryna bellenilen kada boýunça hak tölemäge esasy zähmet haky, oňat işe sylaga zähmet hakynyň goşmaça bölegi diýilýär. Ýerine ýetirilen işe hak tölemek birnäçe görnüşlere bölünýär. Zähmete baha kesmegiň usulyna baglylykda olara ýönekeý, progressiw we akkord hak töleýiş diýilýär. Ýönekeý hak tölemekde her bir ýerine ýetirilen işe ýa-da öndürilen önüme bellenilen kadanyň ýerine ýetirilendigine garamazdan birmeňzeş hak tölenýär. Akkord hak tölenilişinde, zähmete hak her edilen işe aýratyn däl-de, belli bir edilen işleriň toplumyna tölenilýär. Wagta görä hak tölemegiň dürli görnüşleri bolmaýar we her sagatda, smenada, iş gününde ýa-da aýyna hak tölenilýär. Oba hojalyk kärhanalarynda zähmete hak tölemegiň şu aşakdaky ulgamlary ulanylýar:

– iş wagtyna-baýrakly, ýerine ýetirilen işe-baýrakly, akkord-baýrakly we umumy girdejä görä hak tölemek ulgamlary;

– iş hakyna-baýrakly hak tölemek ulgamy esasan ýerine ýetirilen işiň mukdaryny kesgitläp bolmaýan mahalynda ulanylýar.

Kärende we fermer hojalyklaryň şertinde önümçilik birligi hojalyk hasaplaýyş ýumuşy boýunça şertnamadaky bellenen borçlar esasynda öz işini guraýar. Oňa esas bolup:

– öndürmeli önüm;
– etmeli iş;
– ýerine ýetirmeli hyzmat;
– çykdajy kadasy;
– işi ýerine ýetirmek üçin kesilen baha hyzmat edýär.

Şeýlelikde, bar bolan ähli mümkinçilikden, serişdelerden, çig maldan, hereket edýän tehnologiýadan ugur alynýar.

Belli bir ekin üçin, mal üçin, malyň görnüşi üçin ýerine ýetirmeli işiň ýa-da hyzmatyň görnüşi üçin çykdajy bellenende iş birligine, önüm birligine maddy-tehniki serişdeleriň çykdajy kadalaşdyryjylaryndan (normatiwlerinden) ugur alynýar. Şonda şu çykdajylar belli edilýär:

– zähmet çykdajysy, adam (sagatda);
– aýlyk çykdajysy, man.;
– tohum, iým, kg, man.;
– zäherli himikatlar, gerbisitler, man.;
– ýüzleý bejergi, sany, man.;
– köpeliş tölegi, man.;
– önümçilige goşmaça hyzmat;
– awtogaraž we traktor parkyň çykdajylary;
– bejeriş ussahanasynyň çykdajylary;
– energiýa, ýangyç çykdajylary;
– ownuk gurallary, arzan baha serişde çykdajylary;
– kiçi hyzmat ediji işgärleriň aýlygy.

Önümçilik birligi bölümi işiň möçberi esasynda, iş hadysalarynyň görnüşi esasynda gerek traktorlary, maşynlary, tohumy, dersi, suwy, döküni, iş birligine çykmaly zähmet çykdajysyny özi takyklaýar.

Düzülen kada şu aşakdaky ýagdaýlarda üýtgeýär:

– tehnologiýa üýtgese;
– zähmeti guramagyň täze görnüşine geçilse;
– serişde üpjünçiligi berjaý edilmese.

Bölümleriň, önümçilik birlikleriň çykdajysy üçin bellenen pul serişdeleri. Harajatlar üçin bellenen pul serişdeleri ýyl, aý, ýarym ýyl, çärýek, döwür, möwsümler üçin işlenip taýýarlanylýar.

**Maldarçylykda çykdaýjy** pul serişdeleri – aý-iýmlik görnüşleri boýunça, aýlyk haky, ulag serişdeleriniň ýerine ýetiren işi, zoowe-

terinariýa çäreleriniň görnüşleri boýunça, mallaryň iýmit görnüşleri (rasiony), mallary işgärlere berkitmek boýunça alnyp barylýar.

**Awtogaražda çykdajy** pul serişdeleri – bejergi işleriniň meýilnamasy, ýük ýüklemek, daşamak, maşynlaryň ýükli we ýüksiz geçmeli ýoly, işlemeli maşynlaryň sany hakyndaky maglumat gerek. Ýokarky maglumatlar esasynda çalynýan ýaglaryň we ýakylýan ýangyjyň mukdary, maýda (ýüzleý) bejerişiň çykdajy pul serişdeleri we başgalardyr.

**Ekerançylykda çykdajy** pul serişdeleri – ekin dolanyşygy, ekiş, sürüm işleri, ders dökmek, mineral dökünleriň çäkliligi, boş ýerleri dolanyşyga salmak hakyndaky maglumatlary, kadalaşdyryjy resminamalardan peýdalanyp çäk (limit) düzülýär, şonda tehnologiýa kartasynyň maglumatlary göz önünde tutulýar.

Şeýle pul serişdeleriniň çykdajylary hemişelik we wagtlaýyn işleýän işgärler üçin düzülýär. Çykdajylaryň görnüşleri boýunça çäkler pul görnüşinde düzülýär. Ilkinji nobatda, oňa dizel, nebit, gaz, iým, tohum, dökün, suw, elektrik energiýasy we ş.m. degişli. Önümçilikde ýagdaýyň üýtgeýänligi sebäpli, çäkler hem üýtgäp bilýär, şonda artdyrylan çägiň mukdary kesgitlenýär.

## Bölümlerde şertnama düzmek

Şertnamanyň giriş bölüminde taraplaryň ady, familiýasy, wezipesi, poçta salgylary we ş.m. bellenýär.

**Şertnamanyň maksady** bölüminde görkezilen mallardan önümlilik, bellenilen ekin meýdanlaryndan hasyllylyk, öndürilen önümiň möçberi, şol sanda şular takyklanýar:

I sort-*s* (haýsy wagtda);
II sort-*s* (haýsy wagtda);
III sort-*s* (haýsy wagtda);
IV sort-*s* (haýsy wagtda).

Şertnamanyň talaplaryň borçlary bölüminde işi ýerine ýetirmekdäki borjy wagtynda ýerine ýetirmeseň çekmeli jerimäň bellenýär. Maldarçylykda we ekerançylykda ähli işleri agrotehnikanyň we zooweterinariýanyň düzgüni boýunça bellenen möçberde we bellenen sortda berjaý etmek, işi ýokary hilli guramak, tehnologiýa kartasynyň talabyna laýyk getirmek hökmandyr.

**Iş buýrujynyň borjy:** Maddy - tehniki serişdeler bilen üpjün etmek, medeni hyzmat etmek, bölümleriň güýji ýetmeýän işine kömek bermek we başgalar.

Bellenen çäre wagtyndan gijikdirilse degişli çäre görmek.

Aýlyk haky soňky netijä bagly bolmaly.

**Hasaba almak:**

Hojalyk hasaplaşygynda işleýänler edýän işlerini, öndürýän önümini hasaba almaly. Önüm öndürmek üçin çykan çykdajy hakyky satylan baha bilen kesgitlense, onda maddy gymmatlyklaryň bahasy meýilnama baha bilen kesgitlenmelidir.

**Işgärleri maddy höweslendirmek:**

Ol görkeziji maddy-höweslendiriş gorundan we beýleki çeşmelerden amala aşyrylýar.

**Baýrak bermek:**

Önümçilikde önüm kadadan artyk öndürilen bolsa, özü-de ýokary hilli önüm öndürilen bolsa, onda artykmaç öndürilen önümiň bahasyndan 20%, kähalatlarda 30% baýrak berilýär.

Önümçilik ýumşunda bellenen göni harajatlary tygşytlany üçin tygşytlanan serişdäniň 70%-e çenlisi baýraga goýberilýär. Baýragyň umumy möçberi 41,7%-den ýa-da ýyllyk aýlygyň ortaça möçberiniň 50%-inden ýokary geçmeli däl.

## § 4. FERMER HOJALYGYNY GURAMAK WE OBA HOJALYK KÄRHANALARYNYŇ ÝÖRITELEŞDIRILIŞI

### 4.1. Fermer hojalygynyň döremeginiň ykdysady ähmiýeti we onuň meýilnamasy

Fermer- diňe bir ýerli, suwly daýhan bolman, eýsem önüm öndürer ýaly, ony gaýtadan işlär ýaly, ýöriteleşen maşynly-mehanizmli işgärdir. Fermer hojalygyny döretmek üçin oňat ykdysatçy bolmaly, öwrülişikden, guramaçylykdan, dolandyryş we hukuk meselelerinden baş alyp çykmaly.

***Fermer bolmak üçin şu resminamalar gerek:***




*4.1-nji çyzgy.* **Fermer bolmak üçin gerekli resminamalar**

Fermeriň bu bölüme sübhelenip garaýanlygyna seretmezden, meýilnamalaşdyrmagyň zerurlygy ýüze çykýar. Meýilnamalaşdyrmak şu aşakdaky üç faktordan ybaratdyr:

a) Adamlaryň (ýa-da guramalaryň) öz islegleri boýunça abatlandyrmagy.

b) Serişdeleriň (ýa-da resurslaryň) bu islegleri kanagatlandyrmak üçin ýeterlik bolmazlygy.

ç) Hakyky bar bolan serişdeleriň dürli hili peýdalanylmagy.

Şeýlelikde, fermer (menejer) şu aşakdakylaryň ähmiýetine gowy düşünip, yzygiderli iş alyp barsa, onda ol döreýän meseleleriň dogry çözgüdini tapyp biler:

1. Meýilnamalaşdyryş näme?
2. Fermere meýilnama düzmek bilen mesgullanmak nämä gerek?
3. Meýilnama düzmäge girişilende fermere nähili maglumat gerek?
4. Meýilnama düzmäge girişilende fermere ilkibaşda nähili maglumatlar gerek?
5. Fermer bu maglumatlary nireden toplamaly?

Oba hojalyk önümçiliginiň pudaklar boýunça meýilnamalaşdyrylyşy. Fermer hojalygy ýöriteleşdirilende bolup biljek çäklen-

dirmeler we mümkinçilikler üçin fermer hojalygynyň menejeri öz kärhanasynyň bar bolan serişdelerini örän gowy bilmelidir. Diňe serişdeleriniň her bir görnüşiniň çäklendirmelerini bilmek bilen, ol öz kärhanasynyň ynamly iş meýilnamasyny düzüp bilýär.




*4.2-nji çyzgy.* **Serişdelere bolup biljek çäklendirmeler**

## 4.2. Fermer hojalygynyň möçberi we onuň dolandyrylyşy

Adatça fermer hojalygynyň möçberi ýer böleginiň tutýan meýdany, mallaryň sany, öndürilýän önümleriň mukdary bilen kesgitlenýär. Bular örän ähmiýetlidir. Çünki fermer hojalygynyň tehnikasynyň düzümi we ş.m. beýleki serişdeleriň köpüsi onuň möçberine baglydyr.

Şu aşakdaky baglanyşyklar subut edildi:

Ferma uly boldugyça (belli bir derejä çenli) onuň öndürýän önümleriniň özüne düşýän gymmaty pes bolýar. Meselem: 5, 10, 30 sygyra çenli saklananda 1 kg süýt öndürmek üçin degişlilikde 116, 100, 83 manat çykarylýar.

Bejerilýän ýeriň meýdany, idedilýän malyň sany, eger-de hakyna tutma işçi güýji ulanylmasa, onda fermerleriň öz masgalasynyň işe ýaraýanlarynyň sany çäklendirilýär. Fermer hojalygyny döretjek bolýan adam zerur bolan hemme ýagdaýlary hasaba alyp, meseläni

yzygiderlilikde çözmelidir. Harajatlary az çykaryp, peýdany köp almak üçin hojalygyň möçberini we onuň düzümini anyklamak örän agyr iş. Munuň üçin köp zatlary, ýagny 1 ga ekini we 1 baş maly ösdürip ýetişdirmek üçin harajatlaryň kadalarynyň hasabyny, ekinleri ekip, nähili mallaryň önümliligi boýunça haýsy görnüşlerini saklamalydygyny, mallary iýmitlendirmegiň kadalaryny düzmekde haýsy nusganyň peýdaly boljakdygyny bilmek gerek.

***Daýhan hojalygyny döretmek üçin edilýän hasaplamalaryň yzygiderliligi***




*4.3-nji çyzgy.* **Daýhan hojalygyny döretmek üçin edilýän hasaplamalar**

Fermerleriň birnäçesi düşünmezlikden nädogry çäre görüp başlaýarlar. Emma olaryň gören çäreleri gelýän girdejiniň azalmagyna we hojalyga uly zyýan ýetmegine alyp barýar. Fermerler özleriniň gowy bilýän işleri bilen meşgullansalar gowy boljak. Oba hojalygyny öňünden meýilnamalaşdyrmak bu meseläni çözmäge kömek eder. Häzirki wagtda haýsy pudak bilen nahili işlemegiň has ähmiýetli amaly usullary işlenip düzülen.

## Öz-özüni ödemek

Bu usul haýsy hem bolsa belli bir topar ugruň harajatlary belli bolup, onuň berjek netijeleri işinde aýdyň bolmadyk wagtynda peýdaly. Aňyrsyna anyk göz ýetirmeklik ýa hasyla, ýa-da onuň bahasyna täsir edýär. Goşmaça harajatlaryň üstüni ýapmak üçin önümçili-

gi ýokarlandyrmagyň görkezijilerini hasaplamakda köplenç hakyky ýagdaýlar ulanylýar.

Bazar ykdysadyýeti şertinde döwlet fermerlere we agrosenagat kärhanalarynyň iş dolandyryjylaryna haýsy önümi näçe mukdarda öndürmelidigi barada ýokardan görkezme bermeýär. Bazar kanunlarynyň girizilip başlanmagy zerarly baha sarp edijileriň isleglerine bagly bolýar. Menejerleriň täze nesli önümçilik bilen baglanyşykly meseleleriň köpüsini özi çözmeli bolýar. Hususyýetçi fermerlerde telekeçilik-menejmentini öwrenmek meýli döreýär. Uly möçberli işiň hötdesinden gelmek üçin menejeriň bazar ykdysadyýeti şertlerinde kärhananyň işini dolandyrmak boýunça köp zatlary bilmegi zerur. Önümçilik işini dolandyrmak üçin iş hadysalaryny we meýilnamalary gowy bilmekleri zerur, onuň haýsy ugurdan ösmelidigini kesgitlemeli. Bellenen sepgide ýetmek üçin nähili çäreleri görmelidigi, önümçiligi dogry meýilnamalaşdyrmagyň gerekdigi takyklanýar. Nähili maglumatlaryň gerekdigini belli edýär.

## 4.3. Oba hojalyk önümçiligini ýöriteleşdirmegiň düýp esasy we ähmiýeti

Türkmenistanyň oba hojalygyny ösdürmeginiň esasy maksady oba hojalyk önüminiň ähli görnüşleriniň öndürilişini öňdebaryjy tehnologiýa we tejribeler arkaly üzül-kesil artdyrmak bolup durýar.

Oba hojalygyny yzygiderli intensifikasiýalaşdyrmagyň we oba hojalyk önümleriniň öndürilişini artdyrmagyň iň möhüm we has az peýdalanylýan ätiýaçlyklaryň biri ykdysady zolaklar boýunça hem-de anyk her bir hojalyk boýunça önümçiligi çuň we durnukly ýöriteleşdirmekdir.

Ýöne welin, ýöriteleşdirilen hojalyklar, esasy harytlyk pudagy beýleki pudaklar bilen dogry utgaşdyrylan mahalynda, ekin meýdan birliginden has köp önüm öndürýär, tehnikany has netijeli peýdalanýar, gurluşygy has tygşytly alyp barýar, zähmeti has öndürijilikli peýdalanýar, şolaryň netijesinde bolsa has arzan önüm berýär.

Oba hojalyk önümleriniň düşýän gymmatyny üzül-kesil aşaklatmak, daýhan birleşikleriniň önümçiliginiň pudaklarynyň düşewüntliligini ýokarlandyrmak wezipesiniň aýratyn ýiti öňde goýlan mahaly bolan häzirki wagtda oba hojalygyny, aýratyn-da maldarçylygy ýöri-

teleşdirmek, dogry ýerleşdirmek we bir ýere jemlemek meselesi biziň ýurdumyz üçin aýratyn möhüm mesele bolup, ol haýal etmän çözülmegini talap edýär.

Ykdysady we tebigy şertlerdäki tapawutlar önümçiligi ýöriteleşdirmegi zerurlyga öwürýär, çünki islendik jemgyýet her bir zolakda, has az harajat bilen köp önüm öndürmäge gyzyklanýar. Önümleriň aýry-aýry görnüşlerini öndürmäge dürli zolaklarda edilýän önümçilik harajatlary bolsa dürli-dürlidir we tebigy şertleriň has amatly etraplarynda şol harajatlar köp däldir.

Muňa garamazdan, tebigy we ykdysady şertleriň aşa dürli-dürlüligi köplenç halatlarda ozallar nazara alynmaýardy hem-de kolhozlaryň oba hojalyk önümini satmak baradaky meýilnamaly tabşyryklary her bir anyk hojalygyň aýratynlyklary göz öňünde tutulman bellenilýärdi. Bu bolsa şol bir tebigy-ykdysady şertlerde has amatly önümleri ösdürip ýetişdirmäge önümçiligi çuňňur ýöriteleşdirmek we jemlemek mümkinçiliklerini çäklendirýärdi.

Ýurdumyzda umumy ýer serişdeleriniň köp bölegi (42,2%) daýhan birleşiklerinde jemlenendir, berkidilen şüdügär ýerleri, 19 million gektardan gowrak mal bakylýan çöllük öri meýdanlary dogry peýdalanmak göz öňünde tutulýar.

Peýdalanmak üçin daýhan birleşiklere uzak möhlet bilen berkidilen ýerler welaýatlaryň ýer ulgamynda jemlenip, şol ýerler esasan suwarymly ýerlerden, dag eteklerinde bolsa düme ekin ekilýän ýerlerden ybaratdyr. Şunuň ýaly ýerler 1,4 million gektara golaý bolup, umumy ýer serişdeleriniň 3 %-ne barabar diýen ýalydyr.

Ekinleriň meýdanyny kesgitlemek üçin hasaplamalar barada A.Suatow tarapyndan hödürlenilen usul has kabul ederlikli usuldyr, munuň manysy bolsa şu aşakdakydan ybaratdyr:

$$O_r = \frac{K - P - T}{U}, \qquad (23)$$

bu ýerde – $O_r$ – ekin meýdanlarynyň jemlenşiginiň möçberi;

– $K$ – brigadanyň san düzümi;

– $P$ – zähmeti köp talap edýän işde işleýän işçiniň gezekleýin öndürijiligi;

– $U$ – ekiniň hasyllylygy;

– $T$ – zähmeti köp talap edýän işleri geçirmek üçin sarp edilen wagt (döwür).

Önümçiligi ýöriteleşdirilen, ýöne, esasy pudak bilen bir hatarda işgärleriň belli bir sanyny çekmegi talap edýän goşmaça pudaklar hem öndürilýän brigadalarda ýa-da hojalyklarda önümçiligiň optimallyk meselesi utgaşykly ýetişdirilýän ekinler bilen baglanyşyklylykda çözülmelidir.

Oba hojalyk kärhanalarynda pudak önümçiligiň belli bir bölegine, ýagny beýleki önümleri öndürmekde zähmet serişdeleriniň tehnologiýasynyň we beýleki önümçiligiň guralyşynyň işgärleriniň hünärleriniň ýokarylygy bilen tapawutlanmagyna düşünilýär.

## 4.4. Oba hojalyk kärhanalarynda ýöriteleşmäniň ösüşi we görnüşleri

**I döwür (1930-1950 ý.)** – kiçi hojalyklaryň köplügi, önümçiligiň ýönekeý düzümi el zähmetine esaslanandyr.

**II döwür (1951-1964 ý.)** – uly hojalyklaryň döremegi. Önümçiligiň giňeldilen düzümi. Önümçiligi çaltlandyrmagyň başlangyjy.

**III döwür (1965-1984 ý.)** – agrosenagat we hojalyklara jemlenişigiň ykjamlanmagy esasynda ýöriteleşmäniň çuňlaşmagy.

**IV döwür (1985-1990 ý.)** hojalyk we içki hojalyk ýöriteleş-




*4.4-nji çyzgy.* **Harytlyk önümleriniň pudaklary**

mesiniň esasynda guramaçylygyň täze görnüşli oba hojalyk kärhanalarynyň döremegine, ýagny, agrosenagat kombinatlaryny, agrofirmalary, kärende gatnaşyklaryny, oba hojalyk paýdarlar jemgyýetini, pudaklaryň utgaşmagyny kämilleşdirmäge mümkinçilik berýär.

**Önümçilik pudaklary**

| | | |
|---|---|---|
| **Oba hojalygyna degişli** → | **Ösümlikçilik**<br>– ekerançylyk<br>– ot-iým önümçiligi<br>– gökçülik<br>– bagçylyk<br>– beýlekiler | **Maldarçylyk**<br>- iri şahly maldarçylyk<br>- guşçulyk<br>- dowardarçylyk<br>- düýedarçylyk<br>- beýlekiler |
| **Oba hojalygyna degişli däl pudaklar** → | **Kömekçi**<br>– bejergi ussahanasy<br>– awtoulaglar kärhanasy<br>– maşyn-traktor hojalygy<br>– gurluşyk materiallaryny öndürmek<br>– elektrik üpjünçiligi<br>– suw üpjünçilik hojalygy<br>– beýlekiler | **Goşmaça senagat önümçiligi**<br>- mal iýmitini öndürmek<br>- konserwleri öndürmek<br>- süýt önümlerini gaýtadan işlemek<br>- mal öndürmek<br>- beýlekiler |
| **Ýaşaýyş we jemagat hojalygy** → | - ýaşaýyş gory<br>- umumy ýaşaýyş jaýlary | |
| **Medeni dynç alyş we hyzmat edýän kärhanalar** → | – sport meýdançalary<br>– mekdep<br>– kitaphana<br>– çagalar bagy we bakjasy<br>– medeniýet köşgi<br>– beýlekiler | - naharhana<br>- dükanlar<br>- çörek kärhanalary<br>- bejeriş we dynç alyş<br>- kärhanalar<br>- beýlekiler |

*4.5-nji çyzgy.* **Oba hojalyk kärhanalarynda pudaklaryň düzümi we bölünişi**




*4.6-njy çyzgy.* **Oba hojalyk kärhanalarynyň ýöriteleşmesiniň görnüşleri**

| | |
|---|---|
| **Zähmet bölünişigi belli bir zolakda, welaýatda (etraplarda) amatly şertlerde harytlyk önümleri öndürmäge esaslanandyr.** | **Hojalykda umumy önümleri öndürmekde bölümleriň arasyndaky zähmet bölünişigini aňladýarys.** |
| **Harytlyk önümlerini öndürmekde kärhanalaryň arasynda zähmetiň bölünişigini aňladýar.** | **Pudak içindäki ýöriteleşdirmek zähmetiň tehnologik bölünişigine esaslanandyr.** |

Ýurduň azyk üpjünçiligini düýpli gowulandyrmak wezipesini çözmekde, agrosenagat toplumynyň ähli bölümleriniň netijeliligini ýokarlandyrmakda önümçiligi ýöriteleşdirmegiň möhüm ähmiýeti bardyr. Munuň özi, oba hojalygyny häzirki döwrüň ylmy-tehniki binýadyna geçirmekdir we önümçilige onuň gazananlaryny ornaşdyrmakdyr.

Oba hojalyk önümçiligini ýöriteleşdirmek ylmy-tehniki öňe gidişligiň möhüm şertidir. Ol oba hojalyk önümçiligini netijeli guramagyň sebäbidir. Oba hojalyk önümçiligini dogry ýöriteleşdirmek önümiň birligine az harajatlar bilen oba hojalygynyň ýokary hilli önüminiň gerek bolan möçberini almaga mümkinçilik berýär.

Kärhanany ýöriteleşdirmek diýip, onuň işini önümiň belli bir görnüşini öndürmäge gönükdirmäge düşünilýär. Ýöriteleşmegiň yk-

dysady mazmunynyň manysy zähmetiň jemgyýetçilik bölünişiginden ybaratdyr. Zähmetiň jemgyýetçilik bölünişigi önümçiligi ýöriteleşdirmegi şertlendirýär we maşynlaryň ulanylmagynyň has ýokary derejesine getirýär. Oba hojalyk önümçiligini ýöriteleşdirmek köp sebäpleriň täsiri astynda ösýär, olaryň käbiri hadysany çaltlaşdyrýar, beýlekileri, tersine, ony bökdeýärler.

Ýöriteleşdirmegi çaltlandyrmaga, ozaly bilen, ylmy-tehniki öňe gidişlik ýardam edýär. Seýlelikde, oba hojalygy iri maşynly önümçiligiň pudaklarynyň birine öwrülýär. Ýöriteleşmegi çaltlaşdyrmaga dürli-dürli tebigy şertler täsir edýärler. Ýöriteleşmegi çaltlandyrmaga iri şäherleriň, industrial merkezleriň döremegi hem ýardam edýär. Şeýle şäheri azyk önümleri bilen üpjün etmek üçin ýakynda ýerleşýän hojalyklary gök önümleri, ýumurtga, süýt we ş.m. önümleri öndürmäge ýöriteleşdirýär.

## Oba hojalyk kärhanalaryny ýöriteleşdirmegiň görnüşleri

Oba hojalygynda ýöriteleşdirmek häzirki wagtda dürli-dürli görnüşlerde bolup, olaryň her biri özüniň mazmuny bilen tapawutlanýar.

*Ýerli (territorial) ýöriteleşdirmek* - belli bir zolakda ýa-da etraplarda (welaýatlarda) oba hojalyk önümleriniň dürli görnüşlerini olar üçin amatly şertleriň bar ýerinde ýerleşdirmäge esaslanandyr.

*Umumy hojalyk ýöriteleşdirilmegi* harytlyk önümi öndürmekde aýry-aýry oba hojalyk kärhanalarynyň arasynda zähmetiň bölünişigini aňladýar. Şeýle ýöriteleşmegiň maksady harytlyk pudaklary azaltmakdyr.

*Içerki hojalyk ýöriteleşmegi* kärhananyň harytlyk, seýle hem harytlyk däl önümçiligine degişlidir. Munuň ýerli we umumy hojalyk ýöriteleşme görnüşlerinden tapawudy hem şundadyr. Içerki hojalyk ýöriteleşdirilmegi pudaklary hojalygyň bölümleri boýunça has netijeli ýerleşdirmäge gönükdirilendir.

*Pudagyň içindäki ýöriteleşdirmek* zähmetiň tehnologik bölünişigine esaslanandyr.

Önümçiligi guramagyň köp meselelerini çözmekde, meýilnamalaşdyrmakda, maddy-tehniki üpjünçiligi ylmy taýdan esaslandyr-

makda oba hojalyk kärhanalaryny dogry ýöriteleşdirmegiň uly ähmiýeti bardyr.

Ýöriteleşdirmegiň derejesi boýunça has giňden ýaýrany onuň çuňlaşdyrylan görnüşi 2-3 sany esasy we goşmaça pudaklary bolan hojalyklardyr, özünde ýöriteleşmek heniz kesgitlenmedik we köpsanly esasy hem-de goşmaça pudaklary bolan hojalyklardyr. Olar köp pudakly hasaplanylýar. Oba hojalyk kärhanalarynda umumy tebigy we ykdysady şertleriň täsiri astynda önümçiligiň adaty strukturasy emele gelýär. Türkmenistanda häzirki wagta çenli oba hojalyk kärhanalarynyň şu aşakdaky görnüşleri emele geldi:

– pagtaçylyk we maldarçylyk bilen;
– üzümçilik we miweçilik, maldarçylyk bilen;
– şalyçylyk;
– dowardarçylyk;
– gara maldarçylyk;
– atçylyk;
– düýedarçylyk we ş.m.

## § 5. DAÝHAN HOJALYKLARYNDA OBA HOJALYK ÖNÜMLERINI SATMAGY GURAMAK

### 5.1. Önümi bazara ýakynlaşdyrmak

Öndürilen önümi bazara ýakynlaşdyrmak üçin, ilkinji nobatda, hasylyň öz wagtynda ýygnalmagyny we onuň satylmagyny, satyljak önümiň satyljak ýerine daşalmagyny guramaly. Önümiň hiliniň we zaýalanmagynyň öňüni almak üçin onuň köp mukdary hökman satylmalydyr. Munuň üçin önümi lomaý satyn alyjylary birbada köp önüm almaga gyzyklandyrmalydyr, şol sebäpli höweslendiriji çäreleri işläp taýýarlamaly bolýar. Şu maksat bilen, şertnama baglaşyp, şertnama alyjylara ýeňillikler bermek barada bent girizilmelidir. Söwdanyň mahabatlandyrma görnüşlerini peýdalanmalydyr.

*Bazary seljermek.* Önümi wagtynda satmak üçin bazardaky ýagdaý seljerilmelidir. Şonda bazaryň häsiýetiniň wagtal-wagtal özgerýändigi göz öňünde tutulýar. Şeýle hem bazarda täze önümiň peýda bolmagynyň nyrhlara nähili derejede täsir edýändigi öwrenilmelidir.

Häzirki wagtda öndürilen oba hojalyk önümlerini satmak üçin nähili bazarlaryň bardygyny we olaryň tapawudynyň nähilidigini bilmeli. Bazara baha berlende haýsy görkezijiden ugur almaly? Olar şu aşakdaykylar:

– bazaryň möçberi boýunça;

– satylýan önümleriň bahasy boýunça;

– nirede ýerleşendigi, oňa barmak mümkinçiliginiň aňsatlygy boýunça;

– düzümi boýunça – önüm öndürijiler kimler – oba hojalyk kärhanalary, hususyýetçiler, kärendeçiler we ş.m.

Bazardaky bar bolan islegi kanagatlandyrmak üçin haýsy welaýatda, şäherde, etraplarda satyljak önümi nädip oňaýly ýerleşdirmeli? Şonda nähili mukdarda önüm öndürmeli? Şeýle soraglara degişli seljermäniň maglumatlary esasynda şol kärhananyň haýsy ýerde öz önümini satar ýaly deňeşdirmeleri seljerýärler.

*Önümi barlamak.* Bu çäräniň esasy maksady alyjylaryň önüme bolan isleginiň kanagatlandyrylyş derejesini, önümiň sypatyny, bazarlygyny, hilini gowulandyrmagyň ýagdaýyny, önümiň hil aýratynlygyny, zaýalanma häsiýetini kesgitlemekdir.

*Bäsdeşligi guramak.* Geçirilýän barlagyň esasy maksady bäsleşigi öwrenmek, bäsdeşligiň güýçli we gowşak tarapyny bilmek bolup durýar. Bäsdeşiň önümi gaplaýşyna, maliýe ýagdaýyna, sypatyna, saklaýşyna, satýan nyrhyna baha berýär. Bäsdeşiniň mahabat edişini synlaýar. Bu işleriň aýratynlygynyň nämeden ybaratdygyny seljerýär.

*Bazary segmentirlemek.* Oba hojalyk önümlerini aýry-aýry öndürijiler öz mümkinçiliklerini dogry we takyk bilmelidir, bazarda oba hojalyk önümleriniň hili boýunça nähili orny eýeläp biljekdigini kesgitlemelidir. Onuň üçin bazary segmentirlemeli bolýar. Ol bazary doly bilmek üçin ygtybarly usuldyr.

## 5.2. Haryt biržalarynyň orny we wezipeleri

Birža – bu lomaý söwda bazarynyň guramaçylygydyr. Onda söwda birža tarapyndan bellenen kada boýunça ozaldan anyklanan, belli bir ýerde we belli bir wagtda aç-açan söwdalaşmak görnüşinde amala aşyrylýar. Önümçilik maksatly önümleriň adaty lomaý söwdasynda şol önümleriň bahasy öndürijiden sarp edijä geçýär. Eger söwda birleşiginde başga girdeji üçin ýer galýan bolsa, onda diňe şeýle şertde ol birža söwdasyna öwrülýär. Bu ýerde satyn almak we satmak çäresiniň maksady harydy önümçilik çygryndan geçirmekden, bazar nyrhyny anyklamakdan, söwdany düzgünleşdirmekden, haryt dolanyşygyny meýilnamaly ugrukdyrmaga ýardam etmekden ybaratdyr. Biržanyň üstüne bazary guraýjy wezipe ýüklenýär.

Biržanyň harytlary olaryň nyrhynyň iň ýokary derejä ýetýän we şol haryda islegiň köp ýüze çykan ýerinde satylmagyna ätiýaçlaryň giňişlikdäki bölümleri diýilýär.

Haryt biržasy ýuridiki guramadyr. Ol öz işini - birža işini alyp barmaga hukuk berýän ygtyýarnama (lisenziýa), doly hojalyk hasaplaşygy, öz-özüni maliýeleşdirmek esasynda alyp barýar. Onuň özbaşdak balansy, bankda hasaplaşyk we beýleki hasaplary (sçýotlary) bolýar. Biržanyň öz ady ýazylan möhri bolýar. Biržanyň esasy wezipesi (funksiýasy): islegi we teklibi, şeýle hem biržada satylan ýa-da çalşyrylýan önümiň alyş-çalşynyň emele gelen proporsiýasyny, ýagny gatnaşygyny anyklamakdan; hakyky islegi we teklibi nazara alyp, özara peýdaly esasda haryt alyş-çalyş işlerini guramakdan ybaratdyr.

Haryt biržalarynda söwda etmek ýörite zallarda amala aşyrylýar. Zalda satyjylar we alyjylar ikiýanly auksion söwdasyny alyjylara nyrhy ýokarlandyrmak we satyjylara nyrhy aşakladylýan esasda guralan birža söwdasyny amala aşyrýarlar. Nyrhlar bellenende belli bir kada ulanylýar. Mysal üçin, satyn alnanda eýýäm teklip edilenden pes nyrhy ýa-da eýýäm teklip edilenden ýokary nyrhy aýtmak bolmaýar. Haryt biržasynda iş alyp barýan esasy adamlar birža dellaly (makleri) we brokerleridir. Birža zalynda birža söwdasyny üpjün etmek olaryň wezipesine girýär. *Makler* – ol müşderleriň tabşyrmagy we olaryň hasabyny islegi we teklibi ýüze çykarmagyň, şeýlelikde,

ylalaşyk boýunça gepleşikleriň şertlerini, olaryň biržanyň adyndan resmileşdirilmegini we hasaba alynmagyny amala aşyrýan birža araçysydyr. Makler söwda gepleşiklerini amala aşyranda brokerlere hem mümkinçilik döreýär. Makleriň wezipesi gepleşikleri resmileşdirmekden, iki tarapyň şertnama borçlarynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmekden, taraplaryň haýsy-da bolsa biri şertnamadan öňki borçlaryny ýerine ýetirmekden ýüz öwürse, alyjylaryň ýa-da satyjylaryň talaplary gürrüňsiz ýerine ýetirmegi üçin çäreleri görmezden, birža söwdasyna gelýän harytlaryň tapgyryna seljermäni amala aşyrmakdan ybaratdyr. *Brokerler* – olar biržanyň öňünde hem, onuň çäginden daşarda hem alyjylar bilen satyjylaryň arasynda harytlara, gymmat bahaly kagyzlara, walýutalara hem-de beýleki baýlyklara gepleşik baglanyşylandaky araçylardyr (dellallardyr).

## § 6. TÜRKMENISTANDA TELEKEÇILIGIŇ HÄZIRKI ZAMAN ÝAGDAÝY WE ONY GURAMAGYŇ AÝRATYNLYKLARY

### 6.1. Türkmenistanda telekeçiligiň häzirki zaman ýagdaýy we geljegi

Türkmenistanda ösüşiň täze tapgyryna geçmek üçin düýbünden täze çemeleşmäniň zerurlygy aýdyň görünýär. Häzirki döwrüň ösüşini, meselelerini, maksatlaryny ýaş nesle, ilata doly, obýektiw pikirde ýetirmek üçin ähli tarapdan (ykdysady, syýasy, durmuş taýdan) ösen işgärleriň we hünärmenleriň zerurlygy ýüze çykýar. Ýurdumyzy ösdürmekde hemme tarapdan telekeçileriň gatlagyny döretmekde ylmyň we tehnikanyň iň täze gazananlaryny önümçilige, durmuşa ornaşdyrmak, ösen ýurtlaryň iň abraýly öňdebaryjy kompaniýalary bilen aragatnaşyklary giňden ýola goýmak örän ähmiýetlidir.

«Telekeçilik» sözüniň aňyrsynda iş, kärhana, önümleri öndürmek, hyzmatlary amala aşyrmak durýar. Ykdysady ösüşlerde telekeçiligiň tutýan orny örän uludyr. Ol ykdysadyýetiň innowasion düzüminiň aýrylmaz bölegidir. Näçe köp adam özüniň ukybyny we

döredejiligini özleşdirip bilse, şonça-da ykdysadyýetiň mümkiünçilikleri, onuň hakyky netijeleri bilen aratapawut kemelýär.

Telekeçilk (hususy ýagdaýda belli bir işiň başyny tutujylyk) – raýatlaryň peýda ýa-da girdeji almaga gönükdirilen öz adyndan töwekgelçilik edip, emläk jogapkärçiligini öz üstüne alyp, kärhananyň adyndan hereket edýän teklipçil, özbaşdak, hususy kärhanaçylyk işlerdir.

Telekeçilik täze ösen önümçilikleri ulanmaga we könelerini aýyrmaga, milli ykdysadyýetiň bäsdeşliginiň derejesiniň ýokarlanmagyna, onuň açyklygyna, kapitalyň getirilmegine we çykarylmagyna ýardam edýär. Telekeçilik bütin milli ykdysadyýetiň ösüş strategiýalarynyň bazarydyr, bäsleşik arkaly ol bu işleri amala aşyrmaklyga ýol açýar.

Telekeçiligiň esasy alamatlary hojalyk subýektleriniň özbaşdaklygy we garaşsyzlygydyr. Olaryň hereketiniň düýbünde içki niýetleri ýatyr. Her bir telekeçi öz kärhanasynyň meselelerini ykdysady peýda we bazar şertlerine (konýunkturasyna) esaslanyp özbaşdak çözýär.

Telekeçiniň şahsy ykdysady gyzyklanmasy we jogapkärçiligi özbaşdaklyk bilen berk arabaglanyşykda bolmalydyr. Şahsy bähbit telekeçilik işiniň hereketlendiriji güýjüdir. Edil şol bir wagtda telekeçi özüniň şahsy bähbidini gowulandyryp, jemgyýetçilik zerurlyklaryny kanagatlandyrýar. Mysal üçün, G.Ford awtoulaglaryň önümçiligi arkaly hemaýatkärlik duýgularyny niýet etmek bilen, özüniň şahsy bähbidini hem göz öňüne tutýardy. Ýöne onuň özüniň şahsy gyzyklanmasy uly awtomobil imperiýasynyň döremegine getirdi. Häzirki zaman ykdysadyýetinde telekeçiniň şahsy gyzyklanmasy kompaniýanyň we işgärleriň bähbitleri bilen arabaglanyşykda bolup durýar.

Özbaşdak bolup, telekeçi işiň netijesiniň jogapkäçiligini doly öz üstüne alýar. Gyzyklanma bilen jogapkärçilik telekeçini agyr düzgünlerde işlemäge mejbur edýär.

Telekeçilik işini döredejilikli gözlegsiz we täzeçilliksiz göz öňüne getirip bolmaýar. Diňe ýokary hili üpjün edýän we önümleri tiz-tizden täzeleýän telekeçi netijeli işläp bilýär. Nusgawy bolmadyk, özboluşly çözgütleri kabul edip bilmeklik ukyby, emele gelen hadysalara döredijilikli baha berip bilmeklik işewürler dünýäsinde ileri tutulýan häsiýetleriň biri bolup durýar. Müşderileri, puly, maddy serişdeleri, jaýy, şertnamalary, gerek adamlary, resminamalary gözle-

mek – bular olaryň wezipesidir. Şonuň üçin telekeçi elmydama ýetişiksiz gündedir we köplenç olar iş gün bilen dynç alyş günlerini hiç tapawutlandyrmaýar. Ol ir turup, giç ýatýar we bir wagtyň özünde birnäçe işleri ýerine ýetirjek bolýar.

Ykdysady telekeçilik aragatnaşyklarynyň häsiýetli alamatlarynyň biri hem hojalyk töwekgelçiligidir. Töwekgelçilik telekeçiligiň ýoldaşydyr. Töwekgelçilik telekeçiniň özboluşly hereketini we aňyny emele getirýär. Durmuş telekeçiden ýokary işewürligi, bäsdeşlik gaýratlylygyny talap edýär. Telekeçiniň durmuşynda ýokary galmaklyk bilen bilelikde pese düşmeklik hem bolup bilýär. Hünärmenleriň bahalaryna görä, 100 sany täze pikirlerinden 2-si durmuşa ukyplydyr. Telekeçi elmydama şowsuzlyga taýýar bolmalydyr.

Telekeçilik işi - bu islegi kanagatlandyrmak we peýdany almak üçin harytlaryň we önümleriň önümçiligini guramaklyk amallarydyr.

Telekeçilik düşünjesine kesgitleme bermäge ilkinji bolup Adam Smit synanyşypdyr. Ol bazardaky isleg bilen teklibiň arasyndaky emele gelýän aratapawudy, ýagny bazara gatnaşyjylaryň aýratyn subýektlerine harytlary arzan alyp, gymmat bahadan satylmagyna mümkünçilik döredýär we şol subýektleri bolsa telekeçiler diýip atlandyrýar.

Häzirki wagtda köplenç telekeçilik düşünjesiniň manysy telekeçilik maksady bilen çalşylýar.

Elbetde, telekeçiligi dürli taraplaryndan kesgitläp bolýar, mysal üçin, telekeçilik:

– bu peýdany artdyrmaklyga gönükdirilen hereket;

– bu peýda almaga gönükdirilen raýatlaryň öz islegi boýunça amala aşyrýan hereketi;

– bu kapitaly artdyrmaga, önümçiligi ösdürmäge we peýdany almaga gönükdirilen hereket.

Bu we beýleki kesgitlemeler telekeçiligi bir taraplaýyn häsiýetlendirýärler. Olaryň hemmesi telekeçiligiň esasy maksady hökmünde peýdany artdyrmagy göz öňünde tutýarlar. Emma telekeçiligiň esasy maksady diňe peýdany almak däl-de, eýsem sarp edijileriň üýtgäp durýan isleglerini kanagatlandyrmak bilen bagly bolan onümçiligiň üznüksizligini üpjün etmekdir.

Telekeçi Türkmenistanyň kanunlary arkaly gadagan edilmedik islendik işi amala aşyryp bilýär.

## 6.2. Telekeçiligiň obýekti we görnüşleri

Türkmenistanda kanunyň çäklerinde amala aşyrylýan telekeçiligiň islendik görnüşi ykrar edilýär. Ol görnüşler aşakdakylar:

– hakyna tutma zähmeti ulanmazdan we ýuridiki tarapy döretmezden;

– hakyna tutulan zähmeti ulanmak, ýuridiki tarapy döretmek arkaly.

**Rugsat berilmeýär:**

– bäsdeşiň abraýyny gaçyrýan hereketiň edilmegine;

– bazarlary paýlaşmaga;

– höküm ýörediji ýokary ýa-da pes nyrhlary saklamak hakda dileşik baglaşmaga;

– beýleki öndürijileriň önüminiň nusgasyny göçürip almaga;

– firma nyşanlarynyň, maglumatlarynyň alynmagyna, öz adyna geçirilmegine;

– kanunda göz öňünde tutulmadyk gaýry hereketleri etmäge.

**Telekeçiniň hukuklary:**

– kärhanalaryň islendik görnüşini döretmäge;

– doly ýa-da kem-käsleýin emläk edinmäge;

– öz emlägi bilen beýleki subýektleriň işine gatyşmaga;

– ylalaşyk esasynda ýuridiki we fiziki taraplaryň emlägini peýdalanmaga;

– şertnama (kontrakt) esasynda işgärleri işe almaga, işden boşatmaga;

– hakyna tutulan işgäriň zähmetine hak tölemegiň görnüşlerini, ulgamyny ulanyp, özbaşdak hak bellemäge;

– hojalyk işiniň maksatnamasyny özbaşdak düzmäge;

– özüne çig mal iberijileri, hyzmat edijileri, alyjylary, ulanyjylary özbaşdak saýlap almaga, olara kanun esasynda nyrhlary, tarifleri bellemäge;

– banklarda hasaplary açmaga;

– walýuta amalyny amala aşyrmaga;

– elindäki düşewünde erkin erk etmäge;

– girdejini islendik möçberde almaga;

– durmuş we ätiýaçlandyryş ulgamyny kanunalaýyk peýdalanmaga,

– şikaýat etmäge,

– daşary ykdysady gatnaşyklara gatnaşyjy bolup çykyş etmäge hukugy bardyr.

## Telekeçiniň borçlary:

Telekeçi aşakdakylara borçludyr:

– hakyna tutulyp işleýän adamlara aýlyk zähmet hakynyň iň az möçberinden az bolmadyk hak tölemäge;

– ätiýaçlandyryş goruna kanunda bellenen tertipde serişde geçirmäge;

– kärhananyň maliýe ýagdaýyna garamazdan, işgärlere doly hak tölemäge;

– ekologiýa howpsuzlygyny, zähmeti goramak howpsuzlygyny, önümçilik gigiýenasyny we sanitariýasyny üpjün etmäge;

– alyjylaryň hukuklaryny berjaý etmäge;

– öndürilýän önümiň talabalaýyk bolmagyny üpjün etmäge;

– ygtyýarnama (lisenziýa) almaga;

– statistiki edaralara, salgyt inspeksiýasyna bellenen tertipde zerur maglumatlary wagtynda bermäge;

– kärhana batyp galanda, ony öz wagtynda aýtmaga borçludyr.

## Telekeçilik işiniň bes edilmegi

Telekeçilk işi emläk eýesiniň ýa-da kazyýetiň çözgüdi esasynda bes edilýär. Kazyýet tarapyndan telekeçilik işi aşakdaky ýagdaýlarda bes edilýär:

– telekeçi kanunda gadagan edilen işi ýerine ýetirse;

– ýörite ygtyýarnamasy bolmadyk işleri ýerine ýetirse;

– kanunçylygy telim gezek bozsa;

– ekologik howpsuzlyk kadasyny bozsa;

– telekeçi batyp galan diýlip ykrar edilse.

**Telekeçilik –** işlemegiň özboluşly görnüşi bolup, onuň birnäçe talaplary we şertleri bar:

**Birinjiden:** telekeçilikde işlenjek ugruň häsiýeti, usuly, şerti, görnüşi, nusgasy azat, erkin bolmaly. Şol bir wagtda netije çykarmak, etjek işiňi kesgitlemek erkin bolmaly.

**Ikinjiden:** telekeçiligiň jogapkärçiligi, kabul edilýän karar, öňümçiligiň geljegi, üstüňe abanjak, bolup biläýjek howplara, säwliklere, ahmallyklara örän jogapkärçilikli ýapyşmaly.

Jogapkärsizlik - bu geljegiňi, telekeçiligi, öz-özüňi ýok etmekdir, batyp galmakdyr.

**Üçünjiden:** telekeçiligiň esasy sypatlary telekeçilik üstünligine ýykgyn etmek hem-de ony üpjün etmek, peýda almak, önüm birligine serişde çykdajylaryny azaltmak. Telekeçilik – munuň özi diňe bir işiň özboluşly görnüşi bolman, eýsem ol ýörite pikirlenmäni öwredýän, kesgitli ýörelge boýunça işlemäni talap edýän, özüňi ýörite, şol bir wagtyň özünde özboluşly standart däl, adaty däl pikirlenmekdir, inisiatiwalylykdyr. Adaty däl mesele çözmegi, özboluşlylygy, işjanlylygy, oýlap tapyjylygy, ylmy taýdan öňden görüjiligi, ykdysady peýdany öňünden görüp bilmegi, oňdebaryjy tehnologiýany oňat guramakdyr, serişde tygşytlamakdyr.




*6.1-nji şekil.* **Telekeçilik işi**

Bularyň hemmesiniň özbaşdak bolýanlygyna garamazdan, olar biri-biriniň içinden geçip, bir-biriniň üstüni doldurýarlar. Olaryň iň wajyplarynyň biri önümçilik, soňra satuw, ondan soň bolsa maliýe telekeçiligi bolup durýar.

## 6.3. Telekeçilikde kärhanalaryň düzümleýin guralyşy

Kärhanany dolandyrmak ýa-da menejment işleri aýry-aýry, belli bir işleri talap edýär. Kärhananyň birnäçe marketing we menejment gulluklary: wezipeleýin (funksional), bazar we haryt gulluklary bolýar.

Hazirki döwürde dolandyryş zähmetini guramaklyga täzeçe çemeleşmek talap edilýär. Ony guramakda ylmyň tekliplerinden ýüz öwürmeklik işgärleriň bir-biriniň işine esassyz goşulyşmagyna getirýär. Dolandyryş zähmetini gowy guramakda gündelik iş gününi seljermeli. Kärhananyň göwnejaý guramaçylyk düzümi öňde goýlan meselä we maksatlara ýetmegiň girewi bolýar. Şonuň üçin düzümiň üstündäki işler maksatdan we strategiýadan başlanmalydyr. Sebäbi strategiýanyň üýtgemegi düzümi hem üýtgedýär.

Kärhananyň funksional guralyşy köptaraplaýyn girdejili bolup bilýär, ýagny onuň önümi ýerleşdirişi we önümçilik işleri mydamalyk bolan ýagdaýynda, bu guralyş kiçiräk kärhanada ýa-da firmalarda çykarýan önümleri ýa-da belli görnüşde çäklendirilen iýmit önümleri kiçi bazar sebitlerinde (segmentlerinde) bolýar.

Funksional guralyşy uly kärhana hem bolup bilýär. Goýberilýän önüm, harytlar tehniki taýdan häsiýetnamasynyň örän uly bolmagy bilen düşündirilýär. Funksional guralyşynyň iki tarapy seljerilýär:

– güýçli;

– gowşak.

*Güýçli tarapy:*

a) ýönekeýje dolandyryş, her bir iş ýerine ýetirijiniň başga biriniň iş borçlaryna gatyşmazlyk;

b) her bir hünärmeniň iş borçlaryny tassyklamaklyk;

ç) marketing boýunça hünärmenleriň öz hünär (professional) iş derejesini ýokarlandyrmaga mümkinçilik bermeklik;

d) bölekleýin funksional ýerleriň arasynda bäsdeşligiň bolmagy.

*Gowşak tarapy:*

a) çykarylýan harydyň görnüşleriniň köplügi we köp bolmagy bilen işiň hiliniň ýokary bolmagy we pese gaçmagy;

b) mehanizmleriň bolmazlygy, gerek bolmajak görnüşleriniň ulanylmagy we olaryň firmanyň işine ýaramaz täsir etmegi;

ç) öz şahsy işlerine gyzyklanyp, firmanyň işine üns bermezlik.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde her bir kärhananyň esasy maksady önümçiligiň netijeliligini, peýdany ýokarlandyrmakdyr. Işiň ahyrky netijeliligini şu aşakdaky arabaglanyşyk görnüşinde göz öňüne getirmek bolar.

Ahyrky netije: işçiniň zähmetinden, onuň depgininden, derejesinden, ýolbaşçynyň zähmetinden, öndüriji güýjünden, derejesinden ybaratdyr.

Zähmetiň öndüriji güýji ýolbaşça, hünärmene, önümiň saýlanylyp alnyşyna we nähili tehnologiýa boýunça öndürilişine, önümçiligiň gidişiniň guralyşyna baglydyr. Eger-de öndürilen önüm bazarda öz ornuny tapmasa, onda zähmetiň öndüriji güýji 0-a deňdir. Şonuň üçin kämil tehnologiýany önümçilige ornaşdyrmak, önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmak ýolbaşçynyň zähmetiniň öndüriji güýjüne baglydyr.

Ýolbaşçy tarapyndan nädogry goýlan wezipe ýerine ýetirijileriň bir günde 5-8 adam/gün ýitirmegine getirýär.

Täze guramanyň düzüm bölekleri taslananda aşakdaky dört soraga jogap berilmeli:

1) guramanyň esasy bölekleri nämeden durýar?

2) haýsy bölekleri birleşdirmeli, haýsylary aýratynlaşdyrmaly?

3) bölekleriň ölçegi we görnüşi nähili bolmaly?

4) olary nähili ýerleşdirmeli we olaryň arasynda nähili gatnaşyklar bolmaly?

Hojalygyň üstünlikli bolmagy üçin düzüm kesgitlemesiniň möhümdigini nazara alyp, iň oňat düzümiň nyşan sebäpleri şular bolmaly:

– ýokary hünärli işgärleri bolan bölümler;
– ýolbaşçylyk düzüminiň köp bolmadyk sany;
– iş rejesiniň sarp edijilere gönükdirilmegi;
– ýokary öndürijilik;
– pes harajatlar.

*Kärhananyň marketingi*. «Menejment» sözüniň manysy dolandyrmak bolup, ol umuman, işi dolandyrmagy ýa-da oba hojalygyny alyp barmagy aňladýar.

Menejment bazar gatnaşyklarynda hereket edýän kärhanany dolandyrmagyň ykdysady gurluşynyň esaslaryny, wezipelerini we usullaryny ulanyp, maddy we zähmet serişdelerini tygşytly ulanmak bilen islendik hojalyk işiniň gidişinde kesgitlenilen maksada ýetmekdir.

Menejmentiň wezipeleri - alyjylaryň islegini hasaba alyp, maddy we adam çeşmeleriniň esasynda hem-de kärhananyň işiniň düşewüntliligini we durnukly ýagdaýyny üpjün edip, harytlary we hyzmatlary öndürmegi guramakdan ybarat. Kärhananyň serişdelerini iň ýokary derejelerde peýdalanyp, ony belli bir maksada alyp barmakdyr. Bazar şertlerinde hojalyklaryň diňe özüne mahsus aýratynlyklarynyň bolmagy, olar üçin dolandyryşyň ýeke-täk naýbaşy modeliniň ýokdugyny hünärmenler belleýärler.

Kärhananyň guramaçylyk düzümi öňde goýlan meselä we maksatlara ýetmegiň girewi bolup durýar.

Oba hojalyk önümçiliginiň möwsümleýinligi sebäpli, maddy, zähmet, maliýe we beýleki serişdeleriň belli bir döwürde ulanylyş derejesi ulgamy dolandyryjydan olary, ýagny işçi güýjüni rejeli peýdalanmagy talap edýär. Bu bolsa oba hojalyk önümçiliginiň möwsümlerinde örän galdaw bolmalydyklaryna, iş günleriniň uzaldylmagyna getirýär.

Oba hojalygynda dolandyryşyň guralyşynda belli bir derejede önümçilik (janly organizmler – ösümlikler, mallar, mikroorganizmler) bilen bagly tehnologiýanyň köpdürli meseleleri öňe sürülýär. Bularyň hemmesi ýerine ýetirilýän işleriň özara pugta arabaglanyşykly alnyp barylmagyna getirýär.

Şeýlelikde, oba hojalyk kärhanasy durmuş-ykdysady ulgam hökmünde aňly-düşünjeli döredilip, özüniň köpsanly şahsy aýratynlyklary bilen tapawutlanýar. Oba hojalyk kärhanalaryny dolandyrmak halk hojalygynyň dolandyryş ulgamynyň bir bölegi hökmünde ýurdumyzyň bazar ykdysadyýetine geçmegi bilen dolandyryşyň düýpli täze çäklerine gadam basýar. Hojalygyň üstünlikli bolmagy üçin düzüm kesgitlemesiniň möhümligini göz öňünde tutup, iň oňat düzümiň nyşan sebäpleri aşakdaky tablisada berilýär.

12. Sargyt № 2800

*6.1-nji tablisa*

***Kärhananyň düzümine täsir edýän sebäpler***

| T/b | Düzümiň iň amatly nyşanlary | Sebäpler |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| 1. | Ýokary hünärli işgärleri bolan bölümler | Tehnologiýa |
| 2. | Ýolbaşçylyk derejeleriniň köp bolmadyk sany | Daşky gurşaw |
| 3. | Düzüminde hünärmenler toparynyň bolmagy | Kärhananyň ölçegi |
| 4. | Iş rejesiniň sarp edijilere gönükdirilmegi | Işewürlik strategiýasy |
| 5. | Özgertmelere çalt gatyşmak | Çözüwleriň ulgamy |
| 6. | Ýokary öndürijilik | |
| 7. | Pul harajatlary | |

Menejmentiň wajyp düzüjileriniň biri kärhananyň ýaşamak döwrüniň guralyşydyr. Bu basgançaklar kärhananyň döremegini, gülläp ösmegini we ýitip gitmegini ýa-da düýpli täzelenmegini öz içine alýar.

# § 7. TÜRKMENISTANDA EKERANÇYLYGY GURAMAGYŇ ESASLARY

## 7.1. Ekerançylygy guramak

Ekerançylygy guramak işi kärhananyn öňde goýan wezipelerine gabat gelýär. Olardan esasylary: hasyllylygy ýokarlandyrmak, olara düşýän harajatlary arzanlatmakdyr. Esasy mesele olaryň zolaklarda ýerleşýän ýerleri (tebigy şertlere görä), hojalygyň ýöriteleşmegi, döwlet tarapyndan berilýän meýilnama wezipeler önümleri öndürmek we olary satmak, harajatlary maddy-tehniki serişdeler bilen üpjün etmek bolup durýar. Şeýlelikde, ýöriteleşmeleriň esasy bolup, hojalyklarda belli bir haryt önümlerini (mysal üçin, däne, gant şugundyry, gowaça we ş.m.) ýa-da mallar üçin ot-iými ýeterlik derejede öndürmeklik durýar. Ekerançylyk pudagy esasan giň ýöriteleşen hojalyklarda önümçilik düzümi esasynda döredilýär. Ýöne her bir zolakda ýa-da

önümçilik tipli hojalyklarda olar dürli ugurlarda bolmaklary mümkindir, aýratyn-da olar maldarçylyk ýa-da beýleki pudaklar bilen utgaşyp bilerler. Depgini uly tehnologiýa – munuň özi ekinleriň hasylyny ýokarlandyrmagy, maddy-pul serişdeleriniň azaldylmagyny hem-de çykdajylaryň özüni ödemegini üpjün edýän ähli sebäpleriň utgaşykly peýdalanylmagyna esaslanýan tehnologiýadyr.

**Uly depginli tehnologiýanyň esasy elementleri:**

– ekin dolanyşygy;

– ekinleriň ýokary hasylly, ir ýetişýän, zyýankeşlere we kesellere çydamly, toprak-klimat şertlerine hem-de mehanizmler bilen ýygmaga uýgunlaşan sortlarynyň ösdürilip ýetişdirilmegi;

– topragyň esasy, bejermegiň ulgamy, meýdanlaryň tekizlenmegi;

– mineral we organiki dökünleri ulanmak ulgamy;

– ekinleri suwaryş ulgamy;

– ekinleri bejermek we zyýan berijilerden hem-de kesellerden goramak ulgamy;

– ekinleriň hasylyny maşyn bilen ýygmak we ş.m.

Uly depginli (intensiw) tehnologiýanyň maksady – oba hojalyk ekinlerini ösdürmek şertlerini ähli ösüş döwürlerinde ýokarlandyrmak bolup durýar. Şeýlelikde, ekinleri ýerleşdirmegi, ýokary hasyl berýän sortlary ekmegi, dökünleri kada boýunça bermegi, ekinleri biologik usul bilen goramagy, ähli tehnologiki hadysalary wagtynda geçirmegi şerte görä üpjün etmeli.

**Ykdysady netijeliligi kesgitlemek:**

$$Ö_{g.h} = \frac{BP}{Zu - Z'o}, \qquad (25)$$

bu ýerde $Ö_{g.h}$ – goşmaça harajady ödemek, man.;
$Bp_u$, $Bp_o$ – öndürilen önümiň bahasy, depgini I we öňki I;
$Zu$, $Z'o$ – önümçilik harajatlary.

Uly depginli tehnologiýa girizilende ýyl boýunça ykdysady netijelilik:

$$E_g = B_{P_m} - B_{P_o} - (Z_u - Z_o) \qquad (26)$$

bu ýerde $E_g$ – ýyl boýunça ykdysady netijelilik, depgini I, *man/ga*.

Şeýlelikde, göz öňünde tutmaly:
1. Hasyllylyk, 1*ga,s*.
2. Artan hasyl, *s*.
3. Maddy-tehniki harajat, 1*ga,man*.
4. Goşmaça harajat, 1*ga,man*.
5. Alnan önümiň bahasy, 1*ga,man*.
6. Goşmaça önümiň bahasy, 1*ga,man*.
7. Goşmaça harydyň ödelişi, *man*. (6:4).
8. Ýyl boýunça ykdysady netijelilik, 1*ga, man*.

## 7.2. Däne önümçiligini guramak

Däne önümçiligi ekerançylykda iň bir mehanizmleşdirilen pudak. Ony önümçilik hadysasynda iki sany esasy iş möwsümine bölýärler: 1) topragy taýýarlamak we ekiş; 2) hasyly ýygnamak üçin toplumlaýyn işler. Ähli zähmet harajatlarynyň 60-70%-i ikinji möwsüme degişlidir.

***Ýerleri bejermek.*** Ekişiň öň ýanynda suwarmak üçin haşal otlary çapmaly, onuň üçin egrem-bugram («zig-zag») barana peýdalanmaly. Ekişiň öň ýanynda suw tutmaly. Kada boýunça 2-2,5 $m^3$/*ga*. Soňra ýerler düz bolar ýaly barana basmaly. Soňra agyr toprakda 14-16 *sm* çuňlukda çizel geçirmeli, barana we mala basmaly.

***Bugdaý tohumyny ekişe taýýarlamak.*** Tohum kondisiýada hem-de ol ýokary gözegçilikde bolmaly, standartyň I we I klasyna gabat gelmeli. Ekilen ekini mör-möjekler iýmez ýaly, 80% TMTD preparaty bilen garmaly, kada boýunça 1,5-2 *kg/ga*. Ekiljek bugdaýy zäher bilen garyşdyrmak üçin PSŞ-3, AS-2um, PU-3 maşynlar ulanylýar.

### ***Ekiş***

Islendik ekini ekmek örän zerur çäre. Bugdaýy hem öz wagtynda ekmek gerek. Güýzlük bugdaý: Mary, Ahal, Balkan welatlarynda – 15-nji sentýabr – 1-nji noýabr aralygynda, Lebapda – 10-njy sentýabr – 26-njy oktýabr, Daşoguzda – 1-nji sentýabr – 1-nji oktýabr aralygynda ekilýär.

### ***Bugdaýyň ekiş kadasy***

Ekiş kadasy ekiljek ýere, ýöriteleşmä, bugdaýyň sortuna, dänäniň ýagdaýyna, gözegçilik ukybyna we beýleki ýagdaýlara bagly. 1*ga*

ýere ekmeli däne sany: «gylçyksyz-1» sorty – 5-5,5 mln. däne, «sere serros-66» sorty: 1 *ga* ýere 4-4,5 mln. däne, «Ak bugdaý» sorty: 1 *ga* ýere 3-3,5 mln. däne.

### *Ekişi guramak*

*Başlamaly we gutarmaly wagty. Ekişi dogry guramak.* Arassa sorty ekmeli (diňe bir sort). Ekişi 4-5 *sm* çunlukda geçirmeli (ýeriň ýagdaýyna baglylykda).

### *Idegi guramak*

Ekilen ýer gatamaz ýaly rotasion motiga bilen egrem-bugram barana urmaly. Ir ýazky iýmitlendirmek azot bilen geçirilýär. Güýzki bugdaýlar üçin iki gezek iýmitlendirmek geçirilýär: 1-nji iýmitlendirmek – ösüş döwründe, 2-njisi gylçyklanda, şonda her gezek 30 *kg/ga* azot we 4-5 sapar ösüş suwuny bermeli. Kadasy 1200-1300 $m^3/ga$. Ösüşiň soňky tapgyrynda suw içse (ýagyş) örän peýdaly.

***Hasyly ýygnamak.*** Bu örän wajyp çäre, ony meýilnamalaşdyrmaly. Näçe adam gerek, näçe maşyn gerek, näçe kombaýn gerek, orak haçan başlap, haçan gutarjak? Wagtyndan öňem we gijem başlamaly däl, ýitgä ýol bermeli däl.

Ýygym orak üçin «JON DIR» we «KEYS», «Claas» kombaýnlary ulanylýar. Arpa ýygymy 5-6 iş gününde, bugdaý oragy 10-12 iş gününde gutarylmaly. Işgärleri gyzgyn nahar bilen üpjün etmeli, hasyly ammara zaýasyz daşamaly.

Däneçilik iki ugur boýunça ýöriteleşen: ýazlyk däneler, güýzlük däneler.

Ýazlyk bugdaý – bu esasy azyklyk önüm. Dänelik ekinlere bugdaý, arpa, mekge, şaly, mäş, jöwen we ş.m. girýär. Häzir Türkmenistanda bugdaýyň 73 sorty, has gowy sortlary - «gylçyksyz-1», «sere-serroz», «ýerli ak bugdaý»; şalynyň 30 sorty, iň gowy sorty – awangard-75; arpanyň hem 30 sorty ösdürilip ýetişdirilýär, gowy sortlary – «polladium», «önümli arpa».

***Dänelik mekge.*** Dänelik mekge - esasy dänelik ekin. Biziň şertlerimizde ýokary hasyl berýär. Esasy sortlary: «Krasnodar-5 tw», «Wir--156 tw». Bularyn hasyllylygy - 80-100 *s/ga.* Ösüş döwri - 120-130 gün, kesele durumly. Ýurdumyzyň hemme sebitleri üçin niýetlenen. Dänesi gyzyl, diş görnüşli, iri. Ekiniň beýikligi 2-3 metre ýetýär.

***Ýuwuş suwuny guramak.*** Gowşak we orta duzly toprak üçin ýuwuş suwy gerek. Ýuwuş suwy oktýabr-noýabr aýlary geçirilýär.

***Ätiýaçlyk suwaryş.*** Goşmaça çyglylyk döretmek üçin ätiýaçlyk suwaryş geçirilýär. Agyr toprakda ol gyşyna, ýeňil toprakda - ýazyna suwarylýar. Ätiýaçlyk suwdan soň ýer taba gelende barana basmaly.

### *Dökün bermek*

Dänelik megke üçin ekiljek ýere ýanan ders dökmeli. Kadasy 10-12 *tonna/ga*, ders bilen bile fosfor dökmeli, kadasy 90-100 *kg/ga.*

### *Ekişiň öň ýanyndaky bejergi*

Dänelik mekge üçin ir ýazdan bejergi işlerini geçirmeli, barana basmaly. Haşal otlaryň köp ýerinde 18-20 *sm* çuňlukda azal (plug) bilen ýerdemir (predplužnik) arkaly geçip, baranalamaly we malalamaly.

***Dänäni ekişe taýýarlamak.*** Tohumyň gögerijilik derejesini ýokarlandyrmak üçin tohumlyk dänäni 3-5 gün ýyly ýerde saklamaly. Ekişiň öň ýanynda 80% TMTD preparaty bilen dänäni garmaly. Kadasy 1 *tonna* tohuma 2 *kg* preparat.

### *Ekiş*

Dänelik mekge Mary, Ahal, Balkan welaýatlarynda martyň ahyrynda – apreliň başynda ekilýär. Lebapda – apreliň birinji ongünlüginde, Dasoguzda – apreliň ikinji ýarymynda, şonda topragyň ýylylygy 12°C bolmaly. Dänelik mekgäniň hatararasy 70 *sm* bolup, 1 *ga* meýdana 50-60 müň düýp bolmaly. Tohumyň ekiş çuňlugy – 6-8 *sm*, 1 *ga* ýere 25-30 *kg* tohum ekmeli.

***Dänelik mekgä ideg.*** Ýer gatamaz ýaly, ekişden 4 gün geçenden soň baranalamaly. Barana ýeňil we orta agramlykda bolmaly. Soňra kultiwasiýa geçirmeli, çuňlugy 6-8 *sm*, 3-4 ýaprak çykanda haşal otlary aýyrmaly. Wagtynda iýmitlendirmeli. 120-150 *kg/ga* azot, 100--120 *kg/ga* fosfor, 50-60 *kg/ga* kaliý bermeli. Her gezek dökünden soň suw berilýär. Ýerasty suw 2-3 metr çuňlukda bolsa 6-7 gezek, 1 metr çuňlukda bolsa – 4-5 gezek suwarylýar. Suwaryş kadasy 1000 $m^3/ga$.

***Ýygymy guramak.*** Dänelik mekgejöwen ýetişenden soň mekge ýygýan kombaýnlar bilen ýygym geçirilýär. Ýygnalan dänelik mekge ýöriteleşdirilen ulag serişdeleri bilen ammarlara daşalýar.

## 7.3. Şalyçylygy guramak

Şaly gymmatly azyk önümi, gowaçany ekip bolmaýan ýerde ekilip, ýokary hasyl alýarlar. Şaly ekiljek ýerler basyrylyp suwarylýar, şonuň üçin ýer düz bolmaly, ýörite kartalarda ekilýär. Kartalaryň möçberi 25-40 *ga*, uzynlygy 1000-1700 *m*, ini 200-300 *m*. Beýikligi 75 *sm* bolýan inçejik böwetler göni bolýar, meýdany 1-2 *ga*.

***Topragy bejermek.*** Sürüm 28-30 *sm* çuňlukda geçirilýär. Çizel-kultiwator bilen ýumşadylýar.

### *Dökün bermek*

Birinji ýyl dökün bermeseňem ol ýokary hasyl berýär (boz ýerde). Sürümiň öňünden dökün bermeli, kadasy 15-20 *tonna/ga*. Azot sürüm bilen bilelikde berlip, 8-10 *sm* çuňluga düşürilýär. Kadasy 180-200 *kg/ga*, fosfor - 130-150 *kg/ga*, kaliý - 30-50 *kg/ga*.

### *Ekiş möhleti*

Ekilen tohum 12-14°C gyzgynlykda gögerýär. Ekiş döwri Lebapda – 10-njy aprel, Daşoguzda – 25 aprel.

### *Ekiş*

Mehanizasiýa bilen ekilýär, ekişiň çuňlugy – 2 *sm*. Ekiş kadasy 1 $m^2$-de 250-300 ösümlik bolar ýaly – 215-225 *kg/ga*.

### *Ideg*

Ekişden 3-4 hepde geçenden soň haşal oty aýyrmaly. Gerbisid ulanylýar: ekişiň öň ýanynda «ýalan» tipli gerbisid, ösüş döwründe «stom F-34» tipli gerbisid ulanylýar. Ösüş döwründe gerbisidler 3-4 *kg/ga* möçberde berilýär.

### *Ýygymy guramak*

Ýygym möwsüminiň başlanýan, gutarýan wagty öňünden bellenýär. Süýtleňňiç bolup başlanda suw tutmaklyk doly peselýär. Däne doly bişende ýygym başlanýar. «ZIR-4», «ZIU-4» orujy enjamlar bilen ýygylýar. Olar kombaýnlara dakylýar.

***Dänäni arassalamak.*** Onuň üçin «3B6 däne arassalaýjy» maşyn, şeýle hem «OPW-20» maşyn ulanylýar. Arassalanan şalynyň çyglylygy 14%-den ýokary geçmeli däl.

## 7.4. Pagtaçylykda iş hadysasyny guramak

Sebit aýratynlygyna esaslanyp, pagta inçe süýümli we orta süýümli sortlara bölünýär. Bularyň tohumlarynyň hersi aýratynlykda ýerleşýär. Türkmenistanyň oba hojalygynyň esasy pudagy pagtaçylyk bolup, ol harytlyk önümiň 70%-ne çenlisini tutýar. Bu pudagy – uly göwrümli geljegi bolan pagtaçylygy ösdürmegiň möhüm ugurlarynyň biri-de suwarymly ýerleriň melioratiw ýagdaýyny gowulandyrmakdyr, ýerlerde kollektor-drenaž şertleri dogry guramakdyr. Mysal üçin, Howuzhan sebitinde her bir gektara tutulýan suwuň 100 litriniň 34%-i hiç bir önümçilige gatnaşman, ýerleri şorladýar. Pagtaçylyga ýöriteleşmek harytlyk önümiň düzümi, pudaklaryň utgaşmagy, jemi öndürilen önümiň düzümi bilen häsiýetlendirilýär. Türkmenistanyň pagtaçylygynda içki pudak ýöriteleşmesiniň has ösen hojalyklaryň biri inçe süýümli pagta, beýlekisi orta süýümli pagta ýöriteleşendir. Mary welaýaty esasan inçe süýümli pagta, Daşoguz welaýaty orta süýümli pagta ýöriteleşendir. Pagtaçylygy ösdürmek üçin ýorunjaçylygy ösdürmeli. Pagta-ýorunja ekin dolanyşygyny giňden ornaşdyrmaly. Şonda ýorunja ekilen ýerde azot 20%-e çenli köpelýär. Iş hadysalaryny dogry gurap, önümiň mukdaryny artdyryp we hilini gowulandyryp bolýar. Esasy işleriň görnüşi aşakdakylar:

– ekişiň öň ýanyndaky işler;
– ýerleri bejermek, dökünlemek, ýuwuş suwuny tutmak;
– bejeriş işleri esasy ekişin öň ýanyndaky, hatarara bejergi;
– ekiş;
– gögeriş almak;
– ýekelemek;
– haşal otlardan arassalamak;
– iýmitlendirmek, dökünlemek;
– suwaryş ulgamy;
– kultiwasiýa;
– defoliasiýa;
– hasyly el bilen ýygmak;
– hasyly maşyn bilen ýygmak.

Iş hadysalarynyň hemmesiniň hem örän wajypdygyny belläp, olaryň içinden has wajyplarynyň käbiriniň üstünde duralyň. Şolardan esasylarynyň biri ýerleri bejermek. Ýeriň üstünden birnäçe gezek agyr maşynlar geçse ýeriň mehaniki ýagdaýy bozulýar.

## 7.5. Gök ekerançylykda ekin dolanyşygyny guramak

Gök ekinleriň ekin meýdanynyň düzümi döwlete gök önüm satmak baradaky tabşyrykdan, hojalygyň ýerleşýän ýerinden we ýöriteleşişinden, zähmet serişdeleri bilen üpjünçilikden ugur alnyp, tebigy-klimat şertleri hem-de ýerli däpler nazara alnyp kesgitlenýär. Şäher etegindäki gök ekerançylyk kärhanalarynda ilaty ýaz we tomus döwürlerinde gök önümler bilen üpjün etmek üçin bolsa meýdana zaýalanýan irki gök ekinleri has köpräk ekýärler.

*Gök ekinleriň ekin dolanyşygy.* Gök ekinleriň ekin dolanyşygy hojalygyň umumy ekin dolanyşyk ulgamynyň aýrylmaz bölegidir. Ýeriň, işçi güýjüniň we tehnikanyň rejeli peýdalanylmagy, gök ekinleriň hasylynyň we pudagyň ykdysady netijeliliginiň ýokarlanmagy ekin dolanyşygy bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Gök ekinler topragyň mes bolmagyny we yzgaryň ýeterlik bolmagyny talap edýär. Şeýle bolandan soň gök ekinleriň ekin dolanyşygy, kada hökmünde, mes toprakly ýerlerde amal edilýär. Olar ot-iýmlik we beýleki ýörite ekin dolanyşyklarynda ýerleşdirilip bilner. Dokuz meýdanly ekin dolanyşyk çyzgysyny (shemasyny) ulanmak maslahat berilýär. Şonda onuň çyzgysy 3:1:1:1:1:2 bolmaly. Bu ýerde 1-3-nji meýdan ýorunja, 4-nji meýdan gök ekinler, 5-nji meýdan bakja ekinleri, 6-7-nji meýdan galla ekinleri, 8-9-njy meýdan gök ekinler üçin bellenendir.

Gök ekinleriň ekin dolanyşygy aşakdaky ýaly yzygiderlilikde işlenip taýýarlanylýar: başky materiallaryň taýýarlanmagy, taslama işlerini geçirmek, ykdysady-guramaçylyk taýdan esaslandyrmak, geçiş meýilnamany ýerine ýetirmek. Ekin dolanyşygyny taslamagyň umumy görnüşi şu aşakdakylardan ybaratdyr:

– gök önümleri öndürmegiň we olary döwlete satmagyň meýilnamasyna laýyklykda, gök ekinleriň haýsy görnüşlerini ekmelidigi we olaryň ekiljek meýdanlary bellenilýär;

– esasy ekinleriň ekilmeli meýdanlarynyň ortaça möçberi kesgitlenýär;

– agrotehniki we ykdysady talaplar nazara alnyp, goşmaça ekilmeli ekinler anyklanylýar;

– gezekleşdirilip ekilmeli ekinleriň gutarnykly taslamasy kabul edilýär;

– ýer böleginiň umumy meýdany hasaplanýar.

# III bölüm ÖNÜMÇILIGI DOLANDYRMAGYŇ ESASLARY

## § 1. DOLANDYRYŞYŇ NAZARYÝET ESASLARY DÜŞÜNJESI

### 1.1. Dolandyryş düşünjesi we menejmentiň ösüşiniň tapgyrlary

«Dolandyryş» düşünjesi islendik ykdysady ulgamlar we jemgyýetçilik-ykdysady gatnaşyklar üçin häsiýetli bolýar.

♦ dolandyryş – bu guramanyň maksatlaryny kesgitlemek we olara ýetmek üçin zerur bolan meýilnamalaşdyryş, guramaçylyk, höwes döretmek we gözegçilik işidir.

♦ dolandyryş – munuň özi adamlaryň guramaçylyksyz toparyny netijeli, maksada okgunly we öndüriji topara öwürýän işiň aýratyn görnüşidir.

♦ dolandyryş – bu belli bir maksatlara ýetmek üçin dolandyryjy tarapyndan dolandyrylýan obýekte yzygiderli täsir etme işidir.

♦ dolandyryşyň esasy maksady – *öňde duran* maksada ýetmek *üçin adamlara* ýolbaşçylyk etmekdir, *olaryň* işini utgaşdyrmakdyr.

«Menejment» düşünjesi bolsa, diňe bazar ykdysadyýetine esaslanýan ykdysady ulgamlar üçin häsiýetli bolup durýar. «Menejment» sözüniň manysy iňlis ýa-da rus dillerinden terjime edilende «рука – el – руководить – dolandyrmak» bolup, ol umuman, dolandyrmagy ýa-da hojalygy alyp barmagy aňladýar.

Menejment diýlende hemişe diýen ýaly, hereket edýän we dolandyryjy işgär hökmündäki menejeriň wezipesi bar bolan gurama göz öňüne gelýär. Umumy, belli bir eýesiz ýa-da döwlet dolandyryşy hakynda gürrüň gozgalanda bolsa «administration» adalgasy, ýagny «administrirleme, ýolbaşçylyk etmek» düşünjesi ulanylýar.

«Dolandyryş» adalgasy öz mazmuny boýunça has giňdir we «menejment» düşünjesini hem, «ýolbaşçylyk etmek» düşünjesini hem öz içine alyp bilýär. Menejment we dolandyryş hakykatdan hem

bir nukdaýnazardan seredilýär we şol sebäpli «menejment» we «dolandyryş» düşünjesini birmeňzeş aňlatma hökmünde ulanyp bolýar.




*1.1-nji çyzgy.* **Menejmentiň çäginiň düzümi**

1. Işjeň dolandyryş.
2. Adam serişdeleriniň menejmenti.
3. Işewürligiň menejmenti.
4. Durmuş menejmenti.




*1.2-nji çyzgy.* **Işjeň dolandyryşyň esaslary**

Iş dolandyryjynyň bäş sany wezipesi (A. Faýolyň pikiri boýunça):
♦ meýilnamalaşdyrmak.
♦ guramak.
♦ ýolbaşçylyk etmek.
♦ utgaşdyrmak.
♦ gözegçilik.




*1.3-nji çyzgy.* **A.Faýolyň funksional çemeleşmesi**

Menejmentiň on dört sany ýörelgesi (A. Faýolyň pikiri boýunça):

1. *Işiň bölünişi* (zähmetiň ýöriteleşdirilmesi kärhananyň üstünlik gazanmagy üçin möhümdir).

2. *Häkimlik* (buýruk bermekde hukuk jogapkärçiligi bilen aýrylmaz baglylykda bolmalydyr).

3. *Düzgün-tertip* (boýun bolmak we hormat goýmak işgärleriň arkaýyn we öndürijilikli işlemeklerine ýardam berýär).

4. *Bir ýolbaşçynyň bolmaklygy* (her bir işgär buýruklary diňe bir ýolbaşçydan almalydyr).

5. *Bitewi ugur* (guramanyň her bir hünärmeniniň tagallalary bir ugurda utgaşdyrylan bolmalydyr. Munuň özi işgärleriň ählisiniň kärhananyň uzak möhletleýin maksatlaryny bilýän we onuň gazanylmagyna ymtylýan ýagdaýynda mümkindir).

6. *Umumy bähbitleriň şahsy bähbitlerden ileri tutulmasy* (şahsy bähbitler bilen guramanyň umumy bähbitleriniň arasyndaky gap-

ma-garşylygy aradan aýyrmak ýolbaşçylaryň iň düýpli kynçylyklarynyň biridir);

7. *Sylaglanma* (işgärler töleg hakyny öz goşan goşantlaryna laýyk almalydyrlar);

8. *Merkezleşdirme* (merkezleşdirme bilen merkezden üzňeleşdirmäniň arasyndaky iň amatly gatnaşygy guramanyň ýolbaşçysy kesgitleýär. Iş dolandyryjynyň ussatlygy wezipeleri ýollamak, ýagny bölüp bermek konsepsiýasyny durmuşa ornaşdyrmak başarnygy bilen ölçenilýär);

9. *Basgançakly zynjyr* (ýokary derejedäki ýolbaşçylar maglumatlary alyşmak barada görkezme berýänçä tabynlykdaky işgärler dolandyryşyň formal zynjyryny berjaý etmelidir);

10. *Tertip* (işgärler we maddy gymmatlyklar özlerine degişli bolan ýerde bolmalydyr);

11. *Adalatlylyk* (ýolbaşçynyň adamkärçilige we kanuna daýanýan adalatlylygy işgärleriň wepaly bolmagyna getirýär);

12. *Işgärleriň durnuklylygy* (täze işe alnan işgärlere öz işini öwrenmek üçin wagt berilmelidir. Işgäriň öňde goýlan maksada ýetip bilmegi üçin guramanyň ýolbaşçylary ony okatmalydyr we ösüşiň esasy ugurlary bilen tanyşdyrmalydyr);

13. *Inisiatiwa (başyny başlamaklyk)* (meýilnamalary özbaşdak düzmek we amala aşyrmak netijeli işleýän işgärler üçin has uly kanagatlanma getirýär);

14. *Bir synpa (topara) degişlilik ruhy* (işgärleriň kärhananyň sazlaşykly ösüşine gönükdirilen bilelikdäki tagallalary üstünligiň binýadydyr).

**E. Meýonyň adam gatnaşyklary baradaky üç sany netijesi:**

1. Goltgy beriji gözegçilik bolan halatynda işçileriň höwesi artyp, ozalkylaryndan has öndürijilikli işleýärler (*gözegçi öz tabynlygyndaky işgärler hakynda tüýs ýürekden aladalanýar*);

2. *Gytaklaýyn sowal-jogap alyşma däbe öwrülen göni sowal bermek usulyndan has maksadalaýyk gelýär* (gytaklaýyn sowallar diňe «hawa» ýa-da «ýok» diýen jogapdan has giňişleýin jogap bermegi talap edip, sowal berlen adama öz pikirini has erkin beýan etmäge mümkinçilik döredýär);

3. Däbe öwrülen, goltgy bermeýän gözegçilik ulgamynda işgärler hemişe öndürijiligini kemeltmäge ymtylýarlar.




*1.4-nji çyzgy.* **Adam serişdeleriniň menejmentiniň esaslary**

Işewürligiň menejmenti we durmuş menejmenti:

▪ *Menejmentiň ösüşiniň üçünji tapgyry - işewürligiň menejmentiniň döwri* - hemmeler iň ýokary girdeji gazanmaga we müşderileriň talaplaryny kanagatlandyrmakda çeýelige ymtylýarlar.

▪ *Menejmentiň ösüşiniň dördünji, häzirki zaman tapgyry - durmuş menejmenti,* her bir gurama diňe girdeji almakdan başga hem özüniň jemgyýetiň öňündäki durmuş jogapkärçiliginiň çägini kesgitlemelidir.

Menejmentiň ösüşiniň häzirki zaman tapgyry jemgyýetiň sazlaşykly ösmegi üçin netijeli işjeň dolandyrylyşyny, adam serişdeleriniň menejmentini we işewürligiň menejmentini birleşdirýär.




*1.5-nji çyzgy.* **Menejmentiň ewolýusiýasy**

## 1.2. Dolandyryş ulgamlarynyň esasy görnüşleri

Dolandyryş ulgamlarynyň dört sany esasy görnüşi bolýar:
1. Işe gatnaşmak arkaly dolandyrmak;
2. Görkezmeler arkaly dolandyrmak;
3. Netijeler boýunça dolandyrmak;
4. Usullar arkaly dolandyrmak.

*Işe gatnaşmak arkaly dolandyryş*

*Işe gatnaşmak arkaly dolandyrmak* zähmet gildiýalaryna (özara hyzmatdaşlyk edýän adamlaryň uly bolmadyk toparlaryna) esaslanýan önümçilik ulgamy bilen häsiýetlendirilýär. Önümçilik *hususy bezege* we *el işine* esaslanýar. Her bir *ussa mugallym* hem, *halypa* hem bolýar, *şägirtler* olardan *görelde alýarlar*, olar bolsa öz *şägirtleriniň işine* ýokary derejede *gözegçilik* edýärler. Taýýar *önüm* ussatlygyň nusgasyna öwrülip, *ýokary hilli* we *uzak möhletli* bolýar.

Gildiýalaryň işi aşakdaky ýörelgeleriň esasynda guralýar:

▪ *gildiýanyň agzasy bolmak üçin* aýratyn tejribä we başarnyga eýe bolmaly;

▪ gildiýalar öz ussalarynyň okadyş derejesine *berk gözegçilik etmeli;*

▪ *şägirtlik döwrüniň uzak* bolmagynyň zerurlygy.

Önümçilik ulgamlary ýokary hilli harytlary öndürmek üçin özara hyzmatdaşlyk edýän adamlaryň uly bolmadyk toparlaryndan ybaratdyr. Bu toparlar harydyň hiline, möçberine, nyrhyna *we* işiň alnyp barlyşyna berk gözegçilik edýärler.

*M. Weberiň guramaçylyk düzüminiň býurokratik konsepsiýasynyň ýörelgeleri*

Nemes sosiology M.Weber guramaçylyk düzüminiň *býurokratik konsepsiýasyny* işläp düzdi we aşakdaky *ýörelgeleri* teklip etdi:

▪ *guramaçylyk düzüminiň basgançakly ulgamy* (her bir aşaky gullukçy ýokardaky ýolbaşça tabyn bolýar we özüniň hem-de öz tabynlygyndaky işgärleriň ählisiniň hereketlerine jogap berýär);

▪ zähmetiň wezipeler boýunça ýöriteleşdirilişi we bölünişi;

▪ önümçilik işleriniň gidişini birsydyrgyn ýerine ýetirmegi üpjün edýän *işiň tertibiniň we düzgünleriniň aýdyň ulgamy*;

▪ *wezipä hödürlemek we wezipäni eýelemek ulgamy* başarnyga we tejribä esaslanýar hem-de standartlar bilen ölçenilýär;

▪ *aragatnaşyk ulgamy* guramanyň içinde hem, onuň daşynda hem ýazylan düzgünlerden ugur alýandygy bilen häsiýetlendirilýär.

*Netijeler boýunça dolandyryş*

1924-nji ýylda E.Meýo *zähmetiň fiziki şertleri* (iş orunlarynyň ýagtylandyrylyşy, ýyladylyşy we ş.m.) bilen *iş öndürijiliginiň* arasyndaky *arabaglanyşygy* öwrenýär. Ol iş şertleri gowulandyrylan işçileriň has gowy işläp ugraýandyklaryny ýüze çykarýar. E.Meýo *adam faktorlarynyň* iş öndürijiligine örän güýçli täsirini ýetirýändigi baradaky netijä gelýär.

Psiholog A.Maslou 1943-nji ýylda adamyň *höweslendirilmesi* bilen onuň *işjeňliginiň* arasyndaky *arabaglanyşygy* suratlandyrýan *modeli* döredýär. A.Maslounyň bu modeli *talaplaryň bäş derejesini* öz içine alýar.

1. *Fiziologik talaplar* (iýmite, suwa, ýaşaýyş jaýyna, egin-eşige bolan talap).

2. *Howpsuzlyga we geljege bolan ynama talap* (fiziki we psihiki howplardan goraglylyga bolan talap).

3. *Durmuş talaplary* (degişli bolmaklyga, durmuş taýdan özara baglylyga, ysnyşmaklyga we goltga bolan talap).

4. *Sylag-hormata bolan talap* (üstünlik gazanmaklyga, başarjaňlyga, hormata we töwerekdäkileriň ykrar etmesine bolan talap).

5. *Özüňi görkezmeklige bolan talap* (ähli mümkinçilikleriňi açyp görkezmeklige we şahsyýet hökmünde ösmeklige bolan talap).




*1.6-njy çyzgy* **A. Maslounyň modeli boýunça talaplaryň derejeleri**

D. Mak Gregor boýunça dolandyryşyň iki sany nazaryýeti:
«X» nazaryýeti we «Y» nazaryýeti

D. Mak Gregor dolandyryşyň iki sany nazaryýetini teklip etdi: *«X» nazaryýeti* we *«Y» nazaryýeti.*

▪ «X» nazaryýetiň tarapdarlary adamlaryň öz tebigaty boýunça ýaltadygyny we mümkin boldugyça az işlemäge çalyşýandyklaryny, olaryň jogapkärçiligi halamaýandyklaryny we kimdir biriniň yzyna düşmek isleýändiklerini tassyklaýarlar.

▪ «Y» nazaryýetiň tarapdarlary adamlar dogabitdi işjeň, olar höwes bilen öz üstlerine jogapkärçilik alýarlar, özleri meýilnama düzüp, öz-özlerine gözegçilik edip bilýärler diýip hasaplaýarlar.

▪ *«X»* nazaryýetine laýyklykda işleýän menejerler öz tabynlygyndaky işgärleri *sylaglamaga*, olara *temmi* bermäge we *gözegçilikde* saklamaga ýykgyn edýärler.

▪ «Y» nazaryýeti *boýunça işleýän menejerler bolsa işi* işgärleriň, guramanyň maksadyna ýetmek arkaly öz maksatlaryna *ýeter ýaly derejede gurnaýarlar.*

*Usullar arkaly dolandyryş*

Durmuş-tehniki ulgamlaryň konsepsiýasy *ýolbaşçylaryň ünsüni iş ýerlerinde* ynsanperwerligiň ornaşdyrylmagyna çekýär.

Durmuş-tehniki ulgamlar işgärleriň *öz işleriniň durmuş* we *ykdysady taraplaryna düşünmeklerine* esaslanýar. Dolandyryşyň bu görnüşinde işiň netijesini gowulandyrmak maksady bilen, *işgärler öz tejribelerini artdyrmak* işine çekilýärler.

*Jemgyýeti öwreniji psiholog E.Trist* «durmuş-tehniki ulgamlar» *diýen, ýagny* adamlaryň (durmuş ulgam) zähmet gurallary (tehniki ulgam) *bilen özara baglanyşyklydygy hakyndaky düşünjäni ulanyşa girizdi*.

*Durmuş-tehniki ulgamlar taglymatynyň maksady* durmuş *we* tehniki ulgamlary utgaşdyrmak *arkaly* hiliň, *önümiň* mukdarynyň *we* işgärleriň kanagatlanmasynyň derejesini *has* ýokary galdyrmakdan *ybaratdyr*.

Işçileriň çözgüt kabul etmeklige mümkinçiligi *bolan toparynyň* has netijeli işleýändikleri *we üýtgäp duran* iş şertlerine has tiz uýgunlaşýandyklary *ýüze çykaryldy*.

*1.1-nji tablisa*

***Dolandyryş ulgamlarynyň häsiýetleriniň deňeşdirmesi***

| **Menejmentiň ulgamy** | **Önümçiligiň usuly** | **Dolandyryşyň esasy usuly** | **Zähmetiň düzümi** | **Aýrybaşga (indiwidual) sylaglanma** | **Işiň hili** |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| Işe gatnaşmak arkaly dolandyryş (XVIII- XIX asyrlar) | Aýrybaşga önümçilik | Modelirlemek | Halypanyň we şägirdiň bir-biri bilen ýakyndan baglanyşygy; şägirtlik döwrüniň dowamlylygy | Durmuş we psihologik kanagatlandyrma | Önümiň hili ýokary; standartlaşdyrmanyň ýoklugy; aýrybaşga barlag |
| Görkezmeler arkaly dolandyryş (XX asyryň başy) | Köpçülikleýin önümçilik | Gözegçilik | Enjamlaryň girizilmegi | Durmuş we psihologik kanagatlanarsyzlyk | Önümiň hili ortaça; standartlar; gözegçiler tarapyndan barlag |
| Menejmentiň ulgamy | Önümçiligiň usuly | Dolandyryşyň esasy usuly | Zähmetiň düzümi | Aýrybaşga (indiwidual) sylaglanma | Işiň hili |

## 1.3. Dolandyryşyň wezipeleri

*Dolandyryşyň wezipeleri:*

1. *Meýilnamalaşdyrmak* (menejmentiň esasy wezipesi, kärhananyň işiniň ugruny we maksatlaryny kesgitlemek).

2. *Dolandyryş çözgütlerini kabul etmek* (üýtgäp duran daşky gurşawda dogry çözgüdi kabul etmek işewürligi dolandyrmaklygyň iň çylşyrymly meselesidir).

3. *Guramaçylyk işi* (oýlanyşykly guramaçylyk işi adam serişdelerini netijeli peýdalanmagy üpjün edýär. Gowy guramaçylyk buýruklaryň zynjyryny düzüm boýunça tertipleşdirmegi, zähmetiň bölünişigini, jogapkärçiligi ýüklemegi göz öňünde tutýar).

4. *Iş orunlarynyň doldurylmagy* (guramalar özünde zähmet çekýän işgärler bilen hakyky gurama öwrülip bilýärler. Işewürligiň menejmenti wepaly, okuw taýýarlygy ýokary işgärleriň ösmegine we kämilleşmegine maýa goýýar).

5. *Netijeli aragatnaşyk* (guramalara özara gatnaşyklary açyk saklamak zerurdyr. Iň gowy ahlak gatnaşyklary ýola goýlan guramalar öz maksatlaryny we meýillerini işgärlere ýetirýärler we olaryň pikirini diňleýärler).

6. *Höweslendirmek* (uzak möhletleýin maksatnamanyň esasynda işgärleri netijeli iş usulyny tapany üçin sylaglamak).

7. *Ýolbaşçylyk etmek* (öz ýolbaşçylyk ýörelgesini ýagdaýa görä uýgunlaşdyrmagy başarýan ýolbaşçylar lider hökmünde ykrar edilýärler).

8. *Gözegçilik* (gözegçilik wezipesiniň kömegi bilen islenilýän netije gazanylan netije bilen deňeşdirilýär we zerur bolan düzediş hereketleri amala aşyrylýar).




*1.6-njy çyzgy.* **Netijeli dolandyrmagyň häzirki zaman uniwersal çemeleşmesi**

## 1.4. Dolandyryşyň ösüş taryhy

Häzirki zaman menejmentiniň öňe sürýän esasy ugry ýagdaýa görä çemeleşmedir. Ol şu aşakdakylardan durýar:

– meýilnamalaşdyrmak, guramak, sazlamak, hasaplamak we gözegçilik etmek;

– çözgütleri kabul etmegiň modelleri;

– ulgamlaýyn seljerme we maglumatlar ulgamy.

Häzirki zaman menejeri dolandyryş çözgütlerini işläp düzmek we esaslandyrmak üçin öňdengörüjilikden hem doly peýdalanyp bilmelidir. Muňa häzirki zaman menejmentiniň nazaryýet we amaly birleşme esasynda ösjekdigine daşary ýurt tejribeleri hem şaýatlyk edýär. Bu barada «Ýapon kärhanalary nähili işleýärler?» diýen kitapda menejmentiň ýapon modeli barada giňden durlup geçilýär. Ýaponlarda telekeçilik mekdepleriniň sany köp hem bolmasa, olar guramalarda we kärhanalarda wezipeleri çalyşmak arkaly zerur bolan ýolbaşçylary tapmagy ýola goýupdyrlar. Menejmenti öwrenmek amerikanlar tarapyndan hem uly ösüşe eýe boldy. Ýöne soňa baka dolandyryş ylmy durmuşdan üzňe bolýar diýip, olar köp mekdepleri ýapdylar. Ýewropalylar – ýokardaky döwletleriň ortalygynda barýarlar diýsek bolar. Bularda telekeçilik mekdepleri hem bar, hünäri ýokarlandyrmak mekdepleri hem bar. Menejment ylym hökmünde köptaraplaýyn ösýär. Muňa mysal edip giň köpçüligiň gyzyklanmasyny görkezmek bolar. Menejmente degişli bir topar edebiýatlar ýönekeý okyjylar üçin bolsa, beýlekileri gaty çuňňur öwrenmäge degişlidir. Soňky ýyllarda önümçilik tejribesiniň işjeňliginden we gurluşyndan dolandyryş görnüşleriniň üýgemeleri sebäpli düýpli özgermeler bolup geçýär. Bu özgertmeler önümçiligi gowy guraýanlaryň pes dolandyryşly kärhanalary gysyp çykarmagy bilen düşündirilýär. Biziň ýurdumyzda bazar ykdysadyýetine geçilmegi mynasybetli dolandyryş işgärleri meselesine uly üns berilýär. Öňde goýlan wezipeleri amala aşyrmak üçin iş gurnaýjylaryň işeňňirligi zerur bolup durýar. Şeýle hem menejmentde resmi we resmi däl guramalaryň ýaşaýyş döwrüni bilmek üçin degişli ýörelgelerden hem-de kanunalaýyklyklardan habarly bolmalydyr.

## § 2. OBA HOJALYK ÖNÜMÇILIGINDE DOLANDYRYŞYŇ ÝÖRELGELERI. YLMY ÝÖRELGELER

### 2.1. Önümçiligi dolandyrmagyň umumy kanunalaýyklyklary

Bazar ykdysadyýetine geçilýän döwürde tabşyryklaryň aradan aýrylmagy oba hojalyk önümçiligini dolandyrmakda käbir aýratynlyklary emele getirýär. Indi her bir oba hojalyk kärhanasy ýa-da beýleki hojalyklar özüne gerek bolan we bazaryň isleglerine görä, öz önümçiligini özleri meýilleşdirýärler. Şeýle hem önümçilik hadysasy dolandyrmakda, zähmeti guramakda we zähmete hak tölemekde döwlete garaşsyz, ýokary edaralardan görkezmeleri alman, öz pikir-paýhasyna we guramaçylyk ukybyna görä, daýhan önümçilik hadysalaryny özüçe guraýar. Önümçiligi dolandyrmagyň nazary esaslary öz köküni ykdysady kanunlardan alyp gaýdýar. Menejment ylmy ykdysady kanunalaýyklyklar bilen birlikde önümçiligi dolandyrmagyň kanunalaýyklyklaryny öwrenýär we düzýär. Kanunalaýyklyk– – bu hadysalaryň belli bir düzgün boýunça yzygiderli ýüze çykmagydyr. Ýagny, haýsy hem bolsa bir hadysa tebigy tötänlik bolman, onuň belli bir sebäplere görä, esaslandyrylan hökmany hadysadygyny we şol kanunlaryň jemini häsiýetlendirýär. Önümçiligi dolandyrmagyň umumy kanunalaýyklyklarynyň iň esasylary şulardan ybaratdyr:

1. Halk hojalygynyň hemme basgançaklarynda dolandyryjy ýörelgeleriň derejesiniň birligi. Bu ýerde her bir önümçiligiň, her bir hojalygyň anyk şertleri nazara alynmalydyr.

2. Dolandyryşda iň bir amatly laýyk ulgamy saýlap almak we önümçilige ornaşdyrmak.

3. Önümçilik gorlarynyň sazlaşykly hereketini we olaryň yzygiderli dolanyşygyny gazanmak. Beýle diýildigi önümçiligiň hemme derejesinde: ekişde, bejergide, hasyl ýygnamakda we ş.m. sazlaşyk bolmaly.

4. Dolandyryş döwründe wezipeleriň merkezleşdirilmegini ýa--da özygtyýarlyk berilmegini nazara alman, her bir ýolbaşça özüne degişli hukugyny bermeli.

5. Dolandyrýan we dolandyrylýan ulgamyň bölümleriniň laýyk düzümini kesgitlemek, ýagny ekerançynyň, inženeriň, maldaryň we ş.m. borçlary we wezipeleri.

Şu ýokarda sanalan kanunalaýyklyklar dogry we doly berjaý edilen wagtynda önümçiligi dolandyrmak öz ykdysady netijesini berer. Eger-de şularyň biri bozulsa, onda dolandyryşyň yzygiderli zynjyry üzüler we dolandyryşyň ykdysady netijeliligi peseler.

Menejmentiň ylmy tarapdan esaslandyrylan ýörelgesi diýip, dolandyryş edaralarynyň, dolandyryş işgärleriniň dolandyryşda ulanylýan, esaslanylýan we gollanylýan düzgünlerine hem-de kadalaryna aýdylýar. Dolandyryş ýörelgesi – haýsy hem bolsa bir önümçilik ýolbaşçysynyň tejribe iş usuly bolman, ol önümçilik gatnaşyklarynyň häsiýetlerinden gelip çykýar. Onuň aşakdaky ýaly aýratynlyklary bardyr. Her bir ykdysady gurluş, ýagny her bir önümçilik gatnaşygy we eýeçiligiň görnüşi özüne mahsus bolan, öz ykdysady gurluşyna gabat gelýän önümçilik gatnaşyklaryny we önümçilik döwürlerini emele getirýär.

## 2.2. Menejmentiň esasy ýörelgeleri

*Menejmentiň esasy ýörelgeleri şulardan ybaratdyr:*

1. Ykdysady we syýasy ýolbaşçylygyň birligi – bu esasan jemgyýetçiligiň ykdysady talabyndan we döwletiň dolandyryşdaky syýasy jähetlerinden ugur alýar. Şonuň üçin her bir hojalyk ýolbaşçysy we her bir bölümiň ýolbaçysy islendik meseläni çözende döwletiň syýasy jähetlerinden ugur almalydyr.

2. Demokratik merkezleşme – bu ýörelgäniň esasy maksady döwletiň merkezleşdirilen meýilnamaly ýolbaşçylygy bilen bir hatarda önümçiligi dolandyrmaga halk köpçüligini işjeň gatnaşdyrmagyň iň ýokary derejesinden ybaratdyr. Ýagny halk köpçüligi diňe bir ara alyp maslahatlaşmakda däl, hat-da olara bolan gözegçiligi üpjün etmekde hem şu işlere çekilmelidir.

3. Köp ýyllaryň iş tejribeleriniň görkezişi ýaly, halk köpçüligini önümçiligi dolandyrmaga çekmegiň iň netijeli görnüşi – önümçilik maslahatlarynyň we önümçilik ýygnaklarynyň sanynyň hem-de wagtynyň ýerlikli bolmagydyr. Sebäbi bir adam näçe köp bilse-de, önümçiligi guramakda, dolandyrmakda we ony netijeli alyp barmakda köpçüligiň bileniçe bilip bilmeýär. Şonuň üçin her bir ýolbşçy ýygnaklarda işläp düzülen jemgyýetçilik pikirine esaslanmalydyr we öz salgysyna aýdylan tankydy belliklerden degişli netije çykarmalydyr. Şeýle hem önümçilik ýygnaklary ýolbaşçynyň işine hem gözegçiligi güýçlendirýär we olaryň öz gulluk borçlaryny hyýanatçylykly ulanmaklaryny aradan aýyrýar.

4. Ýeke-täk ýolbaşçylyk we köpçülikleýin maslahat – bu ýörelge esasan dolandyryşdaky demokratik merkezleşmeden gelip çykýar. Ýagny her bir ýolbaşçy özüne berkidilen bölekden önümçiligi dolandyrmaga özüne degişli hukuk, doly ygtyýarlylyk we doly jogapkärçilik alýar.

5. Şol böleklerde ýolbaşçy berk önümçilik we zähmet düzgün-tertibini üpjün etmäge we öz bilimini, tejribesini, bölegindäki işgärleriň iş tertibini şol bölegiň işiniň ösmegi we öňe gitmegi üçin buýruk görnüşde däl-de, halk köpçüliginiň islegi hökmünde ulanmalydyr.

6. Dolandyryş ulgamyna amatly çemeleşmek – menejmentiň bu ýörelgesi netijesinde oba hojalyk önümçiliginiň her bir ýolbaşçysy önümçiligi dolandyrmagy ýerli ýagdaýlara görä, önümçiligi dolandyrmagyň amatly ýollaryny we netijeli usullaryny saýlap almagy başarmalydyr.

7. Işgärleri saýlap-seçip almak we terbiýelemek – bu ýörelge önümçilik menejmentiniň esasy bolup durýan işgärler meselesi bilen baglydyr. Onuň sebäbi işgärleri dolandyrmagyň netijeli ugurlarynyň biri hojalygyň ýolbaşçysynyň işgärleriň iş başarjaňlygyna, olaryň her bir ýagdaýlardan akylly-başly baş alyp çykmaga ukyplylygyna esaslanýar. Şonuň üçin işgärleri saýlap-seçip almak, olary ýerli-ýerinde goýmak we terbiýelemek döwlet edaralarynyň üns merkezinde hemişe durmalydyr. Ýolbaşçy işgär özüne bildirilen talaby doly we gyşarnyksyz ýerine ýetirmäge öz akyl-paýhasyny, bilim derejesini, terbiýesini doly güýjünde ulanmaga we öz ýolbaşçylyk edýän böleginde halk köpçüliginiň ynamyny ödemäge borçludyr.

Önümçiligi dolandyrmagyň ylmylyk ýörelgesi – bu ýörelgäniň esasy ugry dolandyryşyň her bir ulgamynyň ylmy tarapdan esaslandyrylan bolmagyny we öňdebaryjylaryň iş tejribeleriniň yzygiderli önümçilige ornaşdyrylmagyny göz öňünde tutýar.

Önümçiligiň her bir ýolbaşçysy menejmentiň ylmylyk ýörelgesiniň berjaý edilmegini talap etmek bilen bir hatarda özleriniň işleýän döwürlerinde iş tejribelerini seljerip, goýberen ýalňyşlaryny anyklap, olary düzetmegiň ýollaryny gözlemelidir. Olar önümçiligi dolandyrmagyň täze öňdebaryjy görnüşlerini we usullaryny önümçilige ornaşdyryp, nazaryýetde alan bilimlerini amaly işlerde ulanmagy we özleşdirmegi başarmalydyrlar. Ýagny ýolbaşçy hojalyk we önümçilik meselelerini çözende hemişe ylmy ýörelgelerden ugur almalydyr.

Önümçiligi dolandyrmagy meýilnamalaşdyrmak ýörelgesi – bu ýörelge halk hojalygyny ösdürmegiň meýilnamaly deňölçegli ösüşine esaslanandyr. Meýilnamalaşdyrmak ulgamy öz gezeginde uzak, orta we gysga möhletli (möhüm etmeli) iş meýilnamalaryndan durýar.

Önümçiligi dolandyrmagyň tygşytlylyk ýörelgesi – bu ýörelge önümçiligi dolandyrmagyň esasy ýörelgeleriniň biridir. Sebäbi, maddy we zähmet harajatlarynyň netijeliligini ýokarlandyrmak diňe tygşytlylyk usulynyň berk guralan ýerinde mümkindir. Tygşytlylyk düzgün-nyzamyny berjaý etmek häzirki wagtda oba hojalyk önümçiliginde iň bir derwaýys meseleleriň esasy bolup durýar.

Önümçiligi dolandyrmagyň maddy we ruhy taýdan höweslendirme ýörelgesi – bu ýörelgede önümçiligiň netijesi boýunça işgärleri maddy we ruhy taýdan höweslendirmek, hojalygy ösdürmek bilen bir hatarda işgärleriň önümçiligiň ösmegine bolan hususy höwesini artdyrmagyň çeşmesidigi nygtalyp geçilýär.

Önümçiligi dolandyrmagyň ahyrky ýörelgesi, dolandyryş edaralarynyň hususy jogapkärçiligini we borçlaryny dogry kesgitlemek ýörelgesidir. Bu ýörelge dolandyryşyň her bir böleginde, her bir bölüminde hökmany nazara alynmalydyr. Önümçiligi dolandyrmagyň şu kadasyny nazara almazdan, önümçilige hakyky gözegçiligi gurap we kärlere hakyky işbaşarjaň adamlary saýlap-seçip alyp bolmaýar. Şu seredip geçen ýörelgelerimiz önümçiligi dolandyrmakda jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ösüşiniň belli bir  maksada gönükdirilmegini kesgitleýär we önümçiligiň ösmeginde uly güýç bolup durýar.

# § 3. DOLANDYRYŞYŇ TEHNOLOGIÝASY

## 3.1. Dolandyryş ulgamynda şahslar

Häzirki zaman ýolbaşçylary bolup geçýän özgertmeleriň ösüşindäki intellektual, täzeçillik, ýokary hünärmenlik we beýleki bazar ykdysadyýeti şertleriniň talaplaryna sözüň doly manysynda düşünmelidir. Munuň üçin kämilleşýän dolandyryş ugurlarynda menejerleriň iş utgasynda (stillerinde) aşakdaky usullaryň bolmagy zerurdyr:

– täsir ediş usuly;
– höweslendiriş usuly;
– ynandyrmak usuly;
– guramaçylyk, täsir ediş usuly.

Ýolbaşçylygyň usullary onuň ygtyýarlygyna, hukuklaryna, jogapkärçiligine esaslanýar. Bu usulyň esasy meselesi wezipäniň dogry goýulmagy we görkezmäniň dogry berilmegidir. Görkezme ýerine ýetirmek üçin düşnükli bolmalydyr. Bu babatda ýolbaşçylara şu aşakdaky maslahatlar berilýär:

1. Görkezmeler obýektiw hem iş bilen baglanyşykly bolmalydyr;
2. Görkezmeler her bir işgäriň aýratynlyklaryny, işjeňliligini, tejribesini göz öňünde tutmalydyr.
3. Görkezme işgäriň özbaşdaklygyny we başarjaňlygyny ösdürmelidir.

Höweslendiriş usuly ýolbaşçynyň işgärleri maddy we ruhy höweslendirmek ulgamyny netijeli peýdalanyşyna esaslanýar. Ýolbaşçy kärhanadaky işgärleriň gazanan ýokary netijelerini dogry höweslendirmegi başarmalydyr.

Höweslendirmegiň iki görnüşini peýdalanmak mümkin:

a) maddy höweslendirmek (baýrak bermek);
b) ruhy höweslendirmek (hormatly atlar dakmak);

Ynandyrmak usuly ýolbaşçynyň abraýyna esaslanýar. Abraý diýlip işgärleriň işgäriň şahsyýetini ykrar etmegine, onuň subýektiw häkimýetiniň işgärleriň işiniň obýektiw talaplaryna gabat gelmegine aýdylýar. Ol hakyky we resmi bolup biler.

Hakyky abraý - şahsyýetiň ynamyndan we sylaşygyndan gelip çykýar.

Resmi abraý – dolandyryş ulgamyndan we ýolbaşçynyň wezipesinden gelip çýkýar. Ondan başga-da, tejribede ýolbaşçylygyň psihologik usullary hem gabat gelýär. Bu babatda şu aşakdakylary maslahat bermek bolýar:

1. Eger işgär tarapyndan teklip edilýän çözgüt siziň pikiriňize çürt-kesik garşy gelmese, ownuk zatlar üçin jedelleşip oturmaň we onuň başarjaňlygynyň ýüze çykmagyna päsgel bermeli däl.

2. Öz garamagyňyzdaky işgäriňize berk ynanmaly. Bu olaryň işe bolan jogapkärçiligini ýokarlandyrar we gözýetimini giňelder.

3. Öz işgäriňize nädogry görkezme berişiňize gözüňiz ýetse, onda ýalňyşyňyzy boýnuňyza almaly.

4. Gaty zerur bolmasa işgäriňize başga adamyň ýanynda bellik etmeli däl.

5. Has gysga hem düşnükli gürlemegi başarmaly.

6. Gowy ýolbaşçy bolmak üçin öz-özüňe gözegçilik etmek duýgusyny ösdürmeli.

Ýolbaşçynyň utgasy – bu diňe ýolbaşçynyň haýsy hem bolsa belli wezipäni ýerine ýetirmekde özüni alyp barşy bolman, şol ýagdaýda onuň endikleriniň, hereketleriniň durnukly köplügidir. Şeýle hem ýolbaşçynyň utgalaryny aşakdakylar boýunça tapawutlandyrmak mümkin:

1. Ýolbaşçylyk utgasy – hemme meseleleri ýolbaşçynyň ýeke-täk özi çözýär.

2. Köpçülikleýin utgasy – ýolbaşçy meseläniň çözgüdini kabul etmekde köpçüligiň, işgärleriniň teklibini göz öňünde tutýar.

3. Liberal utga – mesele çözmekde ýolbaşçynyň özüni alyp barşy işgärleriň arasynda emele gelen ýagdaýa bagly bolup durýar. Bu ýagdaýa görä, ýolbaşçynyň dolandyryş usulynyň meseleleriniň üýtgemegi mümkindir.

## 3.2. Dolandyryjynyň ussatlygy

Dünýä tejribesiniň görkezişi ýaly, önümçiligi dolandyrmagy kämilleşdirmekde menejeriň ussatlygy we başarjaňlygy uly orna eýe

bolup durýar. Başarjaňlyk – bu hyjuw we tejribe endikleriniň ugurtapyjylyk bilen birikmesidir. Başarjaň ýolbaşçy amatly we peýdaly işleri batyr we dogumly ýerine ýetirýär. Ondan başga-da, başarjaň ýolbaşçylara öz borçlaryna we öňünde goýlan wezipelere döredijilikli hem-de jogapkärçilikli çemeleşmek häsiýetlidir.

Başarjaňlyk dolandyryş zähmetini guramakda, ýokary netijeli çözgütleri gözlemekde, esaslandyrmakda, kabul etmekde we durmuşa geçirmekde täzeçilligiň aýratyn böleklerini ulanmakdyr. Başarjaňlyk ýolbaşçynyň özbaşdak, özü-de adatdan daşary hereketleri we çözgütleri ýerine ýetirmäge bolan ukybyny görkezýär. Şeýlelikde, başarjaň diýip çeýe, giň öňdengörüji, pikirlenýän, seljeriş edip bilýän, bazaryň ýagdaýyny kärhanasynyň peýdasyna ulanýan, adatdan daşary dolandyryş çözgütlerini öz wagtynda kabul edýän, olary durmuşa geçirýän hem-de esaslandyrylan töwekgellige gitmäge taýýar bolup, işgärlerini ynandyrýan we gyzyklanma döredýän ýolbaşça aýtmak bolar. Köp halatlarda ykdysadyýetiň gowşak ýeri adamyň özi bolup durýar. Bu zähmetiň netijeliliginiň artmagyna onuň ýeterlik derejede höweslendirilmeýänligi bilen, işgärler köpçüliginde ýokary öndürijilikli zähmet üçin durmuş-ykdysady, psihologik güýçleriň ýetmezçiligi bilen düşündirilýär. Bazar ykdysadyýetine geçilýän döwürde ýolbaşçynyň öz ukybyny doly görkezmek zerurlygy artýar. Dolandyryş gurluşynda kärhanalaryň özbaşdaklygynyň giňelmegi önümçiligiň netijeliliginiň ýokarlanmagynyň esasy guraly bolup hyzmat edýär. Duş gelýän işeňňir we başarjaň düşünjeleriniň ýakynlygyna garamazdan, olaryň arasynda tapawut bar. Başarjaňlyk işeňňirlikden has giň we çuň düşünje. Başarjaňlyga işeňňirligiň üsti bilen ýetilýär. Başarjaň ýolbaşçy işeňňir ýolbaşçydan işe beletligi we guramaçylyk ukybynyň ýokarylygy bilen tapawutlanýar. Başarjaňlyga zähmetiň ösüşiniň gidişinde ýüze çykan ýagdaýa özboluşly baha bermek we durmuşa geçirmek häsiýetlidir. Işeňňir ýolbaşçy bolsa öňünde goýlan maksada we wezipelere adaty usullary ulanyp, artykmaç ýitgiler bilen ýetýär. Başarjaň ýolbaşçy şeýle pikirlenmekden we hereket etmekden daşda durýar. Esasy ukybyny jemgyýetiň, işgärleriniň ähmiýetiniň bir-birine garşy gelmezligini gazanmaga gönükdirýär we kärhananyň durmuş taýdan ösmegine üns berýär. Şeýlelikde, işeňňirlik başarjaňlygyň bir bölegi bolup durýar. Dolandyryş zähmetini guramakda başarjaňly-

gyň ykdysady, ýuridiki we durmuş-psihologik taraplaryny bellemeli. Zähmetde ykdysady zähmeti durmuşa geçirmek ykdysady tarapyny düzýär. Ýöne ykdysady ähmiýeti kepillendirmek üçin hemme hereketleriň ýuridiki görnüşe eýe bolmagy zerurdyr. Psihologik nukdaýnazardan bolsa başarjaňlyk ýolbaşçynyň häsiýeti, medeniýeti we şahsyýetiň ösüş derejesi bilen baglydyr. Başarjaň ýolbaşçynyň özbaşdak hereketlere ymtylmagy hojalyk ulgamynyň we şahsyýetiň ösmegine alyp barýar. Zähmetde başarjaňlyk adamyň möhüm häsiýetleriniň biri bolup, ýeterlik derejede gurnalmadyk önümçilik şertlerinde meseläniň çalt çözgüdini tapmaga mümkinçilik berýär. Başarjaň ýolbaşça adaty wezipeleri hut öz şahsy jogapkärçiligini duýup, adatdan daşary çözgütleri ulanmak mahsusdyr.

Bazar ykdysadyýeti döwründe zähmetdäki we önümçilikdäki täzeliklere garşy bolmazlyk ýeterlik bolmaýar. Diňe täzeliklere bolan biperwaýlygy we garşylygy ýeňip, zähmete gatnaşýan adamlary goldap we galkyndyryp biljek ýolbaşçylar üstünlik gazanyp biler.

Hemme şertlerde başarjaňlyk önümçilikdäki ýagdaýa daýanyp önümçiligiň ýagdaýyny bolşy ýaly kabul etmeli. Munuň ýoýulmagy, ýagny işjeňligi görkezen bolup, hakyky ýagdaýdan ugur alman, ýygy-ýygydan geçýän ýygnaklarda boş sözleri owadan gürlemeklik zähmetiň ösüşiniň gidişinde diňe zyýan getirip biler. Işjeňlige zerurlyk bolanda onuň ähmiýetiniň artýandygynyň tebigydygyny bellemeli. Aslyýetinde öňdebaryjy hereketlere we dolandyryş çözgütlere mätäç bolmadyk önümçilik pudagy ýokdur. Täzelikleri we ylmy tehniki ösüşiň netijelerini ornaşdyrýan, ilatyň islegini göz öňünde tutýan hojalyk ulgamy yzygiderli ösüp biler. Başarjaňlyk dolandyryş zähmetini guramakda ýolbaşçynyň möhüm häsiýetleriniň biri diýip hasap edilýär. Bu häsiýet zähmetiň ösüşiniň gidişine gatnaşýan işgärleriň hemmesine mahsus bolmalydyr. Ýolbaşçylar işgärler üçin öňde goýlan maksatlara ýetmegiň dürli ýollaryny ulanmaga mümkinçilik döretmelidir. Önümçilikde işgärleri dolandyryş işlerine gatnaşdyrmak aňsat bolmaýar, sebäbi olaryň köpüsi ol işlere höwes bildirmeýär. Işgärleriň ýokardan görkezmä garaşman önümçiligi dolandyrmaga gyzyklanma bilen gatnaşmagy önümçilik serişdelerini we zähmet serişdelerini netijeli ulanmagy üpjün edýär. Durmuş meseleleriniň çalt durmuşa geçmegine-de ýardam edýär. Şeýlelikde, başarjaň ýolbaşçy

ýerine ýetirmeli işiniň maksadyny göz önüne getirmeli we anyk wezipeleri goýmaly hem-de meseläni ahyryna çenli çözmeli. Ol meseläniň syýasy we ykdysady manysyny we durmuş taraplaryny göz öňünde tutýar. Elbetde, şeýle ýolbaşçy guramaçylyk taýdan ukyplylygy we işe beletligi bilen tapawutlanýar.

## 3.3. Dolandyryjynyň wezipeleri

Menejmentiň telekeçilikdäki wezipeleri esasan döwlet tarapyndan sazlanylýar. Bäsleşigiň sebäpli döwründen täzeçillikli döwre geçmek üçin döredilýän şertleri öz içine alýar. Sebäpli döwürde bäsleşikde artykmaçlyk gazanmak esasan önümçilik sebäpleriniň ekstensiw ýagdaýda ulanylmagy bilen baglydyr. Bu ýerde tebigy baýlyklar, zähmet serişdeleriniň orta derejedäki ýagdaýy, diňe bar bolan tehnikalaryň we tehnologiýalaryň ulanylmagy, menejmentiň we guramagyň adaty usullaryndan peýdalanmak göz öňünde tutulýar. Häzirki wagtda bolsa dünýäde bäsleşikde artykmaçlyk gazanmak esasan önümçilik sebäplerini ösdürmegiň hasabyna üpjün edilýär. Bu sebäpler täze tehnika we tehnologiýa, ýokary derejeli hünärli işçi güýji, başarjaň telekeçiler, täzeçillikli menejment we marketing, şeýle hem infrastrukturanyň ösüşleri bilen bagly bolup durýarlar. Ýokardakylary göz öňünde tutup, menejmentiň telekeçilikdäki wezipelerini döwlet derejesinde şeýle yzygiderlilikde görkezmek bolar.

*Birinji wezipe* – häzirki zaman telekeçiliginiň subýektleriniň emele gelmegi, ýagny ilki bilen ykdysadyýetiň ähli gurşawynda ukyply we öz mümkinçiliklerinden oňat peýdalanyp bilýän, täzeçil we döwrebap telekeçileriň ýüze çykmagy göz öňünde tutulýar. Bu telekeçilere mümkinçilikleri we ukyplary boýunça tapawutlandyrmak hem-de baha bermek üçin olaryň aşakdaky görnüşlerini belläliň:

1. Durugşan telekeçiler – bular adaty ukyplaryň we usullaryň üsti bilen ýagdaýa görä girdejileri alýarlar; bazarda we onuň zolaklarynda ykdysadyýetiň, hukugyň, guramaçylygyň täjirçilik we önümçilik üçin öňden gelýän düzgünleri bilen ylalaşyp işleýärler.

2. Hakyky telekeçiler – bular köptaraplaýyn ukyply, öz ukyplaryny telekeçiligiň agyr şertlerinde hem töwekgelçilikli, täzeçillikli öndürijiligi amala aşyrmaga dyrjaşýarlar.

3. Tötänleýin işewürler – bular telekeçilige syýasy, durmuş we beýleki şertleriň täsiri bilen gelen adamlar. Olaryň esasyny diňe ýeňil zähmeti gözleýän, kärhanalaryň dargamagy, bilim, medeniýet we harby ugurlarda işgärleriň orunlarynyň gysgaldylmagy netijesinde öňki işleri bilen meşgul bolup bilmejek adamlar düzýär. Şonuň üçin bu ugurdaky adamlaryň ýerine ýetirýän işlerine telekeçilik diýmek hem nädogrudyr. Şunlukda, hakyky telekeçileriň döremek wezipesini döwlet aşakdaky ýollaryň üsti bilen netijeli amala aşyryp biler:

– telekeçiligiň ykdysady erkinligini üpjün etmek;

– ýurduň ähli ykdysady giňişliklerinde anyk we deň derejeli düzgünleri döretmek;

– telekeçiligi höweslendirmek üçin ykdysady ýagdaýlary, degişli salgyt, karz, ätiýaçlandyryş we beýleki ylmy esaslandyryjy ulgamlary döretmek;

– telekeçileri taýýarlamakda, hünär derejelerini ýokarlandyrmakda netijeli bilim ulgamlaryny döretmek.

*Ikinji wezipe* – hakyky ykdysady ýaryşjaňlygyň ösmegine ýardam berjek bäsleşik gurşawynyň döredilmegi. Oňa şu aşakdakylary girizmek bolar:

– ylmyň we tehnikanyň ýokary gazananlary esasynda tehnikanyň we tehnologiýanyň yzygiderli täzelenmegi;

– täzeçillikçi menejmentin we marketingiň girizilmegi;

– telekeçiniň töwekgelçilik ukyplarynyň we täzelikleriniň doly amala aşyrylmagy;

– monopoliýa garşy netijeli syýasatyň doly derejede işlenip düzülmegi;

– bazaryň daşary ýurt bäsleşikleri üçin açyk bolmagynyň sazlanyş derejesi;

– daşary ýurt bazarlarynda öz ýerini eýelejek önümleriň öndürilişine we halkara bazarlara çykarylyşyna ýardam berilmegi.

*Üçünji wezipe* – telekeçiligiň emele gelýän we ösýän döwründe höweslendirmegiň täzeçilliklerine daýanyp öndürilýän harytlaryň we ýokary hilli hyzmatlaryň teklip edilişini durnukly we yzygiderli ösdürmek bolup durýar. Häzirki zaman düşünjesi boýunça menejer bu hemişelik wezipäni eýeleýän ýolbaşçy ýa-da dolandyryjy. Ol bazar şertlerinde hereket edýän kärhananyň işiniň anyk görnüşleri boýun-

ça karar kabul etmeklige doly ygtyýarlydyr. Menejeriň kabul edýän kararlary esaslandyrylan we dolandyrmagyň iň täze usullarynyň esasynda işläp taplanylan diýlip garalýar. «Menejer» adalgasy örän giňden ýaýrandyr we ol şu aşakdakylar üçin ulanylýar:

– aýry-aýry kiçi toparlaryň ýa-da maksatlaýyn toparlaryň çäginde işiň açyk görnüşini guramak üçin;

– kärhananyň umumy ýa-da onuň kiçi bölüminiň ýolbaşçysy üçin;

– tabynlygyndaky işgärlere garanyňda ýolbaşçy üçin;

– işi häzirki döwrüň usullaryna laýyklykda guraýan islendik derejedäki dolandyryşyň diwany (adminstratory) üçin.

Bazara mahsus bolan töwekgelçilik we ýagdaýyň näbelliligi menejerden özbaşdaklygy we kabul edýän kararyna jogapkärçiligi talap edýär. Täzelik girizmek boýunça kybapdaş guramaçylyk we ylmy-tehniki çözgütleri gözlemegine ýardam edýär. Islendik derejedäki menejerlere aşakdaky ýaly ýokary derejeli talaplar bildirilýär:

– kärhanany dolandyrmak boýunça ýörite biliminiň barlygy;

– kärhananyň işiniň görnüşi we häsiýeti boýunça degişli bolan pudagynyň önümçilik tehnologiýasynyň meseleleri babatda başarjaňlygy;

– diňe bir hökmürowanlyk endigininiň bolman, eýsem telekeçilik endigininiň, bazardaky ýagdaýy bilmek, başlangyjy görkezmek we kärhananyň serişdeleriniň ulanylyşyny has amatly çäklerde täzeden paýlamakda işjeň ukybynyň hem bolmagy;

– aşakda duran ýolbaşçylar we işçiler bilen maslahatlaşmagyň netijesinde esaslandyrylan we başarjaň kararlary kabul etmegini we her kimiň olary ýerine ýetirmäge gatnaşmagyny üpjün etmek;

– öň işlenilip ýörülen ýa-da işlemek niýet edilýän esasy bazarlaryň ýagdaýynyň ykdysady seljerilişi boýunça tejribesiniň we biliminiň bolmagy;

– bäsdeş kärhanalaryň işini we hereketini seljermegi başarmagy;

– hojalyk şertleriniň ösüşiniň meýlini, islegiň aýratynlyklaryny, öz ýurdundaky we kärhananyň bazarlarynda öz ýagdaýyny berkitmek ýa-da saklamak isleýän beýleki ýurtlaryň ykdysadyýetini düzgünleşdirmek boýunça döwlet çärelerini bilmäge ukyplylygy, olaryň adamlar bilen işläp bilmek ukyby menejere iň wajyp talap bolup durýar. Muňa aşakdakylar degişli:

– özüňe göni tabyn işgärleri kämil derejede bilmek, olara tabşyrylan anyk işleri ýerine ýetirmäge bolan ukybyna we mümkinçiligine baha bermek;

– kärhanany we işgärleri baglanyşdyrýan şertleri bilmek;

– olaryň ikisiniň hem bähbitlerini adalatly esasda goramak;

– kärhananyň bütewiligini we işleýşiniň dogrulygyny saklamak maksady bilen, başarnyksyzlary aýyrmak.

Işgär haýsy-da bolsa bir sebäp bilen öz üstüne ýüklenen meseläni çözmäge ukypsyz bolsa, onda ýolbaşçy olar ýaly işgärleri işden aýyrmaly ýa-da işden aýyrmagy teklip etmeli. Borjuň bu talaby elmydama çylşyrymly, köplenç agyr. Bu wezipe başlykdan ýokary ahlaklylyk häsiýetini we kesgitli raýatlyk batyrlygyny talap edýär.

Her bir menejer, ilkinji nobatda bolsa, ýokary bölümiň ýolbaşçysy öz kärhanasynyň bazar ykdysadyýeti şertlerinde işleýändigine we dolulygyna bazara baglydygyna düşünmeli. Menejer diňe bir öz ulanyjy müşderileriniň isleglerini alada etmän, eýsem öz işgärleri hakda-da alada etmelidir. Onuň wezipesine degişli bir çözgüdiň işlenip düzüliş mysalyna seredeliň. Goý, demir ýol boýunça gelen ýüküň gaýragoýulmasyz daşalmagyny üpjün etmeli diýeliň. Onda çözgütler aşakdaky yzydiderlilikde ýazylar:

1. Bar bolan mümkinçiliklerden peýdalanyp, ulag serişdelerini saýlamaly.

2. Ulagyň görnüşleri (markalary).

3. Ulag serişdeleriniň sany.

4. Ýüküň daşalmagy üçin ulaglary haýsy işlerden (aýryp) almaly?

5. Ýükleýiş we düşüriş işlerinde gerek boljak ýükçiler we mehanizasiýa serişdeleri.

6.Ýüklemek we duşürmek işlerinde gerek boljak ýükçileri we maşynlary haýsy işlerden almaly?

7.Ýüküň düşüriljek ýeri.

Şu çözgütleri işläp düzmek üçin maglumatlaryň yzygiderliligi şeýle bolar:

– boş ulaglaryň sany, häzirki ulag işleriniň gaýragoýulmasyzlygy we olaryň beýleki işler bilen baglylygy;

– ulagyň işlilik derejesi, ýerine ýetirilýän işiň edil şu wagt zerur-

lygy, ýüküň görnüşi, ýüküň ýagdaýy, daşamak aralygy, ýükleýiş we düşüriş usullary, dürli usullar bilen daşalandaky harajatlar;

– ýüküň göwrümi, gündelik kadalar, ýüki äkitmegiň möhleti, çalyşma koeffisiýentleri;

– işleriň dürli görnüşleriniň tehnologiki we gaýragoýulmasyzlyk baglanyşyklary, olarda işleýän ulag serişdeleriniň sany;

– ýükçileriň kadalary, ýükleýiş–düşüriş işlerinde bir mehanizasiýa serişdesiniň we ähli ulag serişdeleriniň öndürijiligi;

– ýükçileriň ýerine ýetirýän işleriniň zerurlyk we gaýragoýulmasyzlyk derejeleri;

– ýük saklanýan jaýlaryň boşlugy, daşaýyş aralygy, ýüküň sarp ediljek ýeri we ş.m.

Şeýle hem menejeriň telekeçilik üçin düzýän meýilnamalarynyň aşakdaky ýaly maksatlary we wezipeleri bolmalydyr:

1. Durmuş maksatlary – harytlaryň we hyzmatlaryň gytçylygyny aradan aýyrmak, ekologiýa ýagdaýlaryny sagdynlaşdyrmak, täze ruhy we medeni gymmatlyklary döretmek,

2. Telekeçiligiň tutýan ornuny beýgeltmek, ýagny telekeçiligiň ykdysady mümkinçiliklerini ösdürmek.

3. Telekeçiligiň aýratyn wezipeleri – haýyr-sogap çäreleri. Şeýlelikde, düzülen meýilnamanyň jemleýji netijesi aşakdakylardyr:

– meýilnamanyň – ylalaşygyň düýp maksady;
– telekeçiniň önüminiň gysgaça häsiýetnamalary we aýratynlyklary;
– öňde goýlan maksada ýetmegiň ýollary we usullary;
– meýilnamany ýerine ýetirmegiň möhletleri;
– meýilnamany işe ornaşdyrmak bilen bagly harajatlar;
– garaşylýan netijeler;
– netijeleriň peýdalanyljak ugurlary.

Düzülen meýilnamanyň jemleýji görkezijileri:

– öndürilen önümleriň möçberi;
– ýerleşdirilen önümleriň we hyzmatlaryň möçberi;
– girdejiler;
– hususy we karz alnan serişdeler;
– düşewüntlilik.

Meýilnamalar düzülende ýörite görkezijiler hem bardyr.

Olara:

1. Ýerleşdirilen harytlaryň we hyzmatlaryň hili.
2. Olaryň tapawutly häsiýetleri.
3. Goýumlaryň özüni ödeýiş möhleti.
4. Töwekgelçiligiň pes derejesi.
5. Göz öňünde tutulan netijäni almaga kepillik ýaly görkezijiler girýärler.

Şeýle hem käbir goşmaça bölümler has takyk maglumatlary özünde saklap bilerler. Mysal üçin, marketing işleri we ş.m.

# § 4. DOLANDYRYŞYŇ STRATEGIÝASY WE AGROSENAGAT TOPLUMYNDAKY DOLANDYRYŞ ULGAMLARY

## 4.1. Agrosenagat toplumyndaky dolandyryş ulgamlary

Agrosenagat toplumy (AST) oba hojalyk önümlerini öndürmek, gaýtadan işlemek, ahyrky sarp edijä ýetirmek bilen baglanyşykly emele gelen önümçilik-ykdysady ulgam bolmak arkaly, ony dolandyrmagyň aýratynlyklary, ozaly bilen, oba hojalyk önümçiliginiň aýratynlyklaryndan gelip çykýar. AST-ni dolandyrmagyň özboluşlylygyny kesgitleýän esasy aýratynlyklara şular degisli:

– oba hojalygynda, hususan-da ekerançylykda önümçiligiň sebit taýdan ýaýranlygy;

– önümçiligiň möwsümleýin häsiýeti;

– oba hojalyk kärhanalarynyň köp pudakly bolmagy;

– ýeke-täk agalygyň agdyklaýyn orun tutmagy;

– önümçilige täsir edýän sebäpleriň köpdürlüligi;

– oba ilatynyň durmuş meselelerini çözmeklige özboluşly çemeleşmäniň zerurlygy.

Önümçiligiň ýerli ýaýramagy oba hojalyk kärhanalarynyň guramaçylyk we dolandyryş düzümine girýän ilkinji bölümleriň, toparlaryň sanyna, dolandyryş zynjyryndaky aralyk halkalaryň hem sanyna we häsiýetine täsir edýär. Ösümlikçilik pudaklarynda önüm-

çiligiň bir ýerde jemlenmeginiň çäkli mümkinçilikleri oba hojalyk kärhanalarynyň amatly möçberlerini belli etmegi hem-de hojalygy alyp barmagyň laýyk usulyny seçip almagy zerurlyga öwürýär. Önümçiligiň möwsümleýin häsiýeti dolandyryş babatynda ozaly bilen dürli möwsümlerde ulanylýan gurallardan, agregatlardan ybarat çylşyrymly maşynlar ulgamynyň guralmagynda ýüze çykýar.

Oba hojalyk kärhanalarynyň köp pudakly bolmagy ekin dolanyşyklary, ösümlikçilik bilen maldarçylygyň arasyndaky organiki baglanyşyklar sebäpli obýektiw şertlendirilendir. Kärhananyň köp pudakly bolmagy, degişlilikde önümçiligi guramagyň we netijeli dolandyryş gurluşyny düzmegiň ýagdaýyna güýçli täsir edýär. AST-de önümçilige täsir edýän sebäpleriň köpdürlüligi, ilkinji nobatda, oba hojalygynyň ösüş ýagdaýlary bilen baglanyşyklydyr. Bu ýerde ýer, suw ýagdaýlary, howa şertleri, obanyň demografik aýratynlyklary önümçiligiň beýleki serişdeleriniň düzüminde, pudaklaryň ösüşiniň tehniki-ykdysady, tehnologik-ykdysady hem-de ekologik-ykdysady meseleleriň çözülişinde belli bir derejede beýanyny tapýar.

Oba ilatynyň durmuş meselelerini çözmeklige özboluşly çemelesmäniň zerurlygy oba ilatly nokatlarynda ilatyň önümçilik we durmuş meselelerinin arasyndaky ýakynlyk, jebis baglanyşyk bilen, işe ýerleşdirmegiň, ýaşaýyş jaý meselesini çözmegiň aýratynlyklary bilen, oba adamlarynyň psihologiýasy, edim-gylymlary, önümçilik dessurlary bilen düşündirilýär. Şu sebäpli köp ýurtlarda oba hojalyk kärhanalary bilen ýerli häkimýet we öz-özüni dolandyryş organlary jebis özara baglanyşykda işleýärler. Türkmenistanda hem daýhan birleşikleri bilen ýerli Geneşlikler gös-göni hyzmatdaslyk edip, oba arçynlaryna uly dolandyryş wezipe degişli edilýär. Munuň özi ýolbaşçynyň abraýyny möhüm derejä öwürmek bilen, önümçilik, durmuşy we gündelik durmuş meseleleri çözülende dolandyryşyň ykdysady we adminstratiw usullarynyň üstüni durmuş-psihologik usul bilen ýetirmäge oňaýly esas döredýär.

## 4.2. Dolandyryş ulgamynyň esasy bölekleri

Dolandsyryş ulgamlary hem aýry-aýry içki böleklerden durýar. Ulgamyň düzümine girýän şol aýratyn düzüm böleklerine onuň elementleri diýilýär. Ulgam onuň elementlerindäki häsiýetleriň ýönekeý

jemine syrykdyrylmaýar: her bir element özüne mahsus funksional wezipäni ýerine ýetirýär, beýleki elementler bilen baglanyşygyna görä, belli bir orny eýeleýär. Şonuň üçin bir elementiň üýtgemegi ulgamdaky beýleki elementlerde hem üýtgeşmeleriň ýüze çykmagyna getirýär. Bir bitewi özara baglanyşykly elementleri bar bolan hem-de şol bir wagtyň özünde has ýokary tertipde gurnalan uly ulgamyň düzüm bölegi bolup durýan sada ulgamlara şu aşakdakylar degişli:

– dolandyryş ýörelgeleri;
– dolandyryş usullary;
– dolandyryş wezipeleri;
– dolandyryş ulgamy;
– dolandyryş gurluşy;
– işgär üpjünçiligi;
– maglumat üpjünçiligi.

Çylşyrymly ulgamlar köplenç iki ýa-da ondan hem köp ulgamçadan durýar. Şonda dürli ulgamçalar basgançagyny emele getirip, özaralarynda basgançaklaýyn tertipde baglanyşyk saklap bilýärler. Şonda dürli derejedäki ulgamlara öz alamatlary we aýratynlyklary mahsusdyr. Emma şol bir wagtyň özünde hem olaryň hemmesi özleriniň birigýän ýokary tertipdäki ulgamynyň gurluş we işleýiş kanunalaýyklyklaryna tabyn bolýarlar. Açyk we ýapyk görnüşdäki ulgamlar özaralarynda tapawutlanýarlar. Ýapyk ulgamlaryň beýleki ulgamlar bilen gös-göni baglanyşygy bolmaýar. Açyk ulgamlar bolsa, belli bir derejede daşky arabaglanyşykda bolup, şol baglanyşyklar onuň hereket etmeginiň aýrylmaz şerti bolýar. Şu nukdaýnazardan, açyk ulgamlar has ýokary derejede guralan çylşyrymly ulgamyň kiçi bölegi, ýagny ulgamçalar bolup çykyş edýärler. Meselem, önümçilik kärhanasy beýleki kärhanalar bilen ýygy arabaglanyşyk saklaýan açyk ulgam bolmak bilen bir wagtyň özünde, ol maddy önümçiligiň bir pudagynyň hem-de tutuş ýurduň ykdysadyýetiniň düzümindäki kiçi ulgam bolup durýar. Ýurduň ykdysadyýeti bolsa öz gezeginde dünýä hojalygynyň bir bölegidir. Şeýlelikde, köp ulgamlaryň, ylaýta-da jemgyýetçilik ugurdaky, hususan-da ykdysady ulgamlaryň açyk ýa--da ýapyk häsiýeti, olaryň doly manysyndaky ulgamy emele getirmegi ýa-da ulgamça bolmagy göräleýin (otnositel) haldaky ýagdaýdyr.

Durmuş ulgamlaryna şu häsiýetler mahsus:
– ýarym garaşlylyk;
– hereketjeňlik;
– ähtimallyk.

Ulgamyň ýarym garaşlylygy onuň öz-özüni dolandyrmaga ukybyny aňladýar. Şeýle ulgamlaryň öz dolandyryş guramasy, belli bir kanunalaýyklyklar esasynda özüniň üznüksiz ýaşaýşyny we ösüşini üpjün etmäge mümkinçilikleri bolýar. Ulgamyň hereketjeňligi onuň ýarym garaşlylygyndan gelip çykýar we daşky şertleriň üýtgemegine uýgunlaşmak ukybyny aňladýar. Bu öňde goýlan maksatlara çalt ýetmek üçin, meselem, ykdysadyýetde önümçilik serişdelerini özgeren şertlerdäki emele gelen ýagdaýa görä, has netijeli peýdalanmak üçin mümkinçilik berýär.

Durmuş ulgamlarynyň ähtimallykly häsiýeti ozaly bilen subýektiw, ýagny adamyň täsiri astynda ýüze çykýar. Munuň özi berlen obýektiw şertlerde hojalyk çözgütleriniň köp görnüşleriniň bolup biljekdigini kesgitleýär. Ondan başga-da, oba hojalyk önümçiliginde tebigy-klimat şertleri bilen iş salyşylmagy pudagyň netijeleriniň ýyllar boýunça üýtgäp durmagyna getirýär. Ylmy-tehniki ilerlemäniň gazananlarynyň ornaşdyrylmagy arkaly ekerançylygyň we maldarçylygyň innowasion tehnologiýalarynyň barha köp ulanylmagy oba hojalygynyň tebigy şertlere garaşlylygyny gowşadýar. Emma oba hojalyk önümçiliginiň durmuşy ulgam hökmünde ähtimallykly häsiýeti hemme döwürlerde-de belli bir derejede saklanyp galýar.

## 4.3. Menejmentiň durmuşy ulgamy

Ýurdumyzda döwlet garaşsyzlygy gazanylandan soň oba hojalygynyň ösmegine aýratyn üns berilýär. Sebäbi ýurduň ilatynyň agramly bölegi oba ýaşaýjylarydyr. Maglumatlara görä, Türkmenistandaky işçi güýjüniň ýarsyna golaýy oba hojalygynda zähmet çekmek bilen, ýurtda öndürilýän jemi önümiň üçden bir bölegine çenlisini öndürýär. Şonuň üçin daýhan birleşikleri, daýhan hojalyklary, mülkdarlar we kärendeçiler ykdyasadyýetimizde öz ornuny eýelemek bilen bir hatarda onuň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Belli bolşy ýaly, ykdysadyýet diýlip, bu sözüň dürli derejedäki manylaryna laýyklykda jemgyýet-

çilik ýaşaýşynyň bir gurşawyna, önümçilik pudaklarynyň toplumyna we önümçilik gatnaşyklaryny öwrenýän ylma aýdylýar. Adamlaryň jemgyýetçilik ýaşaýşynyň bir gurşawy hökmünde ykdysadyýet janly organizm, barlygyň hereketiniň durmuşy görnüşi, sazlaşykly işleýän ulgam bolup, obýektiw kanunlara tabynlykda ösýär.

Obýektiw ykdysady kanunlaryň talaplarynyň berjaý edilmezligi kynçylykly ýagdaýlara getirýär. Meselem, oba hojalygynda ýeriň ykdysady gurplulygynyň ýokarlanyş kanunyndan gelip çykýan düzgünlere äwmezek çemeleşilmegi ýerden peýdalanylanda emele gelýän gatnaşyklaryň ýoýulmagyna getirýär. Ykdysady kanunlaryň talaplarynyň kabul edilýän hojalyk çözgütlerinde hasaba alynmagy iki sany iri basgançakdan – işläp düzüşden we durmuşa geçirişden durýar. Şonda kanunalaýyklyklar obýektiw kanunlaryň ýüze çykyş görnüşi bolup çykyş edýärler. Şol kanunalaýyklyklar ýeke-ýekelikde, bir kanunyň birnäçe ýüze çykmasy hökmünde, şonuň ýaly-da, iki ýa-da ondan hem köp kanunyň bilelikdäki täsiri astynda hereket edip bilýärler.

Usuly esaslar anyk çäreleriň işlenip düzülýän mahaly ykdysady kanunalaýyklyklary özara täsir edişýän halda hasaba almaga mümkinçilik berýärler. Usuly esaslaryň tertipleşdirilen köplügi esasynda işlenip düzülen anyk çäreler hojalyk çözgütleri arkaly durmuşa geçirilýär. Şonda çäreleri amala aşyrmagyň ykdysady mehanizminiň ýola goýulmagy, kärhanalaryň tehniki abzallylygyny, tehnologiýalaryň ýagdaýyny göz öňünde tutýan guramaçylyk çäreleriniň bellenilmegi çözgüdi ýerine ýetirmekden garaşylýan netijäniň gazanylmagy üçin oňaýly şert döredýär. Degişli ykdysady mehanizm döredilmän kabul edilýän, ýerine ýetirilmegi serişde üpjünçiligi nukdaýnazaryndan mümkin bolan hojalyk çözgütleriniň oňyn netijä getirmeýän halatlary kärhanalaryň iş tejribesinde gyt däl. Şeýlelik bilen, ykdysadyýeti dolandyrmaga ulgamlaýyn çemeleşmek umumy talap bolup, öndüriji güýçler we zähmet bölünişigi ösdügiçe, pudagara baglanyşyklar çylşyrymlaşdygyça onuň ähmiýeti barha artýar.

## Ulgamyň görnüşleri

Islendik durmuş-ykdysady ulgam iki sany otnositel özbaşdak, emma organiki özara baglanyşykly böleklerden – dolandyrylýan we

dolandyryjy ulgamlardan durýar. Olaryň birinjisine dolandyryşyň obýekti, ikinjisine bolsa dolandyryşyň subýekti diýilýär.

Dolandyrylýan ulgam (dolandyryşyň obýekti) – bu kärhanalardaky, önümçilik pudaklaryndaky üznüksiz önümçilik hadysasyna dahylly serişdeleriň we guramaçylyk ykdysady şertleriň köplügidir.

Dolandyryjy ulgam (dolandyryşyň subýekti) – bu işiň möçberi, ygtyýarlary we ýerine ýetirýän wezipeleriň özboluşlylygy bilen tapawutlanýan dolandyryş edaralarynyň we dolandyryş işgärleriniň köplügidir. Dolandyryjy ulgam özara baglanysykly ulgamçalaryň toplumyndan durýar, ýagny çaklaýyş, tehniki-ykdysady meýilnamalary düzüş, tiz (operatiw) dolandyryş, hasaplaýyş, maddy-tehniki üpjünçilik, önüm ýerleşdiriş we başgalar. Diýmek, önümçilik kärhanasy otnositel özbaşdak durmuş-ykdysady ulgam hökmünde hereket edýän bolsa, onda ol öz içinde dolandyrylýan we dolandyryjy ulgamlardan durýar.

Dolandyryşyň subýektiniň we obýektiniň arasynda ikitaraplaýyn gatnaşyk bar. Dolandyryş subýekti dolandyrylýan obýekte ony maksadalaýyk ýagdaýa geçirmek üçin täsir edýär. Şol bir wagtyň özünde dolandyryş çözgütlerini esaslandyrmak üçin dolandyrylýan ulgamdan dolandyryjy ulgama tarap hem zerur maglumatlar berlip durulýar. Şeýle habar alyş-çalşy üznüksiz dowam edýär. Dolandyryjy ulgamyň esasyny tutuş ulgamyň hereket etmeginiň maksatlaryny kesgitleýän, dolandyryş çözgütlerini kabul edýän adamlar düzýär. Ol dolandyryşyň guramaçylyk-ykdysady jähetlerini öz içine almak bilen, dolandyryşy guramagyň görnüşlerinden we täsir ediş usullaryndan ybarat bolup durýar.

Dolandyryşyň tehnologiki ulgamyna dolandyryş wezipelerini amala aşyrmagyň usullary, maglumatlary ýygnamagyň, geçirmegiň, gaýtadan işlemegiň hem-de resminamalary (dokumentleri) resmileşdirmegiň tehnologiýasy, hojalyk çözgütlerini taýýarlamagyň, esaslandyrmagyň, seçip almagyň we durmuşa geçirmegiň usullary girýär.

**Dolandyryş subýekti şu aşakdakylardan durýar:**

– dolandyryş diwanhanasy;
– dolandyryjy ulgam;

Dolandyryşy guramagyň görnüşleri şu aşakdakylardyr:

– täsir ediş usullary;

– dolandyryşyň tehnologiki we tehniki ulgamlary;
– dolandyryş zähmetiniň guralyşy.

Dolandyryş obýekti – bu dolandyrylýan ulgam, önümçilik pudaklary, kiçi bölümler, işgärler, maddy-tehniki serişdeler we ş.m.

## 4.4. Önümçilik dartgynlylygynyň görnüşleri

Önümçilik dartgynlylyklary hem adaty ýagdaýda özüniň ösüşiniň birnäçe basgançaklaryny geçýär. Köplenç ýolbaşçylar dartgynlylygyň ýakynlaşýandygyny öňünden duýmaýarlar we onuň garşysyna talabalaýyk gelmeýän çözgütleri kabul edýärler. Käwagtlar bolsa «Özi geçip gider-le» diýen düşünjä eýerip, ony ünsünden sowýar we hojalykda dartgynly ýagdaýyň güýjemegine sebäp bolýar. Işgärler köpçüliginde dawaly ýagdaýlaryň oňaýly hem-de zyýanly netijeleri bolup biler.

**Zyýanly netijeler:**

– geljekde hyzmatdaşlyk etmek mümkinçilikleriniň azalmagy;
– durmuş-psihologik gatnaşyklaryň ýaramazlaşmagy;
– zähmet öndürjiliginiň peselmegi;
– işgärleriň geldi-geçerliginiň artmagy;
– özüňi goldaýan toparyňa garaşlylygyň artmagy;
– dawalaryň beýleki gatnaşyklaryň çägine ýaýramagy we netijesiz bäsleşigiň ösmegi;
– bäsleşikli meseläniň hakyky çözgüdini gözlemekden, nähili hem bolsa «ýeňiş» gazanmaklyga öwrülmegi.

**Oňaýly netijeler:**

– ýagdaýy köptaraplaýyn we ulgamlaýyn seljermäniň hasabyna kabul edilýän çözgütleriň hili gowulanýar;
– toparyň agzalary mümkingadar saýlawly ara alyp maslahatlaşýar we çözgüt gutarnykly kabul edilýänçä meselä gowy düşünmekligi gazanýar;
– synçylarda meseläniň çözgüdine dahyllylyk duýgulary artýar, bu bolsa öz gezeginde çözgüdiň üstünlikli ýerine ýetirilmegini üpjün edýär;
– ylalaşykly garaýyşlaryň täsiri peselýär we meselä aç-açan öz garaýşyny aýtmak mümkinçiligi höweslendirilýär.

## Dartgynlylygyň öňüni almagyň usullary

Islendik ýolbaşçy öz guramasynda ýa-da hojalygynda dörän dartdynly ýagdaýyň tizden-tiz aradan aýrylmagyny isleýär. Bolmasa ol hojalygy dawa esasynda çykgynsyz ýagdaýa salmagy mümkin. Bu meseläni çözmegiň üç usuly bar, ýagny birtaraplaýyn – her bir dawa gatnaşyjy öz töwekgelligine daýanýar; ikitaraplaýyn ýa-da özara ylalaşyk (kompromis); toparlaýyn ýa-da integrirlenen. Dawa gatnaşyjylaryň özlerini alyp baryşlaryny birnäçe sebäpleriň üsti bilen bilip bolýar. Eger dawa gatnaşýanlaryň wezipe ýagdaýlary deňräk bolup, özaralarynda oňat gatnaşyklary bozmajak bolsalar, onda dartgynly ýagdaýdan çetleşmäge ymtylýarlar. Eger-de dawa gatnaşyjylaryň biri beýlekä garanda ýokary derejäni eýeleýän bolsa, onda pes derejedäki köplenç dawadan çekilýär.

Dawaly ýagdaýlary dolandyrmak ýolbaşçynyň wezipelerine degişlidir. Ony (dawany) aradan aýyrmak üçin ýolbaşça şu aşakdaky usullary peýdalanmak maslahat berilýär:

1.Wezipesine bildirilýän talaplary we işi ýerine ýetirmekden näme netije boljakdygyny doly düşündirmeli. Her bir işgäriň kabul edilen çözgüt üçin nähili jogapkärçiliginiň bardygyna düşünmegini gazanmaly.

2. Gapma-garşylykly toparyň haýsysynyň ygtyýarlyklary ýokary bolsa, şonuň pikirini önünçä diňlemeli. Eger-de iki tarap hem deň ygtyýarly bolsa we olaryň bähbitleri dogry gelmeýän bolsa, onda dawaly meseläni çözüp biljek üçünji topary döretmeli.

3. Gapma-garşylykly taraplar üçin umumy toplumlaýyn maksatlary emele getirmeli.

4. Umumy maksatlara ýetmeklige uly goşant goşýan işgärleri maddy we ruhy höweslendirmegiň ulgamyny peýdalanmaly.

Mundan başga-da, taglymat taýdan esaslandyrylan dawalary çözmekligiň şahsy utgalary maslahat berilýär. Olar şu aşakdakylar:

– bäsdeşlik utgasy;
– hyzmatdaşlyk utgasy;
– işjeň hereket;
– ylalaşyk utgasy;
– çetleşme utgasy;
– uýgunlaşma utgasy;

– işjeň däl hereket;
– şahsy hereket;
– bilelikdäki hereket;

**Bäsleşik utgasy şu aşakdaky ýagdaýlarda peýdaly:**

– netijesiz iş üçin örän wajyp we ýüze çykan meselede öz çözgüdiňize has köp ýykgyn edýärsiňiz;
– çözgüt kabul etmekde siz has ýokary abraýa eýe we siziň çözgüdiňiz iň amatly hasaplanylýar;
– çözgüdi çalt kabul etmek zerur we sizde munuň üçin ýeterlik häkimlik bar;
– sizde başga çykalganyň we ýitirýän zadyňyzyň ýokdugyny duýýarsyňyz;
– siz çalt gaýtawul bermeli, çykgynsyz ýagdaýda;
– siz üýtgewsiz bolmadyk çözgütleri kabul etmeli, emma häzir size hereket etmek zerur we munuň üçin sizde ýeterlik ygtyýarlyklar bar.

**Çetleşme utgasyny şu aşakdaky ýagdaýlarda peýdalanmak maslahat berilýär:**

– dartgynlylyk has ýokary we siz ony gowşatmagyň zerurdygyny duýýarsyňyz;
– netije siz üçin onçakly wajyp däl we oňa artykmaç güýç sarp edesiňiz gelmeýär;
– dawany öz peýdaňyza çözüp bileňzok we çözmek islemeýärsiňiz;
– size goşmaça maglumat alar ýaly ýa-da goşmaça goldaw tapar ýaly wagt utmak gerek;
– ýagdaý örän çylşyrymly we onuň çözgüdi sizden örän köp zady talap edýär;
– öz çözgütleriňizi kabul etmek üçin siziň häkimliligiňiz ýetmeýär.

**Hyzmatdaşlyk utgasyny şu aşakdaky ýagdaýlarda peýdalanmak mümkin:**

– meseläniň çözgüdi iki tarap üçin hem has möhüm we hiç kimiň ondan doly el çekesi gelmeýär;
– siziň beýleki tarap bilen has ýakyn, köp wagtlap, özara baglanyşykly gatnaşygyňyz bar;

– sizde emele gelen meseläniň üstünde işlemäge wagt bar;

– taraplaryň mesele we özara bähbitler barada habarlary bar, onuň çözgüdiniň üstünde işlemäge taýýar, bir-birini diňläp bilýär;

– gapma-garşylykly taraplar deň ygtyýarlykdan peýdalanýarlar.

**Uýgunlaşma utgasy şu aşakdaky ýagdaýda ýerliklidir:**

– sizi emele gelen ýagdaý gyzyklandyrmaýar.

– siz beýleki adamlar bilen asuda hem oňat gatnaşyklaryňyzy saklamak isleýärsiňiz.

– siz netijäniň garşydaşyňyza has möhümdigine düşünýärsiňiz.

– siziň ýeňişe mümkinçiligiňiz we häkimligiňiz az.

**Ylalaşyk utgasyny şu aşakdaky ýagdaýlarda saýlamak bolýar:**

– size wagt ýetmezçilik edýär we çözgüdi çalt kabul etmek isleýärsiňiz;

– sizi wagtlaýyn çözgüt kanagatlandyrýar;

– siz gysga wagtly amatlykdan peýdalanyp bilýärsiňiz;

– meseläni çözmegiň beýleki ýollary netijesiz bolýar;

– çözgüt siziň üçin uly bir ähmiýete eýe däl we siz ujypsyzja ýitgiler bilen ilkibaşdaky maksadyňyza gaýtadan seredip bilýärsiňiz;

– ylalaşyk size gowy özara gatnaşyk saklamaga ýardam berýär.

## § 5. DOLANDYRYŞYŇ GURALYŞY

### 5.1. Hojalyklarda düzümiň kesgitlenilişi

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde her bir kärhananyň esasy maksady – önümçiligiň netijeliligini, peýdany ýokarlandyrmakdyr. Zähmeti guramak bolsa, bu maksada ýetmegiň esasy şertidir. Zähmeti guramak diýlip, iş ýerinde janly zähmet bilen önümçilik serişdesiniň gös-göni özara baglanyşygyny üpjün edýän hadysa düşünilýär. Işiň ahyrky netijeliligini şu aşakdaky arabaglanyşyk görnüşinde göz öňüne getirmek

bolar. Ahyrky netije işçiniň zähmetinden, işgäriň zähmetiniň depgininden, işgäriň hünärmenlik derejesinden, hünärmeniň zähmetinden, ýolbaşçynyň zähmetinden, ýolbaşçynyň zähmetiniň depgininden, ýolbaşçynyň zähmetiniň kwalifikasiýasyndan, ýolbaşçynyň zähmetiniň öndürijilik güýjünden ybaratdyr.

Bazar şertlerinde zähmetiň öndürijilik güýji ýolbaşça, hünärmene, önümiň saýlanyp alnyşyna we nähili tehnologiýa boýunça öndürilişine, önümçiligiň gidişiniň nähili guralyşyna bagly bolýar. Eger-de öndürilen önüm bazarda öz ornuny tapmasa, onda zähmetiň öndürijilik güýji nula deň bolýar. Şonuň üçin kämil tehnologiýany önümçilige ornaşdyrmak, önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmak ýolbaşçynyň zähmetiniň öndürijilik güýjüne baglydyr. Mundan başga-da, her bir ýolbaşçynyň tabynlygynda azyndan 5-8 işçi işleýär.

Ýolbaşçy tarapyndan nädogry goýlan wezipe, mälim bolşy ýaly, ýerine ýetirijileriň bir günde 5-8 adamlyk iş gün ýitirmegine getirýär. Eger-de şu hadysany umumy halk hojalygynyň möçberinde alsak, onda ummasyz ýitgini göz öňüne getirmek bolar. Şu mysal hem ýolbaşçynyň zähmetiniň öndürijilik güýjüniň nähili ähmiýetiniň bardygyny görkezýär.

**Dolandyryş işgärlerine** haýsy hem bolsa belli dolandyryş wezipelerini ýerine ýetirýän, dolandyryş zähmeti bilen meşgullanýan işgärleriň derejesi degişlidir. Zähmet bölünişigi boýunça olar şu aşakdaky derejelere bölünýärler:

**1. Ýolbaşçylar** – dolandyryş diwanhanasynyň hemme möhüm meseleleri boýunça çözgüt kabul edýän işgärler;

**2. Hünärmenler** – belli bir hünär boýunça kärhanada iş alyp barýanlar (buhgalter, inžener, ykdysatçy we ş.m.).

**3. Tehniki ýerine ýetirijiler** – resminamalary resmileşdirmek, hasap işleri bilen meşgullanýarlar (kanselýariýa işgärleri, hasapçylar).

**Dolandyryş zähmetini peýdalanmagyň netijeliligi sebäpleriň iki topary bilen kesgitlenilýär:**

1. Hünärmene degişli sebäpler.
2. Onuň zähmetiniň ulanylyş çägine degişli sebäpler.

***I topara şu aşakdakylar degişlidir:***

– tebigy zehini;

– hünärmene zähmetsöýerlik, sap wyždanlylyk, guramaçylyk, dogruçyllyk, başarjaňlyk, telekeçilik zehini, geljege ynamly garamak (optimizm), öňdebaryjy bolmak ukyby we ş.m. ýaly şahsy häsiýetleriň terbiýelenmegi;

– umumy medeni mekdep taýýarlygy;

– okuw jaýlarynda alan hünär bilimi;

– iş tejribesinde, amaly işde alnan hünär taýýarlygy;

– işiň ortaça depginliligi (zähmet işjeňligi).

***II topara şu aşakdakylar degişlidir:***

– köp basgançaklylykda hünärmeniň ykdysady jogapkärçiliginiň derejesi: ol hünärmen özüniň nädogry hereketi bilen ýetirip biljek zyýanynyň derejesini kesgitleýär;

– kärhananyň (guramanyň) gerimi;

– kärhananyň maksady:

– kärhananyň netijeliligi we netijeliligiň sebäpleri: tehniki abzallaşdyrylyşy we guramaçylyk.

***Daşary ýurt kärhanalarynyň menejerleriniň zähmetiniň mahsus bolan aýratynlyklary:***

– ýazmaça ylalaşyklaryň az ähmiýetliligi;
– hasabatyň tertibini ýönekeýleşdirmek;
– menejerleriň arasyndaky gatnaşyklaryň häsiýetiniň az resmiligi;
– meýilnamalaşdyrmaga we modelleşdirmäge az üns berilmegi;
– taslamalary işläp düzmäge uly üns berilmegi;
– durmuş gatnaşyklarynyň etikasy (esasan-da işçini işden boşadanda) esasy özara bagly üç wezipäni öňde goýýar:

**1. Ykdysady wezipe:** dolandyryş zähmetiniň netijeliligini gowulandyrmak, ýolbaşçynyň ylmy taýdan esaslandyrylan we tejribede synag edilen usullaryny we utgalaryny kämilleşdirmek.

**2. Psihofiziologik wezipe:** zähmet hadysasy wagtynda adamyň saglygyny we işe ukyplylygyny saklamagyny üpjün edýän has amatly önümçilik şertlerini döretmekden ybaratdyr.

**3. Durmuş wezipesi:** zähmet hadysasy wagtynda ýüze çykýan durmuş hadysalaryny düzgünleşdirmekden, zähmeti adamyň ilkinji durmuş islegine öwürmekden ybaratdyr.

## 5.2. Dürli derejedäki hojalyklary dolandyrmagy guramak

Ýolbaşçynyň başarjaňlygynyň ýüze çykmak mümkinçiligi köp derejede onuň zähmetiniň guralyşyna bagly. Işiň oýlanyşylan ulgamy bilen tapawutlanýan zähmetiň ylmy taýdan guralmagynda iş wagtyny netijeli ulanmagyň we ýolbaşçylygyň hilini ýokarlandyrmagyň düýpli mümkinçiligi jemlenendir. Eger ýolbaşçy iş gününiň dowamynda ownuk soraglaryň çözgüdi bilen başagaý bolsa, onda onuň başarjaňlygynyň pesdigi sübhelendirilmeýär. Soňky onýyllykda kärhanada ýolbaşçylaryň belli keşbi peýda boldy. Olar üçin hemişe işli bolmak, işe ýetişmezlik, işiň öte agdyklygy adaty ýagdaýa öwrüldi. Şol sebäpli gaýragoýulmasyz işleri örän köp, iş stolunyň üsti bitertip ýagdaýdaky kagyzlardan doly, kabul edýän wagty kesgitli bolmaýar we ş.m.

Ýolbaşçynyň iş gününiň tertipsizligi, yzygiderli dälligi, wagtal-wagtal işe hüjüm edilmegi öňdengörüji çäreler hakynda pikirlenmäge mümkinçilik bermeýär, hojalyk we durmuş meselelerini çözmäge täze ugurtapyjy ýollary ulanmak mümkinçiliklerini çäklendirýär. Köp halatlarda wagtyň ýiti ýetmezçiligi, ýolbaşçynyň hemişe dartgynly ýagdaýda mesele çözmegi, gaharly ýagdaýlaryň yzygiderli ýüze çykmagy dolandyryş zähmetini guramagyň kemçilikleri, esasy meseleleriň ikinji derejelilerden bölünmezligi, öňdengörüjilikli pikirlenmezligi bilen düsündirilýär. Bu bolsa öz gezeginde ýokary hünäri talap etmeýän işlere, mysal üçin, möhümliligi dürli derejedäki hatlary taýýarlamaga, iş kagyzlaryny, hasabatlary gözlemäge, işgärleri tapmaga we garaşmaga, iş wagtynyň köp ýitirilmegine getirýär.

Häzirki döwürde dolandyryş zähmetini guramaga täzeçe çemeleşmek talap edilýär. Işini howlukman, gykylyksyz, ýerlikli ýerine ýetirýän ýolbaşça daş-töwereginde we ýokary ýolbaşçylaryň öňünde hiç zat etmeýän, işini oňarmaýan we işine belet däl ýaly täsir galdyrýan halatlary hem duş gelýär. Şeýlelikde, ýolbaşçy öz orunba-

sarlarynyň we kömekçileriniň hünär derejesini we ukybyny hem-de şahsy häsiýetlerini göz öňünde tutup, olaryň borçlaryny we jogapkärçiliklerini kesgitleýär. Birnäçe ýolbaşçylar kärhana we edara gelýän hat-habarlaryň we iş kagyzlarynyň hemmesini okamaga, öwrenmäge, gidýän kagyzlara jogap taýýarlap, gol çekmäge endik edipdirler. Emma hat-habarlaryň, iş kagyzlarynyň bary-ýogy üçden bir böleginiň ýolbaşçynyň hut öz ünsüni talap edýändigi bilermenler tarapyndan kesgitlenendir. Galanlaryny orunbasarlar we kömekçiler hem-de bölüm müdirleri ýerine ýetirseler maksadalaýyk bolýar. Dolandyryş zähmetini ýokary derejede guramakda ýolbaşçylardan, baş hünärmenlerden, bölüm müdirlerinden başlap, ýönekeý işgärlere çenli ýerine ýetirmeli işleriň mazmunynyň, olaryň borçlarynyň we jogapkärçilikleriniň anyk kesgitlenmeginiň ähmiýeti uludyr.

Dolandyryş zähmetini guramakda ylmyň tekliplerinden ýüz öwürmeklik işgärleriň bir-biriniň işine esassyz goşulyşmaklaryna getirýär. Şeýle ýagdaýlar duş gelýär:

a) birnäçe bölüm müdirleri borçlary we jogapkärçilikleri anyk kesgitlenmedik bir düzgünnamadan peýdalanýar;

b) her bir wezipe üçin aýratyn düzgünnamalar düzülen, ýöne olar önümçiligiň häzirki ýagdaýyna gabat gelmeýärler;

ç) hereket edýän düzgünnamalar hil taýdan önümçiligiň ýagdaýyna gabat gelýär, ýöne ulanylmaýar. Sebäbi ýolbaşçynyň görkezmesi boýunça işgärleriň borçlary, ýerine ýetirýän işleri çalşyp durýar.

Wezipe düzgünnamalary boýunça geçirilen derňew işleriniň netijesinde ýolbaşçylaryň 75%-inde ol bar eken, emma 49 %-i ony tapyp bilmändir we diňe käbiri ulanýan eken. Şeýle ýagdaýda jogapkärçilik duýgulary pese düşüp, olaryň birnäçesi ugurtapyjy hereket etmäge ymtylmaýar, töwekgellik bilen bagly çözmekden bolsa daşda durýarlar.

Dolandyryş zähmetini gowy guramakda gündelik iş gününiň seljermesiniň peýdasy köpdür. Onuň esasynda ýolbaşçynyň özi özüne birnäçe sorag bermeli. Mysal üçin, iş gününiň dowamynda haýsy işleri ýerine ýetirdim? Haýsy işleri ýerine ýetirip ýetişmedim? Haýsy işler has köp wagt aldy? we ş.m.

Häzirki döwürde köp ýolbaşçylaryň iş gününiň 10-12 sagat dowam edýändigine garamazdan, olaryň birnäçesiniň zähmetiniň guralşyndan kanagatlanmaga doly esas ýok. Bu ýagdaýy düzetmek üçin ýolbaşçy gönüden-göni özüne degişli däl işlerden boşadylsa, onuň şahsy iş utgasy we ulanýan usullary tertipleşdirilse laýyk boljak. Has takyk aýdylanda iş wagtynyň hetden aşa bölüşdirilmegini bes etmeli, kyn we wajyp wezipeleri tapawutlandyrmagy başarmaly hem-de olaryň ýerine ýetirilmegini gazanmaly.

***Iş wagty şeýle yzygiderlilikde meýilnamalaşdyrylsa maksadalaýyk bolýar:***

1. Özüňden ýokary ýolbaşçylar bilen arkalaşykly hyzmatdaşlyklar we garamagyňdaky işgärler bilen sazlaşykly işlemek üçin sarp edilýän wagty öwrenmek.
2. Ýerine ýetirilýän işleriň mazmunyny öwrenmek.
3. Umumy ýerine ýetiriljek işe sarp ediljek wagty kesgitlemek.
4. Öňdengörüjilikli meýilnama düzmek.

## 5.3. Ýolbaşçylyk etmegiň täzeçe usullary

Ýolbaşçylyk etmegiň täzeçe usullary bazar gatnaşyklarynda telekeçilik düşünjesiniň giňden hereket edýänligi bilen baglydyr. Telekeçilik manysynyň ykdysady düşünjelerini aňlatmak üçin özümiziň ýa-da daşary ýurt edebiýatlarynyň ýok diýen ýalydygyny aýtmaly. Bu ýagdaý ylmy we okuw edebiýatlary üçin hem şeýle. Telekeçilik ders hökmünde ýokary bilim ulgamlaryna ýaňy-yakynda girizildi. Muňa garamazdan, hakyky telekeçiligiň öz taryhy ösüş ýoly bardyr. Şeýle hünär ABŞ-da XX asyryň 70-nji ýyllarynda emele gelip başlady. Ýöne henize çenli okuw sapaklary dürli okuw gollanmalarynyň üsti bilen amala aşyrylýar. Bu gollanmalarda «telekeçilik» ykdysady kategoriýa hökmünde anyk kesgitlenmeýär. Şeýle hem bolsa telekeçilik nazaryýetini çuňňur işläp öwrenmek üçin hakyky esas bar. Onuň iki çeşmesini belläliň:

1. Telekeçilik boýunça ykdysady pikirleriň taryhy ösüşini çuňňur öwrenmek.

2. Häzirki zaman we taryhy telekeçilik tejribeleriniň ylmy taýdan umumylaşdyrylmagy.

Telekeçilik nazaryýeti birnäçe ugurlar boýunça ösdi. Onuň ilkinji ugurlarynyň wekilleri telekeçiligi töwekgelçilik bilen baglanyşdyrdylar. Bu ugruň irki başlangyçlary fransuz ykdysatçysy R. Kantilona degişli diýip hasap edýärler. Ol telekeçilere goşmaça girdeji almak üçin töwekgelçilige ukyply we öňdebaryjy şahs hökmünde seredýär. Onuň islendik pursatda öndürijiligiň dürli ýagdaýlaryna, ýagny önümçilik döwrüne, alyş-çalşa, sarp edişe işjeň gatnaşýandygyny belleýär. Mysal üçin, alyş-çalyş döwründe isleg bilen teklibiň tapawudyny peýdalanyp, telekeçi harytlary has arzan bahadan alyp, has ýokary bahadan satýar diýeliň. Ol bu wagt töwekgelçilik etmeýän telekeçi bilen deňeşdireniňde töwekgelçiligiň üsti bilen has ýokary girdeji almagy mümkin. Bu nukdaýnazary J.Týunen we F.Naýt dagy ösdürdiler. J.Týunen telekeçini we telekeçiligi öňden görüp bolmajak töwekgelçilik bilen baglanyşdyrýar. Telekeçi öz işinde töwekgelçilikden peýdalanyp, ony doly öz üstüne alyp, öňünden aýdyp bolmajak girdeji alýar. F.Naýt öz gezeginde J.Týuneniň aýdanlaryny ösdürip, töwekgelçiligi adatdan daşary, hasaplap we çaklap bolmajak kesgitsizlik bilen baglanyşdyrýar. Oňat çaklamalary başarýan telekeçi esaslandyrylan töwekgelçiligi başarmaýan işewür adamlara garanyňda has ýokary girdejileri alýar.

Ikinji ugruň garaýyşlaryny J.Seý we A. Marşall dagy öňe sürýärler. Olar telekeçiniň esasy wezipeleri, önümçilik sebäpleriniň (maýa, ýer we zähmet) dogry çalşyrylyp ulanylmalaryny ýola goýmakdan gelýän telekeçilik girdejileri barada aýdýarlar. Bu iki ugra seredeniňde Ý.Şumpeter tarapyndan öňe sürülýän üçünji ugur telekeçilikde has görnükli we esaslandyrylan nazaryýeti emele getirýär. Ol telekeçini ykdysady ösüşleriň esasy öndüriji güýji hasaplaýar. Onuň pikiriçe ykdysady ulgamda täze öndüriji sebäpleriň üznüksiz özgertmeleri bu ulgamyň ösmegine getirýär. Bu özgertmeler: sarp edijilere mälim bolmadyk ýa-da öňkä görä ýokary hilli harytlar, täze bazarlary ýa-da olaryň zolaklaryny eýelemek, çig malyň täze çeşmelerini tapmak, zähmeti guramagyň täze usullaryny girizmek we ş.m.

Telekeçilik wezipesini täzelekçiniň ukyplary bolan adamlar ýerine ýetirip bilerler. Olar hojalykçy adamlaryň aýratyn görnüşidir. Telekeçiniň zähmeti – adatdaky önümçilik serişdelerini, tehnologiýalaryny ulanýan bilen deňeşdireniňde täze, ýokary hilli zähmetdir.

## 5.4. Dolandyryş işjeňliginde önümçiligi guramagyň telekeçilik görnüşi

Ykdysadyýete bagyşlanan edebiýatlarda telekeçilik nazaryýetiniň ösmeginiň dördünji ugry hem bellenip geçilýär. Ol telekeçiniň dolandyryş işjeňliginiň, önümçiligi guramagyň telekeçilik görnüşi bilen baglanyşdyrylýar. Bu aýdylanlara gysgaça seljerme bersek, onda häzirki zaman telekeçiligi üçin bitewi nazaryýet entek döredilmedik hem bolsa, telekeçiligiň mazmunyny we ykdysady manysyny açmak üçin nazary taýdan göwrümli işleriň bardygyny bellemek gerek.

Menejmentiň kiçi telekeçilikdäki aýratynlyklary köplenç häkimligiň formal däl ýagdaýda ýerine ýetirilýändigi bilen häsiýetlendirilýär. Menejer kabul edýän çözgütleri bilen bilelikde elmydama göz öňünde durýar. Menejer bilen golasty adamlaryň arasyndaky baglanyşyk açyk häsiýete eýedir. Kiçi zähmet toparlarynda menejerlerden işgärler bilen ýokary derejedäki we tebigy gatnaşyklara garaşýarlar. Bularyň hemmesi menejerleriň şahsyna bolan talaplary şeýle kesgitleýär:

1. Menejer mydama göz öňünde bolany üçin onuň abraýy şahsy häsiýetlerine baglydyr. Emele gelşi – bazar özgertmeleri esasynda esasy ýagdaýlaryň telekeçilik ulgamyny merkezleşdirmekden daşlaşmagy.
   Döwlete degişli kärhanalarda telekeçiligiň bazar we beýleki usullarynyň utgaşdyrylmagy bazarda hojaýynçylyk etmeleriniň döremegi we hereket etmegi.
2. Işde uly çeýelige eýe bolup, wakalary öňünden görmeli we üýtgäp duran şertlere hojalygyň işini uýgunlaşdyrmaly.
3. Onuň netijeli işçi toparlaryny döretmek we ösdürmek ukyby bolmaly.

4. Öz tabynlygyndakylara aýratyn şahslar däl-de, topar görnüşlerinde garamaly.
5. Ol öz işinde döredijilikli aragatnaşygy saklamaly.
6. Onda daş-töweregindäkilere täsir etmegiň ýokary ukyby bolmaly.

Şu talaplar oňat hünärmeni, hojalykda dolandyryş işlerini gowy bilýän menejeri häsiýetlendirýär. Ýöne dolandyryş tejribesinde menejeriň işinde gabat gelýän ýalňyşlyklary hem bellemek peýdalydyr. Olara menejeriň on üç «günäsi» hem diýilýär:

1. Şahsy jogapkärlikden gaçmak.
2. Işgärleriň hünäri boýunça ösmeklerine päsgel bermek.
3. Hereketleriň äheňine täsir etmän, onuň tersine, netijeleri barlamak.
4. Işgärleriň hereketlerine baha bermekde adatdan daşary berklik.
5. Girdejiniň zerurlygyny ýatdan çykarmak.
6. Ähli işgärlere birmeňzeş ýolbaşçylyk etmek.
7. Ünsüň köpüsini maksada däl-de, meselä gönükdırmek.
8. Ýolbaşçy däl-de, başlyk bolmak.
9. Ýeňilliklerden peýdalanmak.
10. Tankydy gysmak.
11. Täze teklipleri ret etmek.
12. Bellenen möhletden gijä galmak.
13. Boýun alan işiňi ýerine ýetirmezlik.

Menejeriň şu sanalan «günälerden» aýlanyp geçip bilmeginiň peýdasy öz-özünden düşnüklidir. Dolandyryş utgasy – ýolbaşçynyň öz wezipelerini nähili ýerine ýetirýänligidir. Ýagny onuň näme edýänligi däl-de, işiň nähili ýerine ýetirilýänligidir.

## § 6. IŞGÄRLERI WE IŞ WAGTYNY DOLANDYRMAK

### 6.1. Işgärlere ýolbaşçylyk etmek

Dolandyryşa hemme wezipäniň birligi hökmünde çeýe, toplumlaýyn çemeleşme dolandyryşyň häsiýetinde täze, işgärlere ýol-

başçylyk wezipesini tapawutlandyrmaga mümkinçilik berdi. Işgärlere ýolbaşçylyk etmek dolandyrmagyň wezipesi hökmünde hemme beýleki wezipeleri bir bitewülige birikdirmegi, ylalaşdyrmagy, arabaglanyşdyrmagy ündeýär. Ýolbaşçylyk wezipesi hemme dolandyrmanyň beýnisidir, onuň merkezi nerw ulgamydyr. Dolandyrmak ulgamy näçe çylşyrymly bolsa, ýolbaşçynyň öňünde dolandyrmagy hemişelik kämilleşdirmek wezipesi sonça-da ýiti durýar. Netijede, ýolbaşçylyk wezipesinden özbaşdak wezipe hökmünde dolandyrmagy kämilleşdirmek wezipesi ýygy-ýygydan aýrylaşýar. Işgärlere ýolbaşçylyk etmegiň wajyp esaslary şulardyr:

– her bir işgäriň öz işine jogapkärçiligi;

– her bir işgäriň özüniň kimiň golastyndadygyny we kimden görkezme alandygyny bilmegi.

Guramaçylyk üýtgemeleriniň görnüşleri – maksatlaryň üýtgemegi, hojalygyň netijeli işlemegi üçin düýpli üýtgemelerdir. Düzüm üýtgemeleri hojalyklarda ýygy-ýygydan bolup durýar. Tehnologiýa üýtgemeleri esasan täzelikler bilen bagly. Işgär üytgemeleri tehniki taýýarlyklar, hünäriňi ýokarlandyrmak we beýleki mümkinçilikler bilen bagly dürli basgançaklardan durýan dolandyryş ulgamy dolandyryşyň dürli döwürleriniň aýry-aýry ýolbaşça ýa-da ýolbaşçy gurama berkidilmegini göz öňünde tutýar.

Işgärleri dolandyrmagyň maksady işgärleri has ýokary derejeli we öndürijilikli zähmete ukybynyň ösmegine meýil döretmekdir. Ýolbaşçy öz golastyndaky işgärlere buýurmaly däl-de, olaryň güýjüni ugrukdyrmaly, olaryň mümkinçiliklerini açmaga kömek etmeli, öz töweregine pikirdeşlerini toplamaly diýip hasap edilýär.

*Dolandyryşyň aşakdaky durmuş-psihologik nukdaýnazarlary wajyp ähmiýete eýedirler:*

- gulluk ýagdaýynyň durnuklylygy:
- işgärlerde öz kärhanasyna wepalylyk duýgusyny terbiýelemek.

*Işgärlere ýolbaşçylyk etmegiň netijeliligini şu sebäpleri ulanmagyň hasabyna gazanyp bolýar:*

– iş ýerini gowy guramak;
– oýlanyşykly meýilnamalaşdyrmak we önümçilik meýdanlaryny oňaýly ulanmak;

– işgärleri yzygiderli gaýtadan taýýarlamak we hünärlerini ýokarlandyrmak;
– dürli durmuş-ykdysady maksatnamalary işläp taýýarlamak we amala aşyrmak.

*Işgärleri dolandyrmagyň maksatnamasyny işläp düzmek şulary göz öňünde tutýar:*

– maksadalaýyk gözükmäniň bolmagyny we umumy maksadyň arabaglanyşygyny;
– zähmet öndürijiliginiň, önümiň hiliniň ýokarlanmagy, zähmete tölegde çeýeligini;
– isgärleriň hünär derejesini hemişe ýokarlandyrmagy;
– zähmet serişdelerini ulanmak boýunça kärdeşler arkalaşygy we işgärler bölümi bilen bilelikde baş ugry işläp düzmegi.

*Dolandyrmagyň durmuş ulgamy tehniki ulgamyň netijeli işlemegini üpjün etmegi ündeýär. Durmuş ulgamy şulary öz içine alýar:*

– işgärleri saýlap almagy we ulaltmagy;
– çözgüt kabul edilende jogapkärçiligi paýlamagy üpjün etmegi;
– zähmete tölegiň we sylaglamanyň netijeli ulgamyny;
– dereje meselesini çözmegi.

Önümçiligi guramagyň we dolandyrmagyň toparlaýyn çemeleşmesinde zähmete töleg has ýokary hünär derejeli işgärleri kesgitli işe höweslendirmek üçin bäsleşikli esasda amala asyrylýar. Has ýokary tölegi birnäçe ýanaşyk hünärleri bar bolan işgärler alýarlar. Şeýlelik bilen, maksatlaýyn toparyň her bir agzasynyň zähmet haky onuň hünär derejesiniň we özleşdiren hünäriniň sanyna baglydyr. Işi guramaga toparlaýyn çemeleşme dürli toparlaryň jebisleşlemegi üçin şert döretmäge, işgärleriň dürli görnüşleriniň arasyndaky baglanyşygy aýyrmaga, işleşmegiň gidişinde oňaýly psihologik ýagdaýyň emele gelmegine ýardam edýär.

Kärhanalarda durmuş-ykdysady syýasaty işläp düzmek we geçirmek köp ugurlar boýunça amala aşyrylýar. Olaryň biri düşewüntler syýasatydyr.

Düşewüntlik syýasaty isgärleriň we telekeçileriň esasy durmuş toparynyň bähbidini saklamak ýagdaýynda kärhananyň ykdysady ösüşiniň gidişini höweslendirmekde netijeli gural bolup durýar. Düşewüntler baradaky merkezi ylalaşyk pudaklar we kärhanalar boýunça işgärleriň we telekeçileriň toparlaýyn şertnamasy görnüşinde takyklanýar. Oňa merkezde we ýerlerde gözegçilik edilýär. Düşewüntlik syýasatyny amala aşyrmak arkaly önümçiligiň netijeliliginiň ýokarlanýan ýagdaýynda işgärler gazanjyň ýokarlanmagyna kepil alýarlar, şeýle hem hümmetsizlenmekden goranýarlar. Telekeçiler durmuş parahatçylygyny we peýdasyny goramaga kepil alýarlar. Döwlet durmuş-syýasy we ykdysady durnuklylyk býujet düşewündiniň artmagyna kepil alýar.

Kärhanada toparyň emele gelmeginiň dogry guralmagy işleriň üstünlikli gitmegine möhüm täsir edýär. Şonuň üçin işgärleri saýlap almaga wagtyňy we güýjüňi gaýgyrman, jogapkärli çemeleşmek zerurdyr. Şonuň bilen bagly işler şu aşakdakylardan ybaratdyr:

– işgärleri saýlamagyň düzgünlerini we gerek bolan sanyny kesgitlemek;
– işgärleri saýlamak we işe almak;
– işgärlere bilim bermek;
– işgärlere ýolbaşçylyk etmek;
– işgärleriň işiniň hiline baha bermek.

Zerur bolan işgärleri işe almak üçin olaryň nähili işleri ýerine ýetirjekligi we hojalyk üçin hünärleriniň hil taraplaryny hem seljerip görmek gerek. Şeýle seljermäniň netijesinde kärhananyň düzümine görä, wezipeler barada doly maglumatlary alyp bolar. Şeýle hem seljerme esasynda aşakdaky ýaly ýagdaylary özünde jemleýän wezipe görkezijilerini görmek zerur bolup durýar:

– alnan işgäriň kimiň tabynlygyndalygy;
– işgäriň esasy wezipeleri we borçlary;
– zähmet haky, höweslendirmeler, zähmet rugsady;
– goşmaça ýeňillikler (pensiýa we beýlekiler).

## 6.2. Iş wagtyny ulanmagyň ýollary

Berlen döwür üçin hojalygyň işjeňligine goýberilýän wagtyň toplumy iş wagtynyň goruny düzýär. Iş wagty diýlip işgäriň gurnalan zähmetiniň gidişine gatnaşmagyň ölçegine aýdylýar. Onuň dowamynda işçi öz borjuny ýerine ýetirmeli. Iş wagty iş gününiň, iş hepdesiniň, iş aýynyň we iş ýylynyň dowamlylygy bilen ölçenilýär. Adat boýunça iş wagty bir iş hepdäniň içinde onuň kadaly dowamlylygyny kesgitleýän kanunlar bilen tassyklanylýar. Işlän wagty boýunça hak tölenýän ýagdaýda kadaly iş wagtynda artyk ýerine ýetirilen işe ýokarlandyrylan baha boýunça tölenmeli.

Işgärleriň aýratyn toparlary üçin ýaşyna we şertine baglylykda kanun tarapyndan gysgaldylan iş güni bellenilýär. Ol, ilkinji nobatda, agyr işler bilen we saglyga zyýanly zähmet şertlerinde işleýän şahslara, şeýle hem 18 ýaşa ýetmedik ýaşlara degişli. Iş wagty işlenilýän wagtyndan we arakesmeden durýar. Işlenilýän wagt esasy, kömekçi, taýýarlaýyş, gutaryş we iş ýerine hyzmat etmek wagtlaryndan durýar. Esasy wagtda zähmetiň gidişiniň öňünde durýan maksada ýetilýär. Kömekçi wagt esasy iş üçin şert döredýär. Esasy we kömekçi wagt birigip, işjeň (operatiw) wagty emele getirýär. Iş ýerine hyzmat etmek wagty ony degişli ýagdaýda saklamak bilen bagly. Ol öz gezeginde guramaçylyk we tilsimat hyzmat ediş wagtyna bölünýär. Bu bolsa wagtynda iş ýerini tertibe salmak, ýygnamak, serişdeleri aýyl-saýyl etmek, tehniki enjamlaryň işini taýýarlamak bilen baglydyr. Wagty öndürijilikli ulanmak üçin onuň nämä sarp edilýändigini açyk bilmeli. Onuň uçin belli bolşy ýaly, hronometraždan we fotografirlemekden peýdalanylýar.

Hronometraž diýlip işiň aýry-aýry gaýtalanýan böleklerini amala aşyrmak üçin iş wagtynyň sarp edilişine we ölçelişine aýdylýar. Onuň netijesinde bolsa işiň ortaça dowamlylygy tapylýar, ýagny:

$$IOD = \frac{\textit{Hemme işleriň dowamlylygynyň jemi}}{\textit{Işleriň sany}}$$

Fotografirlemek ýylda 2-3 gezek geçirilýär, şonda 2-3 hepdäniň dowamynda şahsyýetler, toparlar we beýlekiler üçin iş wagtynyň har-

jy görkezilýär. Fotografirlemegiň kömegi bilen aşakdaky görkezijiler tapylýar:

1. Iş wagtynyň ulanylyşynyň koeffisiýenti;
2. Işgäriň günäsi bilen iş wagtynyň ýitgisiniň koeffisiýenti;
3. Işgäre bagly bolmadyk iş wagtynyň ýitgisiniň koeffisiýenti.

Şu görkezijileriň esasynda wagtyň ýitgisini ýok etmegiň hasabyna zähmet öndürijiliginiň mümkin bolan artmagynyň koeffisiýentini kesgitläp bolýar. Dolandyryşdaky işgärleriň sarp edýän wagty aşakdaky ýaly bölünýär:

1. Meseläni oýlanmak we çözgüdi işläp düzmek.
2. Adamlara ýolbaşçylyk etmek (ýumuşy paýlamak, maslahat bermek, işe baha bermek, dawany çözmek).
3. Geljekdäki işi çaklamak we meýilnamalaşdyrmak.

Iş wagtyny ulanmagyň esasy meýilnamalaşdyrmak bilen bagly. Bu wagt wagtyň kadasy bilen ýüze çykýar, ol adam-minutda, adam-sagatda ýa-da adam-günde bellenilýär. Wagty meýilnamalaşdyrmak islendik ýolbaşçynyň ilkinji borjy bolup durýar. Ol meseläni goýmakdan başlanýar. Wagty meýilnamalaşdyrmak ýolbaşça, ilkinji nobatda, öz maksatlaryny talabalaýyk pikirlenmäge we olary has netijeli amala aşyrmagyň usullaryny tapmaga mümkinçilik beryär. Şeýle hem wagty meýilnamalaşdyrmak ýolbaşça zerur bolan möhletde, wajyp meseleleri çözmek üçin wagty jemlemäge mümkinçilik berýär. Belli bolşy ýaly, bu ýerde hem meýilnamalaşdyrmagyň üç görnüşi, ýagny gysga, ortaça, uzak möhletli meýilnamalar düzülýär. Ýolbaşçylar uçin olaryň iň möhümi gündelik meýilnamadyr. Ol gündelik wezipeleri kesgitleýär we onda görkezilen işleri inkär etmek kyn bolýar. Umuman, wagtyň meýilnamlaşdyrylmagy iş gününi peýdalanmagyň netijeliligini ýokarlandyrmaga alyp barýar. Şeyle hem ýolbaşçynyň öz işgärlerinden öň işe gelmegi we olar üçin wezipeleriň anyk işlenip goýulmagy hem belli bir  derejede önümçiligiň netijeliligine täsirini ýetirýär. Şeýle hem wagty tassyklamak we iş gününi gowy peýdalanmak üçin goşmaça güýçleri talap edýän meselelerden gaça durmaly. Gündelik işler ýerine ýetirilende kähalatda onuň üstünlikli ýerine ýetirilmeginiň ownuk zatlara bagly bolýandygyny ýatdan çykarmaly däl we olary inkär etmek bolmaz. Şol bir wagtyň özünde

az zähmetli ownuk işlere dümtünmek wagtyň ýitgisine, netijede bolsa şowsuzlyga alyp barýar.

## 6.3. Hojalykda işgär syýasatyny alyp barmak

Önümçiligiň täzeçillik syýasaty, onuň ýokary ylmy sygymlylygy, önümiň hiliniň meseleleriniň ileri tutulmagy zähmete döredijilikli çemeleşmegiň we ýokary hünärliligiň ähmiýetini artdyrýar. Bu işgärleri dolandyrmagyň esaslarynda, usullarynda we durmuş-psihologik meselelerinde düýpli özgermelere alyp bardy.

Işgärleri dolandyrmagyň esaslaryndaky özgerme, ilkinji nobatda, häzirki şertlerde aýgytlaýjy ähmiýete eýe bolan delillendirme syýasatyny amala aşyrmaga gönükdirilen. Eýeçiligiň işgärler topary görnüşiniň ösýän we dolandyrmaga işgärleriň çekilýän şertinde delillendirme syýasaty umumy maksada ýetmek üçin işgärleriň dolandyryjylar bilen hyzmatdaşlygyny giňeltmäge gönükdirilen. Bu işgärleri öz kuwwat mümkinçiliklerini ösdürmäge, has ýokary derejeli we öndürijilikli zähmete döredijilikli çemeleşmäge gönüden-göni höweslendirýär. Işgärleriň önümçilige döredijilikli çemeleşmegine talap olaryň özbaşdaklygynyň we ýerine ýetirilen iş üçin jogapkärçiliginiň, dolandyryş çözgüdiniň kabul edilmegine işjeň gatnaşmagynyň, zähmetiň netijesine gönüden-göni gyzyklanmasynyň ýokarlanmagyny şertlendirdi.

Işgärleri dolandyrmak – bu hünär derejeli hünärmen menejerleriň özbaşdak görnüşidir. Onuň esasy maksady aşakdakylardyr:

- işgärleriň önümçilik, döredijilik netijesini we işjeňligini ýokarlandyrmak;
- önümçilik we dolandyryjy işgärleriň paýyny hem-de sanyny azaltmaga gözükme;
- seçip alma we ýerli-ýerinde goýuşdyrma syýasatyny işläp düzmek we amala aşyrmak;
- işgärleri işe almagyň we işden çykarmagyň düzgünlerini işläp düzmek;
- işgärleri okatmak we hünärini ýokarlandyrmak bilen bagly bolan soraglary çözmek bolup durýar.




*6.1-nji çyzgy.* **Menejeriň borçlary**

Menejerleriň wezipesi işgärleri bilelikde işlemäge ukyply etmek, olaryň yhlasyna netijelilik we peýdalylyk bermek, adamlara mahsus bolan hususy aýratynlyklary ýygnamak bolup durýar.

# § 7. BAZARY DOLANDYRMAGYŇ WEZIPELEÝIN GURAMAÇYLYK DÜZÜMI

## 7.1. Bazary dolandyrmagyň wezipeleýin guramaçylyk düzümi

Bazarlamanyň maksatnamasyny işläp düzmek bilen bazarlama gullugy meşgullanýar. Bazarlamany dolandyrmagyň wezipeleýin guramaçylyk düzümi bazarlama işini dolandyrmagyň ulgamynda

harydy we hyzmaty alyja gözükdirme hereket edýär. Ol wezipeleýin görkezmede-de berlendir. Bu ýerde işiň şu bölüminiň önümi ýerleşdirmek bilen baglanyşygy bellenilýär we onuň önümi bazarlamagyň bütewi baglanyşygyndaky ähmiýeti we ýeri kesgitlenilyär. Bazarlamany meýilleşdirmek bahany we baha syýasatyny işläp taýýarlamaga mümkinçilik berýär.

**Bazarlama gullugynyň öňünde bazarlama-direktor we onuň diwanhanasy aşakdaky wezipeleri ýerine ýetirýärler *(7.1-nji çyzgy)*:**




*7.1-nji çyzgy.* **Bazarlama direktorynyň diwanhanasy we wezipeleri**

Bazarlama gullugynyň hemme işgärleri diňe bir islenilýän, hasaplanylýan netijäni däl-de, eýsem şol netijä alyp barýan hereketleri hem döretmek gerek diýen umumy düzgünlere esaslanýarlar. Ondan başga-da, her bir teklip ýeke-täk görnüşde däl-de, üç-bäşden saýlap

almak mümkinçiliginde berilýär. Bazarlamanyň maksatnamasyny hemme işgärlere ýetirmek wajyp borç bolup durýar.

Bazarlama direktoryna öz işgärleri bilen uly ygtyýarlylyk we jogapkärçilik paýy berilýär. Ol diňe bazarlama bölümine ýolbaşçylyk etmän, kärhananyň, daýhan birleşiginiň hemme ykdysady, maliýe, önümçilik, durmuş, ylmy işini gözegçilikde saklaýar. Diýmek, maksatnamasy hemme çyzykly gulluklaryň işjeň işiniň esasy bolup durýar. Şeýlelikde, bazarlamanyň wajyp garaýyşy amala aşyrylýar, ýagny dolandyryş çözgüdini kabul etmeklik ýerleşdiriş bölümlerinde amala aşyrylýar.

Haryda (gulluga) bolan isleg hem önümçiligiň mukdaryny, görnüşini, nusgalaryny we düzümini kesgitleýär.

Bazarlama gullugynyň çäginde kärhananyň, daýhan birleşiginiň hemme guramaçylyk düzümi ony kämilleşdirmek we bazaryň talabyna laýyk etmek maksady bilen seljerilýär. Dolandyrmagyň guramaçylyk düzümi bazarlamanyň çäginde ilki bilen dolandyrmagy merkezleşdirmek (merkezleşdirmekden aýyrmak) nukdaýnazaryndan we onuň baş ugry wezipelerine laýyklygy, şeýle hem dolandyrmak böleginiň wezipelerini bölmek nukdaýnazaryndan seljerilýär. Esasy wezipe kärhananyň we onuň aýry-aýry hojalyk düzüm böleginiň işiniň aýgytlaýjy baş ugruny we olaryň önümçilikde ýerleşdirmekde bar bolan köp basgançakly gurluşykdaky gatnaşygyny kesgitlemekden ybarat.

Saýlanylyp alnan esasy ugra garamazdan, her bir aýry-aýry hojalyk bölegi öndürýän önümleriniň görnüşleri boýunça her aýda hasabat düzýärler. Harajatlar, zähmet öndürjiligi, ýerleşdirmek, gozgalmaýan mülki dolandyrmak, täze önümleriň hili boýunça aýry hasabatlar düzülýär. Kesgitli baş ugur saýlanylyp alnanda kärhananyň maliýe ýagdaýyny yzarlamaga we zerur bolan düzedişleri girizmäge mümkinçilik döredýär. Önümleri takyk alyjylara gözügen kärhananyň işgärleriniň söwdanyň wekilleri bilen ýygy-ýygydan gatnaw etmegini talap edýär. Bu düzgün kärhanalaryň hemme bölümçeleriniň, ýagny ýerleşdirmek, önümçilik, barlag bölümçeleriniň ýolbaşçylaryna ýaýraýar. Bular alyjylar bilen duşuşyp, olar bilen telefon aragatnaşygyny saklaýarlar, olardan işjeň teklipleri bermeklerini haýyş

edýärler, özleri degişli maslahatlar berýärler, iň täze tilsimatlary we tehniki maglumatlary ornaşdyrýarlar.

Öz içine birnäçe wajyp nukdaýnazary alýan iş utgasynyň düşünjesi täze bolup durýar. Olardan kärhananyň abraýyny, ýolbaşçylygyň utgasyny, işgärler üçin gymmatly görkezmeleri, nyşanlary, däp-dessurlary mysal getirip bolar. Guramaçylyk düzümiň görkezen maddy däl görkezijilerine tankydy baha bermek kärhananyň bazarda hem-de öz işgärleriniň gözüniň öňünde özboluşly tapawutlylyk nyşany bolup hyzmat edýän, şahsylaşdyrylan ýagdaýy iň ýokary derejede döretmek maksady bilen amal edilýär.

## 7.2. Agrosenagat önümçiliginiň bazar aýratynlyklary

Eger oba hojalyk önümçiliginde bazarlamanyň has düýpli meselelerini agzap geçsek, onda işiň bu çygrynda guramaçylyk düzüminiň ösüş we kämilleşdiriliş soraglaryna seretmek gerek.

Agrosenagat önümçiliginde bazarlamanyň aýratynlygy önümi öndürijileriň hem, ony ulanyjylaryň hem bähbitlerini kanagatlandyrar ýaly, dolandyrmagyň düzümini döretmekden durýar. Bu ugurda dünýäde uly tejribe toplanylandyr. Ol ilkinji nobatda, ösüşiň gidişiniň we emele gelmäniň modelini taýýarlamany, kömek pul bermek gurluşyny we meýil syýasatyny işläp düzmegi döwlet tarapyndan sazlamak ulgamyna degişli.

Ykdysadyýetiň bu böleginde oba hojalyk ministrligi iri baş ugur ýa-da iri bazarlama bilen mesgullanýar, ýagny agrosenagat toplumynyň ulgamynyň hereketiniň geljekdäki ülňüsini işläp düzmek üçin içerki we daşarky sebäpleriň täsirindäki arabaglanyşygy ösdürmegiň meýlini üznüksiz öwrenýär. Bazaryň ýagdaýyna baglylykda, pudaklarda, pudagyň böleklerinde bazarlamanyň baş ugruny işläp taýýarlamagyň, umumylaşdyrmagyň we soňky işläp düzmesiniň gurluşyny ýerleşdirmek üçin bazarlama gulluklaryna we merkezlerine ýokardaky maglumatlar gelýärler.

ABŞ-da we Kanadada döwlet hereket edýän kanunlara laýyklykda, şereketiň önümini satyn alşy amala aşyryp, onuň bilen şertnama baglaşýar. Onda önümi öndürmegiň we satyn almagyň şertlerine, onuň hiline we mukdaryna, satyn alyş bahanyň derejesine we ýokary

hilli önümler üçin goşmaça töleglere degişli hemme pursatlar şertleşilýär. Şol bir wagtyň özünde haýsy-da bolsa bir tarapyň ylalaşygy ýerine ýetirmedik ýagdaýynda jezalandyrylyş çäreleri-de kesgitlenilýär. Ýewropa ýurtlarynda agrar şereketlere bütewi gurluşyň düzüm bölegi hökmünde garalyp, olaryň işini höweslendirýän syýasaty alyp barýarlar. Mysal üçin, fermerleriň birleşmesi salgyt ýeňillik-lerini, pul kömegini, azyk harytlarynyň birnäçesiniň daşary ýurtlara çykarylmagyna ýekemenlik hukugyny berýärler. Şereketleriň işleriniň dürli taraplaryna pul kömegini bermekligi bir umumy gaznadan amala aşyrýarlar. Dünýä bileleşiginiň köp ýurtlarynda şahsyýetleriň käbir toparlaryna we aýry-aýry guramalara şereketleriň maýasyny döretmeklige gatnaşmaga rugsat berýän kanunlar kabul edildi. Olar serişdelerini paý görnüşinde goşup bilýärler. Maliýeleşdirmegiň bu görnüşi şereket kanunlary maýa goýumlaryna paýnama üçin düşýän girdeji tölemegi göz öňünde tutmaýan ýurtlarda az ulanylyp, şereketlere goşulan serişdelere paýnama üçin düşýän girdejini tölemek rugsat berlen ýerlerde has ýaýbaňlanandyr. Oba hojalyk şereketleri özleriniň gaznalaryny artdyrmak üçin paý maýasyndan daşary beýleki içeri çeşmelerinde ulanýarlar. Olara ätiýaçlyk gory, maýalaşdyrylan peýda, şereketleri olaryň agzalarynyň gündelik hasapnamasynyň hasabyna hakujy bilen üpjün etmek, şahadatnamalar, girmek hukugynyň tölegleri girýärler. Eger bular hem az bolsa, ýörite borç guramalaryndan karzlar, banklaryň karzlary, döwletden alnan kömek pullary we karzlar ýaly maliýeleşdirmäniň çeşmeleri ulanylýar. Şeýlelikde, önümi alyjylara gözügen bazarlamanyň çäginde bazar ykdysadyýeti esasynda dürli görnüşdäki fermer hojalyklary we fermerleriň birleşmeleri duran oba hojalygyny döwlet tarapyndan sazlaşdyrmagyň degerli gurluşy işlenip düzülipdir diýen netijäni çykaryp bolýar.

ABŞ-da we Kanadada şereketiň iň soňky görnüşleriniň biri bolup uzak möhletleýin emläk kärendeçiligi durýar. Bu şereketler bilelikdäki tehnikany, hökmany hyzmaty goşmak, kärendesine bermek bilen mesgullanýan bir bütewi birleşmeler bolup durýarlar. Olaryň maksady özleriniň we beýleki şereketleriň fermerlerini iň häzirki zaman, gymmat bahaly tehnika bilen özgelere garanyňda pes bahada, ýagny onuň kärendesiniň gymmatynda üpjün etmek bolup durýar. Şereketler uzak möhletleýin emläk kärendeçiligini özara ylalaşyk boýunça döred-

ýärler. Tölegiň bahasy tehnikany ulanmagyň möhletine göni deňölçeglidir. Bu bolsa ony çalt we netijeli ulanmaga höweslendirýär hem-de maşynlaryň we emläkleriň uly bolmadyk toplumynda fermerleriň köpsanly isleglerini kanagatlandyrmaga mümkinçilik berýär. Ahlak taýdan könelen tehnikany emlägi uzak möhletleýin kärendä berijiler arzan bahadan satýarlar. Agrosenagat toplumynda mehanizasiýanyň we awtomatizasiýanyň ösmegi durmuş wezipelerini ýerine ýetirýän hyzmat şereketleriniň sanyny we ähmiýetini ýokarlandyrdy. Hut önümi we hyzmaty ulanyjylara gözügen bazarlamanyň baş ugry bu we beýleki ýagdaýlary diňe bir senagatda däl-de, oba hojalyk önümçiliginde-de ep-esli tizleşdirdi.

Şereketleriň dikligine bir bitewüleşmesi önümi öndürmegiň, gaýtadan işlemegiň, saklamagyň we alyjylara eltip bermegiň hemme ýa-da tas hemme döwrüni öz içine alýan olaryň işini giňeltmekligi aňladýar. Keseligine bir bitewüleşen şereket birleşmelerinden tapawutlylykda, dikligine bir bitewüleşenler öň keseden satyn alýan zatlaryny özleri öndürýärler.

Bazarlamanyň çäginde dikligine bir bitewüleşmek daýhan birleşmeleriniň şereketlerini döretmegiň netijesinde amala aşyp biler. Bu ýerde ol ýa-ha doly bir bitewüleşýär, ýa-da şereketiň içinde-de, daşarky hyzmatdaşlar bilen-de şertnama baglanyşygy ösýär. Her halda-da ol göni şertnama gatnaşygynda we önümçiligi meýilli dolandyrmagyň esasynda ösýär. Doly bir bitewüleşmäniň manysy ownuk öndürijileri, ýagny fermerleri iri şereket birleşmeleri bilen çalşyrmakdyr. Bu birinji nobatda şereketleriň ýaşaýyş ukyplylygyna, bäsleşik ukyplylygyny berkitmäge ýardam edýär, daýhan hojalygynyň çäginde göni hojalyk arabaglanyşygynyň netijesinde, söwda dellallaryny ýatyrmagyň esasynda, netijeliligiň artmagyna alyp barýar. Başgaça aýdanyňda, doly bir bitewüleşmek şereketleriň özbaşdaklygyny ýitirmegine alyp barýan-da bolsa, olaryň ýagdaýynyň we durnuklylygynyň berkemegi bilen öwezini dolýar. Fermer şereketlerinde dikligine bir bitewüleşmegiň ösmegi agrar önüminiň bazarynyň kämilleşen görnüşine, onuň dikligine guralan bazara tarap özgermesine düýpli täsir edýär, diýmek, bazarlamanyň baş ugruny hem üýtgedýär. Şereketlere isleg tarapdan-da, teklip tarapdan-da bazaryň özakymlylygyny ýok etmek ukyby mahsusdyr. Bu bazaryň gurluşynyň oýlanyşyklylaşmagynda

we aluw-satuw adaty gatnaşyga gaýdyp gelmegi bilen ýüze çykýar. Özem, birinjiniň ornunda şereket, daýhan hojalyklary, ikinjiniňkide bolsa ýa ulanyjy, ýa-da gaýtadan işleýän kärhana çykyş edýär.

Bu ulgamda dürli dellallar bazar arabaglanşygynyň ulgamyndan kem-kemden ýitýärler. Bazaryň beýle gurluşy we dolandyrmak ulgamy göni uzak möhletleýin şertnama gatnaşygynyň sazlanylmagyna ýardam edýär. Emma bu ýagdaý şeksiz häsiýete eýe däl-de, diňe meýil bolup durýar. Bu bazarlamanyň baş ugry maksatnamasyny işläp düzmekde saýlap almak mümkinçiligini öňünden kesgitleýär. Onuň bilen daýhan hojalyklary ýa doly mukdarda, ýa-da bölekleýin bazarlama merkezlerinden bazarlama boýunça hünärmenleri çekmek bilen meşgullanýarlar. Şeýlelikde, oba hojalyk birleşmesi çylşyrymly durmuş-ykdysady gurluşa öwrüldi. Olaryň işi diňe bir oba hojalyk önümini öndürmegi däl-de, olary gaýtadan işlemegi, saklamagy, ýerleşdirmegi, şeýle hem önümçilik serişdelerini öndürmegi-de öz içine alýar. Şu sebäpli kooperatiwleriň adaty mazmun boýunça borja, ýerleşdirmäge, üpjünçä bölünmesi eýýäm bazarlamanyň barlagyň netijesinde işläp düzen köpdürli wezipesiniň hemmesini görkezenok. Bir kooperatiwiň çäginde bar bitewüleşmäniň dürli görnüşleri, ýagny ýönekeý keseliginden, doly däl we doly dikligine çenli görnüşde amala aşyrylyp bilner. Ösen döwletlerde kooperatiwleriň toplanmasynyň gidişi köpbasgançakly guramaçylyk gurluşyň emele gelmegine alyp bardy. Meselem, ABŞ-daky kooperatiwiň görnüşleri *(7.2-nji çyzgy)*.




*7.2-nji çyzgy.* **ABŞ-da kooperatiwiň görnüşleri**

16. Sargyt № 2800

Ýewropa ýurtlarynda oba hojalyk kooperasiýasynyň hemme ulgamyna merkezi gurama tarapyndan ýolbaşçylyk edilýär. Olara agzalyk hukugynda, welaýat birleşmelerini, hatda fermerleri-de birleşdirýän milli ýa-da sebitlerde pudaklaýyn birleşikleri girýärler. Fermer hojalyklaryna hyzmat ediş çäginde kärhananyň we guramalaryň aýratyn topary, ýagny dolandyryjylardan ybarat fermany dolandyrmak boýunça bazarlama gözügen kärhanalar hereket edýär. Olar bazarlama, maliýeleşdirmek, buhgalterlik hasaba alnyşy, salgyt salma, ýeriň we fermer hususyýetçiliginiň gymmatyna baha, gozgalmaýan mülki satyn almakda-satmakda dellalçylyk ugrundan maslahatlar berýärler. Iri bazarlama şereketlerinde gullukçylaryň belli bir bölegini ökde hünärli dolandyryjylar, beýleki bölegini gaýry hünärmenler, buhgalterler, şeýle hem resminamalary ýöretmek, hasabaty düzmek, kompýuterlerde işlemek bilen meşgul bolýan ökde hünärli kömekçi işgärler düzýärler. Bäsleşigiň şertlerinde dolandyryjynyň ýa-da bazarlama boýunça hünärmeniň esasy wezipesi bazaryň ýagdaýy boýunça, harytlaryň hereket edýän ýollary, oba hojalyk önümleriniň aýlawy, önümi ýerleşdirmegiň gelejegi (baha, ýerleşdirmek bazary, fermalaryň jikme-jikleşdirmek kartalaryny, olaryň topragyny seljermek, hojalygy ýöretmegiň meýli) barada maslahat bermekden durýar. Maslahat bermek bir gezeklik ýa-da şertnama esasynda köp möhletleýin bolup biler. Hünärmen maslahatçynyň girdejisi hyzmat edilýän kärhanalaryň sanyna, olaryň göwrümine, önümçilik harajatlaryna we maslahat bermegiň wagtyna bagly. Şeýlelikde, bazarlamanyň esasy garaýyşlary we usullary hemme ýerde ulanylýar.

## 7.3. Önümi hödürlemegiň guralyşy

Bazarlamanyň ulgamlaşdyrylýan meýilnamasynda onuň hemme bölekleri bir bitewi edilendir, özara utgaşdyrylýandyr we sazlaşdyrylýandyr. Her bir kärhananyň uzak we gysga möhletleýin meýilnamalarynyň, dürli baş ugry hojalyk bölümleriniň, ýerleşdirmek bazarlarynyň bolanlygy sebäpli, bularyň hemmesini birsydyrgyn ulgam görnüşinde getirmek örän kyn. Bu serişdeleriň hemme görnüşiniň baş ugry hojalyk bölümleriniň arasynda haýsy biriniň uly mümkinçiligi we geljegi bar bolsa, şoňa berilmegini aňladýar. Şol bir

wagtyň özünde maksatlaýyn bazarlar, harytlar, bahalaryň derejesi her baş ugry hojalyk bölümlerinde tapawutlanmaly, ýöne bir-birine garşy bolmaly däl. Harytlary ýerleşdirmek boýunça işler we ýerleşdirmek ýollaryna gatnaşýanlar bilen şertnamalar ulgamda dartgynlylyk we deňagramsyzlyk bolmaz ýaly ylalaşdyrylmaly. Bazaryň ýagdaýynyň üýtgeýän şertlerinde ýolbaşçylar hem meseläniň hakyky we ýetik bolmagyna ymtylmaly. Ondan başga-da, onuň manysy her bir işgäre ýetirilmeli. Daşarky sebäpleriň täsir edýänligi üçin kärhananyň meselelerine gaýtadan seredilýär.

***Ol, ýagny gaýtadan seretmeklik aşakdaky ýagdaýlarda bolýar:***

*a*) eger onuň baýlyklary gurşap alýan ýagdaýa gabat gelmese;
*b*) eger pudak çalt üýtgese;
*ç*) eger kärhana gös-göni hereket etmese;
*d*) eger onuň ilkibaşdaky wezipeleri bilen bagly bolmadyk mümkinçilikler ýüze çyksa.

Uzak möhletleýin bäsleşigiň ukyp artykmaçlyklaryna alyjylaryň şu kärhananyň harytlaryna wepalylygy degişli. Ony işläp taýýarlamak üçin, alyjylar has wajyp bolýan harydyň (hyzmatyň) hil häsiýetnamasyny ulanýarlar. Oba hojalyk tehnikasy üçin esasy üns onuň hiline we hyzmat edilişine berilýär. Uly bolmadyk kärhanalaryň köplenç has arzan bahanyň hasabyna bäsleşip bilmeýänligi sebäpli, olar başga bäsleşigiň ukyp artykmaçlyklaryny mahabat edip bilýärler. Olara ýörite şahsy ýumuşlary ýerine ýetirmek, hil we ygtybarlyk degişli. Emma bazarlama baş ugrunyň amala aşyrylmagynyň gidişinde islendik kärhana özüniň bäsleşige ukyp artykmaçlygynyň hemme ýagdaýda işläp bilmezliginiň mümkinçiligini göz öňünde tutmaly. Şol sebäpli-de bazary öwrenijiler durnuklylyk we peýdalylyk boýunça täze çäreleri işläp düzýärler. Özleriniň maksatlaýyn bazaryny anyk kesgitläp, kärhana bazarlamanyň meýilnamasynyň we degişli dolandyryş çözgütleriniň gönükdirilmegi aýdyň ulanyjylaryna aýan edýär. Bu bazarlama tagallasyny we geljekki baş ugry gözükdirýär. Köpçülikleýin toparlara bölüş şertlerinde her bir toparyň doly kesgitlenilmegi wajyp. Meselem, bazaryň birnäçe toparlaryna çykýan şereketleriň her haýsysy üçin aýratyn dükanlary bar.

Käbir halatlarda kärhananyň maksatlaýyn bazaryna üýtgeýän demografik sebäpleriň we ýaşaýyş utgasynyn ýa-da aşak düşýän

işleriň netijesinde gaýtadan seretmeli bolýar. Bazarlamanyň meýilnamasynyň hemme görnüşleri bir-biri bilen utgaşdyrylmaly. Uzak möhletleýin meýilnamalar has umumy häsiýete eýedir. Olar hereket üçin giň serhetler goýýarlar we aralyk möhletlerini öňünden kesgitleýärler. Gysga möhletleýin meýilnamalar has takyklanandyr, san we hil görkezijileriň üsti bilen has anyk bellenilen böleklerden durýar.

Eger-de uzak we gysga möhletli meýilnamalarda kärhananyň baş ugry hojalyk bölümleriniň her birine berilýän wezipeler, baş ugurlar we serişdeler teswirlense, olaryň işini sazlaşdyrmak gowulanýar. Bazarlamanyň (haryt, paýlama, iberme, baha) düzümi we gurluşy sazlaşdyrylmaly we kärhananyň wezipelerine laýyk gelmeli. Bazarlamanyň işiniň maksatnamasy ony bolmalysy ýaly ýerleşdirip we baha berip bolýan ýagdaýda wagt boýunça ýeterlik durnukly bolmaly. Emma bu onuň çeýe bolmaly däldigini we şol sebäpli-de köp hereketli töwerege uýgunlaşmaga ukyplydygyny aňladanok. Şu sebäpli-de bazarlamanyň, kärhananyň wezipesine laýyk gelýän umumy meýilnamasyny, uzak möhletleýin tagallasyny ugrukdyrmaly we wagtly-wagtynda sazlamaly. Esas bolup durýan meýilnama ýyllaryň dowamynda güýjünde bolmaly. Gysga möhletleýin meýilnamalar has çeýe bolup bilýärler. Meselem, pes bahalar bazarlamanyň uzak möhletleýin meýilnamasynyň bölegi bolup biler. Emma haýsy-da bolsa bir ýyl bahalar bäsleşik sebäpli ýokarlanyp biler.

## § 8. DOLANDYRYŞYŇ MAGLUMAT ÜPJÜNÇILIGI

### 8.1. Maglumatlaryň dolandyryşdaky orny

Maglumatlaryň manysy diýlip, bizi gaplap alan dünýäniň adama düşnükli bolan we seljermeleri talap edýän habarlaryň köplügine düşünilýär. Dolandyryş döwründe maglumatlar daşky gurşawyň, şeýle hem dolandyrylýan ulgamlaryň ýagdaýy baradaky habarlaryň köplügidir. Maglumatlaryň wajyp häsiýeti onuň köp gezek ulanmaklyk mümkinçiligidir. Ýöne bu häsiýet täzelikleriň bolup durýan döwründe käbir yza galmalara getirýär. Sebäbi köp düşünjeler, şol

sanda olaryň ykdysadyýete we dolandyryşa degişlidigi bir durşuna durman kämilleşýärler, täze manylar we mazmunlar bilen baýlaşýarlar.

Maglumatlar hünärmenleriň we dürli derejedäki ýolbaşçylaryň esasy zähmet serişdeleri bolup durýarlar, ýöne dolandyryşyň ahyrky netijesinde durmuş-ykdysady ulgamyň işjeňlik netijeliligi boýunça baha berilýär. Ýolbaşçylaryň dürli derejedäkileri iş başarjaňlyklaryna we işjeňlik ýagdaýyna görä, maglumatlary dürli derejede ýygnap, saklap, işläp we ulanyp bilýärler. Bu wagt islendik dolandyryjynyň, ýolbasçynyň maglumatlary özleşdirmekde seljerme we toplama usullardan baş çykaryp bilmekleri wajypdyr.

Dolandyryş üçin ulanylýan maglumatlar yhlas bilen taýýarlanylmagyny talap edýär. Ýokary derejedäki döredijilik ukyply ýolbaşçylar, tertipleşdirilmedik maglumatlardan, tejribesiz dolandyryjylaryň özleşdiren we köptaraply maglumatlardan aljak peýdaly habarlaryndan hem gowy habarlary alyp bilýärler. Beýle diýildigi maglumatlardan peýdalanylanda dykgat bilen tanyşylmasa bir topar täzelikleriň gapdalyndan geçilmegi mümkin. Şonuň üçin maglumatlar öwrenilende ýörite guralan tejribe barlaglarynyň toparyndan peýdalanmak tejribesi uly ähmiýete eýedir. Bu topar maglumatlary köptaraplaýyn barlap, hojalyk üçin alyp boljak wajyp netijeleri ýüze çykarmakda uly kömek edýär (*8.1-nji tablisa*).

*8.1-nji tablisa*

***Serişdeler hakyndaky maglumatlaryň toplanylyşy***

| Tankydy garaýyş | Geçirimsiz | Arkaýyn |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| Içerki serişdeler | Bazar ýagdaýy | Umumy ýagdaý |
| Ýer | Hasyllaryň, mallaryň we ot-iýmleriň bahasy | Kärendä berleni. Howa şertleri: a) ýagşyň mukdary, b) temperatura, ç) möçberi, topragyň görnüşi, ekinleriň ady |
| Mallaryň tohumy | Önümleriň nyrhy: a) eti, b) süýdi, ç) ýüňi | Seljerme işleri |
| Jaýlaryň ýagdaýy | Satyn alyjylar | Kanunçylyk ýagdaýy |

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| Ekinleriň tohumy | Önümleriň nyrhy: a) bugdaýyň bahasy, b) pagtanyň bahasy, ç) beýleki önümler | Syýasy ýagdaý |
| Zähmet serişdeleri: a) hünäri barada, b) jemi adam sany | Biržadaky teklipler we bäsdeşler | Syýasy we ykdysady ýagdaý |
| Pestisidler | Dermanlaryň görnüşleri | Ulanylyş usullary |
| Dökünler | Mineral dökünler, ders | Ulanylyş usullary |
| Ot-iýmlik ekinler | a) hojalykda ýetişdirileni, satyljagy, b) satyn alnany, ç) dolanyşyk üçin | Möçberi |
| Esasy görkezijiler | Girdeji we çykdajylar | Syýasy we kanunçylyk ýagdaýlary |

## 8.2. Dolandyryşda maglumatlara edilýän talaplar

Dolandyrysyň tejribesinde ulanylýan maglumatlaryň köpdürlüligi, ýöriteleşdirme çesmeleriň ösdürilmegine mätäçdir.

Maglumatlaryň ýöriteleşdirilmegi dürli maksatlary göz öňünde tutýar:

1. Dolandyrylyşa çemeleşmegiň toplumlaýyn we ulgamlaýyn ösdürilmegi;
2. Dolandyryş işjeňliginiň tilsimatynyň kämilleşdirilmegi;
3. Ýolbaşçylaryň hünärmenlik bilimleriniň ulgamynyň kämilleşdirilmegi;
4. Dolandyryş netijeliliginiň ýollaryny ýokarlandyrmagyň gözlegleri.

Dolandyryş üçin ulanylýan maglumatlary ýöriteleşdirmek köp dürli nyşanlaryň üsti bilen amala aşyrylýar.Ýoriteleşdiriş esaslaryň iň köp ulanylýanlary şu aşakdakylardyr:

1. Dolandyryş jähetleriniň dürlüligi boýunça;
2. Adamyň kabul ediş häsiýetleri boýunça;
3. Görkezme görnüşi boýunça;
4. Ýüze çykyş çeşmeleri boýunça;
5. Ulanmak wagty boýunça;

6. Hojalyk şahsyna degişliligi boýunça;
7. Ulanmak mümkinçiligi boýunça.

Ýüze çykýan meseleleriň we olara degişli dolandyryş jähetleriniň häsiýetlerine baglylykda maglumatlar: ykdysady guramaçylyk, hususy dolandyryş, tehniki-tilsimaty, durmuş-psihiki we taglym-terbiýeleýji böleklere bölünýärler. Ýolbaşçy şu meseleleriň islendigi çözülýän wagtynda bar bolan maglumatlaryň ählisinden doly peýdalanmagy başarmalydyr. Tersine bolanda, dolandyryş işjeňligi örän pese gaçýar ýa-da erbet häsiýetlere eýe bolýar.




*8.1-nji çyzgy.* **Toplanylýan maglumatlar**

**Adamyň kabul ediş häsiýetleri boýunça maglumatlaryň toparlanylyşy**




*8.2-nji çyzgy.* **Görkezme görnüşi boýunça maglumatlaryň berlişi**

## Dolandyryşda ulanylýan maglumatlaryň çeşmeleri boýunça böleklere bölünişi:

Olar içki we daşky böleklere bölünýärler. Daşky maglumatlar ulgama (hojalyga) ýakyn töwerekden we daşky şertiň uzakdaky çeşmelerinden gelip biler. Hojalyk üçin bu maglumatlar kärhananyň özüniň dolandyryp bilmejek ykdysady tapgyrlary, syýasy ýagdaýlary, bazar şertleri, howa ýagdaýy we ş.m. bolup durýarlar.

Içerki maglumatlary dolandyrýan we dolandyrylýan ulgamlar häsiýetlendirýär. Muňa mysal edip, dolandyryş ulgamynyň ýag-

daýyny, onuň işgärler bilen üpjünçiligini, dolandyrýan ulgamyň maliýe we maddy serişdelerini, bar bolan tilsimaty görkezmek bolar.

Ulanmak wagty boýunça maglumatlaryň akymyny hemişelik we üýtgeýän maglumatlara bölmek bolar. Hemişelik maglumatlara durnukly bolan çäkler, kadalar, nusgalar, işçileriň düzümi we sany mysal bolup bilerler. Üýtgeýän maglumatlara täze ýagdaýlaryň ýüze çykmagy bilen bagly bolan täze mümkinçilikler we çäklenmeler girýärler. Oňa girdejiniň göwrümi, müşderileriň sany mysal bolup bilerler.

Ulgama degişli maglumatlar giriji we çykyjy maglumatlara bölünýärler. Berlen ulgama gowuşýan maglumatlar giriji bolýar, çykyjy bolup harytlaryň göwrümi we atlary, hyzmatlar we ş.m. maglumatlary görkezmek bolar. Ulanmak mümkinçiligi boýunça maglumatlara peýdaly we hojalygyň işine zyýanly maglumatlar girýär.

***Dolandyryş ulgamynda ulanylýan maglumatlar aşakdaky talaplary kanagatlandyrmalydyr:***

1. *Maglumatlaryň zerur we ýeterlik derejedäki sany we hili.* Bu ýerde hil tarapyna aýratyn ähmiýet berilýär.
2. *Maglumatyň takyklygy we dogrulygy*. Nätakyk we ýalan maglumatlardan peýdalanmaga ýol berilmeli däldir. Sebäbi ol kärhanany erbet ýagdaýa eltmegi mümkin.
3. *Maglumatyň öz wagtynda alynmagy*. Eger maglumat öz wagtynda alynmasa, soňra onuň kärhana üçin hiç hili netije bermejegi görnüp dur.
4. *Maglumatyň dolulygy*. Öňde goýlan meseleleriň netijeli çözülmegini üpjün etmek üçin ýolbaşçynyň garamagynda maglumatlar gerek möçberinde bolmalydyr. Bu ýerde maglumatyň dolulygy onuň köplügi bilen aňladylmaýar. Bu mesele ýolbaşçynyň döredijilik zähmeti esasynda çözülýär.
5. *Peýdalylygy*. Çözgütleri kabul etmek üçin kesgitli, anyk maglumatlar zerur bolup durýar.
6. *Maglumatyň tilsimaty häsiýetlendirijileri*. Muňa maglumatlary saklamak, olary özleşdirmek, çap etmek we ş.m. girýär.

## 8.3. Menejmentiň maglumatlar ulgamy

Durmuş-ykdysady obýektiň maglumatlar ulgamy dolandyryş döwründäki çäreleri amala aşyrmak üçin zerur we ýeterlik maglumatlary üpjün edýän ýerine ýetirijileriň, usullaryň we serişdelerin toplumydyr. Maglumatlar ulgamynda iň esasy zat bolsa ýerine ýetirijileriň ýokary hünärmenleriň derejesindäki döredijilikli işjeňligidir.

**Maglumatlar ulgamynyň esasy düşünjeleri şu aşakdakylardyr:**

1. Ýokary hünärli işgärleriň topary. Muňa inžener-tehniki işgärleri we hyzmat edijileri, dolandyryş derejelerine seretmezden, ähli ýolbaşçylary we menejerleri goşmak bolar;
2. Maglumat serişdeleri dolandyryş işjeňliginde ulanylýan maglumatlar. Bu ýerde kompýuter tehnologiýasyna degişli (matematiki üpjünçilik, algoritmiki diller, programmalaryň bukjalary we ş.m.) serişdeleriň işlemegi üçin ulanylýan maglumatlar esasy orny tutýarlar;
3. Maddy serişdeler (maglumat äkidijiler, ýygnamagyň tehniki serişdeleri, saklamak, ýetirmek, maglumatlary işläp bejermek);
4. Maglumatlaryň aýlanma ugurlary.

Maglumatlary işläp bejermekde we ýygnamakda kompýuter tehnikasynyň serişdeleriniň tutýan ornunyň ösmegi aşakdakylar bilen baglydyr:

- dünýäde ýagdaýlaryň we dersleriň arasyndaky baglanyşyklaryň häsiýetleriniň çylşyrymlaşmagy;
- baglanyşyklaryň ähtimallyk häsiýetleriniň güýçlenmegi;
- jemgyýetçilik serişdeleriniň we esasan-da wagt ýetmezçilikleriniň artmagy;
- nädogry kabul edilen çözgütleriň mümkin bolan ölçegleriniň artmagy;
- amatly çözgütleriň gözleglериниň netijeliligini artdyrmak zerurlygynyň güýçlenmegi.

Her bir adam maşyn ulgamy ýaly, maglumat ulgamy hem adamy we maşyny hil taýdan jemleýär. Şu ýerde adam bu ulgamyň iň bir ynamly we ynamsyz bölegi hökmünde çykyş edýär.

Dolandyryş ulgamynda adam adatdan daşary ýagdaýlarda (ýokary temperaturada, basyşda, tizlikde, ýaramsyz daş-töwerekde, psihologik we fiziki agdyklykda) ynamsyz hereket edýär. *Şeýle hem maglumatlar ulgamy dürli nyşanlara görä, aşakdaky ýaly ýöriteleşdirilip bilner:*

1. Merkezleşdirilen we merkezleşdirilmedik ulgamlar;
2. Toplumlaýyn we ýerli maglumat ulgamlary;
3. Maglumatlary gaýtadan işlemegi awtomatlaşdyrmagyň we mehanizasiýalaşdyrmagyň derejesi.

Dolandyryşyň merkezleşdirilen ulgamynda maglumatlaryň ýeke-täk kompýuter ulgamynda bolýandygy üçin käbir kynçylyklar ýüze çykýar. Bular döwlet guramalarynyň, banklaryň we kärhanalaryň telekeçilik gizlinliklerine ýollaryň açylmagy bilen bagly bolýar. Şonuň üçin bu erbet ýagdaýlar bilen göreşmäge ummasyz çykdajylar talap edilýär. Muňa garamazdan, kompýuterler ylmy-tehniki ilerlemäniň ösmeginde uly ähmiýete eýedir.

**Menejmentiň maglumat aýratynlyklary**




*8.3-nji çyzgy.* **Menejmentiň maglumat çeşmeleri**

# PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. I tom. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Turkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. II tom. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.

3. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin milli Maksatnamasy. Aşgabat,Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.

4. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullygy, 2010.

5. Türkmenistanyň Konstitusiýasy Aşgabat, 2016.

6. Türkmenistanyň statistiki ýyllyk neşirleri. Aşgabat, 2010-2014-nji ýyllar.

7. *Ataýewa S.,* we başg., Durmuş-ykdysady ösüşi meýilnamalaşdyrmak we çaklamak. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw-amaly gollanma – A.: TOHU, 2001.

8. Agrar önümçilikde menejment. Okuw gollanmasy. Prof. A.B. Babaýewiň we y.y.d. J. Ataýewiň redaksiýasy bilen. – A.: TOHU, 2001.

9. *Atabaýew M.* Agrosenagat menejmenti. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – Aşgabat, 2009.

10. *Taganow Ç.,* Oba hojalyk önümçiliginiň guralyşy. Ýokary okuw mekdepleri üçin synag okuw kitaby. – A.: TOHU, 2010.

11. *Апальков И.Е., Смирнов А.С.* Экономика организация и планирование производства в колхозах и совхозах. – М.: 1980.

12. *Веснин В.Р.* Основы менеджмента. – М.: 1999.

13. *Лебедев О.Т., Канковская А.Р.* Основы менеджмента. – С-П.: 1998.

14. *Муравьев А.С., Цыс С.М.,* Экономика, организация и планирование производства в колхозах и совхозах. - М.; 1969.

15. *Попов Н.А., Федоренко В.Ф.* Основы менеджмента в аграрном производстве. – М.: 2001.

16. *Савенко Н.М., Добролюбова Н.А., Колузанова Н.А.* Экономика, организация и планирование производства в колхозах и совхозах. – М.: 1981.

## MAZMUNY

**Giriş** .......... 7

**I BÖLÜM. OBA HOJALYK ÖNÜMÇILIGINI MEÝILNAMALAŞDYRMAGYŇ ESASLARY**

**§ 1. Türkmenistanyň oba hojalyk syýasaty we meýilnamalar nazaryýeti** .......... 9
1.1. Meýilnamalaşdyrmagyň esaslary .......... 9
1.2. Meýilnamalaryň görnüşleri .......... 12
1.3. Meýilnamalaşdyrmagyň usullary .......... 16

**§ 2. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde meýilnamalaşdyrmagyň esasy usullary** .......... 23
2.1. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde meýilnamalaşdyrmagyň esasy usullary .......... 23
2.2. Meýilnamalaşdyrmagyň balans, kada we matematiki usullary .......... 25
2.3. Meýilnamalaşdyryş hadysasyny modelirlemekde ulanylýan nazaryýetler .......... 28
2.4. Ykdysady dolandyryşda çaklamanyň we meýilnamalaşdyryşyň orny .......... 29

**§ 3. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde oba hojalyk önümçiligini meýilnamalaşdyrmagyň we çaklamagyň aýratynlyklary** .......... 35
3.1. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde oba hojalyk önümçiligini meýilnamalaşdyrmagyň we çaklamagyň aýratynlyklary .......... 35
3.2. Içki hojalygy meýilnamalaşdyrmagyň wezipeleri .......... 36
3.3. Içki hojalygy meýilnamalaşdyryş ulgamy we onuň mazmuny .......... 38

**§ 4. Fermerçiligi meýilnamalaşdyrmagyň aýratynlyklary** .......... 40
4.1. Fermer hojalygynyň ösmegi bilen bagly çaklamalar we meýilnamalar .......... 40
4.2. Fermer hojalyklaryny alyp barmak wezipelerinde meýilnamalaşdyrmagyň orny .......... 42
4.3. Fermer hojalygyna täzelikleri girizmek .......... 44

**§ 5. Ýurduň agrosenagat toplumynyň ösüşini we oba hojalyk önümçiligini meýilnamalaşdyrmak** .......... 47
5.1. Ýurduň agrosenagat toplumynyň ösüşini we oba hojalyk önümçiligini meýilnamalaşdyrmak .......... 47
5.2. Oba hojalygyny ösdürmegiň baş ýörelgesi .......... 65
5.3. Oba hojalyk önümçiliginiň pudaklarynyň ykdysadyyeti .......... 68

5.4. Agrar gatnaşyklary we ýer renta nazaryýeti ........................................ 73
**§ 6. Telekeçiligi meýilnamalaşdyrmagyň ähmiýeti we mazmuny**...... 77
6.1. Telekeçiligi meýilnamalaşdyrmagyň işewürlik gurşawdaky ähmiýeti. Strategik işlerde telekeçiligi meýilnamalaşdyrmagyň orny .............. 77
6.2. Telekeçiligi meýilnamalaşdyrmagyň esasy wezipeleri ..................... 79
6.3. Işewürlik meýilnamalaşdyrylyşynyň esasy bölümleriniň mazmuny ............................................................................................ 82
6.4. Kärhananyň telekeçilik meýilnamalaşdyrmasynda maksatlaryň, öndürilýän önümleriň we edilýän hyzmatlaryň kesgitlenilişi ........... 83
6.5. Kompýuterde telekeçiligi meýilnamalaşdyrmagyň düzülişi we mahabatlandyrylyşy ........................................................................ 89
**§ 7. Ykdysady özgertmeleriň soňraky ösüşleriniň meýilnamalary**. .. 93
7.1. Türkmenistanyň 2030-njy ýyla çenli durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy görkezijileri boýunça öňde goýlan wezipeler.......................... 93
7.2. Ösüş, önümçilik we deslapky meýilnamalar ..................................... 96
7.3. Ylmyň we tehnikanyň ösüşini meýilnamalaşdyrmak ........................ 99
7.4. Jemgyýetçilik önümi meýilnamalaşdyrmak ................................... 106
7.5. Senagat önümçiligini meýilnamalaşdyrmak.................................... 113
7.6. Durmuş goraglylygyny we girdejileri çaklamak............................. 121
7.7. Ilatyň real girdejilerini çaklamak ...................................................... 124

## II BÖLÜM. OBA HOJALYK ÖNÜMÇILIGINI GURAMAGYŇ ESASLARY

**§1. Oba hojalyk önümçiligini guramagyň mazmuny, usullary we agrosenagat toplumynyň ulgamyndaky tutýan orny**................. 129
1.1. Oba hojalyk önümçiligini guramagyň mazmuny we usullary ........ 129
1.2. Agrosenagat toplumy ulgamynda oba hojalyk önümçiliginiň orny ..................................................................................................... 132
1.3. Oba hojalygynda kooperatiw hojalygyň täze görnüşleri ................ 136
**§ 2. Içki hojalygy meýilnamalaşdyrmagy guramak**.......................... 137
2.1. Içki hojalygyň meýilnamalaşdyrylyşyny guramagyň mazmuny we wezipeleri ............................................ 137
2.2. Içki hojalykda ulag serişdeleriniň işini guramak ............................ 139
2.3. Hojalykda içki hojalyk hasaplaşygyny we kärende gatnaşygyny guramak ............................................................................ 142
**§ 3. Daýhan hojalyklarynda aýlyk haklaryny guramak**.................. 147
3.1.Türkmenistanyň daýhan birleşikleri we olary dolandyrmagy guramak................................................................................................... 147

3.2. Zähmete hak tölemegiň esasy ugurlary (prinspleri), tarif ulgamy we onuň elementleri ........ 151
3.3. Zähmete hak tölemegiň görnüşleri we ulgamlary ........ 153
**§ 4. Fermer hojalygyny guramak we oba hojalyk kärhanalarynyň ýöriteleşdirilişi** ........ 156
4.1. Fermer hojalygynyň döremeginiň ykdysady ähmiýeti we onuň meýilnamasy ........ 156
4.2. Fermer hojalygynyň möçberi we onuň dolandyrylyşy ........ 158
4.3. Oba hojalyk önümçiligini ýöriteleşdirmegiň düýp esasy we ähmiýeti ........ 160
4.4. Oba hojalyk kärhanalarynda ýöriteleşmäniň ösüşi we görnüşleri ........ 162
**§ 5. Daýhan hojalyklarynda oba hojalyk önümlerini satmagy guramak**. ........ 166
5.1. Önümi bazara ýakynlaşdyrmak ........ 166
5.2. Haryt biržalarynyň orny we wezipeleri ........ 168
**§ 6. Türkmenistanda telekeçiligiň häzirki zaman yagdaýy we ony guramagyň aýratynlyklary** ........ 169
6.1.Türkmenistanda telekeçiligiň häzirki zaman ýagdaýy we geljegi ... 169
6.2. Telekeçiligiň obýekti we görnüşleri ........ 172
6.3. Telekeçilikde kärhanalaryň düzümleýin guralyşy ........ 175
**§ 7. Türkmenistanda ekerançylygy guramagyň esaslary**. ........ 178
7.1. Ekerançylygy guramak ........ 178
7.2. Däne önümçiligini guramak ........ 180
7.3. Şalyçylygy guramak ........ 183
7.4. Pagtaçylykda iş hadysasyny guramak ........ 184
7.5. Gök ekerançylykda ekin dolanyşygyny guramak ........ 185

**III BÖLÜM. ÖNÜMÇILIGI DOLANDYRMAGYŇ ESASLARY**

**§ 1. Dolandyryşyň nazaryýet esaslary düşünjesi** ........ 187
1.1. Dolandyryş düşünjesi we menejmentiň ösüşiniň tapgyrlary ........ 187
1.2. Dolandyryş ulgamlarynyň esasy görnüşleri ........ 192
1.3. Dolandyryşyň wezipeleri ........ 195
1.4. Dolandyryşyň ösüş taryhy ........ 197

**§ 2. Oba hojalyk önümçiliginde dolandyryşyň ýörelgeleri. Ylmy ýörelgeler** ........................................ 198
2.1. Önümçiligi dolandyrmagyň umumy kanunalaýyklyklary ............. 198
2.2. Menejmentiň esasy ýörelgeleri ........................................ 199
**§ 3. Dolandyryşyň tehnologiýasy** ........................................ 202
3.1. Dolandyryş ulgamynda şahslar ........................................ 202
3.2. Dolandyryjynyň ussatlygy ........................................ 203
3.3. Dolandyryjynyň wezipeleri ........................................ 206
**§ 4. Dolandyryşyň strategiýasy we agrosenagat toplumyndaky dolandyryş ulgamlary** ........................................ 211
4.1. Agrosenagat toplumyndaky dolandyryş ulgamlary ........................ 211
4.2. Dolandyryş ulgamynyň esasy bölekleri ........................................ 212
4.3. Menejmentiň durmuşy ulgamy ........................................ 214
4.4. Önümçilik dartgynlylygynyň görnüşleri ........................................ 217
**§ 5. Dolandyryşyň guralyşy** ........................................ 220
5.1. Hojalyklarda düzümiň kesgitlenilişi ........................................ 220
5.2. Dürli derejedäki hojalyklary dolandyrmagy guramak .................... 223
5.3.Ýolbaşçylyk etmegiň täzeçe usullary ........................................ 225
5.4. Dolandyryş işjeňliginde önümçiligi guramagyň telekeçilik görnüşi ........................................ 227
**§ 6. Işgärleri we iş wagtyny dolandyrmak** ........................................ 228
6.1. Işgärlere ýolbaşçylyk etmek ........................................ 228
6.2. Iş wagtyny ulanmagyň ýollary ........................................ 232
6.3. Hojalykda işgär syýasatyny alyp barmak ........................................ 234
**§ 7. Bazary dolandyrmagyň wezipeleýin guramaçylyk düzümi** ...... 235
7.1. Bazary dolandyrmagyň wezipeleýin guramaçylyk düzümi ............ 235
7.2. Agrosenagat önümçiliginiň bazar aýratynlyklary ........................... 238
7.3. Önümi hödürlemegiň guralyşy ........................................ 242
**§ 8. Dolandyryşyň maglumat üpjünçiligi** ........................................ 244
8.1. Maglumatlaryň dolandyryşdaky orny ........................................ 244
8.2. Dolandyryşda maglumatlara edilýän talaplar ................................ 246
8.3. Menejmentiň maglumatlar ulgamy ........................................ 249
**Peýdalanylan edebiýatlar** ........................................ 251

*Kümüş Kaipowa, Gülälek Ýazmedowa, Orazberdi Şallyýew*

# OBA HOJALYK ÖNÜMÇILIGINI MEÝILNAMALAŞDYRMAK, GURAMAK WE DOLANDYRMAK

Orta hünär okuw mekdepleri üçin okuw kitaby


| | |
|---|---|
| Redaktor | *A. Kiçiýew* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Kompýuter bezegi | *G. Orazowa* |
| Neşir üçin jogapkär | *M. Baýramow* |

Çap etmäge rugsat edildi 08.09.2017. Ölçegi 60x90 $^{1}/_{16}$
Edebi garniturasy. Şertli çap listi 16,0. Şertli reňkli ottiski 36,19.
Hasap neşir listi 15,65. Çap listi 16,0. Sargyt № 2800. Sany 400.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi
744000. Aşgabat, 2127-nji (G.Gullyýew) köçe. 51/1